Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly BERDIMUHAMEDOW:
- Taryh bir aýlanyp duran çarhypelek mysaly, onuň tigri halklaryň ykballaryna nuram ýagdyrypdyr, garam.

Reýimbaý SABYROW

# GÜRGENÇ

(taryhy roman)

## Mämünler döwri

## I BAP

Ymgyr sähralaryň, çöl-beýwanlaryň, deredir derýalaryň üstünden geçip, tomsuň jöwzasynda Beýik Ýüpek ýolunyň ugry bilen uzak ýoly söküp gelýän agyr kerwen Horezmiň paýtagty Gürgenje golaýlapdy. «Ýol azaby-gör azaby» diýen nakylyň asyl manysyna ine, şunuň ýaly ýol geçenler gowy düşünseler gerek. Emma adamzat öňde nähili azap we kynçylyklar bolmagyna garamazdan hemişe öňe, uzak menzillere ymtylyp gelipdir. Adamlary uzak ýollara, alys menzillere iterýän güýçler olaryň özleri ýaly dürli dürlüdir: kimleri mal-dünýä, kimleri şan-şöhrat, kimleri söýgi-muhabbet, kimleri-de ylym-magryfat. Bu kerwen bilen gelýänleriň içinde şolaryň hemmesinden hem bardy. Kerweniň ýüki bolsa diňe adamlaryň hajatlary üçin gerek bolýan harytlardan ybarat bolman, onda haryt hökmünde satylýan eli hünärli gullar, gözel gyrnaklar hem ýok däldi. Bu agyr kerweni düzen iner düýeler, gatyrlar, kerweni gorap gelýän nökerleriň astyndaky atlar bilen olaryň eýelerini hem howanyň yssysynyň hem-de uzak ýoluň halys ýadadandygy görnüp durdy. Emma kerwene goşulyp gelýän egni ak ýuka ýektaýly, kellesi iki oram kiçiräk ak selleli bir jahankeşde Horezmiň topragyna gadam basaly bäri ýadawlygyny unudyp, daş-töweregine nebsewürlik bilen göz aýlaýardy. Otuz bilen kyrkyň ortasyndaky, gytyk gara sakgal-murty bugdaýreňk ýüzüne gelşik berip duran bu syratly ýigidiň astyndaky dor aty-da eýesinden görelde alan kimin ýadawlygyna garamazdan kellesini kakyp, iki ýan tarapyna garanjaklaýardy.

Uly ýoluň iki ýan tarapyndaky ýaşyl öwsüp oturan gür baglar, belent küňreli jaýlaryň öňündäki serhowuzlar, olaryň boýundaky äpet güjümler, aryklardan akyp ýatan başga ülkeleriň suwuna meňzemeýän mele reňkli suwlar onuň kalbyny heýjana salýardy. Ol tebigatyň beýle sahawat bilen eçilen gözelligini ne Müsürde, ne Şamda, ne Yrakda görüpdi. Bu ýigit şol ýurtlary aýlanyp görüp, soňunda Bagdat medresesinde ylmyny kämilleşdiren asly horezmli Muhammet ibn Salamdy. Ol Bagdatda şu at bilen tanalýardy. Onuň öz döwrüniň alymlarynyň, pirleriniň hatda şalarynyň köpüsi ýaly şahyrçylykdan hem

habary ýok däldi. Ol alym hökmünde ýazan rysalalarynyň soňunda doly adyny goýsa, şahyr hökmünde gazallarynyň soňunda:

Husny-jemalyň waspyna tapmady şahyr kelam,
Hijranyň odyna ýandy bir ömür Ibn Salam-

-diýip, adyny gysgaça berýärdi. «Ibn» sözüniň adamlaryň atlaryna, aýratyn-da şahyrdyr, alymlaryň atlaryna goşulmagy arap istilasyndan[1] soñ ýoñ bolupdy. Muhammet ibn Salamyň pederi mekdep-medrese gören adam bolsa-da, ýönekeý zähmet bilen ýagny Gürgenjiň galasynyň gaýra düýbünden akýan joşgun derýa Jeýhunda balykçylyk bilen meşgullanýardy. Öýleri-de derýanyň golaýyndaky küren obalaryň birindedi. Dost Salamyň özi magryfatly adam bolanyndanmy ýeke ogly Muhammediň bilimli, ylymly alym bolmagyny isleýärdi. Şonuň üçin ilki obadaky metjit-mekdepde onuň sowadyny çykartdy. Soňra Gürgenjiň medresesine okuwa saldy. Ilki erkinlikde ýören oba oglanyna medrese durmuşy, ol ýerdäki tertip-düzgün bilen öwrenişmek aňsat bolmady. Emma ylma bolan yhlasy zerarly kynçylyklardan rüstem gelip, berilýän bilimleriň jümmüşine aralaşmaga jan edip ugrady. Dini bilimlerden daşkary okadylýan felekiýet[2], jugrafiýa, edebiýat, pelsepe, mantyk ýaly dünýewi ylymlar ony has özüne çekýärdi. Okuwdan soň özüniň hüjresinde kalbyna ylham aralaşanda gazallar ýazardy.

Tomsuň jöwzaly yssysynda medresede okuw togdadylyp, talyplara iki aý tätil[3] berilýärdi. Ine, şonda Muhammet kakasyna derýada balyk awlamaga kömekleşýärdi. Ol derýanyň ölemen aşygydy. Balyk tutulmaýan beýleki wagtlarda-da, ol derýanyň kenaryna gelip, onuň tolkunlanyp, buralyp akýan mele suwuna seredip, sagatlap oturýardy. Käte gyrada gezim edýärkä gözlerini ýumup, hyýalynda gazallar düzýärdi. Ýatdan dokan gazallaryny öýüne gelip, depdere göçürip goýýardy. Günleriň birinde ol adatyna görä derýanyň gyrasynda gözlerini ýumup, hyýalynda gazal düzüp ýörkä gulagyna «Waý, indi nädeýin» diýen näzik ses eşidildi. Gözüni açyp seretse derýadan suw almaga gelen gyzlaryň biriniň tüňi[4] elinden sypyp, suwa gaçypdyr. Muhammet şol bada köýnegini hem çykarman, özüni derýa atdy, çümüp barýan tüňi alyp çykdy.Suw gaby derýa gaçan gyz minnetdarçylygyny nädip aýtjagyny bilmän aljyrap duranynda joralarynyň biri ony dürtüp:

-Mahynur, «Sag boluň» diý aýhyryn, - diýeninden soň - Sag boluñ, ýagşylygyňyz Alladan gaýtsyn-diýdi. Muhammet :

---

[1] Istila- basyp almak
[2] Felekiýet- astronomiýa
[3] Tätil-rugsat, kanikul.
[4] Tüň-misden ýasalan suw gaby

-Sizdenem gaýdar-da - diýdi welin bu sözüne özü-de, gyz hem gyzardy. Gyzlar gülüşip, bokurdagyna ýüp daňylan tüňlerini arkalaryna atyp, ýola düşdüler. Olaryň yzyndan seredip duran Muhammet «Mahynur diýeni gowy gyz ekeni» diýip içini gepletdi. Muhammediň ýylgyryp duruşy, mylaýym garaýşy göz öňünden gitmedik Mahynur arkasyndaky suwly gabyň agramyny hem duýman barýardy. Ýigidiň «Sizden-de gaýdar-da» diýen sözi entegem gulagyndan gidenokdy. Şundan soň Muhammet deryanyň boýuna gelse ol gyzyň gelmegine garaşýardy, ony ýene bir gezek göresi gelýärdi. Emma ol gyz başga gelmedi, Suwa gelen beýleki gyzlar Muhammediň gözleriniň özleriniň arasyndan Mahynury gözleýändigini aňyp gülüşýärdiler. Ahyr olaryň biri Mahynuryň indi gelmejekdigini, ýakynda toýy boljakdygyny aýtdy.

Bu habary eşiden Muhammediň ýüregi entek heserlenip ýetişmedik bolsa-da, bir hili jigläp gitdi. Emma ol gyzyň başganyň däl-de,hut özüniň ykbalyna ýazylandygyny Muhammet şol wagt nirden bilsin.

***

Ine, indi gaýry ýurtlarda on ýyllap ylym öwrenip, alymlyk derejesine ýeten Muhammet ibn Salam ata Watany Horezme dolanyp gelýärdi. Ylym yzarlap ýurtdan gideninde entek otuz hem ýaşanokdy, bir wagt çepiksije oglana meňzeýän Mujhammet indi kyrkyna golaýlap barýan syratly, salyhatly ýigit bolupdy. Wagt diýilýän biçak gudratly zat adamy diňe beden taýdan däl, akyl we ruhy taýdan hem özgerdýär. Durmuşda görülen, eşidilen ähli zatlar, wakalar, hadysalar adamyň aňyna, duýgularyna öz täsirini ýetirmän goýmaýar. Olaryň ýiti täsir ýetirenleri hakydada möhürlenip galýar. Bagdatda geçen ýyllar hem Muhammediň hakydasynda öçmez yz galdyrypdy. Ol bu talyplyk ýyllaryny häli niçeler ýatlasa gerek.

***

Kerwen Gürgenje gelip ýeteninde jahana gijäniň gara perdesi çekilipdi. Düzgüne görä galanyň derwezeleri daň atýança ýapylýardy. Şonuň üçin kerwen gelip düşen Hazarasyp derwezesiniň öňünde daňdana çenli garaşmaly boldy. (Gürgenjiň galasynyň derwezeleriniň her biriniň öz ady bardy. Bu derweze Hazarasp tarapa bakany üçin Hazarasp derwezesi diýilýärdi.)

Daň agaryp ugranyndan ukuda ýatanlar örüşip namaz okamaga taýýarlyk görüp başladylar. Gije bir ýerlere ýitirim bolup, daňdana golaý goşa gelen Ibn Salam hem özüniň berkidilen düýesiniň üstündäki

çuwaldan agzy gapakly kündügini alyp, täret kyldy-da, gije üstünde ýatan namazlygynda azan namazyny okady.

Jahan ýagtylyp, daş-töwerek mesaňa görünende Ibn Salamyň nazary ilki bilen garşysynda magallaklap duran haýbatly beýik gala düşdi. Adam on ýyllap görmedik gadyrdanyna duşanynda nähili tolgundyryjy duýgulary başdan geçirýän bolsa Ibn Salam hem kalbynda edil şeýle tolgunma bilen beýik şäheriň daşyny gurşap alan bu belent diwarlardan gözüni aýyryp bilmän durup galdy. Ol şeýle äpet gala diwaryny gezen ýurtlarynyň hiç haýsysynda-da görmändi. Onuň aşagyna baryp, depesine seretjek adam bir eli bilen telpegini tutup seretmese telpegi aşak gaçardy.

Ibn Salam näçe ýüz müňläp ilat ýaşaýan bu ägirt uly şäheriň daşyny şeýle beýik diwar bilen gurşamak üçin näçe müňläp adamlaryň, näçe ýyllap zähmet çekendigini göz öňüne getirýärdi. Ýaşlygynda galanyň beýle biçak haýbatyna onçakly üns bermändigine haýran galdy.

Gürgenjiň galasynyň haýbatly görnüşi Horezme ilkinji sapar gelen kerwenbaşyny has hem heýjana salypdy. Ol ýanynda duran Ibn Salama ýüzlenip:

-Muhammet, şäheriňiziň daşky görnüşi heýwere haýbatly ekeni, onuň içi nähili?-diýip sorady.

-Gireniňizde görersiňiz, dostum.

Ibn Salamyň kerwenbaşa «dostum» diýmesi ýöne ýere däldi. Olar ýaşytdaş we öz aralarynda ruhy taýdan ýakynlyk duýanlary üçin uzak ýoluň dowamynda dostlaşypdylar. Kerwenbaşy söwdagär maşgalasyndan bolsa-da sowatly, okuwly, edebiýaty söýýän, ylma sarpa goýýan, öz ene dili bolan arap diliniň ähli şiwelerinden daşgary pars we türki dillerini-de bilýärdi. Adam biri-birine dil arkaly ýakynlaşýar. Kerwenbaşy bilen Ibn Salam kä parsça, kä arapça, käte-de türkide gürleşip, dil tapyşdylar, dostlaşdylar. Kerwen dynç almak üçin goş ýazdyranynda ikiçäk söhbetdeşlikde Ibn Salamyň berýän gyzykly gürrüňleri, labyzly okaýan gazallary kerwenbaşyny käte tolgundyrsa, käte meýmiredýärdi.

Gün çykmagynyň öň ýanynda belentligi on iki geze, ini on geze golaý daşyna demir gaplanan äpet derweze uly ses edip açyldy. Şol bada-da içerden çykan elleri uzyn naýzaly ona golaý nöker derwezäniň iki tarapyna geçip hatara durdular. Kerwenbaşy kerweniň şähere girmegi üçin rugsat almaga gitdi. Nökerleriň başlygy ony derwezäniň öňünde saklap, bir zatlar soranyndan soň içeri geçirip goýberdi. Kerwenbaşy baş derwezebanyň huzuryna girip, törde oturan ak sakgally ýaşuly adama

gol gowşuryp salam berdi. Ýaşuly gelen kişiniň egin-başyndan arapdygyny bilip, "Ählän we sählän![5] diýip, ýerinden turup gelip görüşdi, arap dilinde saglyk-amanlyk soraşdy. «Ählän bik»[6] diýip, oturmaga ýer görkezdi. Kerwenbaşy derwezebanyň özüni mylakatly garşylany, ene dilinde soraşany üçin juda hoşal boldy. (Şol döwürde arap dili halkara dil hökmünde giň ýaýrapdy. Aýratyn-da döwlet işinde işleýänler ony gowy bilmelidi) Kerwenbaşy derwezebana kerweniň Bagdatdan gelendigini aýdyp, oňa getiren harytlarynyň sanawy ýazylan kagyzy uzatdy. Derwezeban harytlaryň sanawyna bir laý göz gezdirdi-de, ony dört epläp, bir çetde goýdy. Soňra:

-Muhterem[7] jenap, düýn agşamara kerwen geleninden habarly bolanymyz üçin şu gün irden şäheriň häkimine, baş pajymana habar etdik. Siz olardan wekiller gelýänçä garaşmaly bolarsyňyz-diýdi. Kerwenbaşy köp garaşmaly bolmady. Ilki bilen şäher häkiminiň wekili geldi. Ol getirlen harytlaryň sanawyny gözden geçirdi-de, kerwenbaşa köpmanyly garap:

-Jenap, siz kadany bilýänsiňiz-le... Gyrnaklaryň iň gözelini onuň aly hezreti horezmşa Äl Mämün penakärimize sowgat etmeli bolarsyňyz-diýdi. Kerwenbaşy edep bilen bir elini gursagyna goýup:

-Gyrnaklar meniňki däl, eýesi bar-diýdi.

-Kimiňki bolsa-da, şähere girip, kerwensaraýda ýerleşeniňizden soň özüm gelip, gyrnagy alyp giderin- diýip, wekil hökümli gepledi. Kerwenbaşy başyny egdi. Şäher häkiminiň wekili gideninden soň baş pajymanyň özi geldi. Ol hem harytlaryň sanawyny gözden geçirip, tölenmeli pajyň möçberini aýdanda kerwenbaşynyň gözleri tegelenip gitdi. Ol:

-Tagsyr, bu juda köp bolýa dälmi? Biz ýurduňyza tomsyň jöwzasyna garamazdan aýlap ýol basyp geldik. Biz beýik Horezmini adalatyň hüküm sürýän ýurdy diýip eşidipdik-diýdi.

-Siz näme ýurdyňyzda adalat ýok eken, diýjek bolýaňyzmy?-diýip pajyman azgyryldy.

-Ýok, asla beýle diýjek bolamok, tagsyr, tersine Horezmin adalatyň berkarar ýurdy diýjek boldym.

-Onuň ýaly bolsa siz hem adalatyň has berkarar bolmagy üçin bir goşant goşmaly, ahryn-diýip, ol uçlary çekgesine ýetip duran ýaňy çalaryp ugran murtyny sypap goýberdi.

[5] Ählän wä sählän (arapça) - Hoş geldiňiz.

[6] Ählän bik (arapça) - hoş gördük.

[7] Muhterem-hormatly

-Düşündim, tagsyr . Biz bir bazaryňyza çykyp söwdamyzy açyp goýbereli, onsoň özüm siziň bilen habarlaşaryn-diýdi, kerwenbaşy elini gursagynyň üstüne goýdy.

-Ine, munyňyz başga gep. Paç hem siziň habarlaşyşyňyza görä bolar. Şäherimizde on iki uly bazar bar, islän bazaryňyzda söwda ediberiň-diýip, it ýylgyryşyny eden pajyman Kerwenbaşy bilen mähirli hoşlaşdy. Bu zatlaryň gözli şaýady bolyp oturan derwezeban ak sakgalyny barmaklary bilen aralap, kellesini ýaýkady. Soňra haýsydyr bir şahyryň:

-Hudaýym bendesine mähribandyr,
We leýkin bendesiniň özi ýamandyr-

-diýen setirlerini ýuwaşja dile getirdi. Şundan soň derwezebanyň hakykatçy adamdygyna göz ýetiren kerwenbaşy oňa hormat bilen garap:

-Tagsyr, indi hemme iş bitdi dälmi?-diýip sorady.

-Ýok, inim, esasy iş indi başlanýar. Ýaňy gelip giden şäher häkiminiň wekili siziň hemmäňizi tibbi[8] gözden geçirýen lukmanlary iberýär. Içiňizde ýokanç keselli adam bolmasa, onsoň şähere girmäge rugsat edilýär. Siz nä bu düzgünleri bileňizokmy?

-Ýok, ýaşuly. Meniň Horezmine ilkinji gelişim. Öň biziň pederimiz gelýärdi. Indi ol kişi garrap, uzak ýola ýaranok. Şonuň üçin ýolbeledi bilen meni iberdi. Indiden beýläk pederimiziň kerwenini men ýöretmeli boldum.

-Hä, şeý diýseňiz-le. «Ata kesbi ogula halal» diýipdirler. Işiňiz, söwdaňyz oňuna bolubersin, inim-diýip, derwezeban kerwenbaşynyň göwnüni göterýän dileg etdi.

-Sag boluň, ýaşuly! Ýöne ýaňky aýdanyňyz meni uly ünjä goýdy. Eger aramyzda birde, ikide keselli bolaýsa nähili bolar?

-Keselliňizi aýryp, hassahana ýatyrarlar, galanlaryňyza rugsat ediler.

-Onuň ýaly bolsa gowy eken. Men aramyzdan keselli çykaýsa, nähili bolar, Yzymyza gaýtmaly bolarmyka, diýip gorkdum. Pederimiz hem düzgünleri maňa aýtmagy ýadyndan çykardymyka, aýtmady.

-Gorkdum, diýseňiz-le-diýip, derwezeban ýylgyrdy.- Gorkyňyz ýerliksiz. Şonça haryt bilen gelen kerweni yzyna gaýtaryp bolarmy. Biziň ýurdumyzda hiç haçan beýle zat bolan däldir.

Derwezeban sözüni gutaryp gutarmanka alty sany egni gök ýektaýly adamlar gelip girdi:

---

[8] Tib-lukmançylyk

-Ine, tibbi gözegçi lukmanlar hem geldi-diýip, derwezeban gelenleri kerwenbaşy bilen tanyşdyrdy.

Şundan soň lukmanlar kerwenbaşy bilen kerweniň duran ýerine ugradylar. Kerweniň düzümindäki ýüze golaý adamy ýekän-ýekän gözden geçirýänçe kerwenbaşy Ibn Salama içerde bolan zatlary gürrüň berdi. Ibn Salam şäher häkiminiň wekiliniň taçlabyny, pajymanyň tamakinligini eşidip, öz ýurdynda-da şeýle adamlaryň barlygyna gynandy. Ýöne derwezebanyň aýdan iki setir goşgusyna garşy çykdy:

-Muny haýsy şahyr aýdanam bolsa galat aýdypdyr. Hudaýymyň bendeleriniň ýamanyndan ýagşysy köpdür-diýdi. Soňra kerwenbaşa bir hili gülümjiräp seredip:

-Ol wekil gelse burunlak (gyrnaklaryň eýesini burny adatdakydan has uly bolansoň kerwendäkiler şeýle atlandyrýardylar) gyrnaklarynyň birini, onda-da iň gözelini berermikä-diýip, sorady.

Kerwenbaşy onuň sowalyny birneme geň görse-de:

-Bermän oýnaram. Wekil ýalandanmy, çyndanmy patyşanyň adyny aýdyp dur, ahryn-diýdi.

Ibn Salamyň kerwendäki gullaryň, gyrnaklaryň nädip bu ýagdaýa düşenini oýlanyp, olara rehimi gelýärdi.

Kerwen uzak ýoluň dowamynda näçe ýerde goş ýazdyryp, näçe ýerde dynç alynan bolsa Ibn Salam şonça-da adamlar bilen tanyşyp, olaryň hüý-häsiýetlerine ýetik bolýardy. Ilki tanyşanlarynyň biri-de gullaryň, gyrnaklaryň eýesidi. Ibn Salam bu burunlak adamy içinden ýaman görse-de, alyp barýan bendileriniň, aýratyn-da Rugsar atly bir gyzyň ykbaly bilen gyzyklanýandygy üçin onuň bilen iki dilde-de söhbetdeş bolýardy. Onuň asly pars bolup, arap ýurtlarynda-da, Mawerannahr ýurtlarynda-da, gul söwdasy bilen meşgullanýanlygy üçin arap, türk dillerini-de bilýän eken.

Bir dynç alyşda çakyrdan keýpini köklän burunlak çaýyň başynda gürleşip oturan Ibn Salam bilen kerwenbaşynyň ýanyna gelip:

-Size bir ajaýyp saz çaldyryp bereýinmi?-diýdi.

-Serhoşlugyň diýdirýänimi bu aýdýanyň ýa çynyňmy?-diýip, kerwenbaşy onuň gepine kän bir ynanman sorady.

-Çynym, agam, çynym-diýdi-de, goşuna gidip, bir salymdan eli dutarly bir gyzy yzyna tirkäp geldi. Ikisi hem görkezilen ýerde oturanlaryndan soň gyz sowally nazary bilen burunlaga garady. Ol «Başlaber» diýen manyda kellesini kakdy. Şundan soň dutar dile girip, ýürekleri endiredip barýan şeýle bir zaryn mukam ýaňlanyp ugrady welin, ony diňläp oturanlaryň gözlerine ýaş indi. Ibn Salam gyzyň

perdeler üstünde oýnaýan näzik barmaklaryna, gözellikde bir kemsiz jemalyna seredip oturşyna bu gyzyň asly asylzadalardan bolsa gerek diýip çak etdi. Bu mukamyň yzyndan çalynan heň hem gyzyň ýürek hasratynyň beýany ýaly ýaňlandy. Uzak çalynan iki mukamdan soň gyz dutary gapdalynda goýup, maňlaýynda peýda bolan deri başyndaky öýmesiniň ujy bilen syldy-da, «boldumy?» diýen manyda burunlaga garady. Ol hem kerwenbaşy bilen Ibn Salama seredip:

-Nähili, boljakmy biziň gyzyň dutar çalyşy? - diýdi.

Kerwenbaşy geplemän başyny atdy. Ibn Salam gyza ýüzlendi:

-Adyň kim, aýym? Nireden özüň?

Gyz geplemän eýesine seretdi. Burunlak rugsat berdi:

-Aýdyber, belki seni satyn alar. Bu kişi alym adam. Şunuň ýaly alymyň öýüne düşseň azar görmersiň.

-Adym Rugsar, özüm Mazandarandan-diýip, Ibn Salamyň türki dilde beren sowalyna parsça jogap berdi. Mundan Ibn Salam gyzyň türki dili hem bilýändigini aňdy.

Ibn Salam gyzyň öz dilinde ýene sowal berdi:

-Ökde sazanda ekeniň, doganym, sen nädip bu ýagdaýa düşüp ýörsüň?

Rugsar Ibn Salamyň sözleýiş äheňindäki mylakatlylygy, keşbindäki mähremligi ýüregi bilen duýup, özüne hossar tapynan ýaly boldy-da, özi hakda gysgaça gürrüň berdi. Onuň pederi ýurdy baglan sazanda bolupdyr. Rugsar hem ýaşlygyndan saza gyzyklanyp, dutar çalmagy öwrenipdir. Ol on bäş ýaşa ýetende pederi dünýäden ötüpdir. Pederi ölüminiň öň ýanynda gyzyny ýanyna çagyryp, özüniň dutaryny onuň eline berip:

-Gyzym, bu dutar menden saňa galjak iň uly miras hem ýadygärlikdir-diýipdir. -Sen muny gaty aýawly sakla. Sen sazanda bolup, ile çykmasaň-da, kalbyňy hasrat gurşap alanda, meniň heňlerimiň birini çalsaň hasratyň ýeňlär, gam-gussaň yza çekiler. Saz ynsanyň ruhuny göterýän iň ajaýyp zatdyr...

Pederi ýene bir zatlar diýmekçi ekeni emma ýetişmändir, gyzyna delminip bakan gözleri baky ýumulypdyr. Pederiniň wepatyndan soň gyzyň ýeke-täk güýmenji şu dutar bolupdyr. Onda dürli heňleri, mukamlary çalyp, kalbyndaky gam-gussany ýeňletmäge çalyşypdyr.

Günlerde bir gün hemişeki adatyna görä öýlerinden biraz saýlanyp, hoş howaly ýerde dutar çalyp otyrka obalaryny Owgan tarapdan gelen ýagy basanyny duýman galypdyr. Dutaryny göterip gaçyp barýarka büdräp ýykylyp, dutaryny döwüpdir. Onýança bir atly ýetip gelip, gyzy

çekip alýarda atyň öňüne basyp alyp gidýär. Şeýlelikde ol Bagdadyň gul bazaryna düşýär.

Rugsaryň bu beren gürrüňi Ibn Salama gaty täsir etdi. Nobatdaky dynç alyşlykda, Ibn Salamyň berýän gyzykly gürrüňlerini diňlemäge höwesek burunlak çäýnek-käsesini göterip, kerwenbaşynyň goşuna geldi. Ol Ibn Salamyň kerwenbaşy bilen dostdugyny, hemişe onuň bilen bile iýip-içýändigini bilýärdi.

-Sizler bilen bile çaý içsem hezil edýän. Alym agamyz köpden bäri gürrüň hem tapanok, şu gün diliniň gulpy açylmazmyka?!

-Düýnki çalynan ýa sazdan, ýa sazy çalan gyzdan alym agaňa bir täsir ýetdi, şondan bäri dymyp ýör-diýip, kerwenbaşy degişmä salyp aýtdy.

-Aý, sazdan täsir ýeten bolsa, agamyza her günem saz çaldyryp bereýin. Eger gyzdan täsir ýeten bolsa onuň özünem beräýerin.

-Bäh! Men siziň beýle jomartdygyňyzy bilmeýän ekenim. Onda ol gyzy alym agaňyza beräýjekmisiňz?-diýip, kerwenbaşy birhili geň galmak bilen sorady.

-Bermän näme, nyrhyny ylalaşsa...

-Hä, hä! Nyrhyny ylalaşsa, diýsene-diýip, kerwenbaşy indi özüniň sadalygyna geň galdy. Ol ýene bir zatlar diýmekçidi, emma ondan öňürti Ibn Salam gepledi:

-Bi, ylalaşyp, ylalaşmaz ýaly bahasy gaty gymmatmy gyzyň?

-Arzanam däl, agam, sebäbi ol gyrnak entek el degirilmedik, gözellikde taýsyz, munuň üstesine ökde sazanda. Şeýle bolansoň bahasy arzan bolýamy? Ýöne agam, siz bir gowy adam, şonuň üçin size ylalaşyp bereýin.

-Eý gardaş, ylalaşmak üçin ortada pul bolmaly. Eger meniň pulum bolsady, ylalaşaly diýmän aýdan bahaňa alardym hem-de ony islän ýerine gitmäge kömegem ederdim.

Burunlak tüýsüz çekgesini gaşap, Ibn Salama geňirgenip seretdi, soňra ardynjyrap şeýle diýdi:

-Agam, men bir zada düşünemok, ýagny, siz puluňyz bolup, ol gyrnagy menden satyn alsaňyz, soňra ony özüňiziň aýdyşyňyz ýaly azat edip, islän ýerine iberseňiz, siz näme peýda edýäňiz?

Ibn Salam:

-Meniň etjek peýdamy, şu beren sowalyňyza garanda siz hasaplap bilmeseňiz gerek, ýagny düşünmersiňuz-diýip, beren jogabynda onuň «ýagnysyny» gaýtalap agzyny öýkündi. Muny burunlak aňşyrmady. Adam ýaman görýän adamyna sataşanda içindäki ýigrenjini ýa söz bilen

ýa bir hereket bilen ýüze çykaranyny özü-de duýman galýar. Ibn Salam hem burunlagyň agzyny öýkünmek bilen çäklenmän. Ýene-de onuň çetine degjek boldy:

-Eý, ýagşyzada,-onuň bu sözi kakdyryp aýdanyny burunlak duýmady.-Siz rehimdar adama meňzeýäňiz, ýöne näme üçin beýle birehim, şepagatsyz adamlaryň edýän işi bilen meşgulanýaňyz?

-Ha-ha-ha... -Burunlak hahahaýlap güldi.-Bu zamanda rehimdarlyk bilen gün görüp bolýamy, ýagny, gazanç edip bolýamy, tagsyr? Zamananyň zeýli şeýle. Bizem şoňa görä-de. Ine, kerwende menden başga-da söwdagärler bar. Olar jansyz haryt satýa, men bolsa janly haryt satýan ýagny şeýdip gazanç edýäs. Indi özüňizden hem sorasak, siz näme gazanç etmäge barýaňyz?

Burunlak Muhammet ibn Salamyň alymdygyny bilse-de, onuň asly horezminlidigini bilmeýärdi. Ol hem Gürgenje özüniň bir peýdaly işi bilen barýandyr diýip pikir edýärdi.

-Men örän uly gazanç etmäge barýan. Siz ony hiç zat bilen ölçäp, deňäp bilmersiňiz-diýip, Ibn Salam ýylgyrdy.

-Oho! Ol nähili gazanç, agam?

-Ol ylym, diýilýän gazanç

-Ylym?... Özüňiz ylymly alym bolsaňyz, size ýene ylym nämä gerek, agam?

-Ylym diýýilýän çäksizdir, gardaş. Gürgençde Horezmşa Mämün tarapyndan açylan «Beýtil hikme»[9] diýilýän ylmy mesgen bar. Ol ýerde Aburaýhan Biruny, Abu Aly Ibn Sina, Abu Nasyr Ibn Yrak ýaly beýik alymlar bar. Men şolardan öwrenip, ylymymyň üstüne ylym goşmak üçin barýaryn. Indi düşündiňizmi?!

Ibn Salam soňunda bir gatyrak söz aýdyp, bu nadan adamy ompa oturtjakdy, emma saklandy. Çünki, Gürgenje çenli onuň bilen arany bozmak, gatnaşygy saklamagy gerekdi. Bu ýöne ýere däldi.

## II BAP

Tibbi gözden geçiriliş tamam boldy. Gözegçileriň ýolbaşçysy kerwende keselli adamyň ýokdugy üçin hemmesine şähere girmäge rugsat berýän resminama möhür basyp, kerwenbaşa gowşurdy. Şundan soň kerwende gozganyş başlandy. Bir mahaldan gyrnaklaryň oturan ýerinde bir gowur turdy. Burunlak burnuny asmana tutup, çar tarapa ylgaýardy, dat salýardy: «Heý adamlar! Meniň bir gyrnagym ýok! Rugsar ýok! Görmediňizmi?! Ol gaçypdyr, ýa ony ogurlapdyrlar! Eý musulmanlar, göreniňiz, bileniňiz bolsa aýdyň!»-diýip, gygyryp

[9] Beýtil hikme (arapça) - Hikmetler ýagny ylymlar öýi. Häzirki döwürde Mämün akademiýasy diýilýär.

ýörüşine adamlaryň arasyndan Ibn Salamy gözleýärdi. Ol kerweniň başynda kerwenbaşy bilen duran Ibn Salama gözi düşenden ylgap baryp, onuň alkymyna dykyldy:

-Siz şu gyrnak bilen gyzyklanyp ýördüňiz, musulman bolsaňyz aýdyň, ol nirede, ony nätdiňiz?

Ibn Salam sowukganlylyk bilen jogap berdi:

-Eý gardaş, «Guman imandan aýyrar» diýärler. Meniň ol gyz bilen gyzyklanýanlygymdan başga deliliňiz barmy? Ýok! Şonuň üçinem menden guman etmäge-de hakyňyz ýok.

-Delil-peliliňi bilemok, meniň ýüregim syzyp dur.

-Häli sizde ýürek hem barmy? Eger sizde ynsana mahsus ýürek bolanda özüňiz ýaly adamlary, gyzyňyz ýaly gyzlary o bazardan alyp, bu bazarda satyp ýörmezdiňiz, gazanç etmegiň hakyky, arassa ýoluny tapardyňyz.

-Siz näme diýjek bolýaňyz?! Bu iş, ýagny gul söwdasy pygamberimiz Muhammet aleýhissalamyň döwründe-de ýörgünli işdi.

-Diýmek, şol döwürde-de siziň ýaly rehimsiz, şepagatsyz adamlar bolan ekeni-de.

Ara kerwenbaşy düşdi:

-Bes ediň, jenaplar-diýdi. Soňra burunlaga garap- esasly deliliňiz bolmasa, bu dawaňyzdan peýda ýok. Baryň, beýleki gyrnaklaryňyza ägä boluň, olardanam birde-ýarymy eliňizden gidäýmesin. Biz häzir şähere girýäs. Baryň, eglenmäň bu ýerde-diýdi. Şundan soň burunlak Ibn Salama şübheli nazar bilen ýene bir seredip, bir zatdan howatyr edýän ýaly howlukmaç ýöräp, goşuna tarap gitdi. Ol gidenden soň Ibn Salama dikilen kerwenbaşynyň nazary hem gumandan daşda däldi. Ibn Salamyň Horezmşa sowgat bermeli diýlen gyrnak hakynda sorap, bir hili gülümjiräni ýadyna düşdi. Şonda-da ol bu nämä gülümjireýärkä diýip, geň galypdy. Ýöne hiç zat diýmändi. Häzir hem bilesigelijiligi böwrüne dürtüp dursa-da dil ýarmady. Soňra ýerinden turuzylyp, nyzama düzülen düýeler we adamlara göz aýlady-da kömekçisiniň idip gelen atyna atlanyp, şäheriň derwezesine tarap kerweniň öňüni çekip ugrady. Kerwen şähere girip, derwezäniň golaýyndaky kerwensaraýda ýerleşdi. Bu kerwensaraý hem Gürgenjiň beýleki kerwensaraýlary ýaly düýeler, atlar, gatyrlar üçin niýetlenen uly meýdanyň daşyna aýlap gurulan eýwandyr otaglardan ybarat bolup, ol ýerde ýüzlerçe adam arkaýyn ýerleşýärdi. Ibn Salam şu ýerde uzak ýoluň dowamynda duz-emek bolan, dostlaşan kerwenbaşysy bilen hoşlaşmaly boldy. Kerwenbaşy ony

ugratmak üçin kerwensaraýdan çykanlarynda oňa syrly seredip, ýylgyrdy-da:

-Rugsar jana gowuja serediň-diýdi.

Ibn Salam bu synçy, duýgyr adamdan hiç zady gizläp bolmajagyny aňyp, gözüni bir gyrpdy-da onuň elini mäkäm gysdy. Soňra kerwensaraýdan idip çykan atyna atlanyp, şäheriň derwezesine tarap sürüp gitdi.

***

Kerwenbaşynyň «Rugsar jana gowuja serediň» diýeni ýöne ýere däldi. Ibn Salam ol gyzyň gelip çykyşyny, örän näzik kalp eýesidigini özüniň beren gürrüňinden soň oňa juda rehmi, diňe rehmi däl mähri hem inipdi. Şonda ol nädip bolsa-da bu gyzy bendilikden azat etmegi ýüregine düwüpdi. Şonuň üçinem ol ýigrenýän adamy burunlak bilen arany bozman, gatnaşyk saklaýardy. Özüniň niýetini gyza göni aýtamgyň alajy ýokdy, onuň ýanyna baryp gepleşmek mümkin däldi. Şonuň üçin ol başka bir ýol tapmalydy. Ol özüniň niýetini Rugsara duýdurmagyň, köp oýlanyp, bir ýolyny tapdy. Ol oturup, bir gazal ýazdy. Gazalyň başdaky iki setiriniň aşagyny çyzdy. Gazaly Rugsar okasa aşagy çyzylan:

Terk etse bilbil kapasny çydaman azaryna,

Hoş görüp bagban ony gondurar gülzaryna-

-diýen setirleriň manysyna düşünjekdigine şübhe ýokdy. Şu ynam bilen Ibn Salam nobatdaky dynç alyşlykda burynlagyň goşuna bardy. «Täze ýazan gazalym» diýip, okap berdi. Soňundanam «gyrnaklaryňyza beriň, okap göwünlerini götersin biçäreler» diýdi. Ibn Salamyň bu pirimi amala aşdy. Ol gyrnaпklaryň deňinden geçeninde Rugsar oňa köpmanyly seredip, gözüni gyrpdy. Indi bu işi amala aşyrmak üçin oňaýly pursat gerekdi. Şeýle pursat bolsa, kerweniň Gürgenjiň derwezesiniň öňüne gelip ýeteninde garaňky düşeni üçin daňdana çenli garaşmaly bolan gijesidi. Adamlar düýeleri çökörip, gyşaryşyp dem alýardylar. Ýene bir pirim oýlap tapan Ibn Salam gyrnaklarynyň golaýyragynda ýumşak keçäniň üstünde gyşaryp ýatan burunlagyň ýanyna bardy:

-Eý biradar, Horezminiň paýtagtyna ýetip gelenimiz üçin bolsa gerek, ylhamym joşup ýene bir gazal ýazdym, isleseňiz okap bereýin-diýdi. Burunlak:

-Okaň, okaň, tagsyr, eşideli-diýip, ýerinden turup oturdy. Ibn Salam gyzlar hem eşider ýaly belent owaz bilen labyzly okap başlady. Gazal yşk-muhabbete ýugrulany üçin onuň:

Ukyny terk edip maksada ýetsek şu gije,
Goý, rakyplar aglasyn, galsynlar agyr ünjä-

Diýen mazmundaky soňky iki setirine Rugsardan başga hiç kim üns bermedi. Gyz düşünenini bildirip, ardynjyrap goýdy. Burunlak bolsa gazal ýarany üçinmi ýa Ibn Salam bilen ýene söhbetleşesi gelipmi ony öwüp başlady:

-Aperin, aperin! Siz parsyda çoh gözel sözleýärsiňiz. Indi meniň bilen bir salym oturyň. Häzir çaý aldyrýan, Merw nabady bilen çaý içýäs. Ibn Salam maksadyny amala aşyrmak üçin ony çakyrdan doýurmalydy.

-Çaýdan çakyr gowy dälmi, byradar-diýdi. Çakyr içmegi gowy görýän Burunlaga-da geregi şudy. Ol:

-Wah, wah, diliňize döneýin, Çakyra ýetesi zat barmy-diýip çakyr aldyrdy. Ibn Salam bir käse içýänçä ol iki käsäni urup, ugrady. Ibn Salam burunlagyň samsyklaç sowallaryna jogap berip, söhbetleşip oturmaly boldy. Şonda onuň ýadyna bir danyşmendiň: «Kyrk ýyl zyndanda oturmak-bir nadan söhbetinden ýagşyrak» diýen sözleri düşdi. Hernä söhbetdeşlik uzaga çekmedi, çakyr güýjini görkezdi. Burunlak oturan ýerinde gyşardy. Rugsar gazal arkaly edilen duýduryşa görä uklamazlyga äht edip, gözüni açyp ýatdy. Ýadawlygy ýetik adamlaryň ählisi gijäniň ýaryna ýetmän uka gitdiler. Ýaňky ýerinde ýatan burunlagyň çekýän hory al asmana çykýardy. Ibn Salam amatly pursatyň ýetip gelenini duýup, ýerinden turdy. Seýkin basyp atynyň ýanyna bardy. Ony ýuwaşja idip, kerwenden sesýetim ýere çenli arany açdy. Ol Rugsaryň özüniň hereketlerine göz-gulak bolup ýatanyna ynanýardy. Hakykatdan-da şeýledi. Ibn Salam atyny idip ugranyndan ol hem ýuwaşlyk bilen süýşüp, golaýynda ýatan düýäniň boýnunyň aşagyndan aňry geçdi-de, ýerinden turup, Ibn Salamyň barýan tarapyna ýöneldi. Gyz gelip ýeten badyna Ibn Salam ony atyň ardyna alyp, gamçyny basdy. Atyň ardynda Ibn Salamyň bilinden tutup oturan gyzyň begenji içine syganokdy. Ol özüni alyp gaçyp barýan Ibn Salamyň näme maksady bardygyny bilmese-de, hiç bir ýamanlygy göwnüne getirenokdy. Çünki, Ibn Salamyň mylaýym keşbine, mähir çogup duran gözlerine gözi düşen adamyň onuň kalbynda ýagşylykdan başga zat ýokdugyna ýüreginde ynam hasyl bolýardy. Rugsar hem daşyrakdan bolsa-da oňa gözi düşende: «Dünýädäki ähli adamlar hem şu adam ýaly bolaýsa, gulçulyk diýen elhenç zadam bolmazdy» diýip oýlanypdy.

Ibn Salamyň daýaw aty olary bir sagada-da galman menziline ýetirdi. Bu Ibn Salamyň dokduk mekany, mähriban obasydy. Ol

obasynyň bir çetinden gireninden atynyň başyny çekdi, ony ýuwaş ädimledip, öz öýlerine geldi. Toýun laýdan daşy taraşlanyp salynan onçakly uly bolmadyk jaýyň öňüne özüniň oturdan güjüm nahallary indi jaýýdan hem esli ýokary galyp uly saýaly daragtlara öwrülipdirler. Aýyň ýagtysynda öňi süpürilip gül pürkülen ýaly edip goýlan, abat saklanan jaýyna nazary düşende Ibn Salamyň gözlerine ýaş indi. Ol atdan düşüp, Rugsary-da göterip düşürdi. Soňra derweze bilen ýanaşyk duran gapyny ýuwaşlyk bilen kakdy. Gijäniň ýaryndan esli agan wagty süýji ukuda ýatan adamlary oýaryp turuzaýmak aňsat däldi. Gapy üç, dört sapar kakylanda «Kim? Näme gerek?» diýen garyljyk ses eşidildi. Ibn Salam käbesiniň sesini garyljyk bolsa-da tanady:

-Men Muhammet, gapyny açyň!

Içerden «Kakasy, tur! Biri men Muhammet gapyny açyň-diýip dur» diýen sözler eşidildi. Soňra erkek adamyň «Kim sen, kim Muhammet?» diýen ses geldi.

-Men, kaka, eje, ogluňyz Muhammet-diýeninden içerde ala takyrdy başlandy. «Çyrany ýak! Çakmak daş nirede?!» diýişip, çal bilen kempir alabasga galdylar. Bir mahal gapynyň deşiklerinden ýakylan çyranyň yşygy göründi. Gapy jygyldap açylanda Muhammediň garşysynda eli çyraly ýetmiş ýaşlaryndaky entek daýaw çal durdy.

-Kaka, men geldim-diýeninden çal elindäki çyrany kempirine berip, ogluny garsa gujaklady. Çyrany ýerde goýan kempir ogluny kakasynyň gujagyndan aýyryp alyp, bagryna basdy.

-Geldiňmi, oglum, nury-didäm, gözlerimiz ýoluňda intizar galdy-diýip, kempir aglamjyraýardy. Ejesiniň gujagyndan boşanan Muhammet içeriden aýalynyň, oglunyň, gyzynyň çykmagyna göz dikýärdi. Muny aňan kakasy:

-Howatyr etme oglum, aýalyňam, ogluňam, gyzyňam sag-salamat. Olar toýa gitdiler. Ertir gelerler-diýdi. Bir mahal Muhammediň arkasynda duran gyza gözi düşen kempir birhili bolup, adamsyny dürtdi. Şundan soň kakasy hem oglunyň yzynda duran gyzy saýgardy-da, ogluna «munyň näme?» diýen manyda garady. Muhammet bu garaýşyň manysyna düşündi. Elbetde, öýli-işikli ogul uzak ýoldan yzyna aýal tirkäp gelse ata-enäniň uly ünjä galjagy düşnükli.

-Kaka, eje, siz başga hili pikir etmäň, bu gyz maňa dogan ýaly. Men ony bendilikden azat etdim. Size içerde düşündirerin-diýip, Muhammet, içeri girenlerinden soň Rugsar baradaky gürrüňi gysgaça aýtdy. Soňra özüniň gyssagly gaýtmalydygynyň sebäbini düşündirip, atyna atlandy-da:

-Nesip bolsa ertir gelerin-diýip, ýola düşdi.

Obadan saýlananyndan soň kerweniň goş basan ýerine wagtynda ýetip barmak üçin ol atyna gamçy basdy. Janawer eýesiniň aladasyny duýan ýaly ikinji sapar gamçy urdurman ýel ýaly süýnüp gitdi.

Entek daň atmagyna biraz wagt bardy.

Hemmeler süýji ukydady. Muhammet ibn Salam goşa ýakyn geleninde atyň başyny çekdi. Ol ses ýetimden atyny ýuwaşja idip gelip, ýerine baglady, özü-de aýagynyň ujunda ýöräp gelip, ýazylyp duran jaýnamazynyň üstüne uzaldy. «Ak düýäni gördüňmi? Ýok».

## III BAP

Kerwensaraýdan özüni ugradyp çykan kerwenbaşy bilen hoşlaşyp, şäheriň derwezesinden daşary çykan Ibn Salam atynyň başyny burup, şäheri gurşap alan beýik diwara bir salym buýsanç bilen seredip durdy. Soňra obasyna tarap atyny ýorgasyna sürüp baryşyna bu beýik şäherde geçen deslapky talyplyk ýyllary ýadyna düşüp, hyýaly ýatlamalar dünýäsine uçdy. Medresäniň müdderisleri Muhammediň ötgür zehinine, ylyma örän yhlaslydygyny görüp, geljekde onuň uly alym bolup ýetişjekdigine ynanýardylar. Medresede bilim almak, ylym öwrenmek üçin ähli şertler döredilendi. Talyplaryň nahary, bir görnüşdäki egin-eşikleri patşalykdandy. Her iki talyba bir hüjre, ylmy ýa-da edebi döredijilik bilen meşgullanýanlaryň ýeke özüne bir hüjre berilendi. Muhammet hem zehinli talyplaryň hatarynda okuwyň bäşýylyndan başlap, galan iki ýylda ýeke özi bir hüjrede ýaşaýardy. Ol ylym bilen, bir hatarda edebiýatada berlendi. Ýazýan gazallary talyplaryň arasynda meşhurdy. Ol medresede berilýän sapaklardan daşkary özüniň beýik Watandaşy Muhammet ibn Musa ol Horezminiň ylmy eserlerini çuňňur öwrenmäge köp wagtyny sarp edýärdi. Aýratyn-da onuň «Al jäbr al mukabala» atly eserine uly üns berýärdi. Ol bu eseri beýleki ylymlaryň açary hasaplaýardy. Muhammet bu medresede ýedi ýyl, her tomusda berilýän iki aý tätili hasaplamanda ýetmiş aý okady-bilim aldy, ylym öwrendi.

Şu geçen ýedi ýylyň içinde ýaş ýigidiň ýadyndan çykmajak wakalaryň gör näçesi bolupdy. Şolardan bolup geçen bir waka ýadyna düşende ondan bir hili lezzet alan ýaly ýylgyranyny duýman galýardy. Ol şeýle bolupdy:

Bir gün okuwdan soň, öýle namazyny okap, köçä çykan Muhammet köpden bäri okuwa gelmän näsaglap öýünde ýatan bir dostunyň halyndan habar alyp gaýtmak üçin gitdi. Ol hassany soramaga baranda boş barylmaýan däbe görä süýji almak üçin ýol ugryna bazara

sowuldy. Muhammet bir bahana bilen Gürgenjiň haýsy bazaryna barsa-da ol ýerdäki bol-elinligi, tertip düzgüni, hatar-hatar giden dürli harytlar satylýan dükanlary, dürli dilde gepleşýän, dürli milletden bolan harydarlary, söwdagärleri görüp, beýik şäheriň bazarlary hem özüne laýyk bolmaly-da diýip içini gepledip goýýardy. Bu sapar onuň bazara esewan edip ýörmäge wagty ýokdy, ol bakgaldan bäş gadak şahanabady ölçedip alyp yzyna öwrülende bir görmegeý oglan oňa salam berdi. Muhammet oglana bir hili bilesigelijilik bilen seredip, salamyny aldy, onuň ýüzi tanyş göründi. Emma nirede görenini ýadyna düşürip bilmedi.

-Ýadyňyzdamy, men size «Eden ýagşylygyňyz Alladan gaýtsyn, diýenimde, siz maňa «Özüňizden hem gaýtsyn» diýipdiňiz-diýip, oglan dillendi.-Indi näme ýagşylyk etmeli bolsa, aýdyň, menem edip, karzymdan gutulaýyn...

Egnine bili guşakly begres don, kellesine kümüşsöw gyrpykdan tikilen tegelek telpek geýinen bu «oglanyň» Mahynurdygyny Muhammet şundan soň tanady. Hiç haçan oýuna-pikirine gelmedik bu duşuşyk Muhammedi bir hili aljyratdy.

-Mahynur... bu nähili... Seni durmuşa çykýar diýipdiler-ä?!

-Çykmadym. Çyksam şeýdip ýörermidim...

***

Mahynur alty-ýedi ýaşlarynda mahaly kakasy aradan çykypdy.

Entek otuz ýaşa-da ýetmedik dul galan ejesi iki ýyl oturdy. Şu arada altmyş ýaşa golaýlan öz obalaryndaky bir baý adam ony aýalynyň üstüne ikinji aýal edip aldy. Öweý atasynyň öýünde Mahynur özüniň ýakymly gylyk-häsiýeti, süýji dili bilen hemmelere özüni aldyrdy. Aýratynda özünden bäş-alty ýaş uly Arslan atly öweý agasy ony öz howandarlygyna alyp, hiç kime ynjytdyrmaýardy. Şeýlelikde Mahynur on alty ýaşa ýeteninde serwi kamatly, görmegeý gyz bolup ýetişdi. Gyzy göz astyna alyp ýören öweý atasy ony özüniň gatnaşýan elli ýaşlaryndaky bir peşenesiz baýa uly puluň hasabyna aýal üstüne berermen boldy. Mundan habar tapan gyz bilen ejesi hünübirýan aglap, oturanlarynda entegem howandarlyk edýän öweý agasy gelip, olary köşeşdirdi. Indi eýýäm öýli-işikli bolan ogul kakasynyň niýetine garşy çykdy. Şonda kakasy:

-Sen näme diýip goşulýaň bu işe. Senden uly agalaryň biri-de bir zat diýenok maňa. Seniň kimiň ol? Ýa ganyň birmi? Men ony bakdym, kemala getirdim. Bagy-da kemala getirenden soň miwesini ýolup satýarlar-diýip azgyryldy. Kakasynyň ýanyndan lapykeç bolup çykan ogul «Ony ýolup sataýmarsyň» diýip içini gepledip gaýtdy. Ol

Mahynuryň ejesiniň Gürgençde özünden uly doganynyň bardygyny bilýärdi. Ol gyzy şonuň öýüne gaçyryp goýbermegi meýilleşdirdi. Şeýdibem ol özüniň öňki geýimlerini gyza geýdirip, oglan sypatyna girizdi-de, daň saz bermänkä atynyň syrtyna mündirip, şäheriň derwezesiniň açylmagyna garaşyp duran adamlaryň golaýyna düşürip gaýtdy.

***

Mahynur şu bolan wakany Muhammede gysgaça gürrüň berdi.

-Agam atyndan düşürip: «Bar jigim, bagtyňy Alla açsyn» diýeinde gözümiň ýaşlary ýüzümi ýuwup gitdi-diýip, Mahynur agasy ýadyna düşdümi bir hili hamsygan ýaly boldy. Mahynuryň soňky sözlerinden gaty täsirlenen Muhammet:

-Be, dünýäde gowy adamlaram bar-ow-diýdi.

Mahynur:

-Şeýle bet pälli adamdan beýle gowy ogluň döränine özümem haýran galýaryn-diýip gözlerinden al ýaňaklaryna togalanyp düşen iki damja ýaşy donunyň kisesinden çykaran elýaglygy bilen syldy. Muhammet ol ýigidiň şeýle belent adamkärçiligine sarpa goýup, haçanam bolsa onuň bilen bir duşuşmagy ýüregine düwdü-de Mahynurdan:

-Ol agaň ady kim?-diýip sorady.

-Ady Arslan, Arslan beg. Beg diýseň hakyky beg agam.

-Tüweleme adyna laýyk ýigit ekeni. Oglum bolsa ol ýigidiň hormatyna adyna Arslan dakjak-diýip, Muhammet Mahynuryň ýüzüne seredeninde gyzyň ýüzi bir hili üýtgäp gitdi. Ol:

-Aýalyňyz göwrelimi?-diýip zordan dillendi.

Muhammet:

-Diýäniň näme, Mahynur! Eger öýlensem göwreli aýal almaryn-a diýip güldi. Gyzyň ýüzi açyldy.

Mahynur Muhammede ähli bolan zatlary aýdanam bolsa, bir zady aýtmady. Ony aýtmaga gyzlyk mertebesi ýol bermedi. Ol daýzasynyň öýüne gelip ýaşap başlanyndan soň küýzesini derýadan alyp çykyp beren ýigidiň şäherde ýaşaýandygyny, medresede okaýandygyny bileni üçin oňa nädip duşup boljakdygy barada oýlanýardy. Şu oý bilen ol iküç gün medresäniň golaýyragyna baryp, ondan çykýan talyplary gözden geçirdi. Ine, şu günem ol medreseden çykyp gaýdan Muhammedi daşyrakdan görse-de tanap, onuň yzyna düşüp gaýdyberdi. Şeýdibem bakgalyň dükanynyň ýanynda tötänden duşan kişi boldy. Eger Muhammet gyzyň bu işini bileninde oňa ýüregindäkini gös-göni

aýdardy. Emma tötänden duşan gyzyň ýüregini bilmäninden soň aýlawly gepledi:

-Mahynur, ýaňy maňa, "Eden ýagşylygyňyzy menem ýagşylyk bilen gaýtarjak" diýen manyda bir zat diýdiň dälmi?

-Hawa, diýdim.

-Maňa näme ýagşylyk etjek?

-Siz nämäni isleseňiz, şony edeýin.

-Men nämäni islesemem etjekmi?

-Etjek... Men size bergidar, ahyryn-diýip gyz ýylgyrdy.

-Onda maňa bolýan ýeriň, daýzaňlaryň öýüniň salgysyny ber-diýdi.

Mahynur ilki Muhammediň ol salgyny näme üçin soraýanynyň sebäbine düşünmedi-de:

-Siz ol ýere barsaňyz bolmaz, meni gyjalata goýarsyňyz-diýdi.

-Özüm barman, elbetde. Kakam barar. Ýa sen onuň barmagyna garşymyň-diýip, Muhammet gyza garap ýylgyrdy.

Gepiň manysyna indi düşünen gyzyň ýaňaklaryna elwan reňk çaýylyp, gözlerini aşak goýberdi. Şonda gyzyň peýkam kimin kirpikleri aşakky ak gabaklaryň üstüne ýaýylyp, şahyr Ibn Salamyň köpden bäri ukuda ýatan ylhamyny oýardy. Onuň kellesine şol bada:

Kirpigiň peýkamy dökmesin ganym,
Men saňa gurbanam janu-jahanym-

-diýen setirler inip geldi. Emma ony diline çykaryp gyzy beter utandyrmagy islemedi. Şu pursatda ykbalyň eradasy bilen duşuşan iki ýürek biri-birine tarap talwas edýärdi, emma adamlardan ejap edip, göwreler saklanýardy.

-Salgyny berjekmi, Mahynur-diýip Muhammet gaýtalap sorady. Gyz bagtyýarlyk şuglasy çaýylan gara gözlerini uýalyp kesä sowdy-da salgysyny aýtdy. Soňra aýaklary ýeňil göçüp, kalby doly guwanç bilen ýöräp däl uçup gitdi. Muhammet hem ykbalyny kesgitlän bu duşuşyga Mahynurdan kem begenmedi.

Bu duşuşykdan soň bir aý geçip geçmän oba Dost Salamyň ogluny öýerýän toý habary ýaýrady. Gelinlik Gürgençden bir müdderisiň gyzymyş diýip, obanyň aýallary biri-birine buşlaýardylar. Ýöne bu gepiň kimden çykanyny hiç kim bilmeýärdi. Dost Salamyň oglunyň gelininiň kimdigini Mahynuryň öweý atasy ol bir çagaly bolanyndan soň bildi. Emma indi onuň etjek alajy ýokdy. Çünki, ol şol wagtda ölüm düşeginde ýatyrdy. Şundan köp geçmänem bendeligi berjaý etdi. Şol arada bir gyzykly ýagdaý boldy. Dost Salam agtygyna at dakmak üçin mollany

çagyryp, çaganyň gulagyna azan aýtdyrmakçy bolýandygyny aýtdy we «Näme at dakasyňyz gelýär?» diýip ogly bilen gelninden sorady.

Ine, şonda Muhammet Mahynur bilen ilkinji duşuşykda aýdan sözi ýadyna düşüp, aýalyna «Ýadyňdamy» diýen manyda seredip ýylgyrdy. Mahynur aýdylmadyk söze-de düşünýän parasatly zenandy. Ol:

-Atamyz makul görse-diýdi. Gelniň gepine düşünmedik Dost Salam: «Men nämäni makul görmeli?» diýip sorady. Muhammet kakasyny Mahynury soratmaga ibereninde oňa gyzyň başyndan geçen ähli wakany gürrüň beripdi. Indi şol duşuşykda Mahynura şeýle uly ýagşylyk eden öweý agasy Arslan begiň hormatyna ogly bolsa onuň adyny dakmak hakynda edilen gürrüňi kakasyna aýtmaly boldy.

-Makul oglum. Gowy pikir, ýagşy niýet eden ekeniň. Arslan beg her niçik hormata laýyk ýigit. Ýöne öňden gelýän däbe görä, at eýesiniň razylygyny almak üçin oňa bir gowy serpaý edilýändir-diýip, Ibn Salam içerki otagdan özüne tikdirip goýan silkme possunyny alyp çykdy. –Ine, serpaý, şuny alyp baraý.

-Kaka, men başga serpaý alaryn, özüňe niýetlenen zat...

-Gepiňi köpeltme. Men ýene tikdirerin. Possunçy dostuma.

Muhammet serpaýy alyp ýola düşdi. Arslan obadaş bolansoň Muhammedi gowy tanaýardy, ylyma berlen adam bolany üçin ony hormat edýärdi. Mahynuryň oňa durmuşa çykýanlygy barada diňe onuň özüne gizlin habar gelende biçak begenipdi. Gyzyň çykjak ýerine eglenmän barypdy, özi ak pata berip ugradypdy. Arslan beg bir ýyl bäri kakasyndan bölek çykyp, obanyň bir çetinden gowy jaý salypdy, döwletli maşgala bolup, bol elin ýaşaýardy. Öýleri onçakly daş däldi, atla bir sagatlyk ýoldy. Muhammet atyny jaýyň haýatyna kakylan gazyklaryň birine daňyp, ak mata düwülen içmegi göterip, içeri girdi. Göterinip gelen Muhammedi gören Arslan beg:

-O-ho! Köreken, gel, gel bakaly-diýip güler ýüz bilen garşy aldy. Muhammet düwünçegi bir çetde goýup, öňden ýazylyp duran saçagyň başyna geçdi. Saglyk, amanlyk soraşylandan soň:

-Munyň näme, köreken?-diýip, Arslan beg düwünçege ümledi.

-Size serpaý, silkme possun getirdim-diýip, Muhammet çekinibiräk ýylgyrdy.

-Bu bir ýyldan soň nämäniň serpaýy? Öň «aga don» diýip bir serpaý eden ýalydyň-la-diýip, Arsalan beg güldi. Muhammet düwünçegi çözüp, içmegi Arslan begiň egnine taşlady-da:

-Bu siziň adyňyzyň serpaýy-diýdi.-Oglumyza siziň adyňyzy dakmagy niýet edipdik.

-Ogluň boldymy?! Ilki şuny aýt, ahry! Näme maňa söýünjiläp adam ibermediň? Buşlukçyňa bir at mündürip goýbererdim. Indi saňa hiç zadam berjek däl-diýip,  Arslan beg gatyrganan boldy.- Gutlaýan inim ,ömri uzak bolsun. Indi seniň bu aýdanyňy buşluk hasap etsek, saňa näme bersem bolarka?-diýip, Arsalan beg ýylgyryp Muhammede garady.

-Ýegenjigiňize adyňyzy berseňiz, iň uly buşluk şol, biziň üçin.

-Onda berenim bolsun, dakyberiň. Ýöne näme üçin ogluňyza meniň adymy saýladyňyz?

-Oglumyz siziň ýaly edermen, mert, sahawatly, alyjenap adam bolup ýetişsin diýýäs...

-Haý, haý kişini ýüzüne beýle öwmek gowy däl. Bu aýdan häsiýetleriň mende barmy, ýokmy bilmedim, ylahym, ogluňyzda bolsun şu häsiýetler, owmyn-diýip Arsalan beg iki elini ýüzüne syldy. Muhammet özüne edilen hezzet-hormatdan soň gaýtmaga rugsat sorady. Arsalan beg ony ugratmak üçin bile daşa çykdy. Şol mahalam begiň hyzmatkärleriniň biri entek ýaşyna-da ýetmedik bir owadan taýy idip getirdi.

-Bu bizden ýegene sowgat, alyp git-diýip, Arsalan beg, munuň ýaly zada garaşmadyk Muhammede garap ýylgyrdy.

Hakykatdan hem munuň ýaly sowgada garaşmadyk Muhammet bir hili boldy:  «Sag boluň! Sag boluň!» diýmekden başga zat diline gelmän gaýdyberdi. Atynyň ýany bilen bir taýy idip gelýän Muhammedi gören Dost Salam:

-Hä oglum, içmegi bir taýa çalyşyp gelýäňmi?-diýip güldi. Ol Arslan begiň sahawatly adamdygyny bilýärdi. Ine, şeýdip sowgat berlen taý bilen bile Arslanjyk hem ösüberdi. Aýlar ýyllar geçiberdi. Arslanjyk ýedi ýaşa ýetip, obadaky metjit mekdebe gatnap başlanynda Muhammet medresäni gutaryp, alym bolmasa-da köp ylymlardan başy çykýan bolupdy. Bu onuň üçin ýeterlik däldi. Alymlyk derejesine ýetmek üçin entek köp çorba sowatmalydy. Ine şonuň üçinem ol ylym yzarlap Bagdada gitdi.

***

Bagdat. Halyfalygyň paýtagty, gözel şäher.

Muhammet ibn Salamy Horezminden uzak ýol geçip gelen mysapyr hökmünde “Islamyýa” medresesinde gowy kabul etdiler. Şäheriň orta gürpünde ýerleşen bu medresäniň binasy özüniň beýikligi, owadanlygy, nakşynkär peştaklary bilen Bagdadyň görküne görk goşup durdy. Ýöne Ibn Salamyň göwnüne Bagdat her näçe owadan, baý bolsa-da Gürgençden ileri däldi. Bu hakykatdanam şeýlemidi ýa-da «her kimiň öz

zady özüne, aý görüner gözüne» diýenlerine görämi, garaz Gürgenç oňa gowy görünýärdi. Emma Bagdat halyfalygyň paýtagty hökmünde uly syýasy we ylmy merkez hasaplanýardy. Bu şäher baryp 762-nji ýylda halyfa Mansur tarapyndan esaslandyrylypdyr. Ilki ol «Mädinät as Salam» (dynçlyk şäheri) diýip atlandyrylyp, Abbasylar halyfalygynyň paýtagty bolupdyr. Soňra ol parsça «Baga»-Hudaý, «dat»-berlen» diýen sözleriň esasynda Bagdat diýilen at bilen äleme meşhur şähere öwrülipdir. Ol indi hünärmençiligiň, söwdanyň, medeniýetiň, ylmyň iň uly merkezi bolup, Asyýa yklymynda uly ähmiýete eýe bolupdy.Muhammet ibn Salam şunuň ýaly dünýäniň dykkat merkezinde duran säherde ýaşap, şunuň ýaly ylmy merkezde ylym alýandygyna ýüreginde hasyl bolan buýsanç bilen okuwyna has yhlasly ýapyşdy. Ol özüniň on ýyl musapyrlyk çeken döwründe diňe ylym öwrenmek bilen çäklenmän, tätil döwründe «dünýäni görmän, dünýä adamy bolmarsyň» diýen nakyla eýerip, Şam, Rum, Müsür ýaly ýurtlara hem syýahat etdi. Şol ýurtlardaky alyp barylýan işler, syýasat, ijtymagy durmuş, binagärlik, gadymy ýadygärlikler bilen hem gyzyklandy. Ol müň ýyldan bäri adamzadyň aklyny haýran edip gelýän Müsür ehramlarynyň[10] öňünde durup, dünýäde taýsyz bu ýadygärlikleriň nähili gurulandygy barada oýa çümüpdi. Bu biçak ägirt we beýik desgany gurmak üçin näçe müňläp gullaryň zulum bilen işledilendigini göz öňüne getirdi. Şonda ol zulum diýilýän zadyň zalymlaryň elindäki iň güýçli guraldygyna emma şular yaly beÿik desgalary-da zulmsyz döredip bolmaýandygyna hem göz ýetirdi.

Ibn Salam Bagdatda ýaşan döwründe bu şähere has belet bolupdy. Bu ýerdäki tertip-düzgün, asudalyk, adamlaryň birek-birege sylaşygy, baýlarynyň sahawatlylygy, garyplarynyň kanagatlylygy, maýyplara, talyplara berilýän kömekler, Abbasy halyfalarynyň gurduran, häzirki wagtda döwlet tarapyndan saklanylýan ähli şertelere eýe bolan hassahanalar her niçik öwgä mynasypdy. Aýratyn-da onuň özüniň bir sapar nähoşlanynda ýatyp, şypa tapan «Adud ad Daula» hassahanasy onda örän gowy täsir galdyrypdy.Bu erde näsaglara gije-gündiziñ dowamynda seridilmegi, däri-dermanlarynyñ güýçliligi, jerrahlyk[11] usullarynyñ kämilligi, kärine ökde lukmanlaryñ aýratyn täsirli hoşamaý sözleri her niçik derdiñ-de wagtynda dep bolmagyna, hassanyñ derdinden halas bolmagyna getirýardi. Bu hassahana ähli gerekli zatlar, şol sanda Jerrahlyk esbaplary bilen hem üpjün edilendi. “Adud ad-

[10] Ehram-piramida

[11] Jerrahlyk-hirurgiýa

Daula” hassahanasy diňe näsaglary bejerýän tibbi merkez bolman ýaş lukmanlaryň hem tejribe öwrenýän ýeri ekeni. Muhammet ibn Salam şeýle hassahanalaryň şu çaka çenli näme üçin Gürgençde ýokdygy barada oýlanyp, sebäbini tapan ýaly boldy. Araplar Eýrany feth[12] edenlerinde ol ýerde Sasanylar döwründe bina edilen hassahanalary görüp, şolardan nusga alyp gurupdyrlar. Diýmek, fettahlar[13] feth edilen ýurdyň diňe baýlyklaryny däl, medenieýetini, ylmyny hem alyp özleşdiripdirler. Sasanylar döwründe bolsa ylym, medeniýet, tibbiýet ýokary derejede ösüpdir. Arap alymy Al Kifti tibbiýet ylmynyň beýle ösmeginiň sebäbini şeýle düşündiripdir. «Olaryň lukmanlary beýleki ýurtlaryň tibbi usullaryny kabul edip, bu usullary ylmy jähetden has kämilleşdiripdirler, özleriniň täze ylmy açyşlary bilen üstüni ýetiripdirler, tibbi kanunlaryny işläp düzüpdirler we jikme-jik ýazyp galdyrypdyrlar».

Umuman alanda, Yslam medeniýetiniň diňe araplaryň döreden medeniýeti däldigine, araplaryň köp ýurtlary fatyh edenligi üçin köp milletleriň medeniýetiniň goşulmagyndan emele gelen medeniýetdigine göz ýetiren Ibn Salam fatyhlyk hem döwrüň we durmuşyň talaby bilen bolýan zat ekeni diýen netijä geldi.

Muhammet ibn Salam on ýyl musapyrlyk çekip, çuňňur bilim aldy. Nüjüm[14], falakiýät, fikh[15], pelsepe, taryh, jugrafiýa, ylahyýet ýaly ylymlary özleşdirip alymlyk derejesine-göz öňünde tutan maksadyna ýetdi.

## IV BAP

Günortana golaý Gürgençden çykan Ibn Salam on ýyl mysapyrlykda başdan geçirenlerini ýatlap barşyna obalaryna ýetip geleninide, gün öýleden aganyny hem duýmady. Çagalygy, ýetginjekligi, ýigitlik döwrüniň bir bölegi geçen mähriban ojagyna daşrakdan gözi düşende tolgunyp, ýüregi jigläp gitdi. Düýn gije Rugsary alyp gaçyp geleninde ýüreginde başga howsala bolany üçinmi beýle ýagdaýa düşmändi. Ol öýüniň öňüne gelip, atynyň başyny çekeninde murty ýaňy taban syratly bir ýigit ylgap gelip atyny tutdy, atdan düşen badyna ýigit ony garsa gujaklady:

-Kaka, kaka jan, geldiňmi... bizi unutmadyňmy?

---

12 Feth-basyp almak

13 Fettahlar-basyp alyjylar.

14 Nüjüm-astrologiýa

15 Fikh-hukuk ylmy

Muhammediň bogazy doldy, bir bada gepläp bilmedi. Oglunyň gujagyndan boşanyp, ony özi bagryna basdy, soňra ýaşly gözleri bilen oglunyň edil özüne meňzeş keşbine seredip duruşyna gideninde entek on ýaşa-da ýetmedik oglunyň beýle syratly ýigit bolanyna hem begenýärdi hem haýran galýardy:

- Geldim, oglum, diýýäniň näme, men sizi unudarynmy hergiz - diýip, Muhammet beýlesine bakanynda çekgesinde görünýän saçlaryna ýek-tük ak aralan, keşbinde ýaşlykdaky gözelliginiň yzlary saklanan, göz ýaşlaryny başyndaky öýmesiniň ujy bilen süpürip duran aýala gözi düşdi. Muhammet onuň ýeňli bileginden tutup, özüne çekdi-de, gujaklap, maňlaýyndan öpdi.

-Mahynurym, sag-aman ýörmüň? Tüweleme, ine Arslanyň hakyky arslan ýigit bolupdyr-diýdi. Soňra ýene kimidir gözleýän ýaly töweregine göz aýlap:

-Gyzyň görnenok-la Mahynur, sag-amanmy özi-diýip, Arslanyň yzyndan bolan gyzyny sorady. Mahynur:

-Ol hem geler, daşyrak oba durmuşa çykarypdyk. Atam şu gün irden olara-da habar iberipdir. Düýn gije siz gelip gideniňizde bizem toýdadyk, Arslan agam agtygyna sünnet toý berdi. Bize habar baranda olam eşitdi, begendi, özem geler-diýdi. Oglunyň maşgalasy-bilen soraşyp-ideşip duranyna garap çal bilen kempir bir çetde iç-içinden begenişip durdylar.

Bir salymda Muhammediň daşyna adam bary üýşdi. Goňşy-golamlar, olaryň ýakynyrakdaky adamlary Dost Salamyň oglunyň şunça ýyldan soň uly alym bolup gaýdyp gelenini eşidip, ony görmäge hemem göz aýdyňa eňipdiler. Muhammet olar bilen ýekän-ýekän görüşüp, soraşyp başlady. Kakasy bilen ejesi bolsa begençlerine iki bolup bilmän adamlaryň arasynda duran ogluna buýsanç bilen seredýärdiler. Bir mahal at aýagynyň sesi eşidildi. Ser salsalar Arslan beg atyny ýorgaladyp sürüp gelýärdi. Ol gelip saklanan badyna Arslan ylgap baryp daýysynyň atyny tutdy. Arslan beg atdan düşüp, ilki Muhammet bilen gujaklaşyp görüşdi.

-Aý tüweleme, öňki talyp Muhammet indi alym Muhammet ibn Salam boldumy?-diýip, degişip, soňundan soraşdy. Adamlar Arslan begiň sarpasyny saklap, dargaşman durdylar. Obanyň ilaty Arslan begi belent adamkärçiligi, adalatlylygy üçin hem-de Mekke-Medinä zyýarata baryp gelensoň hajy hökmünde örän sylaýardy. Adamlar onuň Dost Salamyň maşgalasy bilen ýakynlygynyň sebäbini bir eýýäm eşidipdiler, bilýärdiler. Arslan beg Muhammet bilen soraşyp-ideşip bolansoň özüne

garaşyp duran Dost Salam we adamlar bilen salamlaşyp, soraşdy. Şundan soň Dost Salam adamlara ýüzlendi.

-Eý jemagat, eşitdim, eşitmedim diýmäň, eşitmediklere-de habar ediň, ertir günortan çaglary Muhammediň sag-aman geleni üçin Allanyň ýoluna sadakamyz bar. Ýakyn goňşular, sizlerden haýyş: ertir daň agarandan geliň. Mal ýatakdaky öküzçeleriň birini çalmaly, gazanlary atarmaly, adamlar oturar ýaly ýer taýýarlamaly. Adamlaryň biri degişip diýdi.

-Dost Salam diýen adam şunuň ýalyda eçiläýmese, başga wagtda mundan zat çykanok.

Ýene biri ýaşulynyň balykçydygyny ýatladyp:

-Dost aga, palawyň, çorbanyň öňünden balyk gowurma-da bolsun-diýdi.

-Onda sen derýanyň ortasyna girip, suwy baglap dur. Menem märekä ýeter ýaly balygy tutup getireýin-diýip, Dost Salam ol adamyň degişmesine degişme bilen jogap berdi.

Dost Salamyň öýüniň öňi bir salym gyzan bazara döndi. Bazaryňam ahyr sowulyşy ýaly adamlar hem dargaşyp, özli özleri galdylar. Häliden bäri utanyp gaýynatasyna görünmän ýören gelnini Arslan getirip, kakasyna tanyşdyrdy. Salam berip eda bilen aşak bakyp duran gelniniň pökgerip duran garnyna gözi düşen Muhammet ýakyn arada agtykly boljagyna begendi.

Arslan beg köp oturmady, öňden taýýar edilen saçagyň başyna geçip, bir käse çaý içdi-de bir işiniň bardygyny, ýetişse ertir sadaka geljekdigini aýdyp, ýerinden turdy. Ol hoşlaşýarka Muhammedi myhmançylyga çagyrdy, “öýde arkaýyn gürleşeris” diýip, atyna atlandy. Ikindinara gyzy bilen giýewisi geldiler. Ata-enä gyzyň mähri başgaça bolýar. Gelen badyna kakasynyň boýnundan gujaklap, esli wagt boşatman ýürek mährini duýduran gyzyň maňlaýyndan öpüp atalyk mährini bildiren Muhammediň gözlerine ýaş aýlandy. Ol iki elläp edep bilen görüşen giýewisi bilen hem mähirli soraşdy. Bir salym Dost Salamyň öýi şagalaňly şatlyga doldy. Erkekler agşam namazyna turanlarynda şagalaň köşeşdi. Agşam namazy okalandan soň şamlyk edindiler. Nahardan soň töwir galdyrylanda Muhammet şeýle bir owadan kyraat bilen “Tebärek” süresini okady welin oturanlaryň inini dygladyp goýberdi. Dost Salamyň bolsa tolgunmadan gözleri ýaşlandy.

-Berekella oglum, “Tebäregi” okaýşyň hanaýy Käbedäki muazziniň okaýşyndan kem däl-diýip, kakasy buýsanç bilen aýtdy.

-Kaka, Käbedäki muazziniň nähili okaýanyny siz nirden bilýäňiz?-diýip sorady.

-Arslan begden eşitdim. Gaýynagaň haja baryp geldi, häli seniň mundan habaryň ýok. Ol hanaýy Käbede okalýan süreleri şeýle bir taryplap berdi, edil öz gulagym bilen eşiden ýaly boldum.

-Şeýle diýseňiz-le-diýen Muhammet özüniň Mekke, Medinäniň golaýyndaky ýurtlara baryp, hanaýy Käbä barmandygyna ökündi. Dost Salam oglunyň pikirini aňan ýaly onuň ýüzüne dikilip:

-Özüň näme, Mekke-Medinäniň alkymyndaky ýurtda ýaşap, ol mukaddes ýere barmadyňmy?-diýdi. Muhammet ýaýdanybyrak jogap berdi:

-Kaka, ol ýerde meniň kelläme ylymdan, ylym almakdan başga pikir gelmändir. Onsoňam Pygamberimiz Muhammet aleýhissalam "Ybadat diňe namazdan ybarat däldir. Ylym öwrenmek bilen meşgul bolmak hem ybadatdyr. Çünki, ylymly adamyň halka peýdasy köp deger" diýipdir.

-Sen indi alym kişi, bu zatlary bizden gowy bilýänsiňde-diýip Dost Salam bu hakda başga gürrüň gozgamady. Soňra ertirki beriljek sadakanyň tertibi barada maslahatlaşdylar. Soňunda Muhammet kakasyna ýüzlenip:

-Kaka, meni şonça ýoldan alyp gelen, uzak ýoluň dowamynda duz-emek bolan kerwenbaşy bilen onuň ýolbeledini sadaka çagyrsak, soňundanam bir gije myhman alyp ,hezzet etsek gowy bolardy-diýdi.

-Çagyr, oglum, çagyryber. Göwnüňde nähili hezzet etmek niýetiň bolsa ediber. Hudaýa şükür, hemme zat bar. Serpaý etjek bolsaň iki sany düýe ýüňden bolan çäkmen aldyrarys. Goňşularda tikip satyp oturanlaram bar. Kakasynyň jomartlyk bilen aýdan bu sözlerinden soň göwni hoşal bolan Muhammet ertesi irden kerwensaraýa ogly Arslany çakylykçy edip iberermen boldy.

***

Ertesi irden kerwensaraýa giden Arslan günortana golaý kakasynyň myhmanlaryny alyp geldi. Myhmanlary giň meýdanda aýlaw gurup oturan mähelläniň ortasyndan geçirip, olar üçin ýörüte ýazylan ak keçäniň üstünde oturtdylar. Kerwenbaşy Horezmine ilkinji geleni üçin ýurduň ir-iýmişlerine, içi islimi nagyşly külal tabaklarynda çekilen palawdyr dograma, ulakan tegelek çöreklere gyzyklanyp seredýärdi. Ýolbeledine arapçalap bir zatlar diýärdi. Adamlar myhmanyň arapdygyny bilenlerinden soň arap dilini bilýänleri onuň bilen arapça gepleşip başladylar.

Ýeri gelende aýtsak, Horezmde arap dilini bilýänler az däldi. Çünki HorezmI araplar alyp, yslam dinini girizenlerine iki ýüz ýyldan hem gowurak wagt bolupdy. Şu döwüriň içinde arap dili, arap edebiýaty mekdep-medreselerde zor berip okadylýardy. Ähli ylmy, edebi kitaplar arap dilindedi. Muhammediň kakasy hem mekdepde, medresede okany üçin arap dilini gowy bilýärdi. Şeýle-de bolsa ol mollaçylyk etmedi, mollaçylykdan bolykçylygy gowy görüpdi. Ondan näme üçin şeýle sowatly adam bolup, mollaçylyk etmän balykçy bolanynyň sebäbini soranlarynda:

Hemme molla bolsa padany kim bakar,
Balygy kim tutar, ody kim ýakar-
-diýip gülýärdi.

Sadaka aýdym-saz bolmasa-da toý ýaly şagalaňly geçdi. Agşam bolsa myhmanlar üçin aýratyn saçak ýazylyp, aýratyn hezzet başlandy. Ine, şonda Muhammet içerki otagda ejesi, gyzy bilen oturan Rugsardan myhmanlar üçin bir döwür saz çalyp bermegi haýyş edip, kakasynyň diwarda asylgy duran dutaryny alyp, onuň eline berdi. Rugsaryň özi hem saz çalmagy gaty küýsän bolmaga çemeli dutary maňlaýyna degirip, ogşady. Içerki otagdan eli dutarly çykan Rugsar myhmanlara egilip salam berende kerwenbaşynyň ýolbelediniň gözi tegelenip gitdi. Ol kerwenbaşa “bu, gyrnak bärde eken-ä” diýen manyda seredeninde kerwenbaşy çalaja ýylgyrdy. Ýolbelet kerwenbaşynyň ýüzünde hiç hili alamat görmänsoň “munuňam habary bar eken-ow” diýen netijä geldi. Rugsar görkezilen ýere geçip oturanyndan soň dutaryň gulaklaryny towlap düzüşdirdi. Otagda oturan ähli adamyň ünsi oňa gönükdi. Ol ilki aşakky perdelerden tutup, kem-kemden heňi belentledip ugrady. Bir mahal otagyň içini dolduryp ýaňlandyryp başlan bir jadyly heň ýürekleri elendirip goýberdi. Ýüregiň jümmüşinden çykan nala meňzeş bu heň oturanlara nätanyşdy, täze heňdi. Ol Rugsaryň kalbyndaky hasratyň beýanydy, ýüreginiň nalasydy. Gyzyň elindäki dutaryň beýle zaryn nala çekmeginiň sebäbi düşnüklidi. Rugsar uzak çalan bu heňini soňlap maňlaýynda peýda bolan monjuk-monjuk deri eliniň tersi bilen sylyp, adamlara göz aýlady. Hemmeler sazyň täsirinde doňan ýaly bolup oturdylar. Soňra ol bu doňy çözmek üçin ýeňil heňlerden birki ýol çalyp berdi. Myhmanlar we öý eýeleri gyza alkyş baryny etdiler. Rugsar ýadadymy ýa-da özi çalan sazyň täsirinde bozuldymy rugsat sorap, dynç almak üçin içerki otaga girip gitdi. Şonda Dost Salam myhmanlara garap, olaryň öz dilinde:

-Men sazy diňläp, bir zada haýran galyp otyryn-diýdi. -Dünýäde meňzeş ykballar, meňzeş atlar hem duş gelýän eken. Ine şu gyzymyz Rugsaryň mundan ýüz ýyl öň ýaşap geçen atdaşy hem beýik sazandar bolupdyr. Ol gyzyň ykbaly hakynda rowaýata meňzeş bir hekaýat hem bar.

-Dost aga, eger ony gürrüň berseňiz, ol biziň horezminden alyp gitjek iň gymmatly zatlarymyzyň biri bolardy-diýip kerwenbaşy Dost Salama ýüzlendi.Dost Salam:

-Gürrüň bereýin, ýöne ol uzaga çeker, ýadarsyňyz-diýdi .

-Ýadamarys, biz daňdana çenli-de diňlemäge razy-diýip, kervenbaşy yene hayyş etdi. Dost Salam bir salym dymyp, pikirini jemleýän ýaly etdi-de gürrüňe başlady.

## V BAP

Rugsar atly ol sazandar gyz Mahmyt nakgaş diýen biçak zehinli nakgaşyň ýeke täk perzendi bolupdyr. Aýaly irräk ýogalansoň nakgaş ähli mährini, söýgüsini şu gyzyna berip, ösdürüpdir. Olar demirgazyk Horezminiň paýtagty Kätde ýaşapdyrlar. Şol döwürde-de Horezmin iki döwletden, Demirgazyk we Günorta Horezmden ybarat bolupdyr. Bu ikisini häli ýakynda häzirki patşamyzyň kakasy Mämün birinji birleşdirdi. Hawa, şol Kätde Afrigler neslinden bolan Horezmşalar uzak döwürden bäri höküm sürüp gelipdirler. Şol Horezmşalaryň biri täze guran köşgüni bezetmek üçin Mahmut nakgaşy çagyrypdyr. Öz döwründe bu ussat nakgaşyň öňüne çykjak başga bir nakgaş ýok ekeni. Onuň köşkleriň, kümmetleriň diwarlaryna, petiklerine ýasan nepisden nepis nagyşlaryny dünýäniň dürli ýurtlaryndan gelen jahankeşdeler, söwdagärler görenlerinde “bu bir ylahy gudrat bilen ýasalan mugjyza” diýip haýran galýan ekenler. Ussadyň gyzy Rugsaryň özi hem kakasynyň döreden mugjyzawy nagyşlaryny synlanynda kalby heýjana gelip, “muny söz bilen däl, diňe özi ýaly nepis äheňli saz bilen beýan edip bolar” diýer ekeni we aýdyşy ýaly-da şol nagyşlardaky nepisligi, gözelligi teswir edýän ajaýyp heňler döredipdir. Emma Rugsar özüniň bu sungatyny ilden syr tutupdyr. Belki kakasy gyzyny goramak üçin ony ile çykaran däldir. Garaz, Mahmut nakgaşyň başyna agyr günler düşmeýänçä Rugsaryň sungaty äşgär bolmandyr. Nakgaşyň başyna inen bela-da öz sungatyndan gelipdir.

Mahmyt nakgaş patyşanyň çagyrmagy boýunça baryp, täze köşgi bezemäge girişýär. Ol gije-gündiz işläp, köşgi bir kemsiz bezeýär. Bezeg işleri gutaransoň ony görmäge gelen patyşanyň wezir-wekilleriniň hataryndaky Seýhunlyslam tagt eýwanynyň petiginiň dört burçyna altyn

suw berip ýasalan göwsi açyk suw perisiniň suratyna gözi düşenden gazaba münüp, bu küpr suraty çeken nakgaşy jezalamagy patyşadan talap edýär. Şeýlelikde Mahmyt nakgaşyň iki gözüne mil çekilýär[16]. Şundan soň Mahmut nakgaş gyzy bilen Gürgenje gelýär, egnine jende, başyna külah geýip, galandar-derwüş sypatyna girip ýaşaýar.

Günlerde bir gün Gürgenjiň hökümdarynyň kellesine täsin bir pikir gelýär. Halkyň arasynda özi hakda, döwletiň syýasaty hakda edilýän gep-sözleri öz gulagy bilen eşitmekçi bolup, wezirine iki sany galandar-derwüş geýimini tapyp gelmegi buýurýar. Wezir patyşanyň aýdan eşiklerini tapyp getireninden soň Gürgenjiň gijelerine-de köp adamly köçelerinde iki sany täsin derwüş peýda bolýar. Olaryň biri uzyn boýly, ýagyrnlak daýaw pyýada bolsa beýlekisi onuň tersine şemalda gaýyşyp duran agaç ýaly inçe adamdy. Bu derwüşler şäheriň kerwensaraýlarynda, köçeleriň ugrunda adamlaryň özara gürrüňlerine assyrynlyk bilen gulak salýardylar. Eger biri olara üns berse hiç zat bilmediksirän bolup, ýoluna rowana bolýardylar. Köçeleriň birinden geçip barýanlarynda halys ysgyndan düşen inçe derwüş ätiýaçlygy unudyp:

-Kyblaýy älem, men-ä halys ysgyndan düşdüm, ýuwaşyrak ýöräliňle-diýdi. Onuň bu gepi köçäniň ugrunda asylan içi daş çyraly panuslaryň biriniň ýagtysynda peýwagtyna gürleşip duran bikär adamlaryň gulagyna ildi. Olaryň biri:

-“Gedaýlaryň köňli şalygy islär”-diýilişi ýaly derwüşleriň biri beýlekisine “Kyblaýy älem” diýen bolaýr-diýeninde hemmeleri pakyrdap gülüşdiler. Patyşa özleriniň gülki bolanyna gaharlanyp, wezire azgyryldy:

-Näme, ysgyndan düşer ýaly iýmek-içmekden kemiň barmy, seniň? Iýmek-içmekden kemi bolmasa-da wezir biçäräniň ýagdaýy gurdyň golaýyna baglanan goýnyňky ýalydy-da. Şonda onuň iýeni içine düşermi.

Galandar-derwüş eşigindäki şa bilen wezir Gürgenjiň köçelerini bir-birden söküp baryşlaryna daş görnüşleri özleriniňkä meňzeş iki derwüşe duş gelýärler. Olaryň biri kör bolmaga çemeli beýlekisi ony idip gelýärdi.

-Eý Hudaýyň bendeleri, nireden gelip, nirä barýarsyňyz?-diýip, şa olara söz gatdy. Kör derwüş ýanyndaky ýoldaşyndan “kimdir bular”-diýip sorady. Ýoldaşy on alty, on ýedi ýaşlaryndaky ýaş oglandy. Ol: “özümiz ýaly iki derwüş” diýeninden soň kör derwüş arkaýyn dillendi:

---

16 Mil çekmek-gözüne ot basyp kör etmek

-Eý Hudaýyň didaryna aşyk bendeler, biz galandarhana derwüşleriň meýlisine barýarys. Isleseňiz biziň bilen ýöräberiň.

Şa bilen wezire-de geregi şudy. Olar kör derwüşiň teklibini kabul edip, şäheriň bir çetinde ýerleşen galandarhana bardylar. Olar dört bolup içeri girenlerinden aýbagdaşyny gurup oturan derwüşler ör boýuna turup:

-Ýaşasyn biziň beýik sazandarymyz!

-Onuň senetkär elleri dert görmesin!

-Şeýle ogly dünýä inderen atanyň gözlerine Alla şypa bersin!-diýişip uly şowhun etdiler.

-Hany, ataly-ogul, märhäbo, töre geçiň!

Bu sözlere gulak salyp duran şa bilen wezir öz ýoldaşlarynyň kimlerdigini bildiler. Diýmek, köri idip gelen oglan onuň ogly, özem sazanda ekeni. Galandarlar kör derwüş bilen ogluna hormat baryny görkezip, beýleki gelenlere ünsem berenokdylar. Şa pursatdan peýdalanyp, dünýäniň ähli iş-aladasyny terk edip, şu garyp külbäni özlerine mesgen edinen pukaralary synlamaga durdy. Galandarhana diýlen bu jaýyň içi giňdi, kyrk-elli adam arkaýyn ýerleşip otyrdy. Çilimiň, beňiň tüssesinden gara keçä dönen jaýyň diwarlaryna bentlenen köp sanly şemdanlardaky şemleriň ýagtysynda oturan adamlaryň köşgi-eýwanlarda oturan adamlaryňkydanam şähdi açykdy. Çaýdan, çilimden, beňden keýpini sazlan galandarlar dünýäni bir pula satyp, han özleri, soltan özleri bolup otyrdylar. Kör derwüş bilen ogluny töre geçirip ýerleşdirenlerinden soň gapynyň ýanynda duran iki täze derwüşe üns berdiler. Meýlisiň ketdesi-şagalandar olara söz gatdy:

-A-how, Hudaýyň bendeleri, sizler nirden bolarsyňyz, biz bu ýerlerde size sataşmandyk?!

-Hormatly şagalandar, bizi sorasaň aslymyz Horasandandyr. Jahankeşdelik edip köp ýurtlary gezdik. Indi nesibämiz çekip, Horezminiň mukaddes topragyny togap etmäge geldik-diýip, wezir ýaýdanman jogap berdi.

-Ejeza berseňiz, şu gije siziň meýlisiňiziň myhmany bolmakçy-diýip şa weziriň sözüniň üstüni ýetirdi.

-Onuň ýaly bolsa baş üstüne, geçiň oturyň-diýip şagalandar ýer görkezdi-de, hyzmatda duranlaryň birine buýrdy:

-Bu mysapyr derwüşleriň çaýdan, çilimden keýpini köklüň. Galandarlar kör derwüşiň oglunyň gelerine garaşyp sadylla bolup oturan bolmaga çemeli, şagalandaryň yşaraty bilen olaryň biri diwarda asylgy duran dutary alyp sazandanyň gapdalynda diwara söýäp goýdy. Oglan

birki käse çaý içeninden soň bileklerini çyzgap dutary eline aldy. Şo bada jaýyň içindäki şowhun kesildi. Oglan dutaryň gulaklaryny towlap, kirişlerini düzýärkä märekä göz gezdirýärdi. Onuň şar gara gözleri adamlara bir hili howatyrly seredýärdi, emma onuň süýt ýaly ak we dury ýüzünde mylaýym asudalyk bardy. Sazandar dutary düzüp, bir, iki des kakandan derwüşleriň sesine suw sepilen ýaly boldy. Şundan soň dutaryň tarlary dillenip asyrlaryň ahu-nalasyny, zamananyň jebri-jepasyny, aşyklaryň hijran azabyny beýan edýän kimiň ýaňlanýan bu zaryn mukam-heňiň garşysynda durmaga daşdan ýürek gerekdi. Derwüşleriň köpüsi göz ýaşlaryny kir ýaglyklary bilen süpürip otyrdylar. Horezmşa hem özüniň gudratly bir döwletiň hökümdarydygyny unudyp bu jadyly mukamyň ýesirine dönüpdi. Emma köpi gören şa sazandaryň dutaryň perdeleriniň üstünde ýeňil oýnaýan nepis barmaklaryna syn edip oturyşyna bir gizlin syry aňan ýaly wezirine gözüniň gytagy bilen manyly seretdi. Emma jadyly heňiň labzyna iki ýana çaýkanyp, aňkasyny aşyryp oturan wezir hiç zatdan habarsyzdy. Şa onuň böwrüne dürtüp, gulagyna çawuş çakdy:

-Sazandaryň barmaklaryna gowuja äňet!

Şanyň sözlerine özüçe düşünen wezir:

-Äňedip otyryn, barmaklary edil näzenin gyzlaryňky ýaly.

-Onuň özi gyz bolaýsa nätjek!-diýip, şa weziriniň pähimsizdigine igendi. Wezir gözlerini tegeläp hökümdaryna seretdi:

-Bä-ä, şeýlemikä, aly hezret?

Şa geplemedi. Sazandar hem çalyp oturan mukamyny aýaklap, dutary diwara söýedi-de, öňündäki çaýly käsäni eline aldy. Onuň gaşlarynyň üsti monjuk-monjuk bolup derläpdi, gözleri öz çalan sazynyň täsirinden lowurdaýardy.

-Merhemetli şagalaňdar-diýip, şa meylisiň ketdesine ýüz tutdy. -Sazandaryňyz, birki nama hem aýdyp beräýse gamgyn köňüllerimiz ýene-de göterilerdi.

Şa galandaryň ýerine kör derwüş jogap berdi:

-Gadyrly myhmanymyz, siziň islegiňizi kanagatlandyrmak biziň borjumyz. Emma munuň mümkinçiligi ýok. Sebäbi meniň oglum aýdym aýdanok, ol diňe saz çalýar. Bu sözlerden soň şa özüniň gümanynyň ýerliksiz däldigine anyk göz ýetirdi. «Diýmek, kör derwüş ýeke perzendiniň gyzdygyny owazyndan biläýmesinler diýip, oňa aýdym aýtmagy gadagan eden bolmaly. Onuň ätýajy hem düşnükli-gyz oglanyň bu ykmandalaryň arasynda bolmagy gowy däldi. Onsoňam bir arkasyz derwüşiň şeýle gözel gyzy özüniň gözelligi zerarly başyna geljek

belalardan goranyp bilmezdi». Şa bu pikirleri serinde aýlaýarka sazandaryň ýüzüne hyrydar gözleri bilen ýene ünsli seretdi. Soňra galandarlaryň ketdesinden gaýtmaga rugsat sorady.

-Biziň külbämizde siziň üçin ýer tapylar, isleseňiz galyberiň-diýip, şagalandar myhmansöýerligini  bildirdi.

-Köp sag boluň! Taňryýalkasyn! Biziň kerwensaraýda ýerimiz bar-diýip, şa weziri bilen ýerinden turdy. Galandarlar olary «Alla ýaryňyz bolsun!» diýip ugratdylar. Köçä çykanlarynda bahar gijesiniň salkyn howasy şa bilen weziriň çilimdir neşäniň tüssesine dumanlanan kellelerini biraz açan ýaly boldy. Şa ähli zady unudyp, ýaňyja diňlän jadylaýjy sazynyň täsirinde geplemän gelýärdi. Henizem onuň gulaklarynda dutaryň ýakymly owazy ýaňlanyp, perdeler üstünde oýnaýan nepis barmaklar göz öňünden gidenokdy.

Köşgüň golaýyndaky köçeleriň birinde iki at goşulan paýtun araba köp wagtdan bäri garaşyp durdy. Ýaňky iki derwüş gelip, paýtunyň tylla nagyşly gapysyndan sümüldiler-de geýimlerini çalşyrdylar. Şeýdip ýaňy ygyp ýören bu iki derwüş ýene-de Horezminiň gudratly hökmürowanlaryna öwrüldiler. Häliden bäri dymyp gelen şa köşge girenlerinden wezirine gysga buyruk berdi:

-Ertir meniň huzuryma salama ilkinji gelen adam ýaňky sazandar bolsun!

-Lepbeý, kyblaýy älem-diýip, wezir öz hökümdary bilen hoşlaşdy.

Horezmşanyň buýrugynyň ýerine ýetirilmän galan wagty barmy, näme?! Ertesi şa gelip tagtyna oturan badyna wezir girip, tagzym etdi:

-Kyblaýy älem, rugsat etseňiz bir raýatyňyz huzuryňyza salama gelipdir-diýip, wezir ýene tagzym etdi. Şa buýrugynyň ýerine ýetirilenini aňyp, Girsin” diýen manyda başyny atdy. Wezir gapyny açyp, yşarat etdi. Sazandar derwüş içeri girip, gapynyň öňünde tagzym edip durdy. Horezmşa hiç wagt etmeýän işini edip, geleniň hormatyna ýerinden turdy, assa-ýuwaş ädimläp sazandaryň öňüne geldi. Zynatly köşküň içinde jinde geýnen derwüşiň gözellikde tenha keşbi küle gaçan göwher kimin lowurdap durdy. Şa onuň howatyrly garaýan şar gara gözlerine seredip:

-Zergär kişiler göwheri kül içinde bolsa-da tanap alýandyr. Bizem sizi şalyk mertebämize laýyk bilip tapdyryp getirtdik-diýdi.

Sazandar geplemedi. Şa gülümsiräp diýdi:

-Gepläberiň, owazymdan kimdigimi bilerler, diýip endişe etmäň. Biz siziň owazyňyzy eşitmesek-de kimdigiňizi bilýäris.

-Siziň aly hezretiňiz, menden näme isleýärsiňiz?-diýip sazanda aşak bakdy. Gizlin syryny paş etmezlik üçin gör näçe wagtdan bäri del adamlaryň ýanynda dil ýarmadyk on sekiz ýaşly gyzyň enaýy owazyna şanyň hem weziriň hem ini jumşüldäp gitdi. Şa sazandaryň howatyryny dargatmak üçin özüniň niýetini açyk aýtdy.

-Howatyr etmäň, biz siziň özüňize däl-de sazyňyza, sungatyňyza aşyk bolup, köşge aldyrdyk. Mundan soň siz galandarlaryň meýlislerinde däl-de, biziň şahana meýlislerimizde sazandarlyk edersiňiz hem-de köşkde erkana kenizlerimiziň biri bolup ýaşarsyňyz.

Eger sazandaryň özüne galsa, ol howandarsyz galan atasyndan aýrylyp, köşkde ýaşanyndan öňki ykmandalyk durmuşyny saýlardy. Emma ol şanyň sypaýylyk bilen aýdan mylaýym sözleriniň aňyrsynda ret edip bolmaýan buýrugyň bardygyny gowy bilýärdi. Şonuň üçin onuň razylyk bermekden başga alajy ýokdy.

-Eger siziň aly hezretiňiz, meni şeýle belent mertebä laýyk görýän bolsaňyz men razy. Ýöne mensiz atamyň...

-Ataňyzyň gaýgysyny etmäň-diýip şa onuň sözüni böldi-Şeýle senetkär perzendi kemala getiren atany biz hor etmeris.

-Sag boluň, kyblaýy älem, meniň atamy sylasaňyz, sizi Hudaý sylasyn, mertebäňizi belentlerden belent etsin!

Şa alkyşy kabul eden manyda başyny atdy we gülümjiräp:

-Indi özüňizi tanyşdyryň, adyňyzy aýdyň- diýdi.

-Adym Rugsar.

-Eşitdiňmi adyny? - diýip, şa wezirine garady.-Rugsar şa neslinden bolmasa-da, ol sungatyň şasydyr. Şonuň üçin onuň adynyň soňuna “banu” sözi goşulsyn. Meniň şu kararym köşk ähline ýetirilsin. Indi Rugsar banuny mährem kenizlere tabşyr. Hammamda ýuwundyryp iň nepis, iň kaşaň lybaslardan geýindirsinler.

-Lepbeý, aly hezret-diýip, wezir Rugsar banu bilen şanyň huzuryndan çykdy.

Şol güni agşamky meýlis şa eglenibiräk gelensoň adatdakysyndan gijiräk başlandy. Meýlisler eýwanyny dolduryp oturan wezir-wekiller, begler, begzadalar patyşanyň gelýänini köşk sahyby yglan edeninden ýerlerinden turup, baş egip durdular. Horezmşa islimi nagşlar bilen bezelen belent gapydan girip, adamlara bir göz aýlady-da, tagtyna baryp oturdy. Adamlar hem ýerlerinde oturanlaryndan soň kköşk sahyby patyşanyň yşaraty bilen adamlara ýüzlendi:

-Hormatly asylzadalar, beýik paýtagtymyz Gürgenjiň sungat gülzarynda bir ajaýyp gül açylypdyr. Onuň aly hezreti kyblaýy älem ol

güli köşgüň bezegi bolmagyny ygtyýar etdi. Marhaba, Rugsar banu hanym!

Meýlisler eýwanynyň altyn suw bilen nagyşlanan gapylarynyň biri açylyp, başdan-aýak zer geýinen serwi kadly, gözellikde tenha gyz gireninde bütün köşgüň nazary oňa dikildi. Gyz giren ýerinde aýak çekip, adamlara tagzym etdi. Patyşa gyzyň täze şahana lybasda husny-jemalyny görüp, özüni göwher daşy külden alyp, tylla ýüzüge gaş eden zergäre meňzetdi.

-Ýeriňize geçiň, banu! Siziň üçin aýratyn ýer taýýarlanyldy. Patyşanyň bu gyza şeýle hormat bilen “Sizläp” ýüz tutmagy ýöne ýere däldir, onda bir keramat bardyr, diýen pikir döretdi adamlarda. Rugsar banu şanyň teklibine minnetdarlyk manysynda tagzym edip, görkezilen ýere geçdi. Patyşanyň buýrugy bilen hyzmatkärleriň biri gyza sapy tylla nagyşly dutary getirip berdi. Dutary eline alan gyz gabagyny galdyryp, hökümdara garady, şa «başlaberiň» diýen manyda başyny atdy. Şundan soň ol zer köýneginiň uzyn ýeňlerini çyzgap, dutaryň tarlaryny düzdi-de bir enýay heňe başlady. Dutar göýä janly adam ýaly dillenip, hasratly dünýäniň destinden nala çekýärdi. Bu heň diňleýjiniň ýüreginiň jümmüşine girip, göwresini iki ýana yrandyrýardy. Bu zaryn heň biraz salym ýaňlanyp, assa-ýuwaş soňlandy. Hemmeler sazyň täsiri bilen doňan ýaly bolup oturdylar. Bir dem dymyşlykdan soň Horezmşa dillendi:

-Merhemetli Rugsar banu, biziň köşgümiz beýle ahu-nalanyň ýeri däl-de, şad-u-horramlygyň mesgenidir.

-Bagyşlaň, kyblaýy älem. Men biygtyýar öz köňül köşgümiň öňden galan hasratyny beýan etdim-diýip, Rugsar banu aşak bakdy. -Indi rugsadyňyz bilen siziň köşgüňizde ýaňlanmaga mynasyp heňlerden çalyp bereýin.

Patyşa salyhatlylyk bilen ýylgyryp, başyny atdy. Şundan soň adamlaryň ruhuny göterip, kalbyny joşdurýan ajaýyp heňler ýaňlanyp başlandy. Bu heňlerde hyýal çäksizligi, ruh gözelligi, aşyklaryň söýgi-wepasy, nowbahar paslynyň keýpi-sapasy beýan edilýän ýalydy. Bu ajaýyp heň köşgüň depesindäki, diwarlaryndaky nakgaşlyk sungatynyň iň nepis nusgasy bolan tyllakäri nagyşlaryň üstünde aýlanyp, özüne meňzeş gözellik gözleýän ýalydy. Meýlis gijäniň ýaryna çenli dowam etdi. Bu sapar adamlar meýden, şerapdan däl-de, Rugsar banunyň jadylaýjy sazyndan serhoş bolup dargaşdylar.

Dost Salamyň hekaýaty şu ýere geleninde kesildi. Gije-de ýarymdan agypdy. Dost Salam:

-Gadyrly myhmanlar-diýdi-indi gaty giç boldy, ýatyp dem-dynjyňyzy alyň. Hekaýaty sozup oturmaly. Men size onuň esasy bölegini gürrüň berdim.

-Taňryýalkasyn, eziz mezbanymyz, teşşekür-diýip kerwenbaşy uly minnetdarlyk bildirdi.-Biz bu hekaýatyňyzy bir taryhy waka hökmünde kabul etdik. Bu hekaýat biziň Horezminden alyp gitjek iň gymmatly zatlarymyzyň biri bolar. Biz ony Bagdatda köp adamlara gürrüň bereris. Ýöne, hormatly Dost aga, bu gyzyň ykbalynyň soňy nähili bolanyny-da bilesimiz gelip dur.

-Bu gyzyň soňky ykbaly köp beýik adamlaryňky ýaly pajygaly. Şonuň üçin ony size gürrüň beresim hem gelmedi. Indi bir aýtjak zadym, bu biziň Rugsar jana atdaşynyň şan-şöhratyny bersin-de, onuň soňky keç ykbalyndan daş etsin.

Dost Salamyň bu dilegine hemmeleri goşulyşyp «Omyn!» diýdiler. Şundan soň myhmanlar hem, öý eýeleri hem ýatyp rahat uka gitdiler. Ertesi azan namazyndan soň çaý başynda Dost Salam ogly Muhammediň Bagdada gideli bäri geçen on ýylyň içinde Horezminde bolan özgerişler barada gysgarak gürrüň berdi:

-Muhammet Bagdada gideninden köp wagt geçmän iki Horezmini birleşdiren patyşamyz Mämün ibn Muhammet aradan çykdy-diýip, Dost Salam söze başlady.- Onuň ýerine uly ogly Aly ibn Mämün tagta çykdy. Iki ýurduň bir döwlete öwrülmegi bilen ykdysadyýetiň ösmegine oňaýly şertler döredildi, köp sanly suw ýollary gazyldy. Ýerler suw bilen doly üpjün edildi, bol hasyl alynyp başlandy, şäherlerde hünärmentçilik, aýratyn-da dokmançylyk has ösdi. Söwda-satyk rowaçlandy, Horezmden dürli harytlar daşary çykarylyp başlady. Köp ýurtlardan siziň ýaly söwdagäleriň gelmegi üçin howpsuzlyk çäreleri görüldi. Indi bize araplaryňam, türkleriňem, bolgarlaryňam, hazarlaryňam söwdegärleri ýygy-ýygydan gelýärler. Gürgenç bolsa bir bütewi döwletiň paýtagty hökmünde uly ähmiýete eýe boldy. Men ony taryplap oturmaýyn, ony indi özüňiz aýlanyp görersiňiz, şonda «Eşiden deň bolmaz gören göz bilen» diýlişi ýaly onuň nähili ajaýyp şäherdigine göz ýetirersiňiz. Indi men size aýtsam, Horezminiň, paýtagtymyz Gürgençjiň şan-şöhratyny äleme ýaýmakda häzirki patşamyz Abul Abbas al Mämun ýaş bolsa-da köp işler bitirdi. Onuň agasy Aly ibn Mämüniň wepatyndan soň tagta çykanyna ýaňy üç ýyl bolan bolsa-da şu gysga döwriň içinde ylmyň, medeniýetiň ösdürilişi bir asyra barabar boldy diýsem-de lap urdugym däl. Onuň Suhaýly atly biçak sowatly, ylymly dana weziri barmyş. Patyşa onuň maslahaty bilen «Ummat al ylym» diýen ylmy merkez

açyp, köp alymlary şol ýere işe çekipdir. Başga bir ýurtda ýören watandaşymyz beýik alym Aburaýhan al Birunyny hem çagyryp getiripdirler. Dünýä tanaýan beýik hekim Abu ali ibn Sina hem şu ýere gelipdir. Indi biziň Muhammede gelsek, bu-da Bagdatdan diňe biziň üçin däl, Gürgençde şeýle ylmy merkeziň açylanyny, onda dünýä belli alymlaryň işleýänini eşidip, olaryň hataryna goşulmak niýeti bilen gelen bolmaly. Muny entek özi aýtmasa-da men bilip otyryn.

Muhammet kakasynyň soňky özüne degişli sözüne ýylgyryp, başyny atdy.

Myhmanlar ertirki çaý-çörekden soň öý eýeleri bilen hoşlaşýarkalar:

-Gadyrdan Dost aga-diýip, kerwenbaşy ýaşula ýüzlendi.-Biz Horezmin ýurdunyň tagamly naharlaryny, baldan süýji ir-iýmişlerini ilkinji siziň öýüňizde noş etdik. Bu biziň hiç haçan ýadymyzdan çykmaz. Horezminlileriň myhmansöýerligi, jomartlygy, aýratyn-da mertligi, Muhammediň eden işini nazarda tutup aýdýan, uly öwgä mynasypdyr.

Öý eýeleri özleri barasynda aýdylan bu öwgüli sözleriň ýöne bir hoşamat däl-de, ýürekden dörän duýgylaryň beýanydygyna ynanyp, myhmanlary-da hoşamaý sözler bilen ugratdylar.

## VI BAP

Her bir adam öz ömründe bir  zada bagly bolýar. Eger ol şol zada çyn ýürekden berlen bolsa ol zat onuň ünsüni başga zatlardan sowup, özüne bendi edýär. Muhammet ibn Salam hem öz ömrüni ylyma bagyşlany üçin öýünde bir hepdeden köp oturyp bilmedi. Göwni indi ylmyň hakyky merkezine öwrülen Gürgenje tarap telwas edip başlady. Bir gün ol maýyny tapyp pederine ýüzlendi:

-Kaka, ol gün kerwenbaşa men hakda aýdanyňyzy ýalana çykaryp, men öýde bolubermäýin, rugsat berseňiz «Beýtül hikmä» baryp göreýin.

Kakasyndan öňürti ejesi dillendi.

-Oglum, «Alym bolsaňam zalym bolma» diýipdirler. Sen alym boljak diýip, şonça ýyllap bize zalymlyk etdiň, indem etjek bolýaňmy?

-Diýýäniň näme, eje jan, men nähili zalymlyk edipdirin?

-On ýyl didaryňa zar edip, bize ejir çekdireniň zalymlyk dälmi, oglum?-diýip, ejesi gözüne ýaş aýlady.

-Eje jan, käbäm, men indi daş ýurda gidemok, ahryn. Özümiziň Gürgenjmizide bolýan. Aýda iküç ýola gelip giderin-diýeninden soň ejesi birneme köşeşdi. Şeýip ol öýdäkileriň hemmesiniň razylygyny aldy. Indi Gürgenje gidermen bolanyndan soň özi gullukdan azat edip

öýüne getiren Rugsar gyzyň mundan soňky ykbaly baradaky pikir ýene kellesine urdy. Ol bu hakda öňem oýlanypdy. Rugsaryň özi bilen eden ilkinji söhbetdeşliginde hem bu mesele gozgalanam bolsa ol çözülmän galypdy. Ýogsam Muhammediň kakasam, ejesem, aýalam Rugsary gowy kabul edipdiler. Ol bu öýde maşgalanyň bir agzasy hökmünde bir ömür ýaşasa-da oňa gaşyny çytjak adam ýokdy. Emma Rugsar muňa razy bolarmy? «Towşana dogduk depe» diýilişi ýaly öz ýurduny, ýakynlaryny küýsemezmi? Bu sowallar Ibn Salamyň beýnisine agram salyp başlanynda Mahynuryň erkek geýmini geýnip, öweý atasynyň öýünden gaçany ýadyna düşdi-de Rugsary-da şeýle geýindirip, kerwen bilen yzyna-ýurdyna ugratmak mümkindigi barada oýlandy. Ol bu pikirini Rugsara aýdanynda gyz başgaça pikir bildirdi:

-Agam, men indi ýurdyma gaýdyp barsam, öňki Rugsar bolmaryn. Kakam, ejem ýok, agalarym meni nähili kabul ederler? Gyrnak bolup, gör näçe adamyň elinden geçendir-diýip pikir ederler. Men obada başgalaryň gözüne-de gara sürtülen bolup görünerin. Meniň arassadygymy özüňiz guldardan eşitdiňiz. Rugsat etseňiz men öýüňizde çory bolup hyzmat ediberäýin.

-Ýok, gyzym-diýip, Rugsaryň gürrüňinden täsirlenen Muhammediň kakasy onuň sözüni böldi.-Sen biziň öýümizde çory bolup däl, öz gyzymyz bolup ýaşarsyň. Özüm seni gül ýaly ýigide durmuşa çykararyn, uly toý ederis. Önüp-ösüp, bagtly durmuşda ýaşarsyň, inşalla.

Dost Salamyň mähribanlyk bilen aýdan bu sözlerine Rugsaryň damagy dolup, minnetdarlygyny hem aýdyp bilmedi. Minnetdarlygy dil bilen aýtmasa-da Dost Salama delmirip bakan ýaşly gözlerinde çäksiz minnetdarlyk bardy. Şundan soň Muhammet ibn Salam Rugsardan hem arkaýyn bolup, goştorbasyny omzyndan asdy-da pyýadalap ýola çykdy. Onuň bagtyna irden Gürgenje barýan bir araba sataşdy. Arabaçy gowy adam ekeni, ýüküniň ýetik bolmagyna garamazdan ony araba mündürdi.

-«Ýola çyksaň ýoldaş ýagşy»-diýipdirler. Siziň sataşanyňyz gowy boldy. Gümür-ýamyr edişip gitsek Gürgenje baranymyzy bilmänem galarys-diýip arabaçy ýaňy çalaryp ugran kelte sakgalyny sypap goýberdi. Onuň günde biraz garalan ýüzündäki asudalyk, söz äheňindäki mylaýymlyk Ibn Salamy derhal özüne çekdi. «Munuň ýaly adam bilen söhbetleşseň bolýar» diýip, içini gepleden Ibn Salam:

-Hany, onda gürrüňimizi tanyşlykdan başlaýaly-diýdi.

Arabaçy sakgalyny sypap ýylgyrdy:

-Indi tanyşlyk iki tarapdan däl-de bir tarapdan bolýan boldy. Näme üçin diýseňiz, men sizi tanaýan. Siz Dost Salamyň Bagdatda okap, alym

bolup gelen ogly Muhammet. Meni nirden bilýäň diýseňiz, ol gün siziň sag-aman geleniňiz üçin kakaňyzyň beren sadakasyna nesibäm çekip menem barypdym.

-Siz obamyzyň adamy bolsaňyz menem sizi tanamaly ahryn.

-Ýok, siz meni tanamarsyňyz. Men obaňyzyň gündogar tarapyndaky obadan. Obaňyza bir garyndaşymyňka işim çykyp barypdym, Sadakanyň üstünden çykdym, garyndaşym alyp bardy. Nesibäniň işi-dä.

-Gowy bolupdyr baranyňyz. Şonda tanyşlyk açsaňyzam boljak ekeni.

-Onda töweregiňizde adam köpdi, sokulyp barmaga çekindim. Ezelde tanyşmak hem nesibede bar eken. Indi meni sorasaňyz, adym Ilhan bolsa-da han däl-de daýhan-diýip, sakgalyny (ony gowy görse gerek) ene-de sypap goýberdi.

-Daýhan diýseňizle. Siz käriňiz bilen her näçe buýsansaňyzam hakyňyz bar.Çünki dünyani dayhan bakyar.

Ilhan aganyň ýüzi açylyp, gözleri şöhlelenip gitdi.

-Bäh! Dünýäni daýhan bakýar, diýdiňizmi, şu sözüňiz-ä ýüregime jüňk bolaýdy. Ýöne muny biziň bakýanlarymyzyň köpüsi bilenok-da!

-Ony nämeden aýdýaňyz?

-Aý, durmuşda bolýan käbir zatlardan aýdýan-da. Ine, bir ýönekeý mysal: toýa, märekä barsaň sypaýy don geýenleri töre geçirýärler-de, daýhan aýakda galyberýär. Ýogsam şol töre geçýänleriň köpüsiniň halka kör köpüklik peýdasynyň degmeýänini bilýälerem.

-Hawa, durmuşda hakyky bolmalysynyň tersine bolýan zatlaram bar. Ýöne siz onuň ýaly zatlara üns bermäň. Daýhanyň kimdigini halk bilýär-diýip, Ibn Salam ýoldaşynyň göwnüni göterdi.

-Hany indi siz öz işleriňiz, daýhançylygyňyz, durmuşyňyz hakda gürrüň berjek dälmisiňiz?

-Daýhançylyk diýilýän zady özüňizem bilýänsiňiz-le, sizem obada ösen adam-a.Kakaňyzynam ýeri bardyr ýa ýokmy?

-Bar, ýigrimi tanap töweregi bolmaly. Ýöne özi daýhançylyk edenok. Öňden ony ýarymça beripdir. Özünin bolsa balyk saklaýan kiçijik buzly jaýy bar. Tutulan balyklary şol ýerden şäherde balyk gowuryp satýan balykpezler gelip alyp gidýärler.

-Hä, güzerany her kim özüçe dolandyrýar-da. Meniňem ýerim ýigrimi tanap, diňe özümiz ekip dikýäs, günlükçi-de tutamyzok, ýarymça-da beremizok. Hudaýa şükür, bugdaýymyzam, şalymyzam, künjimizem, gawun-garpyzymyzam, gök-sögümizem ýylyň ýylyna

gowy hasyl getirip otyr. Ýere yhlas bilen seretseň, olam yhlasyňa görä eçilýär. Ine şu alyp barýan bugdaýymam şu ýylky täze hasyldan. Ýigrmi batman. Ony şu gün satsam, ertir bir öküzçäni arabanyň yzyna tirkäp gaýdybermeli-diýip, Ilhan aga sakgalyny sypap goýberdi.

-Aý tüweleme, Ilhan aga, bu ýigrimi batman däne näçeräk ýerden çykýar?-diýip, Ibn Salam gyzyklanyp sorady.

-Idegiňe bagly. Biz-ä her tanapdan kyrk batmandan hem geçirip alýas. Şondan bu ýigrimi batman ýarym tanapdan hem azyrak ýerden alynýa-da.

-Aý, tüweleme, Ilhan aga, çäjiňe berilişi ýaly ömrüňe-de bereket bersin, ylahym!

-Sag bol, taňryýalkasyn, inim Muhammet. Hany indi sizem işiňiz barada gürrüň beriň-dä. Bi alymlar näme iş edýä, bizem bileli-diýip, Ilhan aga ýoldaşyna ýylgyryp garady.

Ibn Salam bu sada daýhan adama alymyň işi, ylym diýilýän ummasyz älem hakynda näme gürrüň berjegini bilmän bir salym ýaýdandy, soňra:

-Alymyň işi ylym, Ilhan aga, ylym diýilýänide özbaşyna bir ummasyz älem. Dogrymy aýtsam men size ony nädip düşündirjegimi-de bilemok-diýdi. Ilhan aga muny özüçe «sen bir nadan daýhan, ylym diýilýen zady gürrüň berenim bilenem aňmarsyň» diýen manyda düşündi-de bir hili gahary geldi. Ýöne kinesini bildirmän «menem muny bir duzlaýyn» diýen pikir bilen ajy ýylgyryp dil ýardy:

-Bä-ä, inim, özüň alym bolup, edýän işiňi düşündirip bilmeseň gadymda bir danyşmendiň «Ylmyna amal etmedik alym üstüne kitap ýüklenen eşege meňzeýär» diýeni ýaly bolmaýarmy?

Ibn Salam çym gyzyl boldy. Ol ýoldaşynyň nämä gaharynyň gelenini duýdy. «Ol meniň sözümi başgaça düşünpdir-ow. Men onuň göwnüne degmekçi däldim. Özümem oýlanman gepläpdirin» diýip, içini gepleden Ibn Salam arany bozmazlyk üçin degişme äheňinde dillendi:

-Bäh, Ilhan aga, hiç bolmasa ine şu arabany çekip barýan ata meňzedäýseňizem boljakdy, «eşege meňzeýär» diýeniňiz-ä gatyrak degdi.

-Oho, bagyşlaweriň, biz bir nadan daýhan adam aýdan sözümiň parhyna barmandyryn-diýip ol ýene duzlady.

Ibn Salama onuň kinesiniň sebäbi indi has hem düşnükli boldy.

-Ilhan aga-diýdi Ibn Salam mylaýymlyk bilen-Siz meniň ol sözümi nädogry düşünipsiňiz. Men siziň göwnüňize degmekçi däldim. Siz hijem

nadan adam dälsiňiz. Ine gep uruşyňyzdan görüp otyryn, siz gaty pähimdar, duýgur adam ekeniňiz.

-Haý, haý! Adamy ýüzüne öwmek gowy däl. Munuň ýaly öwgi köplenç ýalan bolýa.

-Illa çynym, Ilhan aga, ýöne öwmek üçin aýdamok.

-Bolýa-la, inim, bu gepi goýaly. Ýöne siz maňa ylym diýen zady düşündirip bileňizok, ýa-da düşündiresiňiz gelenok.

-Ikisi-de däl, Ilhan aga. Men size gysgarak edip düşündirsem, Ylym diýilýän zat älemiň syrlaryny, dünýäniň gurulyşyny, zeminiň astynyň, üstüniň nämelerden ybaratdygyny, tebigatyň hadysalaryny öwrenýär. Alymlaryň işi şu.

-Ahe, älemiň syrlaryny öwrenýärler diýdiňiz, ony öwrenen bilen bilip bolarmyka. Ine, meniň bir zada hiç aklym ýetmeýär. Daňdan turup mGünüň çykyşyny synlaýan, ol güni bilen asmany aýlanyp bize ýagtysyny, berýär-de ýaşyp gidýär, ertesi ýene täze Gün dogýar. Hudaýyň beren güni şeýle. Şonça Gün nirde bar?

-Täze Gün dogdy diýselerem, ol täze Gün däl, şol bir Güniň özi. Ol ýerimiziň aňry tarapyndan aýlanyp çykýar.

-O nähili beýle bolýar? Ol aýlanyp ýene çykar ýaly ýeriň aşagynda boş meýdan barmy näme?

-Bar, Ilhan aga, ýerimiziň hemme tarapy-da boşluk.

-Aý ýog-a, Ol bir zadyň üstünde durmasa boşlukda nädip dursun? Aşak gaçaýmazmy?-diýip, ol gözüni tegeläp Ibn Salama seretdi.

-Älem giňişliginde «aşak», «ýokary» diýen zat ýok, Ilhan aga, olar ýeriň üstünde bar.

-Aý, goýsana inim, aklyňa sygjak zatlar däl-ä bu aýdýanlaryň. Ýene meni aňkow daýhan hasaplap, oýnap oturan bolaýma-diýip, birneme gaharlanany üçinmi «sizden» «sene» geçdi.

-Be, ýene münkürlige gitdiňiz-ow. Men oýun edip gepleýän adam däl. Men size alymlaryň gelen netijesini, ylmyň sözüni aýtdym, Ilhan aga.

-Ol alymlar diýeniň o taýlara baryp, aýlanyp görüpdirlermi, beýle netije çykarar ýaly. Olaram biziň ýaly ýeriň üstünde ýören adamlar-a-diýip, Ilhan aga janygyp gepledi.

-Dogry, olaryň özleri ýeriň üstünde bolsalaram, akly, hyýaly älemi, zeminiň astyny, üstüni aýlanyp çykýar. Ana, şonuň ýaly hyýaly ýüwrek, akly ötgür adamlar alym bolýar.

-Ha, ha! Özüňem öwdüň-ow, inim.

-Ýok, Ilham aga, men entek o derejedäki alym däl. Ýöne şol derejä ýeterin diýen tamam bar.

-Ýagşy. «Ýagşy niýet ýarym döwlet» diýipdirler. Al indi, şol derejedäki alymlaryň hyýaly aýlanyp, akly aýlanyp, gelen netijeleri hemişe dogry bolup çykýamy?-diýip, Ilhan aga Ibn Salama tinkesini dikdi.

-Öňden hakykat diýip kabul edilen zatlaryň käte şübhe oýarýan wagty hem bolýar. Ýaňy sizi Gün hakyndaky sowalyňyza meniň beren jogabym ýagny Günüň Ýeriň daşyndan aýlanmagy bilen gije, gündiz emele gelýär diýen pikir mundan müň ýyldan hem öň ýaşan Eflatun diýen alymdan galan çaklama. Meniň eşitmişime görä häzir bu çaklamanyň garşysyna başga bir çaklama hem barmyş. Emma Eflatunyň çaklamasy hazirki döwürde bütin dünýäde, dinimiz tarapyndan hem ykrar edilen kanunyýet hasaplanýar. Şonuň üçin oňa hiç kim äşgär garşy çykyp bilmeýär.

Ilhan aga Ibn Salamyň gepini düşünmän galaýmaýyn, diýip, bütin ünsüni berip diňledi. Ol ylmyň özüne, täze çaklama diýenine degişli gyzyklyrak gürrüň eşitjekdi. Emma Ibn Salam onuň garaşan zadyny aýtmady. Onsoň özi sorady:

-Bi, inim Muhammet, täze çaklama diýeniňde nämeler diýilýär, nämesi öňkisine garşy?

-Ilhan aga, dogrymy aýtsam, ony meniň özüm hem anyk bilmeýän. Anyk bilmedik zadymy çenden aýtsam ýalançy bolaryn. Ýöne bir zady bilýän. Siz Aburaýhan Biruny diýen alym hakda eşidipmidiňiz?

-Aý howa-la, Birunyny bilmeýän adam barmy?

-Ana şol alym Eflatunyň çaklamasyna şübhe bildiripmiş. Täze çaklama diýenleri-de şol kişä degişli bolmaly. Ýöne diňe öz aralarynda.

-Onuň ýaly bolsa bizem bu gürrüňi goýaýaly. Näme diýseňem, müň çaklamaň biri bir gatlama degmeýä, güzerandan gürrüň bersene. Alymyň düşöwündi nähili bolýa? Güzerany nähili?

-Men pederimiň döwletinden entek bu hakda oýlanyp göremok, Ilhan aga. Ýöne baryşyma Biruny dagynyň işleýän ýeri "Beýtul hikme" diýen ylym merkezine işe girsem aýlyk-günlük berilse gerek patyşalykdan.

-Ha, ha. Şeý diýsene. Biruny ýaly beýik alymlar bilen bile işleseň şol aýdan derejäňe ýetersiň, inşalla, inim.

-Aýdanyňyz gelsin, Ilhan aga, sag boluň!

Alym bilen daýhanyň söhbetdeşligi şu zeýilli dowam edip, Gürgenje gelip ýetenlerini hem duýman galdylar. Olar şähere girenlerinden soň mähirli hoşlaşdylar. Günem günortana golaýlapdy.

***

Ibn Salam şähere gireninden soň niýetläp gaýdan ýeri «Beýtul hikme» dergahyna göni barmaga, bir bada, ýürek edip bilmedi. Muňa «kabul ederlermikä» diýen howatyry sebäp boldumy ýa-da ol ýerde işleýän beýik alymlaryň at-owazasynyň sussy basdymy, garaz bu işi yza sürmäge bahana gözläp başlady. Şeýlelikde ol ilki kerwensaraýa baryp dosty kerwenbaşynyň halyndan habar almagy, soňra özi ýedi ýyllap okan medresesine, okadan müdderislerine salama barmagy ýüregine düwdi. Ol kerwensaraýda kerwenbaşyny hüjresinden tapman yzyna dolanyp gelýärkä şu ýerdäki naharhananyň gapysy açylyp, naharlaryň işdäni gozgaýan ysy burnuna uranda gunortanlyk edinmek ýadyna düşdi, naharhana girdi. Naharhananyň içi giňdi. Hatara goýlan pesejik sekilerde adamlar naharlanyp, çaý içip, otyrdylar. Kerwensaraýyň uzyn dalanynyň bir gapdalynda ýerleşen bu naharhana esasan Gürgenje gelen mysapyrlara, söwdagärlere, jahankeşdelere hyzmat edýärdi. Bu ýerde oturan adamlar dürli dillerde sözleşýärdiler. Ibn Salamy gapydan giren ýerinde elleri kündük, legenli oglan salam berip, garşy aldy, eline suw akydyp, boş sekiden oturmaga ýer görkezdi. Başga bir ýigit gelip, onuň bilen mylakatly soraşdy. Soňra iýmek, içmek üçin nämeler buýyrýandygyny sorap gitdi.

-O-ho, dostum Muhammet!-diýen sese öwrülip sereden Ibn Salam ýeňsesinde ýylgyryp duran kerwenbaşyny gördi, derhal ýerinden turup görüşdi, soraşdy. Soňra:

-Men Sizden habar alaýyn diýip, bäri sowulypdym, hüjräňize baryp tapmadym. Onsoň günortanlyk edineýin diýip, giräýdim bäri-diýdi-hany geçiň oturyň, bile naharlanarys.

-Menem bazar aýlanyp, naharlanmak üçin bäri gaýtdym-diýip, kerwenbaşy Ibn Salamyň ýanyna geçip oturdy-Bazarda-da bişip duran nahar kän. Satyjylar söwda edip oturan ýerinde islän naharyny aldyrýarlar. Men şu ýere öwrenişipdirin. Bu ýeriň içi salkyn, naharlaram gowy.

Hyzmatkär ýigit ulakan mejimede Ibn Salamyň buýuran naharyna goşup, Kerwenbaşy üçin hem nahar getirdi. Ibn Salam:

-Bular Siziň iýän naharyňyzy bilýäler öýüdýän, buýurmasaňyzam getirdi-diýip, Kerwenbaşa ýylgyryp seretdi. Ol:

-Gapydan girenimde elimi ýuwup durkam aýdypdym-diýdi. Şu gün nesibämiz goşulan ekeni. Hany alyň, bissimilla

Iki gadyrdan dost naharyň, çaýyň başynda bir salym mesawy gürrüň etdiler. Kerwenbaşy Gürgenjiň şäherinden alan täsirlerini tolgunyp gürrüň berdi.

-Dostum, pederiňiziň «Eşiden deň bolmaz gören göz bilen» diýeni dogry ekeni. Ine bir hepde bäri şäheri aýlanyp, görüp ýörün. Entek onuň aňyrsyna çykar ýaly däl. Şähristany, ondaky köşkleri, medresedir metjitleri aýlanyp gördim, şäheriň içinden geçýän derýanyň bir golunyň gyralaryndaky aşagyna gün düşürmeýän güjümleriň saýasynda dynç alyp oturan adamlary görenimde juda höwesim geldi. Aýratyn-da Gürgenjiň bazarlary mende üýtgeşik täsir galdyrdy. Bazarlar şeýle bir köp adamly, olardaky dürli ýurtlardan gelenleri, dürli dillerde sözleşýänleri göreniňde bu şäher dünýäniň merkezimikä diýdirýär. Hünärmentçilik gaty ösen eken. Hünärmenleriň ussahanalary bazaryň üçden birini tutýan bolsalar gerek diýip çak etdim. Bu ussahanalarda bejerilýän, satylýan zatlar sanardan köp. Hatda dutaryň tarlaryny göterip durýan “eşegi” bejerip oturan ussalara çenli bar. Bi, üsti ýapyk uzundan-uzun söwda restelerindäki dukanlarda islän zadyň bar. Bazarlaryň açyk meýdanynda daýhanlar üçinem, bagbanlar üçinem aýry-aýry ýerler berilipdir. Ol ýerlerdäki ir-iýmişleri, galladyr, gök önümleri göreniňde gözüň dokunýar. Bir söz bilen aýdanda, dostum, men Gürgenjiň dünýäniň beýik, baý şäherleriniň biridigine göz ýetirdim.

Kerwenbaşynyň sözleri Ibn Salamyň kalbynda ene şäherine bolan buýsanjy has artdyrdy.

-Indi bizem ýükümizi tutup başladyk-diýip Kerwenbaşy sözüni dowam etdirdi-Horezmine nähili agramda ýük bilen gelen bolsak şeýle agramdaky ýük bilen hem gaýdarys. Ýurduňyzyň künjisi, tüwüsi, kişdesi, kişmişi, igdesi başga ýurtlaryňkydan hiliniň has gowulygy bilen tapawut edýär. Şeýle-de kakadylan gawun dilimleri, diýseň, halwadan hem süýji. Bulardan başga-da ýurduňyzda öndürilýän matalar, türkmen halylary ýaly harytlardan hem aldyk, dostum.

Emma güýze galman irräk bişýän «gürbek» diýen gawundan alyp gitmek boljak däl eken. Alsak Bagdada barýança içi ajap gidýär, diýip düşündirdiler. Ony, gürbek gawuny ilkinji gezek iýenimde onuň mazasyna telpek goýdum, men ömrümde beýle süýji gawun iýip görmändim. Söwdagärler Bagdada Horezminiň gyşky gawunlaryndan eltýäler. Olaram gaty süýji. Emma gürbegiň tagamy düýbünden başgaça.

-Wah! Eýýäm gürbek bişip, bazara düşüpmi, ony gaty ir ekip, ir ýetişdirýän daýhanlar bar-oww. Biziň obamyzda entek gürbek bişenok. Şeýdip, siz Gürgenjiň görküne tomaşa edip, süýji iýmişlerinden dadypsyňyz-da. Biziň ýurdumyz size ýaran bolsa men gaty şat, dostum.

-Ýaranynda, gaty ýarady! Horezmin ajaýyp ýurt, onuň paýtagty Gürgenjiň tarypyna söz ýok, dostum Muhammet.

-Gul bazaryna barmadyňyzmy? Ol hakda hiç zat aýtmadyňyz-a.

-Bardym. Gul bazary hemme ýerde bir meňzeş. Bagdadyň gul bazaryndan tapawudy ýok. Ýöne ol ýerde men bir gyzykly wakanyň şaýady boldum-diýip, Kerwenbaşy kellesini ýaýkap güldi.-Bir geýnüwli ýigit bir ak sakgally kişi bilen gelip, bir salym gyrnaklara syn edip durdylar. Soňra ýigit:

-Hany aýt, kaka, haýsysy bolýa saňa?-diýdi. Ak sakgally goja kişi:

-Özüň saýlaber, oglum. Meniň gözüm alkymyna barmasam gowy görenok. Niçikleri bar?-diýdi.

-Her hilisi bar, kaka. Owadanlaram, görümsiziräklerem bar.

-Alyp berjek bolsaň maňa iň owadanyny alyp ber.

-Owadanlary gymmatdyr, kaka. Bu guldarlar owadan gyrnagyna üç esse köp baha kesýärler. Beýlerägini alyberäli, saňa aýak-goluňy, arka-boýnuňy owkalasa, täret suwuňy ýyladyp berse bolýa dälmi, owadanyny nätjek, alyp ýatjakmy, näme.

-Aý, indiden soň alyp ýatma diýen zat ýok-la. Emma ýanyňdaky närse owadan bolsa oňa gözüň düşende göwnüň göteriläýýär-dä, oglum.

-Kakaňyz dogry aýdýar, beg ýigit. «Ata razy Huda-razy»-diýip, guldar öz bähbidini arap, gepe goşuldy. Ýigit söwdada biraz jedelleşip, gyrnagy alyp, kakasynyň eline tutdurdy. Goja kişi gyrnagyň elini tutuşdyryp: «Hä bolýa, elleri ýumşajyk ekeni»-diýdi. Gyrnak gyz içiňden geçip barýan ala gözlerini oýnadyp pars dilinde:

-Şu ýumşak ellerim bilen seni bir gün bogup öldürerin-diýdi.

-Näme diýýär bu gyz-diýip, goja guldardan sorady. Ol gülüp:

-Näme hyzmaty bolsa janym bilen ederin diýýä-diýdi.

Şeýdip ataly-ogul satyp alan gyrnagyny alyp gitdiler.

Ibn Salam:

-Görýäňizmi, adam näçe garrasa-da, gözellige bolan duýgusyny ýitirmeýär-diýdi. Soňra:

-Burunlak gullaryny, gyrnaklaryny satypmy?-diýip sorady.

-Satypdyr. Ol düýn başga bir kerwen bilen yzyna gaýtdy. Näme diýsene, ol kerwensaraýa sowgat beriljek gyrnagy alyp gitmäge gelen şäher häkiminiň wekiline bir gyrnagynyň ogurlanandygyny aýdyp, arz

etdi. Wekilem «Biz şäheriň içinde bolan zada jogapkär, şäheriň daşyndaky işlere jogap beremizok, ony köşge baryp şanyň wekiline arz ediň» diýdi. Burunlagam «Onda men sowgatlyk gyrnagy-da köşge özüm alyp barjak hem arzymy aýtjak»-diýdi. Wekil bir hili dymyp durdy-da: «Arzyňyzy diňlärler, ýöne ol gyrnagyňyz tapyljakmy, tapylmajakmy, belli däl. Şonuň üçin size uly zyýan bolmasyn. Men özüm köşge baryp, bu kerwende patyşalyga laýyk gyrnak ýok eken diýip aýdaryn»-diýdi-de ýalym-ýulum edip ötägitdi. Ol eger burunlak köşge barsa syrynyň açyljagyny bildi.

Kerwenbaşynyň bu gürrüňi Ibn Salama erbet täsir etdi, öz ýurdunda şeýle galp adamyň, onda-da döwlet işgäriniň bardygyna bir hili namys etdi. Şundan soň olaryň söhbeti ahyryna ýetip, naharyň omynyny etdiler. Hasaplaşyga gezek gelende ikisiniň arasynda jedel başlandy:

-Ýok, siz tölemeli däl. Siz biziň ýurdumyza gelen myhman. Myhmanyň hasabyna iýip-içmek gowy däl. Şonuň üçin men tölejek.

-Ýok bolmaz! Siz entek talyp, men täjir. Täjir talybyň hasabyna iýip-içse gowy däl. Şonuň üçin men tölemeli.

Bir näçe gezek gaýtalanan bu jedeli diňläp duryp iren hyzmatkär:

-Jedeliňizi goýuň jenaplar. Jedeliňizi men çözeýin-diýdi.

-Hany, nädip çözjeksiňiz?

-Ikiňizem tölemäň, iýen naharyňyzyň pulyny özüm ýerine goýýan-diýip, hyzmatkär ýigit aşhana tarap ýöneldi. Olar tarsa ýerlerinden turup onuň yzyndan ýetdiler-de jübisine pul dykdylar. Pulyny birine derek ikisindenem öndüren hyzmatkär naharhanadan çykyp barýan dostlaryň yzyndan seredip, ýylgyryp galdy.

Dostlar bolsa eden işlerini diňe daşary çykanlaryndan soň aňşyryp, biri birlerine garap gülüşdiler.

-Aý, bähbit bolsunda, bähbit bolsun-diýişip, iýen naharlaryna iki esse pul tölänlerini ýumarladylar. Şundan soň Ibn Salam bilen kerwenbaşy gadyrdan dostlarça mähirli hoşlaşyp aýrylyşdylar.

## VII BAP

Muhammet ibn Salam nobatdaky niýetlän ýeri özüniň ýedi ýyl tälim alan medresesine bardy. Ol bu ýere diňe özüni okadan muderrislerine salama däl-de, özüne ýaşamak üçin medresedäki hüjreleriň birini soramak niýeti bilen hem barypdy. Medresede ony gujak açyp garşy aldylar. Müderrisleri özleriniň uçrymynyň Bagdatda on ýyl ylym öwrenip, alymlyk derejesine ýetenden soň ata Watana

dolananyna buýsanýardylar. Baş müderris oňa medreseden iş hem teklip etdi. Ibn Salam baş müderrise minnetdarlyk bildirip, şeýle diýdi:

-Merhemediňiz üçin köp sag boluň, ustaz. Siziň rahnamalyk edýän ylym dergähynda işlemek meniň üçin uly mertebe. Ýöne men paýtagtymyzda "Beýtil hikme" açylanyny, onda Aburaýhan al Biruny, Ibn Sina, Abu Nasyr Yrak, Aly Sahyl Masyhy ýaly beýik alymlaryň işleýändiklerini eşidip, Bagdatdan gaýtdym. Niýetim şol dergahde ylmymy kämilleşdirmek.

-Düşnükli-diýip baş müderris salyhatlylyk bilen ýylgyrdy.-Diýmek, bizde däl-de, "Beýtil hikmede"işlemekçi-dä. Bolybilýä. Biziň zarymyz bar, zorumyz ýok size, mohterem Muhammet ibn Salam.

-Siz gaty görmäň, ustaz. Men bilýän, şu mukaddes dergahde bilimimiň düýbini tutdum, şu dergahyň köp duzuny iýdim. Men bu dergaha borçly. Emma...

-Emmadan aňyrsyny aýdyp oturmaň. Men düşündim, gaty hem göremok. Niýetiňiz «Beýtil hikmede» işlemek bolsa, enşalla niýetiňize ýetersiňiz. Ol ýerde, beýik alymlar bilen hemdem bolup bile işlemek uly mertebedir.

-Bilýän, "Beýtil hikmeniñ" ýene bir "Ummat al ylym" diýen ady Bagdada-da ýetip bardy. Biler bolsaňyz, ustaz, bu ylmy merkeziň döredilmegi bilen Horezmşa aly hezetleriniñ at-abraýy Bagdatda-da, Şamda-da has belende göterildi. Ony ylmyň, edebiýatyň, sungatyň howandary diýip taryp edýärler.

-"Beýtil hikmeniñ" döredilmeginde, ol dergaha alymlaryň jemlenmeginde weziri agzam Suhaýlynyň hyzmatynyň örän uludygyny ol ýurtlarda bilýän däldirler.

-Muny menem bilemok, häzir sizden eşitdim.

-Eşitmedik bolsaňyz, jenap Suhaýly bilimli, adalatly, pespäl adam. Ol Horezmşanyň oň goly, iň ynançly adamy. Aburaýhan Birunyny Gürgenden çagyrdyp getiren, ony «Beýtil hikmeniñ» baştutany edip goýduran hem şol. Häzirki wagtda Biruny öz işinden daşgary Horezmşanyň döwlet maslahatçysy hem.

-Şeýlemişin diýip eşidipdim. Ýöne, tagsyr, alym adamy döwlet işine çekmeli däl ekeni. Bu işi onuň ylmy işine päsgel berer ahry

-Dogry, hak gep. Emma patyşanyň emri-wajyp. Oňa ýok diýip bolmaýar.

-Hawa, «Patyşalar emir etse, daglar ýerinden süýşer» diýipdirler - diýip, Ibn Salam söhbetdeşiniň sözüni tassyklady. Soňra ýüregine düwüp gelen haýyşyny aýtmak üçin baş müderrise towakgaly garap dillendi:

-Ustaz, indi sizden bir haýyşym bar.

-Şeýlemi, haýyş bilen gelen bolsaňyz aýdyň, eşideli.

Ine, şunda Ibn Salam müderrisiň «Haýyş bilen gelen bolsaňyz» diýenindäki äheňinden ýalňyşyny duýdy, bir gowusy, wagtynda duýup, onuň öňüni aldy:

-Ustaz, "Beýtil hikme" özüňiziň aýdyşyňyz ýaly uly dergäh. Meniň ol dergähe baryp, beýik alymlaryň hatarynda işlemegim üçin maňa bir ak pata beriň. Siziň doga-dilegiňiz bilen ol dergähde işim oňuna bolsun.

-Haýyşyňyz ak pata bolsa, bereris-diýip, müderris bir hili ýylgyrdy. Onuň bu ýylgyryşynda «Haýyşyň başgady welin, meniň äheňimden duýup, gepi başga ýana sowduň» diýen many bardy. Şeýle-de bolsa müderres:

-Omin!-diýip, elini galdyrdy-da gowy doga-dilegler bilen pata berdi. Soňundan Ibn Salama synçy nazaryny dikip:

-Muhammet, «Beýtul hikmä» işe girseňiz ýaşamagyňyz üçin jaý gerek bolar. Öýüňiz bolsa şäherden daşda-diýdi-de ýylgyrdy. Onuň bu ýylgyryşynda-da «Seniň esasy haýyşyň hüjre dälmidi näme» diýen many bardy. Ibn Salam bu synag oýunda utulmajak bolup:

-Merhemediňiz üçin sag boluň, ustaz, şäherde aýalymyň daýzasynyň jaýy bar. Eger «Beýtul hikmä» ýerleşsem ol ýerde ýaşaryn. Eger-de ol ýeri halamasam, siziň merhemediňizden peýdalanaryn-diýdi. Ibn Salamyň bu sözünden soňam baş müderris öz pikirinde galdy. Ol:

-Muhammet-diýdi mähirli seredýän gözlerini güldürip, men size häzir bir gowy hüjre bereýin, eger ony halamasaňyz ýaňky aýdan jaýyňyza gidersiňiz. Günem öýleden agypdyr. Haýyr işi öýleden soň etmeli däl diýýärler. Siz «Beýtul hikmä» ertir irden bararsyňyz. Bu gün bu ýerde galyň. Peýşin namazyny bile okaly. Onsoň men gaýdýan, siz talyplar bilen şamlygy bile ediniň. Häzir naharhanamyz siz okan döwürdäkiden hem gowy. Örän tagamly naharlar bişirilýär. Patyşamyz Abul Abbasy al Mämün hezretleriniň permany bilen azyk ugry doly üpjün edilen.

Muhammet ibn Salam baş müderrise ejap edip aýdyp bilmedik haýyşyny onuň aňandygyna indi doly göz ýetirdi. Egerde ol ýolda ýüregine düwüp gaýdan hüjre hakyndaky haýyşyny ak pata hakyndaky haýyşa öwürmedik bolsa ýumuşynyň bitmezligi hem mümkindi. Ibn Salam goýberäýmegi mümkin bolan hatasynyň wagtynda öňüni alyp, gowy iş edendigine içinden begendi hem-de baş müderrise taňryýalkasyn aýdyp, tagzym etdi.

Baş müderrisiň görkezmesi bilen Ibn Salama içi düşekli, çaýnek-käseli, gap-gaçly bir gowy hüjre berildi. Ol zatlaryny hüjresinde goýup, medresäniň howlusyna çykdy. Daş-töweregine göz aýlady. Şol öňki öňkülik, onçakly üýtgän zat ýok. Giň howlynyň çar tarapy talyplaryň hüjreleri, kitaphana, naharhana. Ikinji gatda okuw otaglary, müderrisleriň otaglary. Ýöne howlynyň ortasyndaky äpet dört düýp güjümiň aşagyndaky daş howuz bir neme kiçelen ýaly göründi. “Gyralaryna daş örülip bejerlen howuz nähili kiçelsin. Ol bu ýere ilki geleninde on ýedi ýaşyndady. Obadan gelen ýaş oglana howuz örän uly bolup görünen bolsa gerek. Indi özi ulalansoň öňki zatlar gözüne kiçiräk görünýändir-dä” Bulary serinden geçiren Ibn Salam ýylgyryp goýdy. Ol şu dergahda ýedi ýyl tälim alyp ýene-de ylym yzlap Bagdada gidipdi. On ýyl aýralykdan soň bu mekan özüniň mähriban ojagy kimin gözüne yssy görünýärdi.

Medresäniň howlysyndaky serhowuzyň boýunda oýa çümüp, oturan bu adamy gören talyplaryň birnäçesi baryp onuň bilen salamlaşdylar, tanyşlyk açdylar. Talyplar bilen gepi alyşyp giden Ibn Salam söhbetdeşlerine Bagdat hakynda özi okan medresesindäki meşgulatlar, okadylýan dersler, medresäniň alymlary hakynda gysgarak gürrüň berdi. Onýança-da muazziniň peýşin namazyna çagyrýan azan sesi eşidildi. Jemagat bolup namaz okadylar. Namazdan soň hem talyplar Ibn Salamy sypdyrmadylar. Olary Bagdat ähli musulman dünýäsiniň emiri-halifyň oturýan ýeri-halyfatyň paýtagty bolany üçin juda gyzyklandyrýardy. Söhbetdeşlik dowam etdi.

-Bagdat biziň Gürgenjimiz ýaly gadymy şäher däl, ol bary-ýogy mundan iki ýüz elli ýyl öň dörän şäher-diýip, Ibn Salam talyplara Bagdadyň taryhyndan gürrüň berip, onuñ baýlygyny, beýikligini, gözeligini mahabatlandyryp, şeýle bir öwdi welin, talyplaryñ agzy açyldy. Soñunda: - Bagdat her niçik baý, beýik, gözel bolmasyn biziñ Gürgenjimiziñ yzyndan ýetmegine bir azajyk wagt gerek - diýeninde talyplar çepek çalyp, şatlykly seslendiler. Olaryñ biri:

- Tagsyr, siz Gürgenji bir söz bilen Bagdatdan hem ötürip öwdiñiz oturyberdiñiz - diýdi - Biziñ baş müderrisimiz hem bir talyby öwmekçi bosa başga birini öwüp arşa çykarýar-da, soñunda: "planjanyñ derejesine ýetenok entek" diýýär. Ibn Salam:

- Menem ol kişiniñ şagirdi, ahryn. Öwmäni-de, döwmäni-de ondan öwrendim - diýip, gülümjiredi-de, sözüni dowam etdirdi - Ýöne ýigitler, hakykatyny aýdanda Bagdat geçmişde hem ylmyň merkezi bolupdyr. Çünki Bagdadyň medreselerinde häzirkisi ýaly, örän ylymly

alymlar ders berepdirler. Baryp mundan ýüz ýyl öň biziň watandaşymyz, beýik alym Muhammet ibn Musa al Horezmi hem Bagdatda köp ylmy işler alyp barypdyr. Men ol hezretiň ýaşan, işlän ýerlerini zyýarat etdim. Al Horezminiň ady, abraýy Bagdatda henizlerem örän ýokarda. Watandaşymyz Horezmi hezretlerine şeýle uly  sarpa goýýandyklary üçinmi biziň ýaly horezminlileri hem sylaýarlar.

Talyplar özleriniň esasy dersleriniň biri bolan «Äl jäbr äl mukabyla» eseriniň muallifi[17] barada Ibn Salamyň aýdanlaryny has gyzyklanyp diňlediler. Ol hakda ýene-de bilenlerini gürrüň bermegini haýyş etdiler. Ibn Salam Äl Horazminiň Bagdatda ýazan kitaplary, aýry-aýry rysalalary, onuñ halyfa Ål Mämun bilen aralarynyñ juda ýakyn bolandygy, şeýlelikde  halyfalygyñ kitaphanasyna we "Dar al ylym" atly ylym merkezine ýolbaşçylyk edendigi barada  gürrüň berdi. Soňunda:- İndi ýigirler, söhbetdeşligimizi bes edäýeli, agşam namazynyñ wagtam golaýlap gelýär - diýdi. Talyplaryñ bolsa ony hiç goýberesleri gelmeýärdi. Olaryñ biri namaza entek  wagtyñ kändigini aýdyp, şeýle täsin sowal berdi:

- Jenap Ibn Salam, Bagdatda tibbiýet şeýle bir öösenmişin, hatda ölüni hem direldýärmişinler diýip eşitdik, şu gepler dogrymy?

İbn Salam güldi:

-Bagdatda tibbiýetiñ  juda ösenligi  hak, emma ölüni direltmek hiç haçan hiç kimiñ elinden gelmese gerek, çünki ölüm Allanyñ eradasy bilen bolýan zat. Yöne suwa gark bolup ýa-da şuña meñzeş bir ýagdaýda ýüregi togtan adamyñ ýüregini işledip goýberýän mualaja[18] usullary bar. Bagdatda tibbiýetiñ nä derejede ösendigini men öz durmuşymda synap gördüm. Bir sapar erbet nähoşlanymda meni «Adut al Dauwla» diýen hassahana eltdiler. Bu hassahanadaky tertip-düzgün, lukmanlaryň hassalara mähribanlygy, otaglarynyň arassalygy, bejeriş usullarynyň kämilligi her niçik öwgä laýyk. Hassahanada meni bejeren lukman ýaşy jähtden başgalardan uly bolmasa-da hemmeleri oňa uly sarpa goýardylar. Munuň sebäbini soň bilsem, ol kişi tibbiýetde bir näçe açyşlar eden tib ylmynyň uly alymy ekeni. Bu kişini aýratyn dile alanymyň sebäbi ol hakda rowaýata meňzeş bir gürrüňi eşitdim. Ol ýaşlygynda bir jerrah-hekime şägirt bolýar. Halypasy oňa özümden öňe geçäýmesin diýip, köp zat öwretmändir. Bir sapar halypasy bir kelle agryly hassany her hili ýol bilen bejerjek bolýar, emma başarmaýar. Şonda şägirt syrkawyň kellesiniň içinde nämedir bir zadyň bardygyny

17 Muallifi-awtory, ýazary

18 Mualaja – bejermek usuly.

eger ol zat jerrahlyk ýoly bilen alyp taşlanmasa başga hili ýol bilen bejerip bolmajakdygyny aýdýar. Halypasy özüni onuň gepine üns bermedik ýaly edip görkezse-de içinden dogry tapýar. Ol bu işi şägirdinden gizlin etmek maksadynda hassany gije ýaryndan aganda özüniň jerrahlyk otagyna alyp gelýär. Ony gymyldamaz ýaly edip oturan oturgyjyna gaýym daňýar. Soňra ony beýhuş edip, kelle çanagyny açýar. Görse bir gara möý bogunaýaklaryny beýna batyryp duranmyş. Hekim müçenek bilen möýüň bilinden tutup ýuwaşlyk bilen çekýär, emma möý beýnä beter ýapyşyp aýrylmaýar. Gatyrak çekse beýnini dyrmalap zaýalajakmyş. Şonda ýokardan: «Müçenegi şeme tutup gyzdyryň!» diýen ses gelýär. Hekim ýokary seretse tüýnükde şägirdiniň iki gözi ýylpyldap görünýär. Hekim: «Ah, kelläm gursun!» diýip müçenegini ýanynda ýanyp duran şemleriň birine tutup gyzdyrýar. Endamyna gyzgyn demir degen möý ýygrylyp, aýaklaryny çekip alýar.

Ine, şu wakadan soň hekim «Şägirdim menden ozdurdy» diýip, oňa ak pata beripdir.

-Tagsyr, adamyň beýnisine möý nädip giripdir?-diýip bu gürrüňe känbir ynanmadyk talyplaryň biri sorady.

-Möýüň çagasy künjiniň dänesi ýaly kiçijik mahaly uklap ýatan adamyň gulagyna giren bolmaly. Şondanam beýnä geçip, ol ýerde ulalandyr-da.

Ibn Salamyň jogaby talyby kanagatlandyrmady:

-Gulakdan beýnä geçilýän ýol barmy näme?

-Siz häzir meniň aýdan zatlarymy gulagyňyz bilen eşitdiňiz dälmi?

-Hawa.

-Onsoň şu eşiden zatlaryňyzyň manysyna düşündiňiz dälmi?

-Hawa.

-Diýmek, gulagyňyza giren ses beýnä geçip, ol ýerde-de düşünje hasyl bolýar dälmi, ýa düşünje gulagyň özünde hasyl bolýarmy? Talyp bir elini gursagyna goýup, başyny egdi..

Ibn Salam söhbetdeşligi jemläninden talyplar «teşekkür! teşekkür!" diýişip minnetddarlyk bildirdiler. Onýança agşam namazynyň wagty-da boldy. Ibn Salam namazdan soň talyplar bilen şamlyk edinip, köçä çykdy.

## Vlll - Bap

Ol on ýyllyk aýralykdan soň magşugynyň wysalyna ýeten aşyk kimin Gürgenjiň jemalyny gijesine-de görmegi isleýärdi. Tomsuň

agşamky howasy gündiziňkä garanda salkynyrakdy. Çünki Gürgenjiň gaýra düýbünden akýan äpet derýa-Jeýhunyň hem-de onuň şäheriň ortasyndan geçýän bir golunyň sowuk suwy howanyň hararatyna[19] gündiz täsir edip bilmese-de gün ýaşyp, agşam düşenden soň täsir edýärdi.

Ibn Salam daşary çykanynda uly söwda köçeleriniň ugrundaky panuslar ýakylypdy. Ýagtylyk ýeterlikdi. Adam köpdi. Gijäniň bir wagtyna çenli açyk durýan dükanlarda söwda gidýärdi. Gijesine işleýän çaýhanalarda, meýhanalarda saz-söhbet möwç alýardy, Ud, gyjak, dutar ýaly saz gurallarynyň ýakymly heňleri ýaňlanýardy. Ibn Salam bir käse çaý  içip, saz diňlemek maksadynda çaýhana diýip, giren jaýy meýhana bolup çykdy. Belentden basyrylan, köp sanly penjireli bu giň jaýyň howasy petiş däldi. Bir tarapdaky gözönekli penjirelerden girýän gijeki salkyn şemal beýleki tarapdaky penjirelerden çykyp, jaýyň howasyny arassalap durdy. Tertip bilen goýulan pesejik sekilerde üçden-dörtden oturan meýhorlar özleriçe keýp çykýärdiler. Garşydaky beýlekilere garanda sähel belendiräk sekide oturan sazandalar agyrdan aýlap, saz çalýardylar.

-Geliň, geliň jenap! Geçiberiň-diýip, elini gursagyan goýup duran meýhana hyzmatçysyna kellesini ýaýkan Ibn Salam yzyna öwrülip jaýdan çykmakçy bolanynda bir syratly ýaş ýigit öňüne çykyp ýoluny bekledi:

-Agam, biz bilen bir salym oturyň-diýip, soňundan iki setir goşgy okady.

Meý bilen meýlisden gaçmak günädir,
Puly başga ýerde saçmak günädir.

-Uzur, inim, meniň bu ýerde saçmaga artykmaç pulum ýok. Ýolumy boşatsaňyz men gideýin.

-Pul bizde bar, siziň üçin näçe isleseňiz şonça saçarys, geçiň biziň sekä.

Ibn Salam bu serhoş ýigitden nädip sypjagyny bilmän durka onuň ülpetleriniň biri ýerinden turup geldi-de:

-Jenap, şazadanyň sözüni syndyrmaň, bir salym geçip oturaýyň-diýdi. Ibn Salam bu serhoşyň şazadadygyna bir ynanyp, bir ynanman, oňa ünüsli seretdi. Serhoş teklibini ýene tekrarlady. Ibn Salam hem ýene uzur aýdyp, ýol bermegini soranynda serhoş gatyrak äheňde:

[19] Hararat-temperatura

-Men şazada Abul Harys ibn Aly al Mämün sizeden geçip oturmagyňyzy haýyş edýän! - diýdi. Ibn Salam kyn ýagdaýa düşdi. Bu serhoşy bir tarapa itip goýberip, çykyp gitse, olam hakyky şazada bolsa, soňy nähili boljagyny bilmän nalaç oturmaly boldy.

-Gatyrak geplän bolsam, bagyşlaň, agam-diýip, serhoş mylaýym äheňde aýtdy. -Size nazarym düşenden gözüme bir hili yssy göründiňiz. Sizi hiç goýberesim gelmedi. Keşbiňizden okumyşly, dana adamdygyňyz görnüp dur. Meni ine bular ýaly-(ýanyndaky iki ülpetini görkezdi) kellesi boş, nadanlaryň söhbeti irizdi. Siziň ýaly dana adam bilen söhbetdeş bolasym gelýär. Meniň kakamyň inisi Abul Abbas tagta çykanyndan soň daşyna bir topar akyldarlary ýygyp, şolaryň akly bilen ýurdy dolandyrýar. Ýogsam özüniň akly ine şu ikisiniňkiden uly tapawut etmeýär...

Ibn Salam serhoşyň gürrüňini diňläp oturşyna onuň hakykatdanam şazadadygyna we tagtda oturan garyndaşyna ýüreginde kitüw bardygyna göz ýetirdi.

...-Mende birem dana, parasatly syrdaş, aşna ýok. Ine, şular ýaly akmaklar bilen ülpet bolsaň özüňem akmaga öwrüläýmegiň ähtimal-diýip, yzyny üzmän gepläp oturan şazada ýadyna gyzykly bir zat düşen ýaly güldi-de Ibn Salama garap-Siz gadymda bir patyşanyň däli ogly hakyndaky hekaýaty eşidipmidiňiz?-diýdi.
Ibn Salam “ýok” diýen manyda kellesini ýaýkady.

-Eşitmedik bolsaňyz, diňläň, men aýdyp bereýin. Onsoň meniň soňky sözüme galat diýmersiňiz-diýip şazada Ibn Salamyň hekaýat diňlemäge meýli-de, wagty-da ýokdugyna garamazdan gürrüňini dowam etdirdi.

-Gadymda bir patyşanyň ýeke-ýalňyz bir ogly bar eken, olam däli ekeni. Patyşa näme iş etjegini bilmän wezir-wekillerini ýygnap olara sala salypdyr. Wezirler özara geňeşip, hökümdara ýurtda bar bolan dana, alym adamlardan kyrkysyny ýygnamagy we ogluny olara goşup, bir çöli-beýewanda bir ýyl ýaşatmaklygy maslahat beripdirler. «Ogluňyz bir ýylyň dowamynda şol danalaryň söhbetinde bolup, akyllanar» diýipdirler. Patşa bu maslahaty makul bilip, bir çölde kyrk bir adam ýaşar ýaly jaý gurduryp, harjy-harajady bilen ogluny kyrk akylly adama goşup, şol ýere iberipdir. Aradan bellenen möhlet-bir ýyl geçipdir. Patyşa olary alyp gelmegi buýurypdyr. Alyp gelipdirler. Görseler gidende bir däli kyrk akylly bolan bolsa gelende kyrk bir däli bolup gelipdirler-diýip, hykyrdap güldi. Bu hekaýat Ibn Salamy-da çalarak güldürdi.

-Ine görýäňizmi, kyrk akylly bir dälini akylly edip bilmändir, tersine bir däli kyrk akyllyny däli edipdir.

Şonda bu iki samsyk meniň ýeke özümi özleri ýaly samsyk etmezmi! Ýok, mundan beýläk men bular bilen ülpet boljak däl. Siziň ýaly dana adamlar bilen ülpet boljak. Şeýle bir şahyrana söz bar.

Otursaň danalar bilen çekseň geler bir gyl bilen,
Otursaň nadanlar bilen gelmez çekseň zynjyr bilen.

-Siziň aly hezretiňiz, meniňem siziň pikir edişiňiz ýaly alyp ýatan danalygym ýok...

-Duruň!-diýip şazada Ibn Salamyň sözüni böldi.-Birinjiden, maňa aly hezret dagy diýmäň. Aly hezret meniň kakamyň köşgünde, onuň tagtynda otyr. Ikinjiden, men siziň danalygyňyz barmy, ýokmy, ony gözleriňizden bilýän. Siziň gözleriňizde bir üýtgeşik many bar. Gözler ýöne ýere beýle many saçmaýar. Ine, bu ikisiniň gözlerine serediň, goýunyň gözi ýaly hiç bir manysyz mölerip durandyr.

Ibn Salam olara biygtyýar seretdi. Ol biçäreler şazada näme diýse kaýyl bolup, ýylgyryşyp otyrdylar, asyl degnasyna degilen adama meňzemeýärdiler.

-Agam-diýip şazada sözüni dowam etdirdi.-Siz meniň kimdigimi, adymy-zadymy eşitdiňiz. Indi siz maňa özüňizi tanadyň, kim siz, ismi şeribiňiz näme? Ibn Salam bu adamdan tizräk sypmagyň oňaýyny tapman oturanam bolsa ýalan sözläp bilmedi:

-Meniň adym Muhammet ibn Salam. Ýakynda Bagdatdan geldim...

-Siz bagdatlymy?-diýip şazada onuň sözüni böldi.

-Ýok, şu ýerli, horezminli. Mundan on ýyl öň Bagdada gidipdim. Ol ýerde ýokary «Islamyýa» medresesinde okap, bir azyrak bilim alyp geldim.

-Ha, ha! Bir azyrak diýmäňiz näme, siziň alym adamdygyňyz görnüp dur, agam. Indi dogryňyzy aýdyň. Meniň bilen gatnaşmagy, ülpet bolmagy isleýäňizmi? Islemeseňiz men zorlajak däl. Zorluk bilen dost bolup bolmaz.

-Hormatly Abul Harys, siziň dek şazada bilen gatnaşmak, ülpet bolmak meniň ýaly ýönekeý bir alym üçin uly mertebe, uly bagt, Ýöne...

-«Ýöneden» soňuny aýtmak gerek däl, näme diýjegiňizi men bilýän. «Ýöneden» öň aýdan howaýy sözleriňize-de men ynanmaýan. Men öwgülere özüni aldyrýan adam däl. Ýöne, meniň ýönämiň öňüni eşitdiňiz, indi soňuny eşidiň: Meniň bilen gatnaşyk etmegi isleseňiz gapym siziň üçin hemişe açyk. Bir işde kömek gerek bolsa men dostlaryma hemişe kömege taýyn. Düşündiňizmi, agam?!

Ibn Salam geplemän kellesini atdy.

-Hany onda tanyşlygymyz üçin bir käse meý uraly, guý, sen saky bolýan bolsaň-diýip ýanyndakylaryň birine buýurdy. Ol: «Lepbeý! Şazadam» diýip, käseleri meýdan doldurdy. Abul Harys bir käsäni alyp Ibn Salamyň öňünde goýdy.

-Uzur, şazadam, men içmeýän, rugsat berseňiz huptan namazynyň wagty boldy.

-Huptan namazynyň belli wagty ýok, ony gijäniň ýaryna çenli okasa-da bolýar. Şu bir käsäni içiň, onsoň rugsat bereli, baryp namazyňyzy okaberiň.

-Şazadam, meý bilen namaz dogry gelmez.

-Näme üçin dogry gelmeýärmişin. Gurhany Kerimde serhoş wagtyňyz aýak üstünde durup bilseňiz, namaz okaberiň, diýen aýat bar-a.

-Ol aýat ýatyrylyp, ýerine meýi gadagan edýän aýat wahyý bolup geldi.

-Ol aýat meýi göterip bilmän, bozgakçylyk edýän adamlar üçin gelendir. Siz bir käse içip, bozgakçylyk etmersiňiz, ahyryn. Onsaňam, sogaby diňe namaz okap, ybadat kylyp, gazanyp bolmaýar, agam. Pygamberimiz Muhammet aleýhissalam: «Ybadat diňe namazdan ybarat däldir. Ylym we hünär öwrenmäge sarp edilen wagt hem ybadata sarp edilen wagt kimin sogaplydyr» diýipdir.

-Emma, şazadam, pygamberimiz meý içmäge sarp edilen wagt hem ybadata sarp edilen wagt ýaly sogaply diýen däldir-diýip, Ibn Salam aýdyşyna aýtdy welin soňundan şazadanyň gahary geläýmese ýagşy diýip biraz düýrükdi. Şazada gaharlanmady. Öňküsi ýaly dowam etdi.

-Dogry, pygamberimiz eýle diýip aýdan däldir. Ýöne ybadat hakynda bir danyşment şahyr.

Işk bilen ybadat jet däldir asla,
Ony hem muny hem buýurmyş Alla.
Ybadat ýol açsa jennete onda,
Jenneti bagyş eder näzenin munda-

-diýipdir. Şahyryň aýdyşy ýaly, bu dünýäniň jennetini hem görmeli. Ynsan ýalança ýeke gezek gelýär, şonuň üçin özüňi bu dünýäniň keýpi-sapasyndan mahrum etmek bolmaz.

-Şazadam, bu dünýade her kim bir ýoly saýlap alypdyr. Meniň ýolum, keýpi-sapam ylym. Älemiň, Zeminiň, durmuşyň syrlaryny öwrenmekden men biçak lezzet alýan. Şu öwrenenlerimiň netijesinde özümden adamlara peýdaly bir zat galdyrsam meniň üçin uly bagt.

Ibn Salamyň bu sözünden soň Abul Harys. «Bu biziň bilen ýoldaş boljak adama meňzemeýär, meňzemese meňzemesin, men muny sypdyrman» diýip, içini gepledip oturşyna bir hili kinaýaly ýylgyrdy-da:

-Ylmyň aşygy, diýseňiz-le. Bolubilýä, ýöne bu dünýäde islendik zadam yzygiderli bolsa irizýär, agam. Şonuň üçin arasynda keýpi-sapa bilen dem-dynjam almaly-diýdi.

-Meniňem dem-dynjymy almaly wagtym boldy, rugsat ediň, şazadam...

-Men ýaňy aýtdym-a, öňüňize goýlan käsäni içiň, rugsat onsoň.

-Şazadam uzur...

-Uzury soň aýdarsyňyz. Men sizi gury iberesim gelenok, hiç bolmasa şu bir käse bilen agzyňyzy ölläp gidiň.

Ibn Salam alaçsyz galdy. Ol: «Men bu meýi öz ygtyýarym bilen däl, zorluga düşüp, mejburan içsem günäsi bolmaz-la» diýip, oýlandy-da käsäni eline aldy.

-Ine, munyňyz başga gep, aldyk-diýip, Abyl Harys öz käsesini agzyna ýetirse-de iki gözi Ibn Salamdady. Ibn Salam ondan öňürti içip, käsesini düňderip, goýdy.

-Berekella, agam, sag boluň! Elimi gaýtarman, sözümi syndyrman içdiňiz, sag boluň!

Agzynyň içine çaýkalan ajy tagamdan biraz gözleri ümezläp giden Ibn Salam:

-Indi maňa rugsatmy, şazadam?-diýip turmaga hyýallandy.

-Rugsat, rugsat, byradar. Ýöne men bir zada düşünemok. Siz oturmajak, keýp çekmejek bolsaňyz bu ýere näme üçin geldiňiz, özi?

-Meniň çaýhana diýip giren ýerim meýhana ekeni, ýalňyşypdyryn. Men çaýhanada çaý içip, saz diňläp biraz dynç almakçydym-diýen Ibn Salam özüniň ýalňyşanynamy, ýa-da meýiň täsiri bilenmi bir hili gülüp başlady. Abul Harys meý guýan sakysyna soragly seretdi, ol çalaja başyny atdy. Bu üm-yşaratlardan Ibn Salama guýulan meýiň ýönekeý meý däldigini aňsa bolýardy. Ýogsa bir käse meýiň, gitmäge howlugyp oturan adamy wagtyhoşluk bilen beýle güldürer ýaly güýji bolmaly däldi.

-Agam siz çaý içip, saz diňlemek maksadynda gelen bolsaňyz, häzir çaýam, sazam bolar-diýip, şazada meýhana hyzmatçysyny çagyrdy.-Çyn-Maçyn çaýneklerinde ajy çaý getir! Sazandalar, garbanyp bolan bolsa, aýt, başlasynlar.

Meýhana hyzmatçysy «Lepbeý» ddiýip buýruklary ýerine ýetirmäge ylgady.

Salym geçmän gyjakdyr çeň, dutardyr ud bir perdeden gopup ajaýyp bir mukam ýaňlanyp başlady. Sazyň täsiri meýiň täsirinden hem ötürip, Ibn Salamy iki ýana yrandyryp ugrady. Şazada pursatdan peýdalanyp Ibn Salama çaý ýerine ýene bir käse meý tutdy. Ibn Salam çaý ýerine ýene mey doly käsäni alyp, başyna çekdi-de, sazyň täsirine berildi. Bir mahal çalynýan mukam tamamlanyp, täze mukama başlanmagyň öň ýanynda bir salym saz kesildi. Ibn Salam nämedir bir zat ýadyna düşen ýaly serhoş gözlerini süzüp Abul Harysa garady:

-Şazadam, men gitmelidim, ahbetin-diýdi.

Abul Harys:

-Indi oturyň, ine çaýam geldi. Mukamlaryň ajaýyby indi başlanýar. Soňunda näzenin rakkasalaryň raksyna, hyramyna tomaşa ederis-diýip, ýene bir käse meý uzatdy. Onýança öňküden hem täsirli saz başlandy. Ibn Salam uzadylan meýi-de içdi.

Abul Harysyň aýdyşy ýaly iki-üç mukamdan soň niredendir dört näzenin peýda boldy. Biri-birinden gözel, başdan-aýak zer geýnen bu rakkasa gyzlaryň saza goşup edýän ajaýyp raksyna, hyramyna aňk bolup seredip oturan Ibn Salam özüne uzadylan meý doly käseleriň birini-de yzyna gaýtarmady. Ibn Salamyň bu oturyşy ol döwürden ýüz ýyl soň dörän beýik şahyr Hafyz Şirazynyň:

Çäşm agar inästu abro,
Inni nazu, işwa in,
Alwida eý akly danyş,
Alwida eý ilmy-din[20]-
-diýen setirlerini ýada salýardy.

## IX BAP

Ibn Salam guşluga golaý gözüni açdy. Görse, özüniň medresedäki hüjresinde däl-de, bir şahana otagda, ýumşak ýatalganyň üstünde ýatyr. Huşuny jemläp, bolan wakalary yzygiderli serinden geçirmekçi boldy, hemmesi ýadyna düşmedi, bu ýere nähili gelenini-de huşuna getirip bilmedi. «Diýmek, meni serhoşlykda huşumy ýitirenimden soň, şu ýere getirip taşlapdyrlar-da» diýip, içini hümleden Ibn Salam ýerinden turmakçy bolup üstündäki ýorgany serpen badyna özüniň çuw ýalaňaçdygyny duýdy. Ýorgany gaýtadan ýapynyp, töwereginden geýimlerini gözledi. Ýekeje-de eşigi gözüne ilmedi. Penjireden daşary seretse, bir eýýam gün çykyp, onuň şöhlesi daragtlaryň ýaşyl ýapraklarynda jylalanýardy. Diýmek, taharat-da galdy, namazam. «Eý Hudaýym, indi bu günämi men nädip ýuwaryn?!» diýip, eden işine iç-

[20] Göz hem gaş, näz hem kereşme şeýle bolýan bolsa , akyl, ylym we din bilen hoşlaşmak gerek.

içinden ökünip, ýorgana çolanyp oturan Ibn Salam: «Kim bar, bu öýde?!» diýip gygyrdy. Otagyň gapysy açylyp, bir näzenin girdi:

-Turduňyzmy, begim?-diýip zenan tagzym etdi.

-Begim? Sen kim?

-Siziň gyrnagyňyz.

-O nähili gyrnagym?! Meniň gyrnagym ýok!

-Ozal bolmasa, indi bar. Ine, men.

-Sen?! Bu nä oýun? Düşündirsene maňa...

-Men näbileýin. Gijäniň ýaryndanam geçende sizi getirip, “seniň täze eýäň” diýip goýnuma saldylar...

-Eý Hudaý! Bu nä masgaraçylyk! Kimiň öýi bu öý?!

-Siziňki. Şazada Abul Harys men bilen şu öýi size peşgeş beripdir.

-Näme?! Peşgeş?!-Ibn Salamyň depesinden gyzgyn suw guýulan ýaly boldy. "Gep bu ýanda diýsene. Maňa bular ýaly peşgeşiň näme üçin berilýänini bilmegim gerek" diýip ol öz ýanyndan hüňňürdedi.-Meniň eşiklerim nirede? Eşiklerimi tapyp ber!

Zenan dik sandygyň bir ýan gapysyny açyp, ýuka ýüpek ýektaýy äberdi-de:

-Şuny geýip, hammama girip çykyň, onsoň geýnersiňiz-diýip otagdan çykdy. Ibn Salam topugyna ýetip duran ýektaýa dolanyp, onuň yzyndan çykdy. Çykan ýeri dört penjireli ortarak eýwan ekeni. Eýwanyň sag tarapynda gapysyz däliz bardy. Zenan:

-Geliberiň-diýip şol tarapa ýol başlady. Däliziň sag tarapynda arasy açygyrak pesiräk iki gapy göründi.

-Meýdan etseňiz aňyrky gapa giriň, onýança men suwlary taýýarlap durýan-diýip, zenan bärki gapa girdi. Ibn Salam giren gapysyndan çykyp, bärki gapa gireninde zenan suwlary taýýarlap, oňa garaşyp durdy.

-Sen näme dursuň?

-Sizi ýuwundyrmaýynmy?

-Çyk, özüm ýuwunýan.

Hammamda ýuwunýarka-da Ibn Salamyň kellesinde dürli oýlar at salýardy, özüniň nädip bu duzaga düşenine haýran galýardy. Indi boljak iş bolansoň, oý-pikirdenem, ökünçdenem peýda ýokdy. Muny onuň özi-tde gowy bilýärdi. Şonuň üçin onuň indiki etmeli işi sag-aman bu altyn kapasdan sypyp gitmekdi. Ol şu pikir bilen hammamdan çykyp, eýwandaky naz-nygmatdan doly saçaga-da seretmän ýatan otagyna girdi. Onuň yzyndan giren zenan:

-Begim, çaý, nahar taýýarlap goýdum, ertirlik edinmeýäňizmi?-diýdi.

-Işdäm ýok, men geýinjek. Eşiklerimi tapyp ber.

Zenan dik sandykdan ak ýüpek köýnek, balak, dört oralan ýüpek selle we mawy reňkli ýuka zerbap don çykaryp, ýatalganyň üstünde goýdy.

-Bular meniň geýimim däl, meniň öz eşiklerimi tapyp ber.

-Şulardan başga eşik ýok, begim. Şahana lybaslar-a bular, geýiberiň.

-Meniň öz geýimlerim nirde?

-Sizi getiren adamlar alyp gitdi, ýerine şulary getirip gitdiler.

Ibn Salam bu oýnuň maksadyna düşünen ýaly boldy. Indi onuň bu geýimleri geýmekden başga alajy galmady.

-Çykyp dur, men geýinip alaýyn-diýip,zenana üm bilen gapyny görkezdi.

-Men özüm geýindireýin, näme menden gaçýaňyz...

Zenanyň bu sözünden soň güpbe göwnüne bir şübhe geldi:

-Aramyzda hiç zat bolanok dälmi?-diýip sorady.

-Ýok, bolanok, siz gaty serhoşdyňyz, huşyňyz ýokdy.

Ibn Salam içinden «Hudaýa şükür, bir günähi kebirden saklanypdyryn»-diýip goýdy. Ol ýatalganyň üstündäki eşiklere seredip duruşyna bu geýimde «Beýtil hikmä» baryp bolmajagy hakynda oýlanýardy. Şonuň üçin ol bazara baryp, egin-eşik satylýan dükanlaryň birinden özüniňki ýaly ýönekeý geýim alyp geýmelidi. Şunda donunyň jübüsindäki pullary ýadyna düşdi. Ol:

-Pullarymy goýup gutmedilermi?-diýip sorady.

-Öz pulyňyzmy, başga pulmy, bilmedim, täze donyňyzyň jübüsi puldan doly.

Ibn Salam «Bu sahylyklaryň sebäbi nämekä?» diýip öz ýanyndan hüňürdedi-de zenana garap:

-Indi çykyp dur, men geýineýin. Donuň jübüsindäki puluň öz pulumdan artygyny saňa goýup gidýän-diýdi:

Zenan çykdy. Ibn Salam hem geýinip eýwana çykanynda saçagyň başynda iki sany daýaw pyýada otyrdy. Olar ýerlerinden turup, gol gowşuryp, Ibn Salama salam berdiler. Olaryň biri:

-Jenap Muhammet ibn Salam, şazada Abul Harys size paýtun iberdi. Köşgünde size garaşýar-diýdi.

Ibn Salam özüni kapasa düşen guş kimin duýup, näme etjegini bilmän galdy, bir hyýaly ret jogabyny berip, göni çykyp gitmekçi boldy.

Emma beýtse bu iki pyýadanyň nähili hereket etjegini bilmän ýaýdandy. Gör, olar şazadadan niçik buýruk alyp geldiler? Garşylyk görkezmek peýdasyz. Şonuň üçin baryp, şazadanyň özi bilen düşünüşmeli diýen pikir bilen çykyp paýtuna mündi. Şazadanyň köşgi derýanyň şäheriň içinden geçýän golynyn boýunda ýerleşen, gowy howaly ýerdedi, ol daşyndan men diýen haýbatly bolmasa-da içi, diwarlary tylla suw berip bezelendi. Bu jaý Gürgençde bir näçe ýyl tagtda oturan hökümdar Aly ibn Mämüniň ogluna saldyran köşk pisint jaýdy.

-Marhabo, eziz agam!-diýip, şazada Ibn Salamy penjirelerinden deryanyň golynyn tolkunlanyp akýan suwy görünip duran eýwanda kabul etdi. Görüşip soraşyp, dürli naz-nygmatlardan doly saçagyn başyna geçdiler.

-Eziz agam, Muhammet, düýn agşam siziň bilen gowy oturdyk, dostlaşdyk, dogan okaşdyk-diýip şazada söze başlady. Ibn Salam içinden şeýle-de bolupmyka diýip, ýadyna düşürjek boldy, emma düşürip bilmedi.

-Hawa, siziň beren gürrüňleriňizden, men dost saýlap ýalňyşmandygyma, Siziň hakyky mert, edermen, ynsanperwer, adalatly adamdygyňyza göz ýetirdim. Kerwendäki guldaryň goşundan ol sazandar gyrnagy alyp gaçmak her kim-her kimiň elinden gelýän iş däl... Ibn Salamyň depesinden gaýnag suw guýulan ýaly boldy. «Wah, men samsyk şol zatlary-da aýdypdyrynmy?» diýen pikiri beýnisine çog bolup basyldy.

-Ol gyzyň tarypyny şeýle bir ýetirdiňiz weli, meniň şol bada ony göresim, sazyny diňläsim geldi. Ýöne siz «Men size ony ertir peşgeş berýän» diýeniňizden soň bu işi bu güne goýduk.

-Men size ony peşgeş berjek diýdimmi? Zähresi ýarylara gelen Ibn Salam şazadanyň ýüzüne naýynjar seretdi.

-Näme maňa beýle seredýäňiz, ýa aýdan sözüňizden dänjek bolýaňyzmy?

-Şazadam, şeýle diýip aýdanym ýadyma, düşenok...

-Ýadyňyza düşmese, ýadyňyza düşürjek adamlar bar. Ýanymyzda iki ülpetimiz bar-da, olar şaýat. Menem size «Bir gara, bir gara» diýenlerinden hem artdyryp, bir garaňyza iki gara öňünden peşgeş etdim. Häzirem şol ýerden geldiňiz dälmi?

-Şazadam, meni bagyşlaň. Serhoşlykda men näme aýdyp, näme goýanymy hem bilmändirin. Onsoňam men siziň jomartlyk bilen eden şol peşgeşiňizi kabul edip bilmeýän. Men ylym adamy, maňa aýşy-eşretde ýaşamak gelişmeýär. Meniň medresede ýaşaýan hüjräm bar. Şol

maňa ýeterlik. Men Bagdatdan öz watanymda "Ummat al ylym" atly ýagny «Beýtil hikme» ylym dergähiniň açylanyny eşidip, şu dergahde işlemäge, ol ýerdäki beýik alymlardan ylym öwrenip, öz ylmymy kämilleşdirmegi niýet edinip geldim. Indi maňa rugsat etseňiz, şol niýet edip gaýdan ýerime baraýyn.

-Ha, ha, ha! Juda gülküli zatlary aýdýaňyz, hormatly Ibn Salam. Siz bu bäş günlük dünýäniň lezzetlerinden ýüz öwürüp, näme artdyrjak bolýaňyz. Ylym öz ýoluna, keýpi sapa öz ýoluna Horasanda bir beýik alym we şahyr döräpdir. Onuň şeýle beýti bar:

Zahyt, saňa hüýr, maňa jenana gerek,
Jennet saňa bolsun, maňa meýhana gerek.

Siz, näme ol kişiden beýikmi? Bu dünýäniň keýpi-sapasynyň gadryny bilýän ýene bir şahyr şeýle ýazypdyr:

Yşk bilen ybadat jet däldir, asla,
Ony hem, muny hem buýurmyş Alla.
Ybadat ýol açsa jennete onda,
Jenneti bagyş eder bu ýanda Leýla.

Niçik? Rast aýdylypmy? Men size şu misrelerde aýdylan jenneti bagyşlaýan. Men size bir Leýla bilen bir gözel ymarat berdim. Sizem sahawata gaýtargy etmeli bolarsyňyz.

Ibn Salam kyn ýagdaýa düşdi. «Nätmeli? Rugsary berjek däl diýse, Abul Harys hökmürowan şazada. Onuň bilen oýun edip bolmaýar» diýen pikir serinden geçse-de, ony raýyndan gaýtarmakçy bolup, ýene bir synandy:

-Şazadam, men ol biçäre gyzy gullukdan azat etjek bolup, alyp gaçdym. Indi ony ýene gulluga bersem...

-Kim ony gul edip saklajak!-diýip, şazada onuň sözüni kesdi.-Eger men onuň sazyna, sungatyna, husny-jemalyna aşyk bolaýsam, ol meniň däl, men onuň guly bolaryn. Eger-de ol meniň özüne gul bolmagymy-da islemese, onda ol köşgümizi bezäp, erkin keniz bolup gezer.

Ibn Salama indi çykalga galmady.

-Bolýa, şazadam, men siziň şu sözleriňizi Rugsara aýdyp, onuň razylygyny aljak bolaryn...

-Munuň ýaly-da gyrnagyň razylygy soralmaýar!-diýip, Abul Harys çürt-kesik aýtdy.

Ibn Salamyň ýüzi ak esgä döndi. Oňa nazary düşen şazadanyň rähimi indimi nämemi ony artyk ünjä goýmagy islemedi.

-Görýän weli meniň sözüm size gatyrak täsir edäýdi öýüdýän. Siz biynjalyk bolmaň. Men sizi Rugsaryň öňünde gyjalata goýmaryn.

Gowusy, siz maňa öýüňiziň salgysyny beriň, men özüm baryp, Rugsar bilen gürleşerin. Eger razy bolmasa zorlap alyp gaýtmaryn. Men ejize ganym däldirin-diýdi. Abul Harys söbetdeşine bir hili ýeser nazar bilen seretdi-de - bilip durun, içiňizde «Ejize ganym bolmasaň onda näme «Munuň ýaly-da gyrnakdan razylyk soralmaýar diýdiň?»-diýen sowal döredi, şeýle gerek. Men size zamananyň düzgünine görä durmuşda bolýan ýagdaýy aýdyp goýberipdirin. Ýöne zorluk diýen zat meniň tebigatyma ýatdyr, dostum.

Ibn Salam şazadanyň gep sözlerine garap, eger olar hakyky häsiýetini ýaşyrýan perde bolmasa ýaman adam däl eken diýen netijä geldi. Oňa onuň Rugsar hakynda häzir gelen pikiri juda makul boldy.

Ol Abul Harysa minnetdarlyk bilen seredip:

-Şazadam, siz hakyky adalatly, ynsanperwer, alyjenap kalp eýesi-diýdi. Ibn Salamyň öwgüsi Abul Harysa ýaraman durmady ol:

-Ýurda şeýle adam patyşa bolmaly-diýip, ýüregindäkini aýdyp goýberenini duýman galdy. Ibn Salam:

-Inşalla-diýip başyny atdy. Eger ol şeýle diýmese şazadanyň köňlünde özüne şübhe döretjegini bildi. Ibn Salamyň «Inşallasy» Abul Harysyň oňa bolan ynamyny has artdyrdy, geljekde bu adamdan hem öz maksadynyň ýolunda peýdalanyp boljakdygyna ynam döredi. «Beýtil hikmä» ýerleşmekligi maksat edinýän bolsa, goý ýerleşsin. Şunuň bilen alymlarsyz güni geçmeýän patyşanyň köşgüne hem ýakynlaşar. Köşkde özüne ýakyn adamlar näçe köp bolsa şonça gowy».

Şu pikirler bilen Abul Harys Ibn Salama ýene hoşamaý sözler bilen ýüzlendi:

-Agam Muhammet, durmuşda her bir adamyň öz öňünde goýan maksady bolýar. Siziň maksadyňyz «Beýtil hikme» bolýan bolsa indi men size «Işiňiz oňundan bolsun» diýmeli bolýan. Ýöne diňe ylym diýip, durmuşyň lezzetlerinden özüňizi mahrum etmäň. Medresedäki hüjräni goýuň, meniň beren jaýymda ýaşaň. Ol näzenin hyzmatyňyzda bolar. Alyma-da işlemek üçin, ýaşamak üçin şert gerekdir, ahyr.

«Bir belasy bolmasa şüdügärde balyk neýlesin» diýilişi ýaly bu uly peşgeşiň aňyrsynda näme barka, bu diňe Rugsar üçin däldir-ow"-diýip, Ibn Salam içinden gyzyklandy. Ýöne munuň aňyrsynda näme bardygyna göz ýetirip bilmäni üçin däl-de maşgalasyna, ylyma bolan wepalylygy üçin Abul Harysyň peşgeşini kabul etmäge ynsaby çatmady.

-Men indi näme diýeýin-diýdi teklibine ret jogabyny alan Abul Harys närazyrak äheňde-zarymyz bar zorumyz ýok. Islän ýeriňizde

ýaşaň. Ýöne «Beýtül hikmede» täze dostlar artdyrsaňyz bizi-de ýatdan çykarmaň.

***

Ibn Salam Abul Harys bilen dostlarça hoşlaşyp, «Beýtül hikme» tarapa ýola düşdi. Ýöne ol egnindäki şahana geýimi bilen ol ýere barmaga ejap edip, ýol ugruna bir egin-eşik satylýan dükana sowuldy. Dükançy bu üýtgeşik geýnüwli adama gözi düşenden baş egip salam berdi.

-Geliň, begim, hoş gördük. Näme hyzmat?

-Hyzmat: meniň egnimdäki geýimleri, üstüne pul alsaňyzam, ýönekeý geýime çalyşyp beriň.

Bu gepi bir hili geňlän dükançy Ibn Salama ýylgyryp seretdi-de:

-Çalyşsam üstüne men pul bermeli bolaryn-diýdi.

-Puluňyz gerek däl, çalyşyp berseňiz bolýa.

Dükançy Ibn Salamy burçdaky tutunyň aňyrsyna geçirip, öňüne bir topar eşik taşlady.

-Şulardan halanyňyzy geýiniberiň.

Ibn Salam öňki özüniň geýimine meňzeş geýimlerden geýinip, dükança köp sag bolsun aýtdy. Dükançy bu adamyň eden işine düşünmän onuň yzyndan haýran bolup garap galdy.

Wagt günortana golaýlanda Ibn Salam «Beýtil hikmä» ýetip bardy. Ol şu tapda bir tarapdan bu ýerdäki beýik alymlar bilen didarlaşjagyna begense, ikinji tarapdan «Meni öz hatarlaryna kabul ederlermikä?» diýen howatyry hem ýok däldi.

«Beýtil hikmäniň» binasy bişen kerpiçden, peştaklary nagyşly köşk ýaly ymarat ekeni. Ibn Salam bir salym bu kaşaň binany synlap durdy. Ol Bagdatda-da medresedir metjitleriň «men-men» diýen binalaryny içindenem, daşyndanam näçeler synlapdy. Bu bina olardan özüniň kaşaňlygy, peştaklaryndaky kuhy usulyndaky nagyşlary, kerpiçleriniň ýüpek ýaly ýylmanaklygy bilen tapawutlanýardy. Binanyň iki ganatly oýmakäp nagyşly belent gapysy ýapykdy. Ibn Salam içinden «Bismillahy Rahmany Rahym» diýip, gapyny ýuwaş iterdi. Onuň ilkinji ädim ädip giren ýeri ini inliräk, uzyny gysgarak däliz bolup, onuň iki tarapynda-da birden gapy bardy.

Garşydaky belent açyk gapydan eýwan, onuň iki tarapynda hatar gapylar görnüp durdy. Ýöne adam gara görnenokdy, dym-dyrslykdy, göýä eýeleri taşlap giden ýurt ýalydy. Ibn Salam näme etjegini bilmän ýaýdanyp duran wagty däliziň sag tarapyndaky gapy açylyp, içerden bir ýaş ýigit çykdy. Onuň kellesinde adatdaky selle däl-de, mele gyrpykdan

selle ýaly edip tikilen telpek bardy. Gyrymsy gara sakgal-murty ak ýüzüne gelşik berip durdy. Ibn Salam ony görenden «bu garawul bolsa gerek, çykan otagy-da garawulhanadyr» diýip çaklady. Ýigit özünden uly salyhatly adamy görüp, gol gowşuryp, edep bilen salam berdi, soňra:

-Tagsyr, näme ýumuş bilen geldiňiz?-diýdi.

-Men Bagdatdan geldim. Şu dergähde ylmy iş bilen meşgullanmak niýetim bar. Şonuň üçin hezreti Birunyny görüp, ol kişi bilen gepleşmekçidim. Ony şu dergahyň rahnamasy diýip eşidipdim-diýip, Ibn Salam özüne synçy nazaryny dikip, duran ýigitden jogaba garaşdy. Bir zatlaryň pikirini edýän ýaly bir salym dymyp duran ýigit Ibn Salama seredip duruşyna ýylgyrdy-da:

-Tagsyr, Siz Muhammet ibn Salam dälmi?-diýdi.

Ibn Salam ömründe ilkinji gezek görýän adamynyň özüni tanap, adyny tutup duranyna haýran galdy:

-Siz meni nädip tanadyňyz? Biz öň hiç haçan duşuşmandyk, öýdýän.

-Dogry, öň duşuşmandyk. Öňräk biziň alymlarymyzyň arasynda Siziň adyňyz tutuldy. Muhammet ibn Salam diýen şu ýerli bir ýigit mundan on ýyl öň Bagdada gidip, ol ýerde okap alymlyk derejesine ýetipdir. Indi ol ata ýurdy-Gürgenje gaýdyp geljekmişin diýen gürrüň boldy. Şonda möwlana Biruny: «Geleni gowy, gelse Gürgenjiň hem ylym babatynda Bagdatdan gaýra durmaýandygyny görer» diýdi. Ýigitden bu gürrüňi eşiden Ibn Salamyň gözleri nurlanyp, ýüzi açylyp gitdi.

-Diýmek, meni bilýän ekenler-dä. Onuň ýaly bolsa men örän şat-diýen Ibn Salam garşysynda ýylgyryp duran ýigide: -Geliň, onda ilki siziň bilen tanyşaly, ismi-şeribiňizi aýdyň-diýdi:

-Menem siziň bilen atdaş, tagsyr. Pederimize Tarhan diýärler. Alymlar maňa degişip, käte Muhammet ibn Tarhan diýýärler. Men muňa bir hili gyjalat bolýan. Alymlaryň adyna goşulýan ibn diýen söz bize gelşenok. Sebäbi men bir hyzmatdaky adam. Şu hüjräni maňa berdiler. Men gijelerine sakçylyk edýän, gündiz bolsa hyzmatdan boş wagtym ylym öwrenýän.

Ibn Salam bu sada ýigidiň gepine başyny atyp, «gaty gowy» diýdi. Soňra:

-Atdaş bu gün näme dynç günümi? Sizden başga adam görnenoga?-diýip sorady. Muhammet Tarhan:

-Ýok, dynç güni däl. Düýnden bäri möwlana Biruny köşkde Horezmşanyň huzuryndady. Ol kişi şanyň maslahatçysy bolansoň

köplenç köşkde bolýar. Bu gün irdenem alymlaryň baryny köşge çagyrdylar. Bir maslahat bar bolmaga çemeli-diýdi. Soňra birden bir zat ýadyna düşen ýaly äheňini üýtgetdi.

-Wi, bagyşlaň, tagsyr. Gep-söz bilen bolup, sizi içeri teklip etmek hem ýadyma düşmändir. Hany biziň puharaja hüjrämize merhemet ediň. Alymlar gelýänçä çaýyň başynda bir salym gürleşip oturarys. Men siziň ýaly alym adamlar bilen söhbetdeş bolmagy özüme uly mertebe bilýän.

Ibn Salam bir göwni gidip, soň gelmekçidi. Emma bu göwnaçyk ýigidiň sözüni ýykyp bilmedi, içeri girdi. Atdaşy derhal orta saçak ýazyp, süýjidir ir-iýmiş goýdy-da «men häzir...» diýip ylgap çykyp gitdi, salym geçmän iki çäýnek çaý göterip geldi:

-Tagsyr, ine şu gapdalda aşhanamyz bar. Çaý diýseňiz mydama gaýnap dur. Naharam üç mahal bişirilýär. Alymlaryň iýmiti, egin-eşikleri, beýleki gerek zatlary-da patyşalykdan. Horezmşa hezretleri alymlara uly sarpa goýýar. Men häzir günortanlyk naharam buýuryp gaýtdym.

-Biderek azara galypsyň, inim. Häzir halypalar gelse men çykaryn.

-Siz arkaýyn oturyberiň, halyplar entek gelmezler. Aly Hezret maslahatdan soň olary, hezzet-hormat etmän goýbermez. Olar gelýänçe menem size hyzmat edeýin, tagsyr.

Ibn Salam alymlar gelýänçe garaşmaly bolansoň atdaşynyň hödür-keremini kabul etmeli boldy.

***

Şol gün Horezmşa Abul Abbas al Mämün «Ummat al ylymyň» ýagny «Beýtil hikmäniň» alymlaryny döwlet derejesindäki maslahata däl-de özüni gyzyklandyrýan ylmy meseleler boýunça nobatdaky söhbetdeşlige çagyrypdy. Söhbetdeşlikde şanyň baş weziri Suhaýly hem gatnaşýardy. Jenap Suhaýly ylym, bilim, edebiýat, sungat adamlaryna howandarlyk edýän özü-de çuňňur bilimli, dana adamdy. Şanyň huzuryndaky şeýle ylmy söhbetdeşlikleriň hem guramaçysy onuň özüdi. Ol ýaş patyşanyň ylymly, bilimli hökümdar bolmagyny isleýärdi. Çünki ol hökümdar näçe ylymly bolsa şonça-da adalatly we döwleti dolandyrmaga ukyply bolýar diýip hasaplaýardy. «Beýtül hikmäniň» döredilmegine-de, alymlaryň ol ýere toplanylmagyna-da, Birunynyň Gürgenden çagyrylyp getirilip, alymlara baştutan edip bellenilmegine-de ol kişi sebäpçi bolupdy. Suhaýly Birunynyň göbek gany daman şäheri Kätde ýaş bolsa-da uly ylmy işler alyp barandygyny bilýärdi. Horezminlileriň özara uruş-jenjelleri zerarly onuň ýurtdan çykyp gitmegi Horezm ylmy üçin uly ýitgi bolupdy. Bu hakda weziri agzam

Suhaýly hem şeýle pikirdedi. Ol öz wagtynda Birunynyň durmuş ýoly, döredijiligi, ylmy işleri bilen ýakyndan gyzyklanypdy.

X BAP

Aburaýhan Muhammet ben Ahmet al Biruny Horezminiň ylym asmanynda parlak ýyldyz bolup döräpdi. Birunynyň doglup ösen mekany Demirgazyk Horezmiň paýtagty Kät Günorta Horezmiň paýtagty Gürgenç bilen gözellikde, baýlykda bäsleşip bilýärdi. Jeýhunyň demirgazyk kenarynda ýerleşen bu şäheriň köçeleri gündüşmez kölegeli, ymaratlary kaşaň, bazarlary harytlara baý we köp adamlydy. Dürli ýurtlardan gelýän kerwenler bazarlary doldurýan harytlar bilen bile dürli dillerde ýazylan ylmy we edebi kitaplary hem getirýärdiler. Şonlukda Kätiň döwlet kitaphanasy soňky ýüz ýylyň içinde has baýapdy. Bu kitaphanada, medrese we mekdeplerde arap, pars, ýunan, hindi, suryýa dillerini bilýän alym kişiler işleýärdiler. Olaryň biri-de Birunynyň ilkinji halypasy hem howandary Horezmşa Abu Abdyllahyň daýysy Abu Hasyr ibn Yrakdy. Ibn Yrak ýaşlygyndan ýetim galan Birunyny öz terbiýesine alýar, oňa hat-sowat öwredýär, ähli ylymlar boýunça başlangyç bilim berýär. Patyşanyň ýakyn garyndaşynyň howandarlygyndaky oglan bolansoň oňa ylym öwrenmek üçin ähli gapylar açykdy. Ylymlaryň esasy bolsa kitaplardady. Ýöne olar arap, pars, ýunan, hindi dillerindedi. Ol kitaplaryň içine girip, ylym öwrenmek üçin ilki şol dilleri bilmelidi. Şonuň üçin ýaş Biruni Arastunyñ, Eflatunyñ, Ýewkelidiň eserleri ýazylan ýunan dilini öwrenmäge girişdi. Arap, pars dillerini ol halypasy Ibn Ýragyň kömegi bilen on iki ýaşyndan başlap öwrenip, ol dillerdäki eserleri okaýardy. Düşünmedik zatlary barada halypasyndan yzygiderli soraýardy, käte irizdirýärdi hem. Aýratyn-da, ol dünýäniň gurulyşy, çäksiz älem, ondaky san-sajaksyz ýyldyzlar bilen gyzyklanýardy. Ol bir sapar halypasynyñ boş wagtyna gabat gelip, onuñ ýüzüne ýylgyryp seretdi. İbn Yrak onuñ bir zatlar sorajak bolýanyny duýup:

- Aýdyber, näme diýjek bolýañ - diýdi. Biruny:

-Ustaz, men hemişekim ýaly oý sürüp otyrkam kelläme goşga meñzeş:

Nirden peýda boldy bu çäksiz älem,
Fäläkde ýyldyzlar, görsem jemul-jem.
Akyl ýetmez munyñ ibtidasyna,[21]
İntihasyzmy[22] ýa bu syrly älem?! - diýen setirler geldi.- diýdi. İbn Yrak kelesini ýaýkap güldi:

---

[21] Ibtida- başlanyşy

[22] Intiha-soňy

- Tüweleme, sen indi sowal bermegiñ täze ýolunam tapypsyñ-a. Bu goşgy setirleriñ maña berlen sowal dälmi ? Aburaýhan, seniñ bu sowalyñ adamzady iñ gadymy döwürlerden bäri oýlandyryp gelýan sowal. Gadymy ýunan feýlesuflary: "Älemiñ iptidasy ýok, onuñ intihasy-da bolmaz, ol ezeli-ebedi möwjütdir"[23] diýen pikiri öñe sürüpdirler. Yslam alymlary bolsa Älemiñ iptidasyny Alla bilen baglaýarlar, ol Alanyñ gudratyndan, onuñ emri bilen dörän mugjize diýýärler,onuñ intihasy barasynda Yslamda hiç zat aýdylmaýar.

- Yslamda ahyrzaman barada gürrüñ bar-a, ustaz.

- Ahyrzaman biziñ Ýerimize, ýerbäki ýaşaýyşa degişli, Äleme degişli däl, ahryn.

- Dory, dogry, ustaz. Men munyñ parhyna barman aýdypdyryn - diýip, Biruny ýalñyşany üçin gyzaryp gitdi. Ol halypasy bilen bolan bu gysga söhbetdeşlikden barybir kanagatlanmady. Ol halypasynyñ hut özüniñ pikriini bilmekçidi. Halypasy bolsa başgalaryñ gelen netijelerini aýdyp, özi pikir bildirmedi. Diýmek, halypasynyñ bu barada öz pikiri ýok ýa-da pikiri Yslamyñ akydasyndan[24] gaýry bolsa, ony aýtmakdan saklandy. Onuñ özüniñ kelesinde bolsa, iptidasy yok zadyñ bolmagy mümkin däl, nämeniñ iptidasy bolsa onyñ intihasy hem hökman bolaýmaly, diýen pikir bardy. Ol şu pikiriniñ dogry ya-da nädogrydygyny halypasynyñ pikiri bilen deñeşdirip bilmekçidi. Bilip bilmedi. Onyñ özüni gyzyklandyrýan zadyñ anygyna ýetýänçe yzyndan galmaýan endigi bardy, emma ol ömrüniñ ahyryna çenli bu syryñ anygyna ýetip bilmedi.

Biruny entek bäş-alty ýaşly çaga mahallarynda-da juda bilesigelijidi. Ol gijelerine asmana seredeninde ýyldyzlardan gözüni aýşyryp bilmän, bu ýanyp duran sansyz zatlaryň nämedigini bilesi gelýärdi. Garry mamasy bolsa ýyldylzaryň her biri bir adamyňky, adamyň ykbaly, jany öz ýyldyzyna bagly, eger bir adam wepat etse onuň ýylddyzy asmanda süýnüp öçüp gidýär, diýip düşündirýärdi. Adatda ulylar bir gep aýtsa çagalar ony hakykat hökmünde kabul edip, ynanýarlar. Hemme zamanda-da çaga sadalygy, ynanjaňlygy bilen ulylardan tapawut edýär. Emma Biruni entek alty-ýedi ýaşlaryndaky çaga bolsa-da eýle däldi. Ol mamasynyň ýyldyzlar barada aýdanlaryna kän bir ynananokdy. Asmanyň jümmüşinde, şeýle uzakdaky ýyldyzlaryň ýerde ýaşaýan adamlar bilen nähili baglanyşygy bolup biler diýip şübhelenýärdi.

---

23 Möwjüt-bar bolmak

24 Akyda-ýörelge

Ýetginjeklige gadam basan döwründe bolsa çagalygynda syrly görünýän ýyldyzlaryň syryny indi özi açmaga dalaş edýärdi. Emma entek irräkdi, entek köp okamalydy, köp zatlary öwrenmelidi.

Çagalykda adamyň beýnisine ornaşan käbir zatlar ulalansoň hem tiz-tiz ýatlanylýar, olardan many gözlenýär. Biruni hem çagalygynda ýyldyzlar barada mamasyndan eşidenlerine şol wagt ynanmadyk bolsa-da, indi ol «bu ýerde bir syr ýokmuka» diýip oýlanýardy.

-Ustaz, rugsat etseňiz, sizden ýene bir zat barada sorajak bolýan-diýip, Biruni bir kitabyň sahypalaryny açyşdyryp, nämedir gözläp oturan halypasy Ibn Yraga ýüzlendi. Ibn Yrak ýaňy on alty ýaşa gadam basan şägirdiniň bilesigelijilik bilen uçganaklap duran garaja gözlerine dikilip:

-Tüweleme, Aburaýhan[25], seniň soňky wagtda «ýene, ýenäň» köpeldi. Hany aýt, näme sorajak-diýdi.

-Bagyşlaň, ustaz. Wagtyňyz bolmasa soň soraýaryn.

-Ýok, sen düşünmediň. Men «tüweleme» diýdim-ä. Seniň köp sowal bermegiň ylym bilen çynlakaý gyzyklanýanyňy aňladýar. Men muňa begenip ýörin-diýip, Ibn Yrak saryýagyz ýüzüne gelşik berip duran ýaňy çalaryp ugran sakgalyny sypap, ýylgyrdy.«Bilmedigini sorap öwrenen alym, arlanyp soramadyk özüne zalym» diýipdirler. Näçe sowalyň bolsa bir menden däl, başga alymlardan hem soraber, inim.

Halypasynyň sözleri Aburaýhanyň ruhyny göterip goýberdi. Ol öňürti halypasyna minnetdarlyk bildirip, soňra sowalyny berdi:

-Ustaz, bu närse barada sizden öňüräk soramakçydym. Emma siz “ylmy däl zatlar barada näme kelle çişirip ýörsüň” diýermikäňiz diýip saklandym. Indi bolsa şu ýerde-de bir syr bar ýaly bolup dur göwnüme...

-Aburaýhan, seniň bir kemçiligiň bar, -diýip, Ibn Yrak şägirdiniň sözüni böldi.- Sen aýtjak zadyňy göni aýdaýman, gepi uzakdan aýlap, söhbetdeşiňiň takatyny tak edip goýberýäň. Hany, aýt näme ol saňa syrly bolup duýulýan zat.

-Bagyşlaň ustaz. Aýtjak zadym ýyldyzlar barada. Men alty-ýedi ýaşlarymda garry mamam bilen bagymyzdaky belent sekide asmandaky ýyldyzlara seredip ýatýardyk. Şonda mamam “bu ýyldyzlaryň her biri bir adamyňky, ýyldyz adamyň ykbaly bilen bagly, adam wepat bolanda ýyldyzy süýnüp, öçüp gidýär” diýerdi. Şonda maňşübheli bolup duýulan bu gepde, indi oýlansam bir syr bar ýaly, ustaz.

[25] Birunynynyñ öz ady Muhammet bolmagyna garamazdan, onyñ adyny halypasy we başgalar hem Aburaýhan diýip tutýardylar. Ibn Sina bilen ýazyşmalarynda hem biri-biriniñ atlaryny " Aburaýhan" " Abu Aly" diýip tutýarlar.

-Sowalyňy ýene-de uzakdan aýlaman aýdyp bilmediň. Men seniň ýeriňe bolsam “Ýyldyzlaryň adam ykbalyna täsiri barmy?” diýip, iki agyz söz bilen sorardym-diýip, Ibn Yrak kellesini ýaýkap güldi. Soňra oýa çümüp, bir salym dymdy-da:

-Näme diýsene, inim - diýdi - Bu mesele-de gadym zamanlardan bäri adamlary gyzyklandyryp gelýär. Hökümdarlar köşgünde ýyldyzlara garap ykbal kesgitleýän münnejimleri saklaýarlar. Duşman bilen söweşde ýeňiş kim tarapda boljagyny ýyldyzlara garap, olar öňünden aýdýarlar.

-Onsoň olaryň aýdyany dogry bolup çykyarmy?

-Köplenç dogry bolup çykýar. Çünki, olaryň arasynda welilikden habarly adamlar hem bar. Ýyldyzlara garamasalar-da, olara boljak wakalar ylahydan mälim bolýar.

Bu söhbetdeşlikden soň Aburaýhan welilik barada köp oýlanyp gezdi. Adam nädip ol derejä ýetip boljakdygy hakynda, bir ýeri gelende, halypasyndan sorady. Ibn Yrak oňa  welilik derejesine okuw bilen, ylym bilen ýetip bolmaýandygyny, ol dereje adama Hudaý tarapyn berilýändigini düşündirdi. Soňynda:

-Ýöne ylym dagynyň belentliklerine çykyp bilen adama-da ol belentlikden uzakdaky zatlar hem görünýär. Ýagny köp hadysalary öňünden aýdyp biler. Şonuň üçin sen welilik ýaly Hudaý tarapyn berilýän zada hantama bolup wagtyňy boş geçirme,  Ylmyň iň belent gaýasyna çykmak üçin gaýrat et. Seniň daş ýarýan zehiniň bar. Beýle zehin her kime nesip etmeýär. Şu zehiniňden peýdalan - diýdi.

Aburaýhan halypasynyň şular ýaly öwütlerini öňlerem diňläpdi. Onsuzam ylym onuň içgi dünýäsiniň talabydy. Ol okaman, öwrenmän, düşünmediklerini soraman ýeke gün hem oňmazdy. Şäheriň gür agaçly baglarynyň birinde ýerleşen döwlet kitaphanasynyň gapysy onuň üçin hemişe açykdy. Ol ýeri halypasy “Ylymlaryň hazynasy” diýýärdi. Biruny ol hazyna ilkinji baranynda çar tarapy kitaplardan doly uly eýwanlary görüp, baýlyga gyzýan adam altyn-kümüş harman ýaly üýşüp ýatan hazyna gireninde nähili ýagdaýa düşse, ol hem şeýle ýagdaýa düşüpdi, begenjine aljyrapdy hem. Şonda ol on iki ýaşyndady. Bu ýaşda ol eýýam hatly-sowatly oglandy. Arap, pars dillerini hem az-kem bilýärdi. Dil bilmeseň bu kitaphana gireniňden peýda ýokdy. Çünki, onda Birunynyň ene dilinde ýazylan ýekeje kitap hem ýokdy. Näme üçin şeýle? Näme üçin şeýledigi entek ýaş oglanyň kän bir parhyna däldi. Ol bu sowaly on dört ýaşyna ýeteninde halypasyna berdi. Ibn Yrak şägirdiniň ýüzüne bir seretdi-de oýa çümüp, bir salym dymdy.

Aburaýhan bu sowaly bilen halypasynyň keýpini gaçyranyna bir hili boldy. İbn Yrak:

-Aburaýhan - diýdi- dymyşlykdan soň kellesini galdyryp - Taryh diýilýäni juda şepagatsyz. Beýle diýdigim taryhda juda pajygaly zamanlaryň yzy bar. Biziň Horezmin ülkämiz juda gadym zamanlarda-da ylymly, bilimli ýurt bolupdyr. Biziň bu müň ýyllygymyzdan öňki müň ýýyllykda ýazylan ýunan, pars çyn-maçyn dilindäki kitaplarda hem Horezminiň ady tutulýar. Hawa, biziň ýurdumyz juda gadymy ýurt, men onda üç ýüzden hem gowrak patşalaryň höküm sürenini bilýän, olardan yigrmi birinin atlary yadymda bar. Ana şol gadymy zamanlardan bäri biziň öz ýazuwymyz, öz ene dilimizde ýazylan kitaplar, rysalalar, dürli ylmy eserler bolupdyr. Emma taryhda arap istilasy diýen waka ýüze çykýar. Araplar başka-da köp sanly ýurtlaryň hatarynda Yslam dinini ornatmak maksadynda biziň ýurdumyza gelenlerinde Horezmin ýazuwyny, ol dilde ýazylan kitaplary ýok edýärler. Ine şular hakynda, umuman Watanymyzyň gadymyýeti hakynda meniň Pederi büzrükwarym köp gürrüň ederdi. Bu gürrüňlerden ýadymda galanlaryny menem saňa gürrüň bereýin. Senem Watanyňyň geçmişini bilmeli.

***

Halypasynyň beren gürrüňini jany-teni bilen dinlän Aburaýhanyň göz öňünde ata Watanyň gadymyýeti ör boýuna galdy. Ine Jeýhunyň iki tarapyny tutup ýatan gadym Horezmin. Beýik derýanyň bol suwyndan ganyp içýän ene zemin ýaşyl öwsüp oturan tokaýlary, gür baglary, reňbe-reň ösümlik we haýwanat dünýäsini döredipdir. Gür ilatly şäherleri, obalary, olarda ýaşaýan häzirki adamlara garanda has daýaw, iri süňkli adamlary, erkin we açyk gezýän gözel gelin-gyzlary Aburaýhanyň hyýal gözüniň öňünden ýeke-ýekeden geçýärdi.

-Ýurt parahat, asudady. Emma adamzat durmuşyna müdimi parahatlyk nesip etmändir-diýip halypasy Ibn Yrak gürrüňini dowam etdirdi.-Çünki, adamyň içgi dünýäsine müdümi asudalyk mahsus däl. Bileginde güýji bar adamyň bir iş etmän, bir ýerde durup bilmeýşi ýaly güýç toplan patyşalar hem tagtynda parahat oturyp bilmeýärler. Şeýdibem ýurtlaryň, halklaryň asuda durmuşy bozulýar. Bir kiçi ýurtda dörän Iskender atly entek ýigrimi ýaşa-da ýetmedik patyşa bilegine güýjini sygdyryp bilmeýän adam ýaly çar tarapyna agyz urup, jahangirlik ýoluna düşdi. Isgenderiň döwründe Horezminde höküm süren Farasman parahatçylygy söýýän, ýaş bolsa-da dana patyşa bolupdyr. Ol Isgenderiň Turan zemine aralaşanyndan habar tapyp, ony Horezmine girizmezlik, gandöküşüklik etmezlik üçin çäre gözläp

başlaýar. Ol näçe dana bolsa-da özgeleriň pikirini diňlemän, maslahat etmän bir işe baş goşmaz eken. Ol: “Bir kelläniň iki kelleden akyllyrak bolmagy mümkin emma on kelleden akylly bolmagy mümkin däl” diýýän eken. Farasman ine, şu ýörelgesine eýerip, bu sapar hem uly ýygnak çagyrýar.

-Gadyrdan adamlar, ýurdumyzyň parahatlygy, halkymyzyň asuda durmuşy gözümiziň göwheri deý goralyp gelinýär-diýip Farasman wezir-wekillerine, serkerdelerine ýüzlenýär.-Mundan soňam ýurdumyzyň parahatlygyny saklamak üçin näme iş etmeli bolsa oňa taýyn durmalydyrys. Habaryňyz bar, Iskender Zülkarnaý Buharadan soň Marakandany alyp, oňa Samarkand diýip, täze at dakypdyr. Ony Turandaky baş karargäh edip belläpmiş. Emma ol munuň bilen ol ýerde karar tapmaz. Häzirem onuň iki gözi Horezmindedir, ir-u-giç ol biziň üstümize-de ýörüş eder. Ine, şonda biz näme iş etmeli? Maslahat şu hakda. Kimde nähili pikir bolsa aýdyň!

Maslahatda dürli pikirler orta atylýar. Serkerdelerden gyzmarak biri Isgenderi ýurda golaý getirmän, ýary ýolda öňünden çykyp, derbi dagyn etmeli diýen teklibi girizýär. Şonda patyşanyň halypasy hem bayry wezir bu teklibi orta atan serkerdä garap:

-Gyzmalyk etmäň, ýagşy ýigit-diýýär.-Dünýäniň ýaryny fatyh eden Isgenderiň goşuny aňsat derbi dagyn edilýän goşun däldir. Bu hakykaty boýun almaly. Öňünden çykyp jeň edilse gaty köp adam gyrylar, onsoňam ýeňiş gazansa ýurda girip, gaharyna köp weýrançylyk eder.

Farasman hem ýaş ýigit dälmi eger weziriň şu sözi bolmadyk bolsa ol hem serkerdäniň teklibi bilen tas razylaşypdy.

-Onda siz näme maslahat berýäňiz?-diýip Farasman ussadyna ýüzlendi:

-Men näme maslahat berjegimi häliden bäri oýlanyp otyryn. Ýöne entek kelläme bir degerli pikir gelenok. Ertire çenli men bir akyl tapjak bolaryn. Ertir irden huzuryňa baryp aýdaryn.

Baýry wezir sözünde tapyldy. Irden Farasmanyň huzuryna baryp, Isgenderiň Horezmine ýörüş etmek howpuny aradan aýyrmak we onuň bilen dostlaşmak üçin etmeli işini öwretdi.  Ol soňunda şeýle diýdi:

-Oglum Farasman, men saňa Isgenderiň gepleýän ýunýan dilini hem öwretdim.  Bu dili ýunan feýlesuflarynyň eserlerini okamagyñ üçin öwredipdim. Ine häzirki günde bu dil saňa durmuşda hem gerek boldy. “Gylyç bilen alyp bolmaýan galany dil bilen alyp bolar”-diýipdirler. Isgender bilen gepleşeniňde onuň göwnünden tursaň, sözleriňe ynandyryp bilseň işiň oňuna bolar.

Farasman halypasynyň maslahatyna amal edip, Isgendere onuň bilen gepleşik geçirmäge barjakdygyny ýetirýän çapar iberdi. Özüde çapardan üç gün soň sowgat-salamyny, halypasynyň aýdan saçagyny taýýarlap, kyrk atlysy bilen Samarkanda tarap ýola düşdi.

Horezminiň patyşasy Farasmanyň gepleşik geçirmek üçin geljekdigi hakynda çapar getiren habary eşiden Isgender oýa çümdi: "Bä, ol näme maksat bilen gelýärkä? Näme hakda gepleşik geçirjekkä? Elbetde, ol biziň ir-u-giç Horezmine ýörüş etjegimizi bilýändir. Şonuň öňüni aljak bolýarmyka? Gelibersin bakaly, ony şu ýeriň özünde Horezmini bize iki elläp tabşyryp gitmäge mejbur edip bolmazmyka? Emma Horezmin baý, güýçli, beýik döwlet. Farasman meniň bilen güýjüne daýanyp gepleşermikä ýa-da barybir bizden güýçli däldigini bilip söz ýöredermikä?"

Şeýle pikir bilen Farasmana garaşýan Iskendere onuň gelýäninj habar edenlerinde bir güýç ony tagtyndan turuzyp Horezminiň patşasynyň öňünden çykmaga, ony hormat bilen dabaraly garşy almaga mejbur etdi. Megerem bu güýç Horezminiň güýçli, beýik döwlet hökmünde dünýäde tutýan orny we belent abraýy bolsa gerek. Hawa-da, hemişe boluşy ýaly, ol zamanda-da güýje sarpa goýulypdyr, abraý hem güýje bagly bolupdyr. İsgender Farasmany üýrgeşik dabara biıen garşylamak üçünmi ýa-da özüniñ harby gudratynyñ nä gadar beýikdigini görkezmek maksadyndamy atly goşunyny bir tarapa, pyýada leşgerini ikinji tarapa ýaý şeklinde nyzama duruzdy. Kyrk atlysy bilen gelýän Farasmanyñ garasy görnenden depreklerıñ, kernaýlaryñ owazy asman gümmezini tutup, ýañlanyp başlady. Farasman ýoldaşlary bilen kyrk ädim bäride atyndan düşüp, wezir-wekilleri bilen özüne taarap gelýän Isgenderiñ garşysyna ýöredi. İki şanyñ gabatıaşyp görüşen çagy leşgeriñ "İsgender! Farasman! İsgender! Farasman!" diýen sesleri al-asmanda ýañlandy.

Iskender garşysynda duran özi ýaly ýaş patyşanyň Horezminiň güneşine birneme garalan asuda ýüzüne, hoşmeýillik bilen bakýan gara gözlerine, pälwansypat daýaw göwresine synçy nazaryny aýlaýarka Farasman hem beýik jahangiriň saparlardaky ýelde, günde biraz gyzaran asly ak ýüzüne, açyk asman ýaly mawy gözlerine, ýeňsesine düşüp duran tylla reňkli saçlaryna, syrdam kaddyna höwes bilen seredýärdi.

-Hoş geldiňiz, biziň huzurymyza, merhemetli Farasman!-diýip Isgender mylakatly dillendi.

-Men beýik jahangiriň mübärek didaryny görmek, onuň bilen söhbetdeş bolmak ýaly beýik bagty gözläp, uzak ýoldan geldim-diýip Farasman ýunan dilinde aýtdy.

-Geleniňizi hoş gördük, ýunança sözleýän Horezminiň beýik hökümdary-diýip, Iskender ýylgyrdy. Soňra Farasmany ýanyndaky adamlary bilen bile köşkiñ meýlisler eýwanyna teklip etdi. Farasmana özüniñ oturýan şahana sekisinden ýer görkezdi. Farasman getiren gymmat bahaly sowgatlaryny şu ýerde häzir bolan hazynaça berip, Isgenderiň özi üçin ýörite taýýarlanan saçagy onuň öňünde goýdy.

-Beýik Isgender, bu siziň üçin ýörite taýýarlanan iň gymmatly, iň mukaddes sowgatdyr-diýip, Farasman saçagy açdy. Ondaky dört sany nanyň üstünde duran bir  şirmaýy kökä gözi düşen Isgender bir hili kinaýaly ýylgyryp, Farasmana garady. Farasman onuň bu garaýşyndan “iň gymmatly sowgadyň şumy?”-diýen manyny añdy.

- Beýik Isgender, biziň halkymyzyň dessurynda iň hormatlaýan, iň gadyrlaýan adamyna ilki bilen duz-çörek hödür edilýär - diýip Farasman saçagyň üstünde duran külçeden bir döwüm alyp, agzyna saldy. Bu "çörekde zähär ýok, gorkman iýiberiň”-diýen yşaratdy. Şundan soň Iskender hem bir döwüm alyp iýdi-de, onuň tagamyna haýraan galyp :

-Üýtgeşik tagamly çörek ekeni, muny nädip bişirýärler-diýip sorady.

- Bişirilişi adaty, ýönekeý, tagamlylyg1y bolsa Horezminiñ mukaddes zemininde ýetişen ak bygdaýyñ tagamy. Horezminiñ topragynda etişen ähli  zatlar hem  şeýle tagamly, süýjidir, beýik Isgender - diýip, Farasman aşakda oturan nökerleriniñ birine "getir" diýen yşaraty etdi. Nöker derhal öñden taýarlap goýlan biçak uly gawuny getirip,  patyşalaryñ  öñünde goýdy. Öñ beýle uly, elde keşdelenen kimin owadan torly, bahar aýy bolmagyna garamazdan biýarasyndan ýañy üzülen ýaly ter gawuny görmedik Iskender haýran galyp Farasmana  garady:

- Bäh!  Bu haçan ekilip, haçan bişen gawun? !

- Bu geçen tomusda ekilip, güýzde bişen, gyşky bişek diýip atlandyrylýan gawun. Bu tomsyñ öñýanyna çenli zaýalanman durýar.Bu gawunlar diñe Horezminde bitýändir. Dünýäniñ hiç bir ýurdynda beýle gawun ýokdyr -  diýip, Farasman bilindäki hanjaryny alyp,  gawundan bir dilim  kesdi-de, dilimi ikä bölüp, ýarysyny Iskedere berdi. İskender Farasmanyñ gawuna işdämenlik bilen agyz urşyna  ýylgyryp seredip durdy-da, özi-de şeýdip iýip başlady. İskender gawuny iýip bolup:

- Farasman, men dünýäniñ näçe ýurdynda bolan bolsam-da, Horezminiñ çöregin deý tagamly çöregi, gawunyn deý üýtgeşik süýji gawuny dadyp görmedim - diýdi. Farasman:

- Beýk Iskender - diýdi - biz bir saçakdan duz datdyk, bir dilim gawuny iki bölüp iýdik, şeýdip duzemek boldyk. Biziñ halkymyzda duzemek bolmaklyk biradarlyga barabardyr. Indi men özümi dünýäniň ýaryny fath eden beýik jahangiriň biradary diýip hasap etsem hem bolar.

Iskender hemişe gujur gaýrata dolup duran zeberdest endamynda bir hili gowşaklyk duýdy. Ol Farasmana ahmyrly nazar bilen seredip:

-Sen meni ýeňdiň Farasman, jeňsiz, jedelsiz ýeňdiň. İndi men Horezmine, biradarymyñ ýurdyna ýörüş edip bilmerin-diydi.

Biradarlygyny boýun alan Iskendere Farasman ýerinden turup tagzym etdi. Şundan soň şahana meýlis başlandy. Saçaklara dürli naz-nygmatlar çekilip, billur bulgurlarda meýler süzüldi. Ajaýyp aýdym sazlar ýaňlanyp, rakkasa gyzlaryň hyraman rakslary ýürekleri joşdurdy. Yzly-yzyna üç gün dowam eden meýlislerden soňra Isgender horezmlilere sowgat-serpaýlar bilen jogap berdi. Şundan soň olar sag-aman ata Watana dolanyp geldiler.

## XI BAP

Aburaýhan halypasynyň beren bu gürrüňinden soň Watanynyň geçmişi bilen juda gyzyklanyp ugrady. Horezminiň öz ýazuwy, öz dilindäki kitaplar, ol kitaplarda nämeler ýazylandygy, araplaryň olary nädip ýok edendigi barada oýa çümýärdi. Bir güni ol halypasy Ibn Yrakdan:

-Ustaz, araplar biziň öz dilimizde ýazylan kitaplary näme üçin, nädip ýok edipdirler?-diýip sorady.

-Nirede kitap bolsa ýygyp alyp, olary küde-küde üýşürip, halkyň gözüniň öňünde ýakypdyrlar. “Ine Siziň sygynýan oduňyzyň edýän işi! Ol öýüňize düşse onu-da ýakyp kül edýär. Mundan soň ýedi belanyň biri bolan oda sygynmaň, musulman boluň, şunda ahyrýetiňiz abat bolar”-diýip wagyz edipdirler. “Nirde ol Allaň, bize görkez”-diýip Allanyň adyna şek getirenleri, boýun egmedikleri oda taşlapdyrlar, gylyçdan geçiripdirler.

-Ustaz, bu zulum-a! Adamlara zulum edipdirler-ä!-diýip, Aburaýhan aňyrsyndan omzap gelen gazabyny saklap bilmän gygyryp goýberdi.

-Aburaýhan, sen entek ýaş bolýaň, käbir zatlara düşünmejek bolýarsyň. Adamzadyň durmuşynda zulumyň hem öz orny bar.

Käbir uly işler zulum bolmasa bitmeýär. Ine, biz zulum bilen bolsa-da musulman bolduk. Külli älemi ýaradan, bizi ýokdan bar eden, akyl-idrak, görmäge göz, sözlemäge dil, ýöremäge aýak, tutmaga el beren gudraty güýçli Allany tanadyk.

Halypasynyň sözlerini tabynlyk bilen diňläp oturan Aburaýhanyň kellesine berip bolmaýan sowallar gelýärdi. Şonuň üçin berip bolýan sowal bilen ýüzlendi:

-Ustaz, şol gadymy öz dilimizdäki kitaplarda nämeler hakynda ýazylanyny bilýän adam ýokmyka?

Ibn Yrak şägirdine ýylgyryp seretdi:

-Nämeler ýazylanyny bilesiň gelýämi?

-Juda bilesim gelýär.

-Meniňem bilesim gelýär, emma ol döwürden bäri üç ýüz ýyla golaý wagt geçdi. Bäş arka aýlandy. Şonuň üçin ol kitaplaryň mazmunyny doly bilýän adam ýok bolsa gerek. Ýöne babalaryndan atalaryna, atalaryndan ogullaryna, ogullaryndan agtyklaryna ýetip gelen gürrüňlere görä ol kitaplaryň biri biziň öňki ataşpereslik dinimiziň pygamberi Zärdöştiň taglymatyndan ybarat “Abisto”* diýen kitap bolmaly. Sebäbi, Zärdöştiň watany Horezmin bolansoň Zärdöştilik dini hem ilki Horezminde döräp, soň dünýäniň köp ýurtlaryna ýaýran. Eýranyň patyşasy Güstasip “Abistony” pars diline geçirdip, on iki müň derä altyn syýa bilen ýazdyran eken. Ol Daranyň döwründe-de hikmetler kitaby hökmünde aýawly saklanypdyr. Emma Isgender Zülkarnaý Eýranyň paýtagtyny basyp alanynda ähli ataşhanalary ýykyp-ýumuryp, şol altyn syýa bilen ýazylan “Abistony” hem oda ýakdyrypdyr. Ol Eýranyň Istahr diýen şäherini alanynda ol ýerde tagta ýazylan “Abistonyň” tibbiýet, pelsepa, nüjüm ylmyna degişli ýerlerini terjime etdirip, galan böleklerini hem ýakdyrypdyr.

-Näme üçin ýakdyrypdyr? Ýa onda ýaman sözler ýazylypmy?

-Ýok. Zärdöşt diňe ýagşylygy wagyz edipdir. Häzir onuň saklanyp galan dörtden bir bölegi hem uly kitap. Onda diňe adamlara däl hatda haýwanlara hem ýagşy gatnaşykda bolmaklyk nesihat edilýär. Onda öňe sürülýän üç zat bar: Ýagşy pikir, ýagşy kelam, ýagşy amal.

Görýäňmi nähili. Şu üç unsurda durmuşdaky ähli ýagşylyklar jemlenen. Ýamanlyk edýänlere-de berilmeli jezalar hem kesgitlenen. Eger gyzyklansaň, kitaphanada parsyda ýazylany bolmaly. Alyp okap gör.

-Ony alyp okaryn. Ýöne, ustaz, beýleki ýok edilen kitaplarda entek bize mälim bolmadyk ylmy açyşlaryň hem bolmagy mümkinmi?

-Mümkin-diýip, Ibn Yrak şägirdiniň pikirini tassyklady. Soňra öz pikirini aýtdy:

-Biziň eždatlarymyz hem ötgür zehinli, ylyma, bilime yhlasly adamlar bolupdyr. Muňa “Abistony”[26] okan her bir adamyň göz ýetirmegi mümkin. Men özüm “Abistoda” tebigat, adamyň tebigat bilen baglanyşygy, älemiň, dünýäniň ýaradylyşy, Aý, Gün, ýyldyzlar, ähli janly we jansyz möwjudat[27] baradaky setirleri okanymda mundan iki müň ýyl öň şeýle çuňňur pikir ýöredilenine haýran galdym. Şeýle çuňňur pikirli adamlaryň tebigaty, dünýäni bilmek, öwrenmek islegi, hyjuwy käbir açyşlara alyp baran bolmagy mümkin.

Halypasynyň bu çaklamasy Aburaýhanyň gürrüňi edilýän şol gadymy kitaplara bolan gyzyklanmasyny has hem artdyrdy. Ol: “Horezminiň niresinde bolsa-da bir ýerinde birde-ikide kitap saklanyp galmadymyka? Araplaryň hemme ýere eli ýeten däldir, ahyryn” diýip oýlanýardy. "Şol kitaplaryň hiç bolmanda birini tapyp, gadymy ýazuwymyzy bilýän adamdan öwrensem-de, okap görsem, eždatlarymyzyň nämeler hakynda kelle döwendiklerini bilerdim"diýip arzuw edýärdi. Emma arzuw etdigiçe ol kitaplar onuň üçin syrly äleme öwrülip barýardy. Bu syrly älem oňa ömrüniň ahyryna çenli-de syryny açmady.

Oňa derek ol özünden müň ýyllar öň geçen beýik ýunan alymlaryny açdy. Indi ol Eflatun bilenem, Arasty[28] bilenem olaryň öz dillerinde söhbetleşip, bäsleşip bilýärdi. Al Farabynyň eserleri onuň ýakyn maslahatçysydy. Arastunyň çylşyrymly pelsepesini Farabynyň oňa ýazan şerhlerini okap düşünipdi. Ýetginjeklik ýyllaryndan başlap onuň esasy gyzyklanýan ugurlarynyň biri fäläkiýet ylmydy. Ol özüniň beýik Watandaşy “Äl-Jabr wal-mukabala"[29] atly eseri bilen Al Jabr (Algebra) ylmynyň esasyny goýan Muhammet ibn Musa al Horezminiň fäläkiýet ylmyna degişli eserlerini Eflatunyňky bilen deňeşdirip, ara tapawudyny anyklaýardy. Horezminde baryp ýüz ýyl öň şeýle beýik alymyň dörändigine haýran galýardy. Al Horezminiň nirede okap, nädip, beýle çuňňur bilimli, ylymda açyşlar eden beýik alym bolany hakynda oýlananynda hyýaly ýene şol özi üçin syrly älem bolup galan gadymy kitaplara dolanyp gelerdi. “Belki Al Horezmi şol kitaplaryň saklanyp galanlary bolsa tapyp peýdalanandyr” diýip pikir edýärdi.

26 Abisto-Awesta (otparazlyk dininiň kitaby)
27 Möwjüdat-barlyK
28 Arasty- Arestotel
29 Algebra ylmy baradaky kitap

Ol bu pikirini halypasy Ibn Yraga aýdanynda ol bir  salym dymyp oýa çümdi, soňra Aburaýhana synçy nazaryny dikip:

-Sen Äl Horezmi gadymky kitaplary tapypdyr diýýäňmi?

-Tapandyr, okap öwrenendir. Ýogsa takyr ýerde, aşagynda güýç bolmasa, hiç zat gögermeýşi ýaly ylmy binýady bolmadyk adam ylym döredip bilmez, ahyryn, ustaz.

-Seniň bu pikiriňde-de  jan ýok däl. Ýöne Al Horezmi özüniň esasy işlerini Bagdada barandan soň şol ýerde edipdir.

Şol döwürde Bagdat iň gülläp ösen, ylym we medeniýetiň rowaç tapan şäheri bolupdyr. Muhammet Al Horezmi halyfa Mämün al Mötäsimiň köşgünde ýaşap, ylmy döredijilik bilen meşgullanypdyr. Meşhur halyf Harun ar Raşidiň ogly Al Mämüniň döwründe Bagdada dünýäniň köp ýurtlaryndan tanymal alymlar, terjimeçiler toplanyp, “Baýtul hikmä" atly ylmy dergäh döredilipdir. Şundan soň Bagdat ylym we ylmy terjimeçilik merkezine öwrülýär. Başga dillerden köp ylmy eserler arap diline terjime edilýär. “Baýtul hikmäniň” garamagynda dürli dillerde ýazylan dört ýüz müň kitaply kitaphana hem-de resedhana bolupdyr. Al Horezmi şu kitaphana-da, “Baýtul hikmäniň” özüne-de ýolbaşçylyk edipdir. Ol resedhanada[30] asman jisimleriniň hereketini öwrenip, biziň häzir peýdalanyp ýören “Zij-fiý-ylym äl-fälak” rysalasyny ýazypdyr. Al Horezminiň esasy ylmy işi bolan “Äl jabr wal-mukabälä” hem Bagdatda halyfa Mämüniň goldamagy bilen döredilipdir. Äl Horezmi bu eseriniň söz başynda hem bu hakda: “Ymam Mämüniň ylyma gyzyklanmagy we alymlaryň işlerinde duş gelýän kynçylyklarda kömek berýänligi meni hasabyýat hakynda eser ýazmaga ündedi” diýip ýazýar. Halyfa Äl-Mämün alymlara asmanyň we dünýäniň harytasyny döretmegi tabşyrýar. Bu işe ýetmiş alym çekilýär olara Al Horezmi ýolbaşçylyk edýär. Bu haryta häzir “Mämüniň dünýä harytasy” diýip atlandyrylýar. Aýdyberseň Äl Horezminiň eden işleri sanardan köp, inim Meniň sen hakdaky arzuwym şu beýik watandaşymyzyň hatarynda adyň tutulyp, beýik alym bolup ýetişmegiňdir.

Biruny ussadynyň Al Horezmi hakyndaky bu aýdanlaryny öňem az kem bilse-de ony uly üns berip diňledi we soňunda eden arzuwyna uly minnetdarlyk bildirdi.

Aburaýhan ylymlaryň jümmüşine näçe çuň aralaşdygy saýyn onuň özünde-de şonça ylmy çaklamalar döreýärdi. Olary bolsa halypasy Ibn Yrak bilen paýlaşman durup bilmezdi.

---

30 Resedhana- obserwatoriýa

-Ustaz-diýdi ol bir gün halypasynyň boş wagtyny tapyp-Siz Äl Horezmi hezretleriniň eserleriniň çuňňur bilimdany hasaplanýarsyňyz. Şonuň üçin Sizden bir zat sorajak bolýan...

-Sorajak zadyňy giriş sözsiz sorap bileňokmy?-diýip, Ibn Yrak kinaýaly gülümjiredi.

-Giriş sözi bilen başlanymyň sebäbi bar, ustaz. Ol hezret mundan bir asyr öň ýeriň togalakdygyny we onuň göwrümini hem anyklapdyr. Şeýle bolýan bolsa togalak zadyň bir durşuna durman togalanyp biljekdigi hakynda onuň ylmy işlerinde hiç duş gelmediňizmi?

-A-hä, meni öwüp başlanyň sebäbi bar ekeni-dä. Ýok, men Al Horezmi hezretleriniň ylym derýasynda näçe gulaçlap ýüzen bolsam-da seniň aýdan zadyňa duş gelmedim. Indi sen näme diýjek bolýaň, ýer bir duran ýeriňde duranok diýjek bolýaňmy?

-Duranok, ustaz. Ol hökman hereketde bolmaly. Ol öz okunyň daşynda aýlanyp, öňe hereket edýär. Eger şeýle bolmadyk bolsa gije bilen gündiz, dört pasyl hem bolmazdy.

-Ýeri, ýeri ýene nämeler kelläňe gelip ýör?-diýip Ibn Yrak kinaýaly ýylgysa-da, şägirdiniň pikiri ony örän gyzyklandyrypdy.

-Düýn men siz köşge patyşa hezretleriniň huzuryna gideniňizde ikindi namazyna Juma metjidine bardym. Juma namazdan öň imam günä, sogap hakynda wagyz edip otursyna gürrüňi Aýyň, Günüň tutulyşyna ýazdyrdy. Ol bu hadysalar adamlara günä işleri üçin duýduryş hökmünde ýüze çykýar, Güni hem perişdeler her gün säherde çekip çykaryp, asmana ýola salyp goýberýärler, ýogsa gün hem Hudaýa “men çykjak däl, Zeminde günä işler köpeldi, şolara ýüzüm düşmesin, diýýärmiş”-diýip, adamlary ynandyryp otyr. Şeýdip, halky düşünjesiz, nadan edip barýarlar. Tebigatdaky hadysalara ylmy garaýyşlar halka ýetirlenok, ustaz.

-Hop. Günüň Hudaýa aýdan sözleri, perişdeleriň ony çekip çykarýandyklary ýalan diýeli, emma Günüň säher çykyp, asmany aýlanyp agşam ýaşmagy göze görnüp duran hadysa dälmi, näme?

-Biziň gözümize şeýle, ustaz. Günüň çykmagy, ýaşmagy Ýerimiziň aýlanmagynyň netijesi. Biz Ýer bilen aýlanyp Güne çykýarys. Bu gündiz. Ýene aýlanyp Günden gizlenýäris. Bu gije. Onsoňam, ustaz, mundan müň ýyllar öň Eflatun tarapyndan ýer durup gün onuň daşynda aýlanýar diýen düşünje adamlaryň aňyna siňdirlen. Bu nädogry düşünje üýtgewsiz galyp, hakykat ýüze çykmaly dälmi?!

-Bäh! Aýdýanyň näme! Sen gatyrak gideňokmy? Onda biz bütin, dünýäde ykrar edilen dünýäniň merkezi Ýer däl-de Gün diýmelimi?

Ýok, inim, häzir bu pikiriňi öňe sürüp bolmaz. Muňa ýol bermezler. Çünki seniň bu pikiriň ýeriň, asmanyň Hudaý tarapyn gurulanyna müňkürlik bolar. Şonuň üçin häzir bu pikiri göterip çykmaklyk dinimiziň garşysyna gitmekdir.

Aburaýhan dişini gysyp, geplemedi. Emma içinde "bu nähili zaman?! Hakykat haçan ýüze çykar, haçan halka ýeter?! Din öz ýoluna, ylym öz ýoluna bolsa bolmaýamy! Din ylymyň ýoluna böwet bassa ylymda öňe gidişlik bolarmy!"-diýen närazylyk baş göterdi. Ibn Yrak şägirdiniň içinde turan närazylyk tupanyny ýüzünden aňyp, ony birneme köşeşdirjek äheňde gepledi:

-Aburaýhan, diniň garşysyna gidilmeýän ugurda-da ylyma iş kän. Biz Allanyň ýaradan zemininde ýaşaýarys. Ine şu zeminiň özündäki janly, jansyz möwjudatlary öwrenip, olaryň halka peýdaly taraplaryny açyp bermek hem ylymyň işi. Ýogsa-da sen ýer asty baýlyklary, ýer üsti jisimleri bilen gyzyklanyp ýören ýalydyň-la. Ana şol ugry hem çuňňur öwrenmeli.

-Öwrenerin, ustaz. Geljekde ol ugurdan bir kitap hem ýazaryn.

Ibn Yrak şägirdiniň birneme göterilip geplänine içinden "Ýaşlyk-da. Ýaşlykda göwün asmanda bolýa-da" diýip, ýylgyryp goýdy. Hakykatdanam, ýaňy ýigrimi ýaşa gadam basan Aburaýhanyň göwni asmandady. Özüne ynamy güýçlidi. Ol indi arap, pars, ýunan dillerini suwara bilýärdi. Ol dillerde ýazylan ylmy eserleriň ençemesini okapdy. Indi ol döredijilik joşguny bilen ýaşaýardy. Ol Arastunyñ, Eflatunyñ eserleriniñ käbirlerine şerhler bilen bir hatarda Aýyñ, Güniñ tutulyşy, Eriñ şekliniñ togalakdygyny subut edýän we onuñ göwrümi barada we başga-da ylmy rysalalar ýazdy. Bu işleri ýaş alyma uly şöhrat getirdi.

Ol Al Horezminiň ýeriň şekli we göwrümi baradaky pikiri bilen ilki tanyşanynda ýer togalagynyň şekilini ýasamagy ýüregine düwüpdi. Ol indi şol ýüregine düwen zadyny amala aşyrmaga girişdi. Onuň çakyna görä togalagyň göwrümi bir adamyň gujagy ýeter-ýetmez ululykda bolmalydy. Ýöne ilki ony nämeden nädip ýasamalydygyny oýlanyp, bir hepde gezdi. Adam bir zat barada oýlanyberse garaşmadyk mahaly çözgüdi kellesine gelýär.

Bir mahal başga bir zat hakynda oýlanyp oturan Abureýhanyň göz öňüne gara öýüň ýasalyşy gelýär-de mesele çözülýär duruberýär. Ol gara söwüdiň barmak ýogynlygyndaky çybyklaryna ýaý ýaly egreldip bir ýogyn taýaga iki ujyny bentläp, gujak ýetmez uly togalak şekil ýasady. Indi onup daşyna gowy eýlenen goýun derilerini örtüp, ýüzüne Al Horezminiň aýdan ýedi yklymyny çyzaýmalydy. Emma bu iş soňuna

çenli ýerine ýetirilmän galdy. Çünki, ylmy döredijiliginiň ýaňy gülläp barýan döwründe ol ata Watanyndan baş alyp, çykyp gitmeli boldy. Ony 22 ýaşynda Watanyndan jyda düşüren 995-nji ýylyň baharynda ýüze çykan uruşa 994-nji ýylyň güýzünde taýýarlyk görlüp başlanypdy.

## XII BAP

Kätiň bazarlarynda, kerwensaraýlarda, medrese we metjitlerde Gürgenjiň emiri Käti basyp almak üçin goşun toplaýarmyş diýen myşmyş habarlar ýaýrady. Bu habar ýalanmy, çynmy anyk bilýän bolmasa-da şäher ilatynyň ynjalygyny gaçyrdy. Kerwen çekip gelen söwdegärler harytlaryny arzan-u-gymmat satyp, tiziräk bu ýurtdan gitmegiň aladasyna düşdüler. Emma bu habaryň köşge-de ýetip barmagyna garamazdan Horezmşa Abu Abdullah arkaýyn görünýärdi. Bu howpuň garşysyna hiç hili çäre görlenokdy. Gaýtam ýakynlaşyp gelýän Nowruz baýramçylygyna uly taýýarlyk gidýärdi. Şäheriň meýdançalarynda uly gazanlar üçin demir ojaklar goýulyp, merkezi meýdanynda darbazlaryň darlary, hiňildikler gurulýardy.

Hijri 385-nji ýylyň Nowruz baýramynyň öň ýanynda agşam köşkde kabul edişlik boldy. Horezmşa Abu Abdullah ylymperwer adam bolany üçin kabul edişlige ilki bilen alymlary, müderrisleri, şahyrlary çagyrdy. Biruny hem halypasy Ibn Yrak bilen bardy. Zerbap donly köşk emeldarlary, begler, begzadalar, goşun serkerdeleri meýlisler eýwanynyň çep tarapyndan, alymlar, müderrisler, şahyrlar sag tarapyndan ýer aldylar. Olara sag tarapdan ýer berilmegi ylym we edebiýat adamlaryna görkezilýän hormatyň nyşanydy. Hyzmatda duranlar Biruny bilen Ibn Yraga aýratyn hormat goýup salamlaşdylar. Birunynyň kellesinden “bu aýratyn hormat biziň ylmymyza goýlan sarpamy ýa-da halypamyň patyşanyň ýegeni bolany üçinmi?”-diýen pikir geçdi. Ibn Yrak şägirdiniň kellesindäki pikiri okan ýaly, oňa manyly seredip ýylgyryp goýdy.

Bir mahal köşk sahybynyň patyşanyň gelýänini habar berýän ýiti sesi ýaňlandy:

-Jemagat! Afryglar nesilşalygynyň beýik wekili, Abu Abdullah ibn Mansur Horezmşa hezretleri meýlisler eýwanyna teşrif* eýleýär!

Meýlisler eýwanynyň töründäki belent nagyşbent iki ganatly gapy açylyp, salyhatly ädimläp, Horezmşa girip geldi. Hemmeler ýerlerinden turup, baş egip tagzym etdiler.

-Essalamu aleýkum, ýagşyzadar!-diýip, patyşa jemagata salam berdi.

-Penakärimiziň ömürleri uzak bolsun!-diýen sesler meýlisler eýwanyny ýaňlandyryp goýberdi. Patyşa öz ýerine geçip oturanyndan soň adamlar hem oturdylar. Adamlaryň ünsi, nazary horezmşadady. Biruny ony öňem bir näçe gezek görüpdi, iküç sapar huzurynda hem bolupdy. Ilkinji duşuşygy üç ýyl öň ony halypasy bilen bile köşge çagyrylanynda bolupdy. Sakgal-murty ýaňy çalaran, nurana ýüzli patyşanyň mylakatly seredýän gözlerine gözi düşende Birunynyň köşgüň bosagasyndan ätläninde başlanan tolgunmasy zym-zyýat boldy.

-Halypaňyz sizi ötgür zehinli, geljekde uly, diňe uly däl, beýik alym bolmagy mümkin diýip öwdi-diýip patyşa Biruna synçy nazaryny dikip, ýüzlendi.-Zehin diýilýän zat Allanyň ynaýaty[31], oglum. Ol her kim, her kime berilmeýär. Ony halkymyzyň bähbidi üçin, ýurdumyzyň ylmyny, ylmy bilen bile şan-şöhratyny ýokary götermek üçin peýdalanmak gerek. Şuny edip bilseňiz, adyňyz taryhda öçmez bolup galar.

Horezmşanyň bu sözleri şol wagt Biruna üýtgeşik täsir edipdi. Şonuň üçn bu sözler onuň hakydasynda möhürlenip galypdy. Käte ol bir ylmy meseläniň üstünde kelle döwüp oturanynda şu sözleri ýatlaýardy, ondan güýç alan ýaly bolýardy. Biruny patyşany soňky sapar bir aý çemesi öň bazarda nedimleri bilen bile nyrh-nowany seljerip ýöreninde gabat gelipdi. Patyşa onuň salamyny alyp, saglyk-amanlyk soraşdy, işlerine rowaçlyk diledi. Ol sakgal-murty öňküsine garanda has agaranyndanmy birazyrak garran ýaly görünýärdi. Emma ýiti nazarlary ýanyp duran gözleri entek göwresinde güýjüň, gujuryň egsilmändigini bildirýärdi. Afrig patyşalarynyň neslinden bolan kanuny şa bolsa-da bazarda, ýönekeý adamlaryň arasynda-da keşbinde men-menlik, ulumsylyk nyşany ýokdy. Şonuň üçin oňa meýlisler eýwanyny dolduryp oturan adamlaryň hatarynda Biruny hem mähir gözi bilen seredýärdi.

-Eziz ýagşyzadalar!-diýip Horezmşa oturanlara ýüzlendi.-Ülkämize Nowruzy älem geldi. Nowruzy indi halkymyz iki ýüz ýyldan bäri baýram edip gelýär. Yslamdan öň hem ata-babalarymyz baharyň başlanyşyny uly otlar ýakyp, olaryň daşynda aýdym-saz bilen baýram edipdirler. Emma biziň şu baýramymyzy şady-horramlyk bilen geçirmäge päsgel berjek bir bolgusyz «myş-myş» gepler ýaýrapdyr. Hamala Gürgenjiň emiri Al Mämün bize garşy ýörüş etmek üçin goşun toplaýarmyş. Biz Gürgençdäki wekilimiziň ýanyna adam iberip, soradanymyzda bu gepiň düýbinden ýalandygy mälim boldy. Al Mämün garluklaryň Gürgenje hüjüm etmek ähtimalynyň bardygyny nazara alyp,

[31] Ynaýat-peşgeş

goşunynyň sanyny birneme artdyrypdyr. Onsoňam Al Mämün bilen ezeli dostlugymyz bar. Ol bize hiç haçan ýamanlygy rowa görmez. Şonuň üçin meýlisimizi şady-horramlyk bilen geçireliň. Biz şähere-de adam iberip, baýramçylygy gowy geçirmekligi, hiç hili howpuň ýokdugyny aýtdyk. Hany sazandalar saza, göýendeler aýdyma başlasyn! Rakkasa gyzlaryň raks-hyramy hem ýatdan çykmasyn!

Horezmşa sözüni tamamlanyndan soň aýdym-sazlar ýaňlanyp, meýlis gyzyp başlady.

Biruny bilen halypasynyň ýanynda oturan bir moýsepit-muderris Ibn Yraga ýüzlenip diýdi:

-Möwlana, patyşamyz juda ak göwün, ynanjaň. Özüniň aýdyşy ýaly Al Mämüniň bize dostlugy çynmyka? Ol araplaryň dikmesi, ahyryn. Araplaryň bolsa iki Horezmini birleşdirip, bir uly döwleti halyfatyň gol astynda saklamak meýilleri ýokmuka? Siz meýlisden soň galyp, daýyňyz bilen gürleşiň. Herhalda ätiýajy elden bermezlik gerek. Gapyl galyp üstümizi basdyraýmagymyz mümkin.

Ibn Yragyň özi hem şeýle pikire gelipdi. Şonuň üçin ol müdderisiň gepini makullap, başyny atdy.

***

Abu Abdullahyň aýdyşy ýaly Gürgenjiň emiriniň Käte ýörüş etmek niýeti ýokdy. Emma hökümdarlaryň niýetiniň, pikiriniň üýtgemegine sebäp gyt däl.

Emir Al Mämunyň niýetiniň üýtgemegine Bagdatdan gelen halyfatyň wekiliniň küşgürmegi sebäp bolan bolsa, Gürgenje gelýän buharaly belli serkerde Simjuryny kätlileriň ýolda tutup, tussag etmegi Käte ýörüş etmek üçin bahana boldy.

Uly hormat bilen kabul edilen wekil halyfa Kadyryň tabşyrygyny ýerine ýetirmek üçin amatly pursata garaşýardy. Özüniň hormatyna guralan meýlisde şeýle pursat hem geldi. Meýden keýpi göterilen emir Al Mämün wekile hoşamat edip başlady:

-Hormatly jenap, siziň Gürgenje gelmegiňiz, halyfa hezretleriniň sowgat-salamlaryny getirmegiňiz biziň üçin juda şatlykly waka boldy. Siz gelmezden öň bir waka sebäpli dörän gahar-gazabym hem köşeşdi.

-Emir hezretleriniň gazabyny gozgan nämekä?-diýip, wekil emire synçy nazaryny dikdi.

-Biziň gazabymyzy gozgan näme däl, kim diýseňiz-le. Ol kim Horezmşa Abu Abdullah. Ol musulmançylyga sygmaýan iş etdi. Buhara emiriniň gazabyna uçran serkerde Simjury bizi penäkär saýyp, Gürgenje gelýärkä ony Hazarasyp galasynyň golaýynda tutup, tussag etdiripdir-

diýip, serhoşlygy aşan emir sesini gataldyp başlady.-Ol kimmiş? Horezmşamyş! Biziň soraýan ülkämiz hem Horezm dälmi! Şeýle bolsa ol biziň hem şamyzmy?!

Emiriň gyzyşyp aýdan bu sözleri wekile esasy maksada geçmäge maý berdi:

-Aly hezret, hakykatyna seredende bir Horezm, bir Horezmşa bolmaly. Bu diňe meniň pikirim däl, halyfa hezretleriniň hem pikiri. Şonuň üçin Jeýhunyň iki tarapy birleşdirilse uly taryhy waka bolar. Birleşen bir uly Horezmin döwletiniň ýene-de gülläp ösmegi üçin has amatly şertler dörär. Muny Horezmşa Abdullahyň özü-de islemän duran däldir.

-Nämäni islemän duran däldir? Näme diýmekçi bolýaňyz?

-Külli Horezminiň şasy bolmagy.

-Siz külli Horezmine onuň şa bolmagyny isleýäňizmi?

-Bu zat meniň ilegime bagly däl. Iki Horezmini birleşdirmegi kim başarsa şol hem onuň şasy, hakyky Horezmşa bolar.

Bu sözlere emir Al Mämüniň içinde tupan turan ýaly boldy. Ol öňündäki boş käsäni uzadyp “meý!” diýip gygyrdy. Saky ylgap gelip, käsäni meýdan doldurdy. Emir käsäni başyna çekip, aşakda goýdy-da wekile sowuk nazar bilen garap, garyljak ses bilen:

-Bu işi men başararyn! Ýogsa-da Simjury üçin onuň bilen hasaplaşmaly men!

-Diňe Simjury üçin gylyç ýalaňaçlamagyň geregi ýok. Watan üçin, Horezminiň geljegi üçin etmeli bu işi, eger başarsaňyz-diýip, wekil soňky sözi onuň degnasyna degip, has küşgürmek üçin aýtdy.

-Başararyn! Men başarmasam kim başarar?!-diýip, serhoş emir kükredi. Gürgenje sapardan göz öňüne tutulan maksadyň amala aşjagyna içinden begenen wekil:

-Menem size halyfa hezretlerinden ak pata alyp, petiwa[32] göndererin-diýdi. Meýlisde ajaýyp saz bilen näzenin gyzlaryň raksyna maýyl bolup oturan serhoş adamlar törde aýratyn oturan emir bilen wekiliň gürrüňine ünsem berenokdylar. Üns berjekleri bolanda-da ara açyk bolany üçin gürrüňiň näme hakdadygyny aňşyrmaklary mümkin däldi. Şonuň üçin emir bilen halyfatyň wekiliniň arasynda bolan bu gürrüň meýlisler eýwanyndan daşary çykmady.

Gürgençdäki bu meýlis Kätdäki meýlisden bäş aý öň bolupdy.

***

---

[32] Petiwa-rugsatnama

Kätdäki meýlis dowam edýärdi. Horezmşa Abu Abdullah ud bilen gyjakda çalynýan bir gadymy mukamyň täsirinden kellesini iki ýana çalaja çaýkap hezil edip otyrdy. Bir mahal daşardan howlugyp giren bir serkerdäniň patyşanyň ýanyna baryp, oňa bir zatlar diýmegi hemmäniň ünsüni çekdi. Horezmşa birden ýerinden turdy. Onuň yşaraty bilen saz kesildi. Patyşa ýerinden turanyndan soň bir üýtgeşik waka ýüze çykanyny aňan jemagat aýaga galdy. Hemmäniň ünsi özüni ýitiren ýaly bolup duran patyşadady.

-Jemagat! Men ýalňyşypdyryn-diýdi özüni dürsän şa batly ses bilen-emir Mämün bize hyýanat edip, üstümize goşun çekip gelýärmişin. Häziriň özünde bar güýjümizi toplap duşmanyň öňünden çykmagymyz gerek. Serkerdeler! Ygtyýaryňyzdaky esgerleri jeňe taýýarlaň! Meýlis tamam! Bir salymda meýlisler eýwany boşap, agyr oýa çümüp duran Horezmşa, ýegeni Ibn Yrak, Biruny we birnäçe döwlet işgärleri galdylar. Olar hem patyşadan dürli tabşyryklar alyp, çykyp gidenlerinden soň Ibn Yrak daýysyna ýüzlendi:

-Aly hezret, biziň güýjümiz Mämüniň güýji bilen deň gelmez, şonuň üçin siz özüňizi ätiýaç ediň.

-Diýýäniňiz näme! Men gaçyp gizlenmelimi?! Ýok! Goşuny özüm söweşe alyp girerin. Ätiýaç meselesine gelsek siz özüňizi, geljekde adamzada peýdasy degjek uly açyşlar edip biljek ynha bu şägirdiňizi ätiýaç ediň. Egerde biz ýeňiläýsek, bize derek adamlary-da aman goýmazlar. Şonuň üçin ätiýajy elden bermäň. Indi baryň size-de rugsat-diýip, patyşa ýegenine başga geplemäge maý bermän hoşlaşdy.

Ibn Yrak bilen Biruny köşkden çykanlarynda gijäniň ýaryna golaýlanyna garamazdan köçeler şum habary eşiden adamlardan doludy, wagyr-gowur asmana galýardy. Olar adamlaryň arasyndan geçip öýlerine ýetip gelende günde bäş wagt azan sesi ýaňlanýan minaradan muazziniň adamlary duşman bilen göreşe çagyrýan sesi azan sesinden hem batly ýaňlanyp başlady: «Watandaşlar! Eziz diýarymyzy basyp almaga goşun çekip gelýän duşmanyň garşysyna göreşe atlanyň! Şäherimiziň edermen gerçek ýigitleri eliňize ýarag alyň! Ýaragy ýok adamlar eliňize pil, palta, ýabak alyp duşmanyň garşysyna çykyň! Jana-jan şäherimizi duşmana basdyrmalyň!» Muazzin çagyryşyny yzly-yzyna gaýtalaýardy.

-Ustaz, öýde nähili ýarag bar-diýip, Biruny muazziniň sesine gulak asyp duran halypasyna ýüzlendi. Ibn Yrak hiç zat diýmän gapyny kakdy. Gapy açylyp içeri girenlerinden soň:

-Bizde ýarag näme işlesin. Biziň ýaragymyz galam dälmi?-diýip Ibn Yrak gaharlyrak dillendi. Biruny halypasynyň näme üçin gatyrganyp jogap berenine düşünmedimi nämemi oňa beter gaharyny getiren söz aýtdy:

-Onda men odun ýarýan paltamyzy alyp çykaryn.

-Sen o palta bilen odunam idilli owradyp bileňok, onsoň şonuň bilen duşmanyň öňünden çykjakmy?! Seniň eliňde palta däl-de kesgir gylyç bolanda-da jeň meýdanynda bitirjek işiň ýok. Sen ömrüňde eliňe ýarag tutup görmedik bolsaň, söweş tälimini bilmeseň, sendenem bir söweşiji bolarmy?! Garşyňdan çykan birinji duşman esgeri kelläňi pyzlawuk kädi ýaly togalap goýberer. Ol kelle eýesiniň egninde dursa geljekki nesillere ölmez-ýitmez ylmy eserler, açyşlar goýup gitmegi, mümkin dälmi?! Şonuň üçin sen ol kelläni duşmanyň gylyjyna bermän saklamalysyň.

Ibn Yrak uludan dem alyp, sözüni dowam etdirdi:

-Dogrusyny aýdanda, biziň bu uruşda duşmandan üstün çykmajagymyz görnüp dur. Al Mämun eýle- beýle güýç bilen bäri ýörüş etmez. Biziň näme, onuň goşunyna deň geljek goşunymyz barmy! Onsoňam ol minaradan gygyryp duran muazzine kim buýruk berdi-kä? Bu ilaty gyrgyna bermeg-a! At-ýaragly, eli galkan gylyçly jeňçiler öňünden çykan eli pil, paltaly adamlary bir çetden gyrar. Senem şolaryň biri bolmazyňdan öň, häziriň özünde ýol şaýyňy tut-da bu ýerden garaňy saýla. Indi sen bu ýerde ylym bilen meşgullanyp bilmersiň. Basybalyjylar gör nähili işler eder. Emir al Mämun diýen adam ylymperwer adam däl bolsa gerek.

Birunyny halypasynyň sözleri çuňňur oýa batyrdy. Bu sözleri ol akyl terezisine goýup gördi. Halypasynyň hakdygyna ten berdi. Onsuzam özüniň ylyma bolan biçak uly yhlasy hem söweş pikirinden gaýtardy. Eger söweş meýdanyna girse ölümiň gutulgysyzdygyna göz ýetirdi. Biraz dymyşlykdan soň halypasyna ýüzlendi:

-Ustaz, özüňiz näme etmekçi!? Siziň Horezmşanyň garyndaşy ekeniňizi bilseler aman goýmazlar.

-Bilýän, menem bir alajyny ederin. Sen öz başyňy gutarjak bol. Meniň şägirdimdigiňi bilseler seni-de sylap oturmazlar-diýip, Ibn Yrak hoşlaşykdan öň şägirdine ýüreginden syzdyryp, soňky nesihatyny etdi, ak ýol diläp, pata berdi. Halypasynyň öňki öwüt-ündewlerine garanda bu saparkysy has täsir etdi, onuň bokurdagy dolup, gözlerine ýaş aýlandy. Adamyň ömründäki agyr pursatlaryň biri-de aýralygyň öň ýanyndaky

pursat bolsa gerek, halypa şägirt biri-birine delmirip bir salym duranlaryndan soň gujaklaşyp hoşlaşdylar.

Biruny şol güni daňdana golaý ýola çykan Ispyhanly söwdagäriň kerwenine goşulyp, ata Watanyny terk etdi.

***

Uzak ýoluň dowamynda Birunynyň kellesine dürli oýlar, hyýallar gelip geçýärdi. Halypasy Ibn Yragyň bolsa hoşlaşyk wagtynda: «Aburaýhan, sen ylym üçin ýaradylan ynsansyň. Allatagala saňa egsilmez zehin beripdir. Nirede bolsaňam ünsüňi ylymdan başga zada sowma. Ine, şonda sen örän uly açyşlar edersiň, ölmez ýitmez eserler döredersiň, Adyň dünýäde ebedi galar» diýen sözleri gulagynda ýaňlandy durdy.

Ol halypasynyň aýdan ylmy eserlerini eger şu uruş bolmadyk bolsa özüniň mähriban şäherinde döretmekçidi, ylmy açyşlar etmekçidi. Ol şu 22 ýaşynyň içinde-de ençeme işler edipdi. Olardan iň yhlas bilen ýapyşan işi ýer togalagynyň gujak ýetmez şeklidi. Ol onuň ýarsyny ýasapdy. Hemmesinden hem şu başlan işiniň bitmän çala galanyna gynanýardy, uruşy näletleýärdi: «Eý Allahym, bu gan döküşüklik, gyrgynçylyklar adamzadyň adyna gelişýärmi?! Seniň ýaradan mahluklaryňyň içinde adamdan wagşysy, adamdan ganhory barmy? Ýok. Iň wagşy haýwanlar hem adamlar ýaly topar topara bölünip, biri-birini gyrmaýarlar, ahryn! Sen adama akyl berdiň, paýhas berdiň, şunuň bilen bile gahar, gazap diýilýän zady hem berdiň. Şu soňkysyny bermäniňde älem gülüstan bolardy. Häzir meniň göz öňüme gelýän gyrgynçylyk hem bolmazdy.»

Kätdäki gyrgynçylyk Birunynyň göz öňüne getirişinden hem aýylganç boldy. Mämüniň goşuny öňünden garşysyna cykan az sanly goşuny derbi-dagyn edip, şähere basdyryp girýär. Mähriban şäherini goramaga milt eden eli paltaly, pilli, ýabakly adamlary bir çetden gyrýarlar. Söweşde Horezmşa Abu Abdullah hem şehit bolýar. Şunuň bilen näçe asyrlardan bäri Horezminde höküm sürüp gelen Afrigler nesilşalygy tamam bolýar.

Uly gyrgynçylygyň hasabyna iki Horezmini birleşdiren Gürgenjiň emiri özüni Horezmşa diýip yglan edýär.

***

995-nji (hijri 385) ýylyň baharynda taryha giren bu waka zerarly weýran bolan Kätde ýas, ýeňiş gazanan Gürgençde toý tutulýardy. Toýa Bagdatdan Halyfanyň gutlagnamasy bilen gymmat bahaly sowgatlaryny

alyp, ýörite wekiliň gelmegi indi Horezmşa adyny alan Al Mämüniň ruhyny belentlere göterdi.

Ol indi Halyfa tarapyndan hem ykrar edilen birleşen Horezmin döwletiniň ýeke-täk hökümdary hökmünde özüni asmanda saýýardy, özüne ynamy güýçlüdi. Şu ynam bilen ýurdy abadanlaşdyrmak boýunça ençeme ýagşy işleri hem etdi. Emma üstünlikden azyp, zalymlygyny hetden aşyryp goýberenligi üçin taryhy çeşmeleriň habar bermegine görä esgerleri tarapyndan tikeläp öldürilýär. Belki bu Kätde eden gyrgynçylygynyň Hudaý tarapyn gaýtargysydyr."Al-Kasasul min äl-hak!"[33] Ouň ýerine derhal uly ogly Aly ibn Mämüni tagta çykarýarlar.

Aly ibn Mämün tebigaty ýumşak, keselbendiräk adamdy. Ol özüni bejertmek üçinmi ýa-da ylymperwerlikdenmi Buharadan baş alyp çykan Aby Aly ibn Sinany Gürgenje çagyrýar. Ibn Sina Gürgenje gelip, Horezmşa Alynyň howandarlygynda amaly we ylmy işlerini dowam etdirýär. Emma her näçe jan etse-de Alyny ajalyň penjesinden alyp galyp bilmeýär. Ajala beýikleriň hem etjek alajy ýok eken.

Pederinden soň uzak höküm sürmek miýesser etmedik Alydan soňra onuň on dokuz ýaşly inisi Abul Abbas bilen ogly Abul Harysyň arasynda tagt üçin teýden göreş başlanýar. Has anygy, göreş şazadalaryň tarapdarlarynyň arasynda gidýär. Bu göreşde öňden baş wezir wezipesinde işläp gelýän Suhaýly atly parasatly, dana adamyň ýolbaşçylygyndaky topar üstün çykyp, tagta Abul Abbasy oturdýarlar. 1009-njy ýylda tagta çykan Mämün II ady bilen taryha giren 19 ýaşly Horezmşa baş wezir Suhaýlynyň kömegi bilen ýurtda tertip, düzgün, adalat ornadýar. Ylyma, edebiýata, sungata giň ýol açylýar. "Beýtül hikme"- Ylymlar öýi döredilip, oňa öz döwrüniň görnükli alymlary-Abu Aly ibn Sina, Abu Sahl Masyhy, Abul Haýyr Hammar, Abu Nasr Yrak, Al Hojandi, Abu Mansur Salaby, Ibn Miskawaýh dagylar bilen bir hatarda ýaş alymlar hem işe çekilýär. Bu alymlaryň arasynda gaýry dinli, gaýry ýurtlylar hem bardy. Emma Horezminde dogulyp, önüp-ösen, şu ýeriň özünde alymlyk derejesine ýeten beýik Biruny ýokdy.

***

Birunynyň bolsa Kätdäki uruş zerarly ýurtdan başyny alyp çykyp gideli bäri on bäş ýyla golaýlap barýardy. Onuň dürli şäherlerde bolup, soňunda Gürgeniň hökümdary Keý Kowusyň köşgünde mekan tutany barada Gürgenje habar düşüpdi. Weziri agzam Suhaýly ony Gürgenje aldyryp, "Beýtil hikmä" ýolbaşçy edip goýmaklygyň ugryna çykypdy. Biruny hem Gürgençde «Beýtil hikme» atly ylmy merkeziň

[33] Ar Hakdan gaýdar

döredilenligini, onda ustazy Abu Nasyr ibn Yragyň, dosty Masyhynyň biri birine namalar gönderip gaýybana dostlaşan Ibn Synanyň we beýleki özüne tanyş alymlaryň iş alyp barýandyklaryny eşidip, bihet begenipdi, özü-de şol alymlaryň hatarynda, ata Watanynda bolmagy isleýärdi. Emma ýaşamaga, işlemäge şahana şertler döredip beren Keý Kabusyň şeýle goýbermejegine gözi ýeteni üçin bu islegi arzuwa öwrülipdi we şu arzuw bilen hem ýaşaýardy. Adamyň arzuwynyň wysal bolmagy beýik bagtdyr. Şeýle bagta ýetmek Birunynyň hem ykbalynda bar eken. Ine, bir gün Gürgençden gelen çapar iki nama getirýär. Olaryň birini Biruna, beýlekisini Keý Kowusa gowşurýar. Horezmşa Abul Abbas Al Mämüniň adyndan Suhaýlynyň eli bilen ýazylan bu namalar Birunyny näçeler begendiren bolsa, Keý Kowusy şonçalar gynandyrdy. Biruna ýazylan namada ata Watana gaýdyp gelip, «Beýtil hikmä» ýolbaşçylyk etmek teklip edilýärdi. Keý Kowusa gowşurylan namada bolsa Birunyny ýoldaky howp-hatardan gorap, Gürgenje ýetirmek haýyş edilýärdi. Nama haýyş äheňinde ýazylan bolsa-da özüňden güýçlüniň haýyşyny bitirmezlik gowulyga eltmejegine gözi ýeten Keý Kowus gaty öwrenişen, dana söhbetdeşinden jyda boljagyna näçe ýüregi gyýylsa-da, Biruny bilen hoşlaşmaly boldy. Hoşlaşyk çagynda Keý Kowusdan başga-da biriniň bu aýralyga ýüreginiň gyýylýany gözlerinden görnüp durdy. Hiç haçan ejizlemedik bu merdemsi ýürek eýesiniň özüne delmirip bakan gözlerini Biruny hiç haçan unutmasa gerek. Ilki duşanynda bu gözleriň mylakatly bakyşyny, soňlar mylakatyň ýerini näz bilen mähiriň eýelänini we aralarynda dörän ilki düşnüksiz, soň düşnükli duýgularyň ýüreginde goýan dagyny ol içinde bir ömür saklap bilmez, ahyr bir ýakyn adamyna gürrüň berer. Şonda bizem ondan habarly bolarys.

Mähirli hem gynançly hoşlaşykdan soňra Gürgene hat getiren çaparyň düzümindäki üç kişi, Keý Kowusyň hem beren bäş nökeri, Birunynyň özi bilen dokuz atly bolup, Horezme tarap ýola düşdüler. Entek Horezmiň gazaply sowugy başlanmadyk bolsa-da, güýz günleri bolany üçin howa çigreklidi.

Çölleri, sähralary söküp, käýarym ýolda duşan rabatlarda düşläp, ýigrimi gün diýende Gürgenje ýetip geldiler. Olar Gürgenjiň Hazarasp derwezesinden girenlerinde gün ýaşyp, garaňky gatlyşyp ugrapdy. Gürgenjiň köçelerinde panus çyralar ýakylypdy. Birunynyň geler wagtyny çemeläp, derwezebanyň ýanynda ony garşy almak üçin adam goýlan eken. Ol adam Birunyny özi üçin taýýarlap goýlan jaýa alyp bardy. Ol:

-Şu jaýy weziri agzam Suhaýly jenaplary Siziň üçin patşalygyň hasabyna satyn alyp goýdy. Munda ýaşamak üçin ähli şertler bar. Bir kemi-bir melike-diýip degişdi. Biruny onuň soňky sözüne çalarak ýylgyryp, eden hyzmatyna minnetdarlyk bildirdi. Soňra onuň bilen hoşlaşdy. Biruny öýüň içini aýlanyp görüp, işlemek, ýaşamak üçin özüni getiren adamyň aýdyşy ýaly diňe ähli şertleriň bardygyna däl-de, ata Watanyň howasyndan dem alýandygy üçin Hudaýa şükürler etdi.

Ertesi irden Biruny azan namazyny okap bolup, çaýa oturanynda bir adam girip, ony görmäge Horezmşanyň gelenini aýtdy Biruny daş çykyp, atda oturan patyşa salam berip, tagzym edip ýetişmänkä Horezmşa atdan düşüp, onuň bilen iki elläp görüşdi. Biruny:

-Aly hezret, huzuryňyza özüm barardym, ahryn-diýeninde:

-Ylym iň ýokary hökümdardyr. Hemme kişiler oňa egilmeli, ol olara däl-diýip, Horezmşa ýylgyrdy.Ýaş bolsa-da dana sözli Horezmşa Abul Abbasa göwni ýeten Biruny:

- Horezmşa hezretleri ylymy hakyky hökümdardan hem ýokardaky hökümdar saýýan bolsa, Horezmin diýarynyñ ylymda şan-şöhraty äleme dolar - diýdi

- Munyñ üçin möwlana Aburaýhan al Bıruniniñ dahasyndan[34] dörejek şah eserler bilen onuñ rahnamalyk etjek "Beýtil hikme" alymlarynyñ gujur-gaýraty derkar.

Horezşanyñ bu sözüne Biruni "biz hyzmata taýýar" diýen manyda bir elini gursagyna goýup, boşyny egdi.

- Teşekkür, möwlana! Biz size köşkde garaşýas. - diýip, Horezmşa hoşlaşdy. Şeýlelikde ol 1010-njy ýylyñ güýzünde «Beýtil hikmede» işe başlaýar. Şol bir wagtyň özünde Horezmşa ony özüne geňeşçi tutunýar.

## XIII BAP

Muhammet ibn Salam atdaşy bilen mesawy gürrüňe berilip, wagt öýle bolanyny hem duýman otyrdy. Birden daşardan eşidilen seslere böküp turdular. «Geldiler» diýdi Muhammet Tarhan. Ibn Salam her näçe sowukganly adam bolsa-da, ykbalyny çözjek bu möhüm duşuşyk ýüregini biraz bökdürdi. Ol atdaşyndan öňürtiläp daşary çykdy. Alymlar "Beýtil hikmä" özlerini getiren paýtun arabalardan düşüp, jaýa tarap ýöräp ugradylar Öňde gelýän gytyk gara sakgally, gara gözlerinde gujur-gaýrat ody ýanyp duran, orta boýly, garaýagyzyrak adama gözi düşen Ibn Salam «Megerem Biruny şu adam bolsa gerek» diýip çaklady. Onuň çakyny atdaşy tassyklady. Ibn Salam:

[34] Daha-geniý

-Essalawmaleýkim, essalawmaleýkim-diýip, alymlar bilen ýekän-ýekän iki elläp görüşdi. Soñra elini gursagyna goýup, edep saklap duran ýigidiň kimdigini Muhammet Tarhan aýdýança alymlar oňa gyzyklanyp seredip durdular.

-Ä-hä, Bagdady, diýsene-diýip Biruny degişme äheňinde oňa ýüzlendi.-Watana gaýdyp, gowy edipsiňiz. Indi biziň bilen bolsaňyz, Bagdadyň «Dar al ylym» dergähi bilen biziň "Beýtil hikmemizi" deňeşdirip görersiňiz.

-Möwlana, meniñ "Dar al ylym" dergahy bilen içgin tanyşlygym ýok. Medreseden soñ meniñ ol ýere geçip işlemek mümkinçiligim bardy, emma men öz Watanymdaky ylym dergahynda işlemekligi arzuw edip geldim. Siziň «Biziň bilen bolsaňyz» diýen sözüňiz meniň depämi göge ýetirdi. Meniň düýp maksadym hem siziň bilen bolmak, sizi halypa tutunmak, sizden ylym syrlaryny öwrenmekdir-diýip Ibn Salam elini gursagyna goýup, başyny egdi. Biruny «Nähili görýäňiz bu ýigdi» diýen manyda töwereginde duran alymlara göz aýlady-da:

-Belki, bizem sizden öwreneris. Siz Bagdatda on ýyl okap, bizdenem köpräk tälim alansyňyz-diýdi.

-Möwlana, meni beýle sözler bilen utandyrmaň.

-Men sizi utandyrmak üçin aýtmadym. Biz siziň ylmyňyzyň nä derejededigini bilmänimiz üçin «belki» diýen sözi goşup, pikirimi aýtdym-diýip, Biruny ýylgyrdy. Ibn Salam dünýä belli bu beýik alymyň özüni oýnaýandygyny ýa-da synaýandygyny bilmän bir hili boldy. Ol içinden "Beýikler beýikligine buýsanyp özünden pesiräkleri oýnamagy gowy görýärlermikä? Beýikleriň häsiýetinde-de şeýle nogsanlyk bolýamyka?" diýip, dymdy duruberdi.

-Muhterem Ibn Salam, Siz nädogry pikire gitdiňiz-diýip, Biruny onuň kellesindäki pikirini okan ýaly gepledi.-Meniň siziň göwnüňize degmek niýetim ýok. Ýöne men sizi mukaddes ylym dergähine girizmezden öň bir kiçiräk imtiha[35] etdim. Men «Belki sizden öwreneris» diýenimde, «Elbetde, bizem bilenimizi öwrederis» diýermikäňiz öýütdim. Ýok, siz «Meni beýle sözler bilen utandyrmaň» diýdiňiz. Men «Utandyrmak üçin aýtmadym. Biz siziň ylmyňyzyň nä derejededigini bilmänimiz üçin aýtdym» diýenimde «Hä, bilimim ýokary derejede» diýermikäňiz hem öýdüpdim. Ýok, siz beýle-de diýmediňiz, dymdyňyz. Biziň bu synag siziň salyhatly,«Bilenimden bilmedigim köp» diýen

[35] Imtihan-synag

alymlardandygyňyzy görkezdi. "Beýtil hikmä" girmek üçin bu kiçijik synagdan geçdiňiz. Hany, indi içerä merhemet!

Şunuň bilen "Beýtil hikmeniñ" girelgesiniň öňündäki gürrüň tamamlandy. Içeri girildi. Biruny uly eýwanyň töründe goýlan uzyn dästhat tagtanyň aňyrsyna geçip oturdy. Beýleki alymlar bärsinde tutuş düşelen halylaryň üstünde ýerleşdiler. Alymlar hataryndan ýer alan Muhammet ibn Salam olaryň nämedir bir meseläni ara alyp maslahatlaşmakçy bolýandyklaryny aňdy.

Köşkde ylmy söhbetdeşlikden soň medreselerde dini taglymat bilen bir hatarda dünýewi ylymlar boýunça berilýän sapaklary, hassahanalarda bejeriş usullaryny has kämilleşdirmekde müderrislere we hekimlere "Beýtil hikmeniñ" ýardamy barada hem mesele gozgalypdy. Alymlar şu iki mesele boýunça özara pikir alyşmaklygy niýet edip gaýdypdylar. Biruny iki ýan tarapda hatar oturan kärdeşlerine göz aýlap nazary halypasy Ibn Yrakda eglendi.

-Ustaz, siz bu ýana, meniň ýanyma geçiň. Ilkinji sözi sizden eşideli. Siziň pikiriňiz niçik?

-Teklibiňiz üçin sag boluň! Dergahymyzyň rähnamasy siz, men däl. Şonuň üçin ilkinji söz hem siziňki. Menem pikirimi oturan ýerimde-de aýdaryn. Onsoňam gartaşan adamyň turup-oturyp ýörmegi aňsat däl-diýdi Ibn Yrak. Halypasynyň bu jogaby oňa «Sen meni ýanyňda oturtjak bolsaň, näme üçin özüň bilen bile eltip oturtmadyň, ýeke özüň ulumsylyk edip geçip oturdyň» diýen ýaly eşidildi.

Biruny gyzmarak, gaharjaňrak adamdy, emma ulumsylyk häsiýeti ýokdy. Ol şu sapar ulumsylyk däl-de, geleňsizlik edenini duýup, halypasyna ýüzlendi.

-Ustaz, bagyşlaň! Siz şu oturan ýeriňizde gürlejek bolsaňyz, menem siziň ýanyňyzda oturyp gürläýeýin-diýdi-de ýerinden turup alymlaryň hataryna geçdi.

Alymlar Birunynyň bu hereketini ýylgyryşyp, baş atyp makulladylar. Indi resmi maslahat döwre söhbetine öwrüldi. Birunydan soň Ibn Yrak we beýleki alymlar maslahatlaşylýan mesele boýunça öz pikirlerini aýtdylar. Soňunda Biruny Ibn Salama ýüzlenip:

-Jenap Ibn Salam, siz Bagdat medresesinde okadyş usullaryny görüp, bilip geldiňiz. Eger-de olaryň okadyş usullary biziň medresämizdäkiden kämilräk bolsa, ony müderrisler bilen maslahatlaşyp, okuwda ulanmaklaryna kömek edersiňiz-diýdi. Ibn Salam ilkinji iş gününde özüne şeýle ynam bildirilenine monça boldy.

-Baş üstüne, möwlana. Elimden geldigiçe ederin. Eger rugsat etseňiz, hassahanalaryň işinde-de kömegimiň degmegi mümkin-diýen Ibn Salam Birunynyň bir hili ýylgyranyny görüp, içinden “öwünjeňlik etdim öýüdýän” diýip gyzardy.

-Siziň lukmançylykdan hem başyňyz çykýarmy?-diýip Birunynyň beren soragyna ters düşünip beter gysyndy.

-Ýok, möwlana. Men lukmançylykdan başym çykýar diýen manyda aýdamok. Ýöne Bagdadyň hassahanalarynyň işi bilen tanyşlygym üçin aýtdym. Men birki sapar nähoşlanymda Bagdadyñ «Adut at Dawla» diýip atlandyrylýan hassahanasyna düşdüm. Şonda ol ýerdäki hassalary bejeriş usullaryny öz gözüm bilen gördüm.

-Onuñ ýaly bolsa, bu işi-de size tabşyraýaly. Ibn Syna hem erte-birgün eli boşasa geler. Ol patyşanyň bir ýakyn garyndaşyny bejerip ýör-diýip, Biruny Ibn Salama hoşamaý garap goýdy.

Döwre söhbetinden soň alymlar özleriniň iş otaglaryna girip gitdiler. Ibn Salamy Biruny öz otagyna alyp girdi. Gapydan giren badyna Ibn Salamyň ünsüni otagyň bir burçynda duran gulaç ýetmez uly togalak zat özüne çekdi. Ol piliň sapyndan ýogynyrak taýaga oturdylan bolup, taýagyň aşagy atanak astynlyga kakylandy. Şu boluşynda belentligi adamyň boýy bilen deňdi. Onuň köp ýeri mawy reňke boýlandy. Ibn Salam ozal munuň ýaly zady görmedik bolsa-da, onuň ýer togalagynyň şeklidigini aňdy. Biruny onuň şekile dykgatly seredip durany üçin.

-Bildiňizmi munuň nämedigini?-diýdi. Ibn Salam ýylgyryp:

-Meniňem esasy ugurlarymyñ biri fåläkiýet bolany üçin ýerimiziň şunuň ýaly togalakdygyny bilýän, möwlana-diýdi.

-Sowalyma jogap bermeziňizden öñ ýylgyranyňyzdan bilýändigiňizi duýupdym-diýip, Biruny hem ýylgyrdy.

Adamlar biri-birine ýylgyryşyp seredişse, ýylgyryşyp sözleşse arada mähir muhabbetiň döremegine ýol açylýar. Biruny bilen Muhammet Ibn Salam ýaňy tanyşanam bolsalar-da, biri-birine mähir gözi bilen seredýärdiler. Bu ýöne ýere däldi. Mähir diýilýän duýgy-da birden döremeýär. Adamyň duýgylar dünýäsi juda çylşyrymly. Näme üçindir käbir adamy birinji göreniňde sulhuň almaýar. Käbiri bolsa göreniňden gözüňe yssy basylýar. Biruny hem "Beýtil hikmeniñ" öňünde elini gursagyna goýup duran özüniňki ýaly gara gytyk sakgaly ýigide nazary düşenden içki bir duýgy bilen ony halady, gözüne şeýle yssy göründi. Şol ýerdäki tanyşlykdan soň edilen söhbetdeşlik çagynda ony kiçijik synagdan geçiren Biruny içki duýgysynyň ýalňyşmandygyna ynanyp, ony özüniň iş otagyna alyp giripdi. Biruny depderdir kagyzlar

duran ýazuw tagtasynyň aňyrsyna geçip oturdy, Ibn Salama-da oturmaga ýer görkezdi. - İnim Muhammet, - diýip, adyny aýdyp ýüzlenmek bjlen Biruny ony özüne has ýakyn tutýandygyny bildirdi - Men şunuň ýaly ýer togalagynyň şeklini Kätde ýaşaýan döwrümde-de ýasamaga synanyşypdym-diýip, Biruny dogulyp ösen şäherini, ol ýerde geçen ýaşlyk ýyllaryny küýsäni üçinmi geçmişinden söz açdy - Ol şekil muňa garanda-da ulurakdy. Emma uruş başlanyp, men ýurtdan baş alyp çykyp gitmeli boldum. Şol sebäpli-de ol iş çala galyp gitdi. Gaýry ýurtlarda ýaşanymda muny ýasamaga mümkinçiligim bolsa-da islegim bolmady. Gürgenje gelenime-de bäş ýyla golaýlap barýar. Horezmşa Abul Abbas hezretleriniñ sözüni syndyryp bilmän onuñ döwlet geñeşçisi bolanym üçin düýpli ylmy iş edip bilmedim. Bary-ýogy dört-bäş rysala ýazdym. Ýöne "Beýtil hikmeniñ" ýolbaşçysy hökmünde alymlaryñ işlerine mümkinçiligime görä ýardam edýärin. Bu ýerde hàzire çenli ençeme işler amala aşyryldy. Häzir bolsa, Ibn Sina, Abul Hasan Hammar tarapyndan ýokançly keselleriñ garşysyna üstünlikli iş alyp barylýar. Abu Nasyr Arrak, Ibn Miske Weýh ýerastyndaky hadysalary we gymmat bahaly daşlaryñ emele gelişini, meniñ ustazym Abu Nasyr ibn Yrak, Al Hojandy asman jisimleriniñ hereketlerini hem-de şemalyñ güýjini, tupanlaryñ emele gelişini öwrenýärler. Abu Mansur Saälibi gadym dünýä taryhymyzy öwrenip, kitap ýazyp otyr. Umuman özüñiz alymlarymyz bilen mulakatda[36] bolup, olaryñ işleri bilen tanyşsañyz, gözleg usullaryny öwrenseñiz özüñiziñ geljekde etjek ylmy işleriñizde peýdasy deger.

- Maslahatyñyz üçin sag boluñ, ustaz. Men alymlarymyzdan hem öwrenmeli zat bolsa öwrenerin. Siziñ "Al äsar al bakyýä" eseriñizden hem men köp zat öwrendim. Ol kitabyñyzyñ bir nusgasy Bagdatda biziñ medresä düşen ekeni, ol elden ele geçip okaldy. Men birinjileriñ hatarynda okap çykdym.

- Men ol eseri Gurgende Keý Kawus hezretleriniñ ylmy iş etmegim üçin döredip beren şertlerinden peýdalanyp ýazdym.

- Eşitmişimize görä, Keý Kawus hem size baş wezirlik wezipesini tekllip eden ekeni, siz onuñ teklibini ret edipsiñiz. Eger Horezmşanyñ hem teklibini ret edip, diñe ylmy iş bilen meşgullananyñyzda "Al àsar äl bakyýa" kimin bir näçe eserler döredердiñiz.

- Dogry aýdýañyz. Horezmşanyñ teklibini ret rdip bilmedigimiñ sebäbi: Horezm meniñ watanym. Watanymyñ räwnaky[37] üçin ýaş

[36] Mulakat- söhbetdeşlik

[37] Räwnak-ösüş, rowaçlanyş

patyşaga elimden gelen kömegimi bermekligi özümiñ borjym hasapladym. Patyşamyz ylyma, tebigata, dünýäniñ gurluşyna juda gyzyklanýar. Onyñ haýyşy boýunça Kätde edip bilmedik işimi edip, görşüñiz ýaly, ýer togalagynyñ şeklini ýasadym. Diňe göwresini. Indi onuň ýüzüne yklymlaryň, derýalaryň, daglaryň, deňizleriň, sähralaryň, ýurtlaryň, şäherleriň jugrafy ýerleşişini reñkler arkaly geçirmeli. Men ony tiziräk tamamlap, Horezmşa hezretlerine hediýe[38] etmekçi bolýan. Emma patyşanyñ geñeşçisi bolanym üçin köp wagtym köşkde geçýär. Munyñ jugrafyasyny etmäge wagt tapamok, beýleki alymlary bolsa öz işlerinden aýyryp, bu işi tabşyrmak bolanok.

-Ejaza etseňiz, tagsyr, şu işiňizde men ýardam edeýin. Jugrafyýadan biraz başym çykýar-diýip, Ibn Salam elini gursagyna goýdy. Biruny oňa garap ýylgyrdy-da:

-Biraz däldir, Bagdatda jugrafyýadan hem çuññur bilim berýändirler. Ýöne siz hem bu ýere üstünde işlemek üçin bir mowzugy ýüregiñize düwüp gelensiñiz, ahryn - diýdi.

- Meniñ ýüregime düwüp gelen işime gyssag ýok, ustaz.

- Haýsy ugurdan, nämeniñ üstünde işlemekçidiñiz? -diýip, Biruny gyzyklanyp sorady.

- Men edebi mirasymyzy öwrenip, şu ugurda ylmy iş etmek niýtim bardy. Geçmişde-de biziñ ýurdymyzda ençeme ajaýyp şahyrlaryñ, söz ussatlarynyñ bolanyny bilýärin. Men ol döwürleriñ köşk şahyrlaryndan başga-da, halkyñ içinde dörän, halkyñ durmuşyny, halkyñ arzuw-isleglerini beýan eden söz ussatlarynyñ döredijiligini ýüze çykaryp, halkymyza ýetirsem diýýän.

- Niýetiñiz gowy niýet. Bu juda möhüm iş, başlaberiñ! Bizem elimizden gelen ýardamy ederis.

- Ÿok ustaz, bu işe gyssag ýok. Öñürti men ýerimiziň şekliniñ jugrafyýasyna ýardam edeýin, ondan soñ, nesip bolsa ol işi-de, başga ylmy işleri-de edibereris.

- Müñ teşekkür,inim Muhammet, meni juda begendirdiñiz.

-Ynamyňyz üçin sag boluň, ustaz. Men onda işe girişiberäýin.

-Girişiberiň, ine çyzgy esbaplary, boýaglar. Ýöne arasynda ýaňy aýdylan mesele boýunça medreselere-de, hassahanalara-da aýlanyp, maslahatlaryñyzy berip geliň. Dogrusyny aýtsam, Muhammet, sizi maňa Hudaý ýetirdi, "Togalagyñ" jugrafyýasyny hem edip, Horezmşa hezretlerine näçe tiz eltip bersek, ony şonça-da köp begendireris.

[38] Hediýe-sowgat

-Düşünýän,  maňa tabşyran bu işiňizden arkaýyn bolaýyñ, nesip bolsa, göwnüňizdäki ýaly etjek bolaryn. Oňarmadyk ýerim bolsa sizden soraryn-diýip, ibn Salam edep bilen elini gursagyna goýdy. Şu arada ýaş alymlaryň biri ejaza sorap otaga girdi:

-Ustaz, maňa ýunan dilinden terjime etmäge beren rysaladaky käbir adalgalaryň arapçasy ýok. Olaryň özüni alyberäýinmi?- diýip Biruna ýüzlendi.

-Özüni alyberiň, ýöne kowusda[39] düşündiriş beriň. Onsaňam arap elipbiýindäki biri-birine meňzeş harplar, olaryň astyny we üstüni bilen tapawutlanmagy, asyl sözüň üýtgäp durmagy arap ýazuwynyň uly nogsanydyr. Eger-de şol astyn we üstün belgileriniň biri tötänlikden goýulmadyk  ýagdaýynda sözüň başga bir manyny bermegi hem mümkindir. Siz ine şuňa has köpüräk üns berjek boluň.

Ýaş alym baş egip çykyp gideninden soň Biruny ýene ibn Salama ýüzlendi:

-Muhammet, siz gyssanmaň, bu iküç günde bitýän iş däl, gerek ýerinde ülkeleriň teswiri ýazylan rysalalardan peýdalanyň-diýip, Biruny beýleki alymlaryň işinden habar almak üçin çykyp gitdi. Ibn Salam birinji iş gününi Birunynyň hut öz ýanynda, onuň iş otagynda başlanyna içinden buýsanýardy.

Muhammet ibn Salam ýer togalagynyň şekliniň jugrafiýasynyň üstünde işlemäge höwes bilen girişdi. Biruny hem köşkdäki işlerinden sypynyp bildigi «Beýtil hikmä» gelip, ilki bilen Ibn Salamyň işinden habar tutardy. Käbir ýerlerine düzedişler girizip, maslahatlar bererdi. Yzyndanam berekellasyny ýetirip öwerdi.

Birunynyň bu işi Ibn Salama tabşyranyny alymlar ilki bir hili geňräk gördüler. Ýöne işiň gidişini synlanlaryndan soň olar hem öwdüler. Öwgüni her kim her hili kabul edýär. Ibn Salam öwgüni gowy görýän adam däldi. Şonda-da öwgüler oňa-da azda-kände täsir eden bolmaga çemeli, onuň özüne ynamy has artypdy. Alymlaryň arasynda-da özüni ynamly alyp barýardy. Ol bir hepdäniň dowamynda "Beýtil hikmeniñ" alymlaryndan  Birunynyň halypasy Abu Nasyr ibn Yrak, dosty Abu Sahl Masyhy, Abul Haýyr Hammar, Abu Mansur Saalaby, Ibn Miskä Weýh we Al Hojandy dagylaryñ diñe özleri bilen dàl, alyp barýan işleri bilen hem tanyşdy.

Ol Bagdatda mahalynda şu alymlaryň hatarynda beýik hekim we alym Abu Aly ibn Sinanyň hem bardygyny eşidipdi. Emma geleli bäri ony bu ýerde görmedi. Işe gelen güni Biruny ony erte-birigün geler

---

[39] Kowus- ýaý

diýipdi. Emma ondan bäri iki hepde geçdi. Seredýän hassasy agyrrak bolmaga çemeli. Ony, Birunydan soranynda ol:

-Ibn Sina bir aý bäri köşkde. Ol bimary aýaga galdyrdygy geler. Görersiňiz, tanyşarsyňyz-diýdi. Ibn Salam Ibn Sina hakynda köp gürrüň eşidipdi. Onuň bilen tanyşmak arzuwy bardy.

-Ol kişi bilen hem tanyşmak miýesser etse özümi ýene-de bagtlyrak saýardym-diýip, soňundan bir hili gülümjiredi. Biruny onuň ýöne ýere gülümjiremänini aňyp:

-Näme bir hili ýylgyrdyňyz? Bir gyzykly zat ýadyňyza düşdi öýüdýän-diýdi.

-Hawa, tagsyr, Bagdatda Ibn Sina jenaplary hakynda bir gyzykly gürrüň eşidipdim. Şol ýadyma düşdi.

-Hany, ony bizem eşideli-diýip, Biruny öňündäki çäýnekden ýarym käse çaý guýup, Ibn Salama uzatdy.-Alyň, bagşylar hem bir dessana başlamazyndan öň damagyny ölläp alýarlar.

Ibn Salam degişmeden aýdylan bu gepe başyny atyp ýylgyrdy. Çaýy birki owurtlap, käsäni ýerde goýdy-da gürrüňe başlady.

-Buharada Ibn Sinanyň hekim hökmünde ady çykyp, şöhraty artyp barýanyna görüplik eden kärdeşleri ony Emire ýamanlaýarlar. Ol hakyky hekim däl, aldawçy, gözboýagçy diýýärler. Emir bu gepleri barlap görmek üçin Ibn Sinany köşküne aldyrypdyr. Emir oňa:

-Biziň gyzymyz nähoşlapdyr. Sen hekim bolýan bolsaň emini aýt-diýipdir. Ibn Syna:

-Kyblaýy älem, men gyzyňyzyň damarynyň uruşyny göreýin, onsoň emini aýdaryn-diýipdir. Emir gaharlanyp:

-Sen gyzymyň eliniň goşaryndan tutjak bolýaňmy? Sen namährem, ahyryn!-diýýär. Ibn Sina:

-Onda gyzyňyzyň ýatan otagyna baryp, onuň bilegine bir uzyn sapagy gaýym baglap, beýleki ujuny maňa getirip beriň. Men şol sapak arkaly nähoşyň damar urşuny barlap, emini aýdaryn-diýýär.

-Ine, munyň bolýar. Men bu aýdanyňy häzir ederin-diýýip, emir içerki otaglara girip gidip, bir salymdan uzyn sapagyň bir ujuny Ibn Sina getirip beripdir. Ibn Syna sapagy iki-üç ýola çekip görüpdir-de:

-Emirim, bu nähoşyňyz bir syçan iýse tut ýaly bolýar-diýipdir. Ibn Sinanyň bu gepine şu ýerde oturan wezir-wekiller haýran galyp, emire garapdyrlar. Emir ýylgyryp:

-Sözümiz ýok. Siz hakyky hekim ekeniňiz-diýipdir we Ibn Sina sylag-serpaý edip, goýberipdir. Şundan soň şu ýerde oturanlar emiriň

sapagy gyzynyň goşaryna däl-de, pişigiň aýagyna daňyp getirenini bilipdirler. Biruny bu gürrüňi diňläp hezil edip güldi.

-Huseýniň şöhraty Bagdada-da ýetip barypdyr-da-diýdi. Ibn Salam Ibn Sinanyň öz adynyň Huseýindigini Birunynyň şu sözünden soň bildi.

-Möwlana, siz ol kişi bilen köpden bäri tanyşmy?

-Men onuň bilen Gürgenje şu gelenimde ýüz görüşdik. Ol Gürgenje menden has öň gelen ekeni. Ozal onuň bilen hat alyşýardyk.

-Bagdatda ony diňe taýsyz hekim däl, ylymyň köp ugurlaryndan, şol sanda pelsepeden hem başy çykýan ötgür alym diýip, taryp edýärler.

-Hakykatdan hem şeýle. Ýöne pelsepede ikimiziň pikirlerimiziň çapraz gelýän ýerleri bar-diýip, Biruny birden dymdy, soňra - Bu çaprazlyk ilki ýazyşmalarymyzda ýüze çykdy. Şonuň üçin men häzir onuň bilen ikiçäk oturyp jedelleşmekden gaça durýan-diýdi.

Şu söhbetdeşlikden bir hepde geçip-geçmän «Beýtil hikmä» Ibn Sina geldi. Ol ilki bilen Birunynyň iş otagyna girdi.

-Oho! Hüseýin! Marhabo!-diýip Biruny ýerinden turup salamlaşyp, görüşdi.-Hassaňyz aýaga galdymy?

-Hudaýa şükür, gowulaşdy. Basym aýaga galar-diýip,Ýer togalagynyň şekliniň ýanynda duran Ibn Salama seretdi-de. -Möwlana Biruny, men bu ýigidi tanamadym-la - diýdi. Ibn Salam bolsa, garaýyşlary ötgür, galyň dodagynyň üstündäki gapgara murty, kelte gara sakgaly onuň entek ýaş ýigitdigine güwä geçip duran bu adamy gapydan giren badyna içki bir duýgy bilen tanapdy.

-Bu ýigit Muhammet ibn Salam al Bagdady-diýip, Biruny ýylgyrdy. Ibn Salam Ibn Synanyň ýanyna gelip, iki elläp edep bilen görüşip salamlaşdy-da:

-Ustaz «al Bagdady» diýip degşip aýdýar. Men horezminli-diýdi.

-Möwlana Biruny «al Bagdady» diýip, ýöne ýere aýdan däldir. Siz şol Bagdatda okap gelen ýigit dälmi?

-Hawa, tagsyr, men şol.

-Siz hakda bu ýerde gürrüň edilipdi. Geleniňiz gowy bolupdyr. Watana ýetesi ýer barmy. Mümkin bolsady, menem Watanyma Buhara dolanardym-diýip Ibn Sina uludan demini aldy.

Buharany terk edip gaýtmaga mejbur bolan Ibn Sina Watanyny küýseýärdi. Duşmanlary, diňe özüniň däl, ylymyň hem duşmanlary ony dinsizlikde günäläp, janyny howp astynda goýandyklary üçin ol Watanyndan gaçyp çykmaly bolupdy.

-Möwlana, bu «Togalagyňyz» haçan taýýar bolar?

-Ony garşyňyzda duran Ibn Salamdan soraň. Onuň jugrafyýasyny şu kişä tabşyrdyk-diýip, Biruny Ibn Sina oturmagy teklip etdi. Oturanlaryndan soň Biruny öňünde demli duran çaýdan bir käsä guýup Ibn Sina uzatdy. Çaýdan bir owurtlan Ibn Sina sowally nazary bilen garap:

-Jenap Ibn Salam, size juda jogapkärli hem-de juda hormatly iş tabşyrylypdyr. Ony tizräk tamamlap, köşge eltseňiz Horezmşa hezretleriniň nazaryna düşersiňiz-diýdi.

-Nesip bolsa, ýene iki-üç hepdeden taýýar bolar-diýip, Ibn Salam Biruna seretdi-de-Siziň kömegiňiz bilen, ustaz -diýdi. Biruny başyny atyp, ýylgyryp goýdy. Ibn Sina:

-Meniň muny soraýanym ýöne ýere däl - diýdi.- Horezmşa hezretleriniň siziň bu zadyňyza sabyrsyzlyk bilen garaşýandygyndan habarym bar. Arada ol meni huzuryna çagyrdy. Bardym. Weziri agzam Suhaýly bilen oturan ekenler. Ilki menden hassanyň ýagdaýyny sorady. Olaryň ikisiniň gürrüňiniň siziň «Togalagyňyz» hakdadygyny, menden hem soranyndan soň, aňdym. Men bir aý bäri köşkde hassa seredýänim üçin siziň bu işiňizden habarym bolmansoň belli jogap berip bilmedim. Ýöne siziň, men gaýtmazymdan öň, onuň şeklini ýasanyňyzy, daşyna örtmek üçin gowy eýlenen mal derilerini tapdyryp ýöräniňizi aýtdym.

-Ol o zatlary bilýär. Men günde-günaşa onuň ýanynda, ahyryn. Ýöne menden «haçan taýýar bolýar?» diýip soramaýar. Meni gyssamajak bolýar öýdýän-diýdi. Ibn Salam :

-Ol ylma juda gyzyklanýan eken. Tebigatyň iň inçe syrlaryny-da bilesi gelýär. Meniň bilen pelsepeden gürrüň edip oturyp, soňunda şeýle sowal berdi:

-Möwlana, siz hekim, alym kişi. Adamyň ähli agzalaryny olaryň işleýşini gowy bilýärsiňiz. Bu dyngysyz urup, durýan ýüregimiz, ýagty jahany görýän iki gözümiz, aňymyz we beýleki agzalarymyz, «bir katra suwdan» nädip peýda bolýar? Ylymda bu mugjyza düşündiriş barmy?

-Aly hezret, şol «katra suwuň düzüminde ähli agzalarymyzyň binýady bar. Tebigatyň «öz özüni dörediş» diýen kanuny esasynda olar ösüp kemala gelýär.

-Ol binýat diýeniňiz şol «katra suwuň» düzüminde ýerleşýän bolsa juda kiçijik zat bolmaly.

-Onuň kiçiligi saçymyzyň taryndan hem müň esse diýen ýaly kiçidir. Ine, künji dänesini alyp görüň. Ösümlik dünýäsinde künji tohumyndan kiçi tohum seýrekdir. Ýöne şu kiçijik künji dänesi ýere düşende ondan künjiniň baldagy, ýapraklary we müňläp künji däneleri

emele gelýär. Çünki şol emele gelen ösümligiň hem-de hasylynyň binýady şol bir kiçijik dänäniň düzüminde bar.

-Ol binýat diýeniňiziň özi nireden peýda bolan?

-Tebigatdaky ähli zadyň binýadyny Alla tagala goýan. Şol binýatlary ösdürip kemala getirmek tebigatyň işi, aly hezret-diýip, düşündirjek boldum.

Ibn Sina sözüne dyngy berenden Bruny öňki ikisiniň jedelleri ýadyna düşüp, gödegiräk äheňde hüjüme geçdi:

-Siz Horezmşa hezretlerine-de bar zadyň ýaradyjysy Alla diýmän, maňa diýişiňiz ýaly, ara ýene tebigaty sokupsyňyz-da!

Ibn Sina Birunynyň ýaşynyň özünden ulydygyny sylap, edep bilen jogap berdi.

-Möwlana, men tebigatyň kanunlaryna ynanýanym üçin patyşamyza-da soran zadyny şol esasda düşündirdim.

-Siz tebigatyň kanunlary diýip, dünýäniň, älemiň ýaradylandygyny hem inkär edýäňiz, ahryn!

-Möwlana, bu älem akyla sygmaýan derejede çäksiz, şeýle çäksiz zadyň ýaradylmagy mümkin däl. Ol ebedül-ebed bar. Onuň iptidasy hem ýok, intihasy hem.

-Onda siziňçe älemdäki sansyz ýyldyzlar, seýyaralar, kuýaşymyz, ýerimiz hem ebedi bar zatlarmy?

-Ýok. Olar tebigatyñ kanunlar esasynda dürli döwürlerde dörän.

-Goý, şeýle bolsun. Olaryň ýerleşişi-kuýaşyň ortada, seýaralaryň onuň daşynda aýlanma hereketi kim tarapyndan guralan? Siz, ahryn, dünýäniň merkezi ýer däl-de, kuýaşdygyna ynanýaňyz-a! Pikir edip görüň. Eliňize bir näçe maýda daşlar bilen bir ulyrak daşy alyp, olary näçe müň gezek ýokary atsaňyzam olar aşak gaçanda iri daşyň orta, maýda daşlaryň onuň töweregine tertip bilen ýerleşip düşmegi mümkinmi?

-Daşlaryň şeýle tertipde düşmezligi mümkin. Ýöne Gün bilen seýaralar ýokary zyňylan daşlar däl...

Biruny elini siltäp, ýüzüni kese sowdy. Söhbetdeşiniň gyzmalygyny bilýen Ibn Sina geplemän, çykyp gitdi.

Biruny Ibn Salama garap:

-Men bu adam bilen teý düşünişip bilmedim - diýdi .- Ozalky söhbetlerimiz hem şeýle çekeleşikli geçdi. Ol ilki ýeriň çekiş güýjüni hem inkär edipdi. Nämemiş, eger ýer ähli zady özüne çekýän bolsa onda ot ýananda alaw näme üçin aşak däl-de ýokary örýär-diýýar. Iň beteri onuň dünýäniň ýaradylandygyny inkär etmegi. Onuň bilen öňem şu

mowzugda jedelleşenimizde men oňa: «Siz dünýäniň ýaradylandygyny inkär etmek bilen, onuň ýaradyjysy Hudaýy hem inkär edersiňiz» diýenimde ol: «Ýok. Men Hudaýy inkär edemok. Ýöne Hudaý ýaradyjy däl, tebigat öz kanunlary esasynda ösýär, özgerýär» diýdi. Şeýle küpür pikirli adamy dini-yslamyň güýçli merkezlerinden biri bolan Buharada ýaşatmazlar. Ol şonuň üçinem bäri, Gürgenje gaýdan bolmaly. Biruny Ibn Salama bu zatlary gaharyny gaçyrmak üçin aýdan bolsa gerek, şundan soň biraz köşeşdi.

***

Muhammet Ibn Salam iküç hepdäniň içinde Biruny bilen has öwrenişdi, ruhy taýdan ýakynlaşdy. Işiň arasynda özüni gyzyklandyrýan zatlar barasynda sowallar berip, jogaplaryny jan gulagy bilen diňlärdi. Biruny hem diňe ylmy söhbetdeşligi däl, göwnüne ýaraýan adam bolsa onuň bilen mesawy gürrüň etmegi-de halaýardy. Ol Ibn Salama özüniň Kätde ýaşan döwri, eden işleri barasynda gürrüň berip, onuň hem Bagdatda ýaşan ýyllary, ondan öňki durmuşy bilen gyzyklanypdy. Ibn Salam şazada Abul Harys bilen bolan wejeralykdan başga başyndan geçenleri gürrüň beripdi. Birunyny onuň sazanda gyz Rugsary guldaryň elinden alyp gaçany, aýaly Mahynuryň erkek lybasyna girip, ony gözläp tapany has gyzyklandyrdy. Şol arada Ibn Salamyň kellesine bu beýik alymyň terjimehalyny geljekki nesiller üçin ýazyp galdyrmak pikiri geldi. Ol şu pikir bilen işiniň arasynda şol işe-de başlapdy. Bir gün Biruny köşkden keýpi kök halda geldi. Ibn Salamyň işini gözden geçirip, ony öwdi. Ibn Salam pursatdan peýdalanyp, Birunynyň daşary ýurtlarda bolan döwründen gürrüň gozgady:

-Möwlana, men siziň Kätde ýaşan döwrüňiz barada beren gürrüňiňiz esasynda ömür beýanyňyzyň başky bölümini ýazyp goýdum. Indi Kätden gideniňizden soň daşary ýurtlarda ýaşan ýyllaryňyzda başdan geçirenleriňiz, eden işleriňiz barada gürrüň beraýseňiz, ony-da kagyza geçirsem...

-Ol zatlar size nämä gerek?-diýip, Biruny Ibn Salamyň sözüni kesip sorady.

-Ustaz, nesip edip, siziň bilen bir ömür bile bolsam, geljekki nesillere siziň doly terjimehalyňyzy ýazyp galdyrmak niýetim bar.

-Heý, molla Muhammet-diýip, Biruny birinji sapar onuň adyny dostlarça degişip tutdy.- Siz patyşalaryň ýanynda ýöräp, olaryň taryhyny ýazýan taryhçylara öýkünmekçi bolýaňyzmy? Men patyşa däl, sizem meniň taryhçym boljak bolup azara galyp ýörmäň.

-Dogry, siz patyşa däl, ýöne patyşalardan hem beýik şahsyýet siz. Geljekki nesillere-de beýik işler eden beýik şahsyýetleriň taryhy gerek, ahbetin.

Biruny kellesini ýaýkap güldi.

-Men özüm-ä beýiklik derejesine ýetendirin diýip pikir edemok. Entek edilmeli işler öňde. Ýöne size gerek bolsa gürrüň bereýin-diýip, Biruny bir salym oýa çümüp oturdy-da-Onda atdaşyňyz Muhammet Tarhana çaý buýruň. Bagşylar hem aýdymy çaý owurtlap aýtmasa sesi gowy çykmaýar-diýip ýylgyrdy. Ibn Salam çykyp, çaý buýuryp geldi. Biruny:

-Bir oturyşda on bäş ýyllyk wakalary aýdyp tükedip bolmaz. Häzir men size hakydamda öçmez yz galdyranlaryny gürrüň bereýin-diýdi. Muhammet Tarhan mejimede iki çäýnek çaý bilen şaha nabat getirip gitdi. Biruny suwsap gelen bolmaga çemeli yzly-yzyna iki käse çaý içip, ýene-de käsesine çaý guýup gürrüňe başlady. Ol gürrüňiniň arasynda çaý süzüp, berilip gürüň edip oturşyna gün ýaşyp, agşam namazynyň wagty bolanyny hem duýman galdy. Ibn Salam hem tutuş göwresi gulaga öwrülip wagt diýen zady unudypdy.

Ibn Salam üç gün Birunynyň beren gürrüňiniň täsirinde gezdi. Ony ýöne habar görnüşinde däl-de çeperräk görnüşde ýazmaklygy meýilleşdirdi. Şeýlelikde gündizleri Ýer togalagynyň şekliniň jugrafiýasynyň üstünde işlese, gijelerine hüjresinde bir şem ýanyp gutarýança ýazdy. Ol Biruniniñ Reýde, daşary ÿurtdaky soñky menzili Gürgende geçen durmuşynyñ beýanyny soñlap, onuñ özüne okap bermekçi boldy. Biruny-da garşy bolup durmady. Wagt tapyp, ikiçäk oturdylar. İbn Salam okap başlady.

## XIV BAP

Dogduk mekany, ýaşlygynyň ajaýyp döwri geçen Kätden baş alyp çykyp gaýdanyndan soň Biruny ilki Reý şäherine bardy. Bu gözel, asuda şäheriň emiri Fath ad Döwlä ýogalanyndan soň ogullary Seýit we Şe ms ad Däwleler ýaş çaga bolandyklary üçin hökümdarlyk aýaly Saýida hanymyň paýyna düşen ekeni. Şähere çetden gelen-gideni köşke habar bermek düzgüni boýunça musapyrhana Kätden Abu Reýhan al Biruny atly bir adamyň gelip düşenini Saýida hanyma habar berdiler. Saýida hanymyň diňe Horezminde bolan uruşdan we özgerişlikden däl, Afrigler nesilşalygynyň paýtagty bolan Kätde ýaşlygyna garamazdan ylym äleminde eýýam özüni tanadan Biruny atly alymyň ýaşaýandygyndan hem habary bardy. Saýida hanym musapyrhanadan habar gelen badyna ol ýere adam iberip, Birunyny köşgüne çagyrtdy. Biruny köşgüň

haşamly eýwanynyň töründäki tagtyrowanda oturan otuz ýaşlar çemesindäki görmegeý zenana gözi düşende öz içinden «Patyşalyga mynasyp aýal eken» diýip goýdy. Däbe görä oňa tagzym etdi. Saýida hanym hem sakgal-murty ýaňy taban, gözlerinde danalyk alamatlary balkyp duran ýaş ýigide synçy nazaryny dikip, mylaýym ýylgyrdy:

-Aburaýhan al Biruny diýenleri siz bolsaňyz hoş gördük, şäherimize hoş geldiňiz-diýip, oturmaga ýer görkezdi. Biruny ýene bir gezek baş egip, tagzym etdi-de görkezilen ýere geçdi. Ol tagtyň iki tarapynda oturan adamlara bir ýola göz aýlap, olar bilen kelle kakyp salamlaşdy.

-Biziň Horezminde bolan ýagdaýdan habarymyz bar jenap Biruny-diýip, Saýida hanym söhbetdeşlige söz açdy. -Ýöne siziň ýurdüňyzy taşlap gaýtmagyňyza nämeler sebäp bolanyny bilmedik.

Biruny bu aýalyň söhbetdeşini soraga tutan ýaly «Näme sebäp boldy?» diýmän «Nämeler sebäp bolanyny bilmedik» diýeninden inçe tebigatly, edep kadalaryny doly saklaýan ynsandygyny aňdy.

-Melikäm, meniň ýurtdan çykyp gaýtmagymyň birinji sebäbi zalyma gulluk etmezlik.

- Onda bize gulluk etmegiňize umyt baglasam bolarmy? Meni entek hiç kim zalymlykda aýyplamady.

-Men kimem bolsa şahsyýete däl, onuň Aly hezreti Ylma gulluk edýärin.

Birunynyň jogaby Saýida hanyma biraz ýokuş degse-de bildirmedi, kellesini ýaýkap gülümjiredi-de:

-Beýle jogaby menden başga, käbir hökümdarlaryň ýanynda aýtsaňyz sizi jezalandyrmaklary mümkin - diýdi.

-Men siziň şol käbirleriň hatarynda däldigiňizi, kalbyňyzyň hem keşbiňiz ýaly biçak gözeldigini ýüregim duýany üçin gönümi aýtdym-diýip, Biruny oturan ýerinde başyny egip, tagzym etdi. Öwgi ýaramaýan zenan barmy, Saýida hanym mylaýym ýylgyryp:

-Men hakdaky gowy pikiriňiz üçin sag boluň, jenap Biruny-diýdi.

-Melikäm, rugsat etseňiz, Biruny jenaplaryndan soramaly zatlarymyz bar-diýip, oturanlardan biri dillendi.

-Men gidýän, sizler hem meýlisler eýwanyna geçiň. Saçak ýazylandyr, şamlyk wagty boldy, arkaýyn oturyp iýip-içiň. Şol ýerde jenap Biruny bilen hem sowal-jogap edişiberiň - diýip, Saýida hanym tagtyndan turdy. Patyşanyň hormatyna hemmeler onuň bilen deň aýaga galdylar. Saýida hanym çykyp gidenden soň Biruny galan adamlar-wezirler, wekiller, geňeşdarlar, serkerdeler, münejümler we başga-da

jemi ýigirmä golaý adam bilen görüşip çykdy. Soňunda görüşen mele gytyk sakgally, ak ýüzli, mawy gözli orta ýaşlaryndaky adam onuň elini goýbermän ýüzüne mähir bilen seredip şeýle diýdi:

-Siz, Abu Sahl Masyhy diýen bir biçäre ylym fidaýysy* barmyş diýip eşitmediňizmi?

Biruny bu kişiniň keşbinden we aýdýan sözlerinden onuň nasrany* dinindäki tanymal alym, meşhur hekim Masyhydygyny aňdy. Ol mylaýym ýylgyryp:

-Alym hökmünde dabarasy dag aşan, hekim hökmünde şöhraty äleme ýaýran adamyň mübärek adyny bu dünýäde eşitmedik barmyka?-diýdi. Masyhy Birunyny gujaklap, bagryna basdy.

Biruny geljekde özüniň hakyky dostuna öwrülen Abu Sahl Masyhyny ilki şu ýerde-nesibesi çekip gelen Reý şäherinde duşurdy.

Masyhy Birunyny gujagyndan boşadyp, oňa mylakatly garaýyş bilen ýüzlendi.

-Ezizim, men bir jahankeşde adam. Baran ýerlerimde siz hakda köp zatlar eşidipdim. «Ýaşlygyndan ylyma berlen, geljekde beýik alym bolup ýetişjek, juda istedatly[40] ýigit» diýen gürrüňler watanyňyzdan daşarlarda-da aýdylýar. Eger Kätde ol ýagdaýlar bolmadyk bolsa şäheriňize barmak, siziň bilen, halypaňyz Abu Nasyr ibn Yrak bilen tanyşmak, niýetim bardy. Halypaňyz Ibn Yragy uly alym, felekiýet we beýleki ylymlaryň çuňňur danyşmendi diýip eşidýän. Ýogsa-da ol kişiniň ykbaly niçik boldy?

-Halypam Horezmşa Abu Abdullah hezretleriniň ýegeni bolany üçin Mämün ony-da aman goýmajagyny bilip özüni bir pena çekdi-diýip, Biruny uludan demini aldy.

-Nirede bolsa-da başy aman bolsun!-diýen Masyhy üç barmagyny jüp tutup, maňlaýyna we iki egnine degirip goýdy. Biruny onuň bu hereketiniň nasranyça çokunyşdygyny bilse-de, ony Masyhynyň hem edýänini geň görüp ýylgyranyny duýman galdy. Masyhynyň mawy gözleri Biruna närazylyk bilen garady:

-Näme ýylgyrdyňyz, ezizim, biz bu hereket bilen Hudaýy ýatlaýarys, ondan dileg edýäris. Ine, häzir siziň halypaňyzyň başynyň aman bolmagyny aýdyp, yzyndan çokunmak bilen dileg etdim-diýip, Masyhy öz sözüni tassyklan manyda başyny atdy.

-Bagyşlaň, möwlana. Men siziň çokunmagyňyzy ýaňsa alyp ýylgyrmadym. Özüm şeýle ýylgyraýdym-diýip Biruny özüni aklajak boldy. Masyhy geçirimlilik bilen gülümjiräp:

---

40 Istedatly-talantly, zehinli.

-Bolýa, zyýany ýok. Ýörüň, adamlar eýýäm meýlisler eýwanyna geçdi. Bizem baryp, nesibämize dahyl bolaly-diýdi.

Ikisi tirkeşip meýlisler eýwanyna girenlerinde elini gursagyna goýup duran hyzmatkärleriň biri olara oturmaga ýer görkezdi. Başga biri mejimäniň üstüni dolduryp nahar getirip goýdy. Masyhy nahara elini urmazdan öň ýene çokundy, Biruny «Bisimilla» diýip, el uzatdy. Masyhy Biruna garap:

-«Bisimilla» arapça bi-onuñ, ismi-ady, Alla diýen sözleriň gysgaldylyp aýdylanydyr. Meniň nahara başlamazdan öň çokunmagym bolsa bizi şeýle nesibä ýetireni üçin Hudaýa şükürler etdigimdir. Şunda haýsymyzyňky dogry bolýar?-diýdi. Biruny onuň sowalyna ýylgyryp jogap berdi:

-Möwlana, men diňe ylmy jedeli gowy görýän.

-Entek siziň bilen ylmy jedel hem ederis. Häzir nahary jedelsiz iýeli-diýip Masyhy soragyna Birunynyň göni jogap bermekden gaçanyna ähmiýet bermedik ýaly etdi.

Nahardan soň Şeýhul-yslam töwir galdyryp, soňunda ýurduň hökümdary Saýida hanymyň adyna uzyndan-uzak hamdu senalar aýtdy. Şundan soňam adamlar dargaşmadylar. Her kim öz ülpeti bilen mesawy gürrüň edip, çaý içişip oturdylar. Şunda Biruny bilen Mashy hem gürrüňe mowzug tapdylar:

-Möwlana Masyhy, men bir bilesigeliji adam. Gaty görmeseňiz, şu çokunmak hereketiňiziň nirden gelip çykanyny ýagny nämeden

alnanyny aýdyp beräýseňiz-diýip, Biruny çekinibiräk dillendi.

-Çokunmak hereketiniň gelip çykyşy barada dürli rowaýatlar bar-diýip, Masyhy pikirini jemleýän ýaly bir salym dymdy. Soňra Biruna garap ýylgyrdy.-Juda bilesiňiz gelýän bolsa olardan birini aýdyp beräýeýin-diýdi-de gürrüň bermäge durdy.

-Bir rowaýatda zikr edilişine görä hezreti Ysa özüni kowup gelýän kapyrlardan gaçyp gelişine ýol ugrundaky boş ýatan jaýa girip, gapyny mäkäm temmeleýär. Müşrükler ýetip gelip, gapyny döwmäge başlaýarlar. Şol wagt Jebraýyl perişdä Hudaýdan «Ysany halas et!» diýen perman bolýar. Jebraýyl jaýyň depesindäki tüýnükde peýda bolup. Ysa pygambere «Gel, şu ýerden çyk» diýen yşaraty edýär. Ysa oňa «Tüýnükden kelläm geçer, iki egnim geçmez» diýen manyda maňlaýyna, iki egnine elini degirip görkezýär, şol bada-da tüýnük giňelip, ol zym-zyýat bolýar. Bu keramaty gapynyň jaýrygyndan görüp duran müşrükler hem Ysanyň eden hereketini gaýtalap, onuň dinine girýärler. Bu bir rowaýat, aslyýetinde bolsa nasranylaryň haçlary, meniň

boýnymdan asyp, kükregimiň üstünde duran kiçijik demir haçjagaz hem iki eli serilip, agaja haç görnüşinde çüýlenen Isa pygamberiň tymsaly bolmaly.

Masyhynyň soňky sözlerinden Biruny belent sütüne çüýlenen Isany göz öňüne getirip, tisginip gitdu. Ol:

-Möwlana, dogrusyny aýdanda öten pygamberleriň içinde Ysa äleýhissalamdan köp jebir çekeni ýok bolsa gerek-diýdi.

-Dogry aýdýaň, ezizim. Ondan köp jebirleneni ýok.

Biruny içinden «Toba, Injilde Bibi Merýem Hudaýyň nurundan göwreli bolup, Isany dogurdy. Ol Hudaýyň ogly diýilýär. Şeýle bolýan bolsa Hudaý oz ogluna munça jebri-jepany nähili rowa gördükä?» diýip pikirlendi. Ýöne içindäki bu pikiri Masyhynyň ygtykadyny* hormat edip, daşyna çykarmakdan saklandy.

Birek-birege hormat, mylakatly gatnaşyklar dostlyga öwrülip başlady. Emma Biruny üçin bu ýerde ylmy iş bilen meşgullanmaga mümkinçilik hem isleg hem bolmady. Çünki, Reýde asudalyk bozulyp başlady. Saýida hanymyň ogullary enesiniň garşysyna gidip, parahatçylyga howp salyp ugradylar. Şonuň üçin Biruny bu ýerden gitmekligi ýüregine düwdi. Bu niýetini Masyhyga aýdanynda onuň özüniň hem şeýle pikiri bardygy mälim boldy.

Masyhy jahankeşde adam bolany üçin köp ýurtlaryň hökümdarlaryny tanaýardy. Hazar deňziniň günorta kenarynda ýerleşen Gürgeniň emiri Keý Kowus Wişegir bilen arasy has gowudy. Şonuň üçin Gürgene gitmekligi makul gördüler.

«Bir gün duz iýen ýeriňe kyrk ýyl salam» diýenlerini edip, Saýida hanymyň huzuryna bardylar. Myhmandarçylygy üçin taňryýalkasyn aýdyp hoşlaşdylar. Reý bilen Gürgeniň arasy juda bir daş bolmasa-da, aýazly howada şonuň ýaly ýola çykmagam ýyly öýde ojagyň başynda oturan ýaly hezil däldi. Kynçylyk bilenem bolsa «Ýoly ýörän ýeňer» diýenleri hak bolup, ahyry Gürgene gelip ýetdiler.

Keý Kowusyň girizen düzgünine görä daşardan Gürgene gelen tanymal adamlar ilki bilen emire salama barmalydylar. Masyhy bilen Biruny eger bu düzgün ýok bolaýanda-da, özlerine baş pena sorap, emiriň huzuryna girmelidiler. Bardylar.

-Kyblaýy älem, köne tanyşyňyz Abu Sahl Masyhy ýanynda bir ýaş ýigit bilen geldi. Huzuryňyza girmäge rugsat soraýar-diýip, köşk sahyby Keý Kowusa habar berdi. Masyhynyň adyny eşiden emiriň ýüzi ýagtylyp gitdi.

Keý Kowus sowatly, bilimli, edebiýaty, sungaty söýýän, özü-de döredijilik bilen meşgullanýan adamdy. Onuň galamynyň aşagyndan çykan «Kowusnama» atly eser meşhur kitaplaryň hataryndan ýer alypdy. Emma hökümdar hökmünde juda gazaplydy. Kiçijik bir günäni hem bagyşlamazdy. Onuň bu häsiýeti günä işlerden daşda ýöräýän Biruny bilen Masyhy üçin howply däldi. Şonuň üçin hem Masyhy Birunyny bu ýere alyp gelipdi. Bu ýerde oňa ylmy işler bilen meşgullanmaga mümkinçilik bolar diýip ynanýardy. Çünki, Keý Kowusyň ylma, ylymly adamlara sarpa goýandygyny öň özüne görkezilen hormat zerarly bilýärdi.

-Aýdyň, girsinler-diýip emir tagtyndan turdy. Masyhy bilen Biruny giren ýerinde saklanyp, emire tagzym etdiler.

-Merhaba!! Möwlana Abu Sahl, niçe bahar gülleri soldy Sizi görmelim bäri. Nä munça gaçdyňyz bizden?-diýip Keý Kowus olaryň garşysyna ýöredi. Olar hem ýöräp gelip emir bilen görüşdiler. Saglyk-amanlyk soraşylandan soň Keý Kowus Biruna synçy nazaryny dikip:

-Möwlana Abu Sahl, bu ýigit şägirdiňizmi?-diýip sorady.

-Aly hezret, bu ýigit şägirt däl, ýaş bolsa-da halypalyk derejesine ýeten alym Abureýhan Muhammet ben Ahmet al Biruny.

-O-ho! Biruny diýseňiz-e! Biz bu kişiniň at-owazasyny eşidip, uly ýaşdaky adamdyr öýüdýärdik. Tüweleme, şu ýaşda öz ylmyňyz bilen şeýle at çykaran bolsaňyz, Siziň geljegiňiz örän uly bolmaly-diýip, Keý Kowus Biruna bilesigelijilik bilen bir salym dikilip durdy.

-Aly Hezret, alymyň hem adamyň hem geljegi hökümdarlaryň hümmetine bagly-diýip, Biruna derek Masyhy dillendi.

-Düşnükli, möwlana Masyhy. Ylym sizlerden, hümmet bizden-diýip, Keý Kowus ýylgyrdy.-Hany, men bilen ýörüň, söhbeti başga jaýda dowam etdireris.

Keý Kowus Biruny bilen Masyhyny yzyna tirkäp, dürli naz-nygmatly saçak ýazylan çaklanjarak otaga alyp girdi. Saçagyň başynda iki alym bir hökümdar günortandan peýşin namazyna çenli dürli mowuzklarda söhbet gurdylar. Ine, şonda Keý Kowus Birunynyň ýaş bolmagyna garamazdan biçak sowatly, çuňňur bilimli, ötgür zehinli öz boluşly şahsyýetdigine göz ýetirdi.

Aryp[41] adam özüne özi ýaly aryp söhbetdeş gözleýär. Keý Kowus hem aryp adam bolansoň Biruny ýaly ylymly aryp adamyň söhbetini isleýärdi. Ol Birunynyň Gürgene ýaşamak, işlemek niýeti bilen gelendigini bilensoň gökdäki islegi ýere düşdi duryberdi.

---

41 Aryp- bilimli, düşünjeli

Masyhy jahankeşde adam dälmi, Gürgende-de uzak saklanman Birunyny Keý Kowusyň howandarlygyna goýup, Horezme, Gürgenje gitdi. Keý Kowus Biruna hakyky howandar çykdy. Ol Biruna ýaşamak, işlemek üçin ähli şertleri döredip berdi. Aradan bir aý geçip geçmän ol Biruna garaşylmadyk bir teklip bilen ýüzlendi.

-Ezizim, Aburaýhan, bu döwleti dolandyrmak aňsat iş däl. Menem garrap barýan. Şonuň üçin siz maňa şu kyn işimde kömekçi bolsaňyz, men size döwletimizde uly ygtyýarly wezipe bereýin.

-Aly Hezret-diýdi Biruny bir salym dymyp otyranyndan soň-- Men aklymyň ýetdiginden näme maslahat diýseňiz bereýin. Ýöne siziň aýdan uly ygtyýarly wezipäni boýun alyp biljek däl. Sebäbi, men siziň penaňyzda ýaşap, ylmy işlerim bilen meşgullanmaga mümkinçilik taparyn diýen tama bilen gelipdim.

Birunynyň bu sözlerinden soň Keý Kaowus onuň ylmy işlerine päsgel bermäge milt etmedi. Biruny ylmy işler bilen erkin meşgullanmaga mümkinçilik aldy. Şu ýerde-de ol adyny äleme ýaýan ilkinji iri göwrümli kitaby «Al-asar al-Bakyýany»[42] ýazmaga girişdi. Arasynda başga ylmy işler bilen meşgullandy, rysalalar ýazdy. Keý Kowusyň döwlet işleri barasynda tiz-tiz maslahat salmagy, onuň bilen mesawy söhbetdeşlikler hem az wagtyny almaýardy. Şeýlelikde wagtyň geçip barýanyny hem duýmaýardy. Şu arada Keý Kowusyň ýaňy boýy ýeten gyzy-gözel Zaringiz Biruny bilen gyzyklanyp başlady. Emma onuň gyzyklanmagy aýalyň diňe erkege bolan gyzyklanmasy däl-de, ylyma-bilime teşne adamyň alyma bolan gyzyklanmasy hemdi. Bir sapar Keý Kowus Birunyny söhbetdeşlige çagyryp, gürrüň edip oturanlarynda garaşylmadyk ýerde Zaryngiz peýda boldy.

-Gel, gyzym! Bizem Aburaýhan bilen dünýäniň o çetinden girip, bu çetinden çykyp otyrys. Bilýäňmi, dana bilen bir sagatlyk söhbetiň lezzetini we nadan bilen bir pursatlyk gürrüňiň azaryny hiç zat bilen deňeşdirip bolmaýar-diýip, Keý Kabus gyzyna garap ýylgyrdy.

-Şahyrlar muňa deňeşdirme tapýan eken, pederi büzrükwarym-diýip Zäryňgiz bir beýt aýtdy:

Sözleşseň bir dona bilen çekseň geler bir gyl bilen,
Sözleşseň bir nadan bilen gelmez çekseň zyjyr bilen.

-Oho! Şahyr nadan bilen söhbetdeşligiň azaryny suratlandyrmak üçin üýtgeşik deňeşdirmeler tapyp aýdypdyr-ow.

-Dana bilen söhbetdeşligiň lezzeti barada ýazmanmy şahyrlar?

[42] Gadymy halklardan galan ýadygärlikler

-Ýazandyrlar. Men ol hakda beýt bilemok. Ýöne möwlana Biruny bilen menem bir pursat söhbetdeş bolup, dana bilen söhbetdeşligiň nähili bolýanyny bildim.

-Şeýlemi, haçan söhbetdeş bolduň?-diýip, Keý Kowus sowaly gyzyna berse-de, nazaryny Biruna dikdi.

-Geçen hepde-de, pederi büzrükwarym. Jenap Biruny Siziň Gürgeniň tutýan ornyny anyklap bermek baradaky tabşyrygyňyzy berjaý etmek üçin şäheriň gündogaryndaky depede özüniň üstürlýap diýen esbaby bilen bir zatlary ölçäp, ýazyp oturan eken. Menem şol töwerekde kenizlerim bilen seýil edip ýördüm. Şonda sataşdyk.

-Ho-oş, onsoň, nämeler hakynda söhbetleşdiňiz?

-Asman hakynda, älem hakynda, ýyldyzlar hakynda, ýyldyzlaryň ýerdäki durmuşa, ynsan ykbalyna täsiri hakynda. Jenap Biruny «asman ýok» diýýär. Bu üstümize gapgarylyp duran zat älem giňişligine gözümiziň ýeten ýerimiş.0jn

-Şeý diýýämi?-diýip Keý Kowus ýylgyrdy.-Onsoň başga zat hakynda gürrüň etmediňizmi?

-Ýok, etmedik, Pederi büzrükwarym, birinji saparda başga zat hakynda gürrüň edip bolýamy-diýip, Zaryňgiz ýeserlik bilen güldi.

Biruny degişmedenem bolsa, kakasyna şeýle söz aýtmaga milt eden gyzyň juda lälik ösdürlenini aňdy.

-Ha seni bir keçjal, bar çyk!

Kakasynyň gaharynyň çyn däldigini duýan Zaryngiz girendäkisi ýaly tagzym etdi-de ýylgyryp, çykalga tarap ýöneldi.

***

Biruny bilen Zaryňgiziň ýaňy özi aýdan duşuşygy şeýle bolupdy:

Dürli güller bilen basyrlan uly çemenligiň ortasyndaky depede öz işine berlip oturan Biruny «Essalam, möwlana!» diýen ýakymly gyz owazyna başyny galdyrdy. Görse garşysynda biri birinden owadan üç gyz durdy. Olaryň biri Zaryňgizdi. Biruny Gürgene geleninde Zaryngiz onbäş ýaşlaryndaky çepiksije gyzdy. Biruny oňa käte köşkde duş gelse «Essalam!» diýip, edep bilen salam berip geçerdi. Ine, indi ol boýy ýeten görmegeý gözel bolup ýetişipdir.

-Waleýkim, melikäm. Bu çet ýerde, özüňizem pyýada näme işläp ýörsiňiz?

-Pyýada däl, paýtunda geldik. Ol hol aňyrda dur-diýip, elini uzadyp görkezdi. Mälikäniň elini uzadan tarapyna sereden Biruny daşyrakda duran paýtuny we onuň ýanynda ýören paýtunçyny gördi.

-Hä, ýagşy. Bu lälezar çemenlige seýle çykypsyňyz-da. Ýöne pederi büzrükwaryňyzdan rugsatlymy?

-Elbetde. Pederimizden birugsat ýekeje ädimem köşkden daşary ätmeýäs. Ýöne bir zadyň rugsadyny almadym. Olam, şu ýerde size duşmagymyň...

-Şu ýerde maňa duşjagyňyzy öňünden bilen bolsaňyz, elbetde munyňam rugsadyny alardyňyz. Bilmäniňizden soň zyýany ýok-diýip, Biruny ýylgyrdy.

-Bilmedim däl, bildim, möwlana. Siziň şu ýere gaýdanyňyzy bilenim üçin çemenlige seýle çykasym geldi.

Zaryňgizin bu sözi  Birunyny biraz aljyratdy. Ol näme diýjegini bilmän ýaýdandy. Bu oňaýsyz ýagdaýdan ony Zaryngiziň özi çykardy:

-Siz meniň bu sözümi başgaça düşünmäň, möwlana. Men bu lälezarlyk bilen bile siziň ylym älemiňiziň gülzaryna hem, bir salym bolsa-da, seýil etmegi isledim.

-Ylym älemi gülzarlyk däl, melikäm. Ol juda muşsakatly, çarkandakly älemdir.

-Şeý diýmek bilen meni gorkyzyp, ol äleme girizmejek bolýaňyzmy, möwlana?

-Ýok, melikäm. Eger siz ylym bilen meşgullanmakçy bolsaňyz, men elimden gelen kömegi edeýin.

Zaryngiz kellesini ýaýkap ýylgyrdy:

-Ylym küje, men küje. Ýöne men özümi gyzyklandyrýan dünýäniň käbir zatlaryna, hadysalaryna ylmyň garaýşyny bilmek isleýärin. Sorajak zatlarym barada maňa az-owlak düşünje berermisiňiz?

-Eger bilýän zatlarym bolsa, bererin.

-Siziňem bilmeýän zadyňyz barmy?

-Bir beýik alym: «Bilýän zatlarymy aýagymyň aşagyna goýsam elim tamyň depesine ýeter. Eger bilmeýän zatlarymy aýagymyň aşagyna goýsam elim asmana ýeter» diýipdir. Beýikler şeý diýensoň men kim.

-Siz näme, beýik dälmi?-diýip, Zaryngiz garamyk ýaly owadan gözlerini tegeläp sorady. Biruny güldi.

-Ýok, melikäm. Niýetläp ýören eserlerimi ýazsam. Muňa-da Alla ýeter ýaly ömür berse ölenimden soň beýik bolaýmagym mümkin.

-Diýäniňiz näme, Siz asla ölmäň, möwlana.

-Ölmejek adam bolmaýar, melikäm.

-Howa-da, şu ölüm diýeni ýaman zat-da. Ol asla bolmasa-da.

-Ölüm ýaman zat däl, melikäm. Ol hem Allanyň peşgeşi.

-Diýýäniňiz näme, möwlana! Ol niçik ýaman zat däl?! Ölümdenem bir peşgeş bolarmy?!

-Özüňiz pikirlenip görüň, melikäm. Siziň isleýşiňiz ýaly ölüm asla bolmasa adamzadyň ýagdaýy, ýaşaýşy nähili bolardy? Ýer ýüzüne adam sygarmydy. Adamlar azyk tapman biri-birini iýip başlardylar. Ine, muny ýaman zat diýse bolar, ölümi däl. Şonuň üçin dogulyşyň bar ýernde ölüm hem gerek. Ölüm zerarly jemgyýet täzelenip durýar.

Birunynyň sözlerine Zaryňgiz bir hili boldy. Tebigatyň bu ýönekeý kanunyny çuňňurak oýlansa oňa özi hem düşünerdi. Emma ýaşlykda munyň ýaly ajy hakykatlar hakynda däl-de durmuş lezzetleri barada köpräk oýlanylýar.

-Melikäm, tukatlanmaň. Hakykata göni seretmegi öwreniň. Çünki hakykat biziň isleglerimize bagly däl-diýip, Biruny Zaryngize oturmagy teklip etdi. Melikäniň kenizleri goltuklarynda göterip gelen halyçalaryny maýsanyň üstüne ýazdylar. Şeýdip gyzlar Birunynyň garşysynda ýerleşdiler. Ine, şu ýerde-de Biruny bilen Zaryngiziň kakasyna aýdan ilkinji söhbetdeşligi boldy.

***

Zaryňgiz çykyp gideninden soň Keý Kowus Biruna ýüzlenip:

-Bu gyz meniň özüni aşa gowy görýänligimden peýdalanyp, käte şunuň ýaly diline erk beräýýär-diýdi.-Men onuň siziň bilen söhbetdeş bolmagyňa garşy däl. Şunuň bilen ol töwerek-daşyndaky zatlar, tebigat hadysalary barada ylmy düşünjä eýe bolsa ýaman däl. Ýöne, ezizm Aburaýhan, söhbetdeşligiňizde ol serhetden geçiberjek bolsa, muňa ýol bermäň. Özüňiz bilýäňiz, adatda patyşalar bu näsaz zamanda gyzy bolsa ony arka durjak ýurduň şazadasyna berip, garyndaşlyk açýarlar.

Keý Kowusyň bu sözünden “Sen gyzdan tamakin bolup ýörme, ol seniň deňiň däl” diýen manyny aňan Biruny:

-Men düşünýän, Aly hezret-diýdi.

Şundan soň Zaryngiziň Biruny bilen söhbetdeşligi seýregiräk bolsa-da dowam etdi. Söhbetdeşlik çagynda Birunynyň öz pikirini düşnükli, täsirli beýan edişi melikäniň aňyna guýulyp barsa, sözleriniň bir hili jadyly äheňi baryp kalbyna ornaşýardy. Zaryngiz bu lezzetli demleri her gün küýsese-de, pederinden çekinýänligi üçin seýregiräk duşuşmaly bolýardy. Biruny hem entek kyrk ýaşada ýetmedik ýaş ýigit dälmi, Zariňgiziň näzli bakyşlary, mylakatly süýji dili ony-da biparh goýanokdy. Emma ol hem Zaryngiz hem ýüreklerinde oýanan duýgularyny pynhan tutmaly bolýardylar. Çünki patyşanyň gazaby güýçlüdi.

Şu ýerine gelende Ibn Salam ýazgym Biruna nähili täsir etdikä diýip, kellesini galdyryp seretse,ol uklap otyrdy. Ibn Salam bokurdagyna agram berip ardyndy.

-Möwlana, meni diňlemediňizmi?

Biruny gözüni açyp ýylgyrdy:

-Diňledim, diňledim-diýip, goly galyň depderli Ibn Salama hoşamaý nazar saldy.- Özüm gözlerimi ýumup, şol günleri göz öňüme getirip otyrdym.

-Diňlän bolsaňyz nähili gördüňiz?

-Biraz jypdyrypsyňyzam, ýöne umuman ýaman däl.

-Onda jemleýjisini hem diňläň.

-Besdir, molla Muhammet. Diňlemesemem nädip jemläniňizi bilýän. Biruny Gürgende ony etdi, adyny äleme ýaýan «Al-asar al-bakyýa»[43] kitabyny ýazdy we şuňa meňzeşlerdir. Men gitdim-diýip Biruny ýene-de Köşke-Horezmşanyň hyzuryna ugrady.

## XV BAP

Gürgençdäki gyzgalaňly durmuş, iş Muhammet ibn Salamy öýünden, obasyndan çetleşdiren ýalydy. Arada ol oýlanyp görse, öýünden çykyp gaýdanyna iki aýa golaýlapdyr. Öň şonça ýyllap aýralygyň jebrini çeken atasy, enesi, maşgalasy ýene-de onuň ýoluna intizar gözlerini dikip, garaşýandyklary ýadyna düşüp, allaniçigsi boldy,özüni perwaýsyzlykda günäledi. Iküç güne jogap alyp, öýlerine baryp gaýtmagy ýüregine düwdi. Emma Birunynyň köşkden haçan geljegi belli däldi. Ol gelýänçe garaşmaga karary ýetmän, Birunynyň halypasy Ibn Yragyň hüjresine girip, ýagdaýyny düşündirdi-de, ýola çykdy. Gün öylä golaýlapdy. Bazarçy daýhanlaryň gök-sögüni, gawun-garpyzyny satyp, obalaryna gaýdýan wagty bolupdy. Ibn Salama şeýle daýhanlardan obadaş biri sataşyp, şonuň arabasyna mündi. Güýz aýynyň -güni tomusdaky ýaly uzyn bolmansoň obalaryna ýetip ýetmän garanky gatlyşdy. Ibn Salam öýlerine golaýlaşdygy saýyn öýündäki öz ýakynlary bilen bir hatarda özi guldardan alyp gaçan gyz Rugsaryň hem pikirini edýärdi. «Abul Harys ony alyp gitdimikä, gitmedimikä?» diýen pikir ony biynjalyk edýärdi. Öýlerine gelip ýetende golaýdaky metçitden huptan namazyna çagyrýan muazziniň azan sesi ýaňlanyp ugrady.

Ibn Salamyň gelmegi Dost Salamyň öýüni şatlyga doldurdy. Şonuň bilen bile «aýda bir, iki gezek gelip duraryn» diýen oglunyň iki aýa golaý gara bermäni üçin ejesi öýke-kine hem etdi.

---

43 "Al asar-al- bakyýa" - Gadymy halklardan galan ýadygärlikler

-Meniň üçin Gürgenç Bagdatdan hem daş ýaly boldy. Näme beýle uzak gitdiň?-diýip, ejesi oňa delmünip garap doýmaýardy.

-Aý kempir, öýke-kinäňi goýsana, nirede bolsa-da başy aman bolsa bolýa-diýip Dost Salam özüni giňlige saldy. Aýaly Mahynur, ogly Arslan dagylaryň hem begenji çäksizdi. Emma ol gideninde mähirli hoşlaşyp galan Rugsar görnenokdy. Şundan ony Abul Harysyň alyp gidenini aňdy. Serhoşlykda ol hakda dilinden sypdyrany üçin özüni onuň ykbalyna jogapkär duýup oturan Mukammet ony soramaga milt edenokdy. Sorasa kakasy «Ony özüň satyp, ýene bilmediksirän bolup soramagyň näme» diýäýjek ýalydy.

-Oglum, Rugsar gyzymyza-da hyrydar çykdy - diýip, onuň pikirini bilen ýaly kakasynyň özi gürrüň gozgady.

-Alyp gitdilermi?-diýip, Muhammet uludan demini aldy.

-Alyp gitdiler. Ony saňa gürrüň bersem, mundan bir ýarym aý çemesi öňräk öýümize üç atly gelip düşdi. Görnüşlerinden patşalygyň adamlaryna meňzetdim. Çakym dogry çykdy. Olaryň biri şazada Abul Harys, beýleki ikisi onuň nökerleri ekeni. Şazada edepli ýigit ekeni. Juda mylakatly salamlaşyp soraşdy. Soňunda:

-Ýaşuly, bir ýumuş bilen, dogruragy bir haýyş bilen geldik-diýip söze başlady-Öňräk patyşalygyň diwanyna ýurdumyza Bagdatdan kerwen bilen gelen bir guldardan arza düşdi. Arzada guldaryň Gürgenje satmak üçin alyp gelen gyrnaklarynyň içinde Rugsar atly bir sazanda pars gyrnagyň alyp gaçylandygyny, ony-da Bagdatda bir näçe ýyl okap, ýurduna kerwen bilen gelen Muhammet ibn Salam diýen ýigitden güman edýändigini ýazypdyr. Ol gyrnagynyň dutar çalanda diňleýjiniň aklyny haýran edýän derejede ussatdygyny hem ýazypdyr. Onsoň biz güman edilýän Muhammet ibn Salam diýeniň kimdigini yzarlap, ahyr soňunda onuň siziň ogluňyzdygyny anykladyk. Siz biynjalyk bolmaň, ýaşuly, meniň ogluňyza hiç bir ýamanlygym ýok. Gaýtam, ol şu işi eden bolsa «Berekella oňarypsyň» diýjek. Siziň bu işden habaryňyz bolmazlygam mümkin. Şonuň üçin Muhammediň özi bilen gürleşäýsem, ol hakykatdan hem şu işi edipmi, eden bolsa gyzy nirä eltipdir. Muhammet öýde ýokmy, nirede?-diýdi.

-Muhammet Gürgençde, alymlar öýünde. Ol ylym bilen meşgullanýar-diýip, men oňa synçy nazarymy dikdim. Onuň ýüzünden aýdýan sözleriniň hilemi, hakykatmy biljek boldum. Hilegär adama meňzänok. Onsoň men:

-Şazadam, Alladan ýaşyrmadyk zady, sizden ýaşyrmarys. Biziň bu işden habarymyz bar. Rugsar janam bizde, öýümizde-diýip goýberenimi bilmän galdym.

-Ah-a! Şeý diýseňiz-le, atam! Meni biçak begendirdiňiz. Men sazyň, sungatyň şeýdasy. Onda Rugsaryň sazyny bir diňlesek, eger mümkin bolsa.

-Bolman näme, bolar şazadam-diýip, men Rugsaryň oturan otagyna bardym. Oňa kimiň gelendigini aýtdym. Rugsar bir hili boldy. Men: "gorkma gyzym, ol ýaman adama meñzemeýär.Diňe saz diñlemäge gelipdir" diýdim. Bir salymdan meniň yzymdan elinde uzyn saply dutar bilen Rugsar çykdy. Ol myhmanlara tagzym edip, aşak oturdy. Gyzyň kamatynyň zybalygy, keşbiniň biçak gözelligi şazadanyň kalbynda üýtgeşik bir duýgy döreden bolmaga çemeli ol Rugsara seredýärkä aşakky dodagyny dişledi.

-Rugsar hanym, biz sizi biynjalyk etmedikmi?-diýip, Abul Harys gyza parsy dilinde ýüzlendi. Rugsar şazadanyň öz ene dilinde mylakatly ýüzlenenine jogap edip, özü-de mylakatly dillendi:

-Ýok, şazadam, biynjalyk etmediňiz.

Abul Harys Rugsaryň «Şazadam» diýeninden meniň oňa myhmanyň kimdigini aýdanymy aňdy we gyzyň mylakatly jogap berenine ýüzi ýagtylyp gitdi.

-Rugsar hanym, biz siziň sazyňyzyň, sungatyňyzyň tarypyny eşidip, ony diňlemek bagtyna miýesser bolmazmykak diýen tama bilen geldik.

-Tamaňyz diňe saz bolsa näçe diýseňiz çalyp bereýin, şazadam.

Abul Harysyň ýüzi üýtgäp gitdi. Çakym boýunça oňa Rugsaryň «diňe» diýen sözi ýokmady. Mundan men onuň diňe saz diňlemek üçin gelmändigini aňdym. Rugsar bolsa muny zenan duýgurlygy bilen syzan bolmaga çemeli.

-Sazyňyzy diňlänimizden soň köňlümizde başga umyt, arzuwlar hem döräýmegi ähtimal-diýip, Abul Harys Rugsara ýylgyryp garady. Rugsar geplemän dutaryny eline aldy. Ol başda assa-ýuwaş, ýaltanýan ýaly çalyp, soňra birden belent perdelere göçeninde şeýle bir ajaýyp heň ýaňlanyp ugrady welin onuň täsirine düşen Abul Harys gözlerini ýumup, kellesini iki ýana ýaýkaýardy. Mukam tamamlandy Rugsar «ýene çalaýynmy» diýen manyda myhmanlara garady.

-Şunuň ýaly ajaýyp sungaty, nepis gözelligi bazara çykaryp satmaklyk külli günä dälmidir, Taňrym!-diýip, Abul Harys Hudaýa nalyş edýän ýaly äheňde dillendi.

Şazadanyň agzyndan sypan bu sözler bir bada mende-de, Rugsarda-da onuň ýuka ýürek, adalatly adamdygyna ynam döretdi.

-Bu iş külli günä bolýan bolsa dinimiz ony näme üçin gadagan etmändir-diýip, men şazada sowally nazar taşladym.

-Bu iş meniň nazarymda şeýle. Dinimiz oňa başga nukdaýy nazardan garasa gerek, ýogsa pygamberimiz Muhammet aleýhissalam ony gadagan ederdi. Gadagan etmese-de, ol ony halamandyr. Onuň ýanyna bir günä iş edip, ony nädip ýuwmalydygyny sorap baran adama «Günäniň ýarysyny ýuwjak bolsaň gullaryňyň ýarysyny azat et. Eger gullaryň barysyny azat etseň, günäňiň barysy ýuwular. Guly azat etmek sogaplaryň iň ýagşysydyr» diýer ekeni. Ogluňyz Muhammet Rugsary gullukdan azat edip, sogaplaryň iň ýagşysyny gazanypdyr.

-Agam Muhammediň maňa peşgeş beren azatlygy uzaga barmasa gerek. Ýene-de gulçulyga düşäýmegimiň ähtimaly bardygyny ýüregim syzyp dur-diýip, Rugsar şazadanyň özüne nebsewürlik bilen seredýän gözlerinden okan ýaly aýtdy. Abul Harys Rugsaryň bu diýenininiň düýp manysyna düşünse-de, düşünmediksirän bolup, arkaýyn gürledi.

-Egerde siz meniň köşgümde ýaşasaňyz, hiç kim sizi gaýtadan gulçulyga salyp bilmez.

-Meniň ýüregimiň duýýan zady-da şu-da. Köşgüňizde men siziň guluňyz bolup ýaşamaly, şeýlemi?

-Ýok. siz ýalňyşýaňyz, Rugsar. Tersine şu sungatyňyz, şu gözelligiňiz bilen siz meni özüňize gul etmegiňiz mümkin. Häziriň özünde men siziň sungatyňyzyň guluna öwrüldim. Eger özüňize-de gul bolup bilsem özümi örän bagtyýar hasaplardym.

Rugsar ajy ýylgyrdy:

-Şazadam, beýle owadan sözler nämä gerek. «Hany, düş öňüme gyrnak!» diýseňizem meniň etjek alajym ýok. Siz hökmürowan adam, ahryn.

-Rugsar, siz ýene-de ýalňyşdyňyz. Men sizi hiç haçan zorlap alyp gitmerin. Ýaşaberiň şu dört diwaryň içinde. Ýöne meniň köşgümde durmuşyňyz has gyzykly bolar. Sungatyňyz hem has kämilleşer. Oýlanyp görüň. Men ýene bir hepdeden üsti ýapyk paýtun bilen adam ibererin. Paýtunyň içinde özüňize hyzmat etjek iki keniz hem bolar. Isleseňiz münüp baryň, islemeseňiz paýtuny boş gaýtaraýyň-diýip Abul Harys ýerinden turdy. Soňra maňa ýüzlenip:

-Ýaşuly, ygtyýar Rugsaryň özündedigini bilenim üçin size sala salmadym. Göwnüňize almadyňyzmy?-diýdi.

-Ýok, şazadam. Dogry aýtdyňyz, ygtyýar onuň özünde-diýdim.

-Onda bize rugsat,ýaşuly-diýdi. Men:

-Rugsat Alladan-diýip, ony ugradyp goýberdim. Aýdylan bir hepdäniň günleri geçdigi saýyn Rugsar biynjalyk bolýardy, nähili karara geljegini bilenokdy. Bizem öz ykbalyny özi çözsün diýip, maslahat bermedik.

Bir hepde geçdi. Aýdylan üsti ýapyk paýtun araba-da geldi. Özüm çykyp, garşy aldym. Arabanyň ýany bilen üç nöker, paýtunçy, içinde-de elleri bukjaly iki gyz bardy. Gelenleriň hemmesi öýe girdiler Gyzlar içerki otaga-Rugsaryň ýanyna geçdiler. Saçak ýazyp, çaý-çörek goýduk. Nökerleriň başçysy tiz gaýtmakçydyklaryny aýdyp, nahara garatmady. Men Rugsaryň ýanyna girsem, onuň gözüniň ýaşy ýüzüni ýuwup otyr. Ol ýaşly gözleri bilen bir maňa, bir ejeňe, bir Mahynura «nädeýin?» diýen manyda seredýärdi. Men:

-Gyzym, ygtyýaryň, islemeseň gitme-diýdim. Ol:

-Şazadanyň paýtunyny boş gaýtarsak, soňunda näme boljakdyny kim bilýär-diýdi.

-Onuň ýaly pikiriň bolsa, ýoluň ak bolsun, baran ýeriňde bagtyň açyk bolsun, gyzym-diýdim. Şundan soň kenizler ony geýindirmäge şaýlandylar. Men erkekleriň ýanyna çykdym.

-Nätdi, gidýän boldumy?-diýip nökerbaşy sorady. Men damagym dolup durany üçin gepläp bilmän başymy atdym. Ol:

-Şazada, gyz islemese geplemän gaýdyberiň diýipdi-diýdi.

-Şazada zor adam ekeni-diýdim. Ol ýanyndan bir goşawuç teňňe salynan haltajygy meniň öňümde goýdy-da:

-Şazada şu gyzyl pullary «bakan-ýakany üçin» diýip berip goýberdi-diýdi. Men:

-Bu gyzyň biziňkä gelenine üç aýa-da ýetenok. Näme diýip men munça puly alaýyn. Ýok, maňa gerek däl. Ony Rugsaryň özüne «Mähr»* hökmünde beräýmeli-diýdim. Gyzlar köp garaşdyrman çykdylar. Rugsary şeýle bir geýindiripdirler welin edil ertekilerdäki perizadyň barda. Men ýaňky puly Rugsara uzadyp:

-Gyzym, şu pullary şazada bize berip goýberipdir. Muny «Mähr» hökümnde özüň alyp goýaý-diýdim. Rugsar:

-Meniň barjak ýerimde pul ýokdur öýüdýäňizmi. Ony agama berýäiň-diýip almady. Indi ol pullar seniň Rugsary azat edeniň haky bolup galdy.

Dost Salam gürrüňiniň soňunda «Ine şeýdip, Rugsar jandan hem aýrylyp galdyk» diýdi. Muhammet kakasynyň beren gürrüňini diňläp oturyp, bir tarapdan Rugsaryň gidenine gynansa, ikinji tarapdan Abul

Harysyň ony satmanyna begendi. Egerde ol Rugsar hakynda serhoşlykda Muhammediň özüniň dilinden sypdyranyny aýdanynda kakasynyň ýüzüne nähili garardy. Diňe kakasynyň däl, öýdäkileriň hemmesiniň hem ýanynda ýüzi bolmazdy. Şonuň üçin ol  Abul Harysdan juda minnetdar boldy.

## XVI BAP

Muhammet ibn Salam iki gün öýlerinde bolansoñ Gürgenje gaýdyp, "Beýtül hikmäge" geldi. Biruny ýerınde ýokdy, ol köşkde Horezmşanyñ huzuryndady.Ibn Salam "ýer togalagynyñ" duran Birunynyñ iş otagyna girdi. Bir böleginiñ jugrafyýasy dürli reñkler arkaly görkezilen "ýer togalagyny" höwes bilen synlady.Öz eden işinden kemçilik tapmady.Bu ony has hyjuwlandyrdy.Entek günortanlyga çenli biraz wagt bardy.Ol şu gysga wagtdan hem peýdalanmakçy bolup, ýol geýimini öý geýmine çalşyryp, işe başlady. Ol elindäki moýgalamlar[44] bilen öñündäki dürli reñkdäki boýaglardan alyp, "togalagyñ" ýüzündäki çyzgylaryñ çägine sürtüp, daglary, düzlükleri, deñizdir derýalary, şäherleri mesaña edýärdi. Ol işine şeýle gyzyşyp gideninden günortanlygyñ wagty geçip gidenini hem duýmady.

-Molla Muhammet, arma-da! - diýen ýeñsesinden çykan sese tisginip öwrûlen Idn Salam ýylgyryp duran halypasy Birunyny görüp, edep bilen salam berdi. Gysgarak soraşylandan soñ Biruny:

- Molla Muhammet, biziñ bu zadymyza Horezmşa hezretleri  juda gyzygyp, garaşyp otyr. Tizräk tamamlamagymyz gerek - diýdi.

- Nesip bolsa, ýene üç güne doly taýýar ederin - diýip, Ibn Salam ynam bilen aýtdy. Üç gün, elbetde, uly möhlet däl, emma işine yhlas, hyjuw bilen ÿapyşan Ibn Salam üçin şu möhlet hem ÿeterlik boldy.

Ene zeminiñ şekili taýýar edildi.Ony Birunynyñ iş otagyndan uly eýwana alyp çykdylar. Alymlardyr şägirtler ene ýeriñ şeklini synlap, "Aperin, aperin!" diýdiler. Indi ony köşke, Horezmşanyñ huzuryna eltmelidi. Bu  hakda öñünden weziri agzam Suhaýly jenaplaryna habar edildi. Bu habar nähilidir bütin şähere ýaýrapdyr.

Öň hiç kimiň hyýalyna-da gelmedik bu zady görmek üçin köçelere çykan müňlerçe adamlar bu günki taryhy wakanyň şaýady boldylar. "Ýer togalagyny" göterip barýan adamlara ýol berip, köçeleriň iki ýan tarapyny dolduryp, aýak üstünde duran adamlaryň gowry asmana çykýardy. «Biziň ýerimiz şunuň ýaly togalakmyka?! Baý, bu alymlar hem ýok ýerdäki zady tapýarlar-ow! Ýerimiziň ýassydygy görnüp dur-

44 ) Moýgalam-suratkeşiň suraty reňklemek üçin ulanýan guraly

a!» diýýän adamlaryň arasyndan «Astafurulah! Astafurulah!» diýen sesler hem eşidilýärdi. Köşge golaýlaşdyklary saýyn bilesigelijileriň sany kemelýärdi. Köşgüň öňünde "Ýer togalagy" bilen alymlary bir näçe köşk emeldarlary baş wezir Suhaýly başlyklaýyn garşy aldylar. Garşylanlaryň arasynda Şeýhulyslam hem bardy. Ol kişi ýakasyny tutup, «Astafurulah! Astafurulah!» diýärdi «Togalagy» köşgüň tagt eýwanyna alyp girip, bilek ýaly ýogyn özüniň stünine ornatdylar. Horezmşa gelýänçe adamlar onuň daşyna aýlanyp, gyzygyp synlaýardylar. Bir mahaldan köşk sahybynyñ: «Kyblaýy älem Abul Abbas ibn Muhammet al Mämun Horezmşa hezretleri gelýär!» diýen belent sesi ýaňlandy. Hemmeler patyşanyň hormatyna gol gowşuryp, tagzyma taýýarlanyp durdular. Garşydaky tylla nagyşly belent gapy açylyp, Horezmşa girdi. Ol adamlaryň tagzymyna jogap edip, başyny atyp, salam berdi we salykatly ädimläp «Togalagyň» ýanyna geldi.

-Hany, möwlana Birunynyň keramatly elleri bilen ýasalan ene ýerimizi göreli-diýip, Horezmşa «Togalagyň» daşynda aýlanyp, ony ünsli synlaýarka - möwlana, bu ýerimiziň ýarysynda jugrafy çyzgylar bar, ýarysynda hiç zat ýog-a - diýdi.

-Aly hezret, biz ýerimiziň özümiz ýaşaýan gündogar tarapyny bilýäris. Aňry tarapynda nämeleriñ bardygy bize nämälim. Ony bizden soňky nesiller anyklarlar.

-Siziň anyklap bilmedik zadyňyzy olar nähili anyklar?

-Olar ýerimizi aýlanyp, aňyrsyna geçerler, öz gözleri bilen görüp jugrafyýasyny hem çyzarlar.

-Siz şeýle boljagyna ynanýaňyzmy, möwlana?

-Şübhesiz ynanýan, Aly hezret.

-Onda olar ýerimiziň aňyrsyna nädip, nähili ýol bilen geçerler? - Patyşanyň bu sowalyna Biruny biraz oýlanyp jogap berdi.

-Aly hezret, ýer togalagynyň gündogar tarapy bilen günbatar tarapyny baglaýan gury ýer ýok, barlyk suw bilen gurşalan. Şonuň üçin geljekki nesillerimiz uly-uly gämiler ýasap, suw ýoly bilen bararlar.

Horezmşa Birunynyň jogabyna ynansa-da weziri Suhaýla garap:

-Jenap Suhaýly, siz hem alym adam, bu zatlardan başyňyz gowy çykýar. Ýöne möwlana Birunynyň pikirine öz pikiriňizi bildirmediňiz-ä.

-Aly hezret, meniň alymlygym möwlana Birunynyň pikirlerine, ylmy garaýyşlaryna pikir bildirerden ejiz gelýär. Ýöne men bu kişiniň geljekki nesillerimiz baradaky pikirine doly goşulýan. Bir wagt meniň kelläme-de Ýer togalagyny aýlanyp çykjak geljekki nesillerimiz barada hyýal gelipdi. Bu hakda möwlana Biruny bilen pikir alyşanymyzda bu

kişi ýerimiziň aňry tarapyna geljekki nesillerimiz diňe suw ýoly bilen däl, asmandan uçup hem bararlar diýipdi. Häzir öte geçmäýin diýdimi bu gepi aýtmakdan saklandy.

Horezmşa bilesigelijilik bilen Biruna garady. Biruna maý bermän Şeýulyslam gepe goşuldy:

-Allatagala uçmak üçin diňe guşlara ganat beripdir, adamzada ganat bermändir. Geljekki nesillere-de ganat bitmez. Şonuň üçin uçmak diýen pikir galatdyr.

-Tagsyr, Siz galat diýseňizem, Birunynyň bu pikirine menem goşulýan. Çünki adamzadyň akyly, paýhasy barha ösüp barýar. Biziň ata-babalarymyz ilki ýerde ýöreýän tigirli arabany oýlap tapdy, soňra suwda ýüzýän gämini döretdi. Ýer bilen suwdan soň gezek asmana geler. Elbetde, adam ganat bekläp uçmaz, ol özi münüp uçýan zat ýasar- diýip, Suhaýly Birunynyñ özünden eşiden pikirini aýtdy.

Biruny Suhaýlynyň gepini tassyklaýan manyda başyny atdy. Şeýh ulyslam gepiniň hiç kim tarapyndan makullanmandygy üçin bitakat bolup, geplemän durup bilmedi.

-Kyblaýy älem Abul Abbas al Mämün hezretleri sizleriň bu gepiňizi dogry tapmasa gerek.

Horezmşa Biruny bilen weziriniň pikirine goşulsa-da, Şeýhul- yslamyň ýüzünden ötüp bilmän gepi başga tarapa sowdy.

-Möwlana Biruny, siziň bu togalagyňyzyň bir tarapy boş bolşy ýaly ýerimiziň aňry tarapy hem boş bolaýmasyn.

-Kyblaýy älem, dogry pikir aýtdyňyz-diýip, Şeýhulyslam gapdaldan gepe goşuldy. -Allatagala ýaşaýyşy, ýaşaýyş üçin zerur zatlary diňe biz bendelerine peşgeş berendir.

-Aly hezret,-diýip, Biruny patyşaga ýüzlendi.-Ýerimiziň aňry tarapynyň boş bolmagy mümkin däl. Ol ýanda-da biziňki ýaly yklymlaryň, deňizdir derýalaryň, daglaryň, çölleriň, tokaýlaryň, haýwanlaryň, adamlaryň bardygy şübhesizdir. Çünki Gün nuruny hemme ýere deň saçyşy ýaly Alla tagallanyň nazary hem hemme ýere deň düşýändir. Şeýle bolansoň ýerimiziň aňyrsynda-da ýaşaýşyň bolmagy kanunydyr.

Biruny sözüni gutaranyndan soň Şeýhulyslam şa näme diýerkä diýip, oňa garady. Abul Abbas «Düşnükli» diýen manyda başyny atyp duran soň ol ýene dillendi:

-Möwlana Biruny, siziň munyňyzyň ýogyn taýagyň üstünde durşy ýaly ýerimizi-de şunuň ýaly bir sütün göterip durmy? Şeýle bolsa ol sütüniň aşagy nämä direlen?

Biruny Şeýhulyslamyň gatyrganybyrak beren sowalyny sowukganlyk bilen diňläp, jogap berdi:

-Tagsyr, ýerimizi hiç zat göterip duranok. Ol kaýynatda ýagny älem giňişliginde hiç zada direlmän muallak dur, has dogrusy ýüzüp ýör.

-O nähili hiç zada direlmän durup bilýär! Hany, bir almany alyp, howada şeýle goýup görüň durarmy, patlap aşak gaçar.

-Dogry, alma durmaz, tagsyr. Çünki, ony ýeriň dartyş güýji özüne çekip alar. Ýerimiz alma ýaly gaçmaz. Sebäbi älem giňişliginde "aşak" "ýokary" diýilýän zat ýok.

-Ýok, möwlana Biruny, men siziň bi deliliňize ynanamok.

-Meniň delilime ynanmasaňyz, Gurhany Kerime ynanýansyňyz, tagsyr.

-Bu näme diýdigiňiz! Elbetde ynanýan.

-Ynansaňyz, Gurhany Kerimde bir aýat bar. «Küllin fi-falakun ýasbahun»[45] diýilýär. Manysyny bilseňiz gerek, tagsyr. Şeýhulyslam özüni Gurhany Kerimiň bilimdany hasaplaýardy. Ol aýatyň haýsy süredendigini ýadyna düşürjek bolup, bir salym dymdy. Onýança Biruny ondan öňürtdi:

-Tagsyr, onuň manysy: «Ähli zatlar älemde ýüzüp ýörýändir.» Şeýhulyslamyň ýüzi biraz gyzardy.

-Hä, dogry. Meniňem ýadyma düşdi. Ýöne ol aýatda aýdylan hikmet ýerimize degişli däldir. Onda asman jisimleri hakynda aýdylýar.

-Tagsyr, asman diýänimiz ýokary seredenimizde görünýän gözümiziň ýeten ýeri. Aýatda bolsa «falakun» diýilýär. Bu tutuş älem diýmekdir.

-Şonda ol ýere-de degişli bolýa dälmi? Ähli zatlar diýilensoň, elbetde, ýerimize-de degişli bolýar. Ýerimiz hem älemiň daşynda däl, içinde, ahryn.

Şeýhulyslam bilen Birunynyň jedelini gyzygyp diňläp duran Horezmşa Birunynyň ýeňenine içinden begenip «nätdi» diýen manyda Suhaýla seretdi. Suhaýly hem patyşanyň garaýşynyň manysyna düşünip, başyny atyp ýylgyrdy.

-Möwlana Biruny, jedeliňiz gutaran bolsa, bu jugrafy çyzgylar bilenem tanyşaly-diýip, Horezmşa «togalagy» ýuwaş aýlandyrdy. Biruny pursatdan peýdalanyp, Ibn Salamy patyşa bilen tanyşdyrmak maksadynda:

-Aly hezret, bu çyzgylary amala aşyran alymymyz Muhammet ibn Salam bilen tanyşdyrmaga rugsat etseňiz, özi size düşündirer-diýdi. Ibn

---

[45] Gurhanyň süresi. Ähli zat älemde ýüzüp ýörýändir

Salam patyşanyň golaýyna gelip, tagzym etdi. Al Mämün oňa synçy nazar bilen garap:

-Biz bu kişini tanamaýan ekenimiz-de-diýdi.

-Aly hezret, bu kişi ýakynda Bagdatdan geldi. Ol ýerde on ýyl tälim alyp, ylym öwrenipdir. Suhaýly jenaplarynyň habary bar işe kabul edenimizden-diýip Biruny gepini tassyklatmak üçin Suhaýla garady. Suhaýly:

-Aly Hezret, men size «Beýtil hikmä» ýene bir alym gelip goşuldy diýip aýdypdym, ýadyňyzda bolsa-diýdi. Al Mämün:

-Hä, hä. Aýdypdyňyz, ýadyma düşdi-diýdi. Ibn Salam:

-Aly hezret, ilki bilen bu edilen çyzgylar diňe meniň işim däldigini, bu iş möwlana Birunynyň görkezmesi, kömegi bilen amala aşyrylandygyny aýtmagym gerek-diýdi.

-Siz aýtmasaňyz hem biz ony bilýäs. Möwlana Birunynyň biziň töweregimizdäki pitnelerden başga ähli haýyrly işlerde eli bar-diýip, Al Mämün degişme äheňinde aýtsa-da, Biruny bu degişmäniň aňyrsynda bir syryň bardygyny aňdy. Ibn Salam bolsa, şazada Abul Harysyň horezmşa hakynda agzyndan sypdyran kineli sözlerini ýatlady.

-Hany onda, jenap Ibn Salam, bu çyzgylaryňyzy düşündirip beriň-diýip, Al Mämün buýruk däl-de, haýyş äheňinde aýtdy.

Ibn Salam «Togalagyň» gündogar tarapyndaky ýurtlary, şäherleri, sähralary, deňizdir daglary, derýalary ýekän-ýekän görkezip, olaryň tutýan meýdanyna çenli aýdyp berdi.

Bu düşündirişden kanagatlanan Horezmşa:

-Hany, onda meýlisler eýwanyna geçeliň. "Ýer togalagyny" getirip köşkümize salanymyzyň şanyna bir meýlis guralyň. Belki bizden soňky nesillerimiz Ýer togalagynyň baryny bolmasa-da ýarysyny Beýik Horezmiň döwletine goşarlar. Adamlar patyşanyň soňky sözüni «Inşalla, omyn» diýşip makulladylar. Şundan soň meýlisler eýwanynda saz-söhbetli meýlis başlandy.

## XVII BAP

Birunynyň Ýer togalagynyň şeklini ýasap, horezmşanyň köşgüne eltip berenligi hakyndaky habar dünýäniň çar tarapyna ýaýrady. Bu habar bilen Birunynyň şan-şöhraty ýene-de artdy. Emma käbir döwletleriň hökümdarlary Horezmşanyň Ýer togalagynyň şeklini köşgüne salmagyny dünýäni Horezmine tabyn etmek niýetiniň alamaty hökmünde garadylar. Beýle pikiriň döremegine Al Mämüniň özüniň aýdan gepi hem sebäp bolan bolsa gerek. Onuň agzyndan çykan her bir sözi, eden hereketi ýurduň daşyna öz-özünden çykmajagy bellidi.

Aýratyn-da döwrüň iň güýçli hökümdary hasaplanýan soltan Mahmyt Gaznalynyň jansyzlary bu ýerdäki ähli zatlar barada oňa habar ýetirip durýardylar. Hörezmiň paýtagtynyň medeniýetiň, ylmyň merkezine öwrülip barýandygy, Gürgençdäki «Beýtül hikme» atly ylmy dergahda Abureýhan Biruny, Ibn Sina, Abu Sahl Masyhy, Abu Nasyr Yrak, Abu Haýyr Hammar, Abu Mansur Salabi, Ibn Miskäwaýh ýaly beýik alymlaryň jemlenendigi baradaky habarlar soltanyň gözüni gyzdyrýardy. Ol bu alymlaryň Gürgençde däl-de, öz paýtagty Gaznada bolmagyny we paýtagtynyň ylym ojagy hökmünde dünýä tanalmagyny isleýärdi. Ol bu islegini kanagatlandyrmak üçin uzak oýlanyp, bir inçe ýol tapdy. Ol horezmşa Al Mämüne öwgüli sözlerden doly bir nama ýazdy. Onda özüniň Al Mämün bilen garyndaşlyk açmak dogrusyndaky teklibini we esasy maksadyny beýan etdi. Bu namany Al Mämüne ýetirmek üçin özüniň iň ynamly weziri Hoja Huseýin Mykaýlyny Horezmine ýollady.

Hoja Mykaýly okumyşly, parasatly, ugurtapyjy adamdy. Ol uzak ýoly söküp, Gürgenje ýetip geleninde Horezmşa şikarda bolany üçin ony weziri agzam Suhaýlynyň özi garşy aldy. Ýanyndaky ýoldaşlaryny aýry ýerde, onuň özüni köşkdäki iň hormatly myhmanlar üçin niýetlenen otaglaryň birinde ýerleşdirdi.

Iki weziriň saçak başyndaky ylym, bilim, goňşy ýurtlardaky ýagdaýlar, syýasat, ykdysadyýet baradaky gürrüňleri gyzyşsa-da arada çala duýulýan sowuklyk bardy. Munuň sebäbi myhman uzak ýoly söküp, näme maksatda gelenini aýtmakdan saklanyp otyrdy. Ahryn Suhaýlynyň sabyr käsesi doldy:

-Jenap Mykaýly, şu söhbetimiziň dowamynda men siziň çuňňur bilimli, dana adamdygyňyza göz ýetirdim. Ýöne näçe garaşsam-da Horezmine näme mesele bilen gelendigiňizi aýtmadyňyz. Ýa-da ony diňe patyşanyň özi bilen çözüşmelimi?

-Ýok jenap Suhaýly, patyşaňyz entek gaty ýaş. Onuň sizsiz hiç zady özbaşdak çözmejegini bilýän. Indi size aýtsam, soltanymyz Äl Mämüniň özüne gowşurmagymy tabşyryp, bir nama gönderdi. Men şony alyp geldim-diýip, Mykaýly dymdy. Ol hatyň mazmunyny aýtmakçy hem boldy. Emma beýtse Suhaýlynyň keýpini wagtyndan öň gaçyryp, özüni ýigrendirmegi mümkindigini oýlanyp, aýtmakdan saklandy. Suhaýly hem sypaýylyk edip, hatyň mazmunyny soramady-da:

-Maňa aýtjak zadyňyzyň bolanymy şu, başga aýtjak zadyňyz ýokmy?-diýdi.

-Bar, jenap Suhaýly. Bir gowy teklibimiz bar. Ony patyşaňyzdan öňürti size aýtmakçy bolýanymyň sebäbi, ony bu teklibimize boýun edersiňiz diýip ynanýan.

-Hany, aýdyň bakaly. Eger hakykatdan-da gowy teklip bolsa men ynamyňyzy ödemäge çalyşaryn.

-Gowy teklip, jenap Suhaýly. Biziň soltanymyzyň bagynda bir ajaýyp gül ösüp, kemala gelipdir. Şol güle siziň bilbiliňizi gondyraýsak nähili görýäňiz?

Suhaýly bu gepiň manysyna şol bada düşündi. «Diýmek, Soltan Mahmyt Al Mämüni giýew edinip, Horezmini jeňsiz, jedelsiz özüne tabyn etmekçi ekeni-de». Kellesine gelen bu pikiri ýüregine pyçak bolup sanjylsa-da, syr bildirmän degişmä salyp:

-Jenap Mykaýly, bizde birki saýrak bedene bar. Ýöne bilbil ýok-diýdi. Mykaýly:

-Bar, bilbiliňiz erte-indin şikärden geler-diýip güldi.

Suhaýly hem nalaç oňa goşulyp gülümjiredi.

Horezmşa şikärden gelýänçe Mykaýlyny hormatly myhman hökmünde hezzet-hormat edip sakladylar. Şa şikardan ikindinara geldi. Üç günlük aw-şikaryň ýadawlygyndan soň ol ertire çenli dem-dynjyny almakçydy. Emma Suhaýlynyň Gaznadan gelen ilçi hakyndaky habary ýadawlygyny ýadyndan çykartdy. Ikiçäk gürrüňiň dowamynda Suhaýly Mykaýlynyň «Gül we Bilbil» hakyndaky gepini aýdanynda Al Mämün, ýaş ýigit dälmi, ýüzi açylyp:

-Owadan gyzmyşmy dogany soltanyň?-diýip sorady.

-Bilmedim. Ýöne Mykaýly «Bir ajaýyp gül» diýip taryplady.

-Maňa gowşurmaly nama-da şol hakdamyka?

-Bilmedim, diňe şol hakda dälldir diýip gorkýaryn.

-Näme üçin gorkýaňyz? Başga näme-kä?

-Aly hezret, soltan size doganyny ýöne ýere berýän däldir. Onuň iberen namasy bilen tanyşanymyzda belli bolar.

-Onuň ýaly bolsa kabul edişlik guraň. Kabul etmegimize garaşýan başga-da adamlar bolsa, olar biraz tagapyl etsinler. Ilki bilen Mykaýlyny kabul edeli.

Suhaýly patyşanyň aýdyşy ýaly ähli döwlet işgärlerini we «Beýtil hikmäniň» alymlaryny ýygnap köşgüň tagt eýwanynda dabaraly kabul edişlik gurady. Köşk sahyby  ilki bilen Mykaýlynyň adyny yglan etdi:

-Beýik Gazna döwletiniň beýik hökümdary soltan Mahmyt Gaznalynyň ynançly wekili Hoja Hüseýin Mykaýly jenaplary kabul edilmegini soraýar!

Patyşanyň başyny atyp, «Gelsin» diýen yşaratyndan soň Mykaýly gelip girdi. Onuň nazary tagtda oturan görmegeý ýaş ýigide düşende ýüzünde geň galmak alamaty peýda boldy. Ol Hörezmşanyň ýaşdygyny eşidipdi. Emma näme üçindir oňa şeýle ýaş ýigidiň hökümdaryň tagtynda oturany birhiliräk duýuldy. Şeýle-de bolsa ol aşak egilip tagzym etdi-de söze başlady:

-Beýik Horezmin döwletiniň adalatly hökümdary Abul Abbas al Mämün aly hezrete beýik soltanymyz Mahmyt Gaznaly hezretleri köp dogaýy salam bilen şu namamy gönderdi- diýip, elindäki soltanyň möhri basylan haty uzatdy. Horezmşa ony alyp:

-Beýik soltanyň ömürleri uzak, döwleti zyýada bolsun, salam getiren sag bolsun-diýdi. Soňra haty açyp, içinden okaýarka soňky setirlere ýetende ýüzi üýtgäp gitdi. Haty Suhaýla uzatdy. Ony okan Suhaýlynyň ýüzi hem gaharyna ýaman gamaşdy. “Indi näme etmeli?” diýen manyda Al Mämünä garady. Al Mämün ýaş bolsa-da, patyşalara mahsus sowukganlyk bilen Mukaýla garap:

-Jenap Mukaýly, getiren hatyňyzyň mazmuny bilen bu duran adamlarymyzy hem tanyşdyraly. Soňra maslahatlaşyp, size jogabymyzy aýdarys. Häzir siz ýeriňize gidip dynjyňyzy alyberiň-diýdi. Mykaýly çykyp gideninden soň kätibine haty sesli okap bermegi buýurdy. Onuň mazmuny şeýledi:

«Beýik Horezmin döwletiniň hökümdary emir Abul Abbas Al Mämün hezretleri, biz kim Soltan Mahmyt Gaznaly, siziň adalatly hökümdar, özünden ululara sarpa goýýan belent adamkärçilikli ynsandygyňyzy eşidip hem-de siziň arzuw-islegiňizi nazara alyp, biz eziz uýamyz Kaljy hanymy siziň şäri nikaňyza bermäge razylyk bildirdik. Şu mynasybetli siz öz döwletiňizi biziň döwletimiz bilen dogan hasaplap, biziň adymyzy hutba goşarsyňyz hem-de ylym merkeziňizdäki ady dünýä belli alymlaryňyzy Gazna iberersiňiz diýip umyt edýäris. Size köp dogaýy salam bilen soltan Mahmyt Gaznaly»

Hat okalyp tamamlanandan adamlaryň arasynda gowur başlandy. Biri «Soltan Mahmydyň doganynyň galyňy ýaman agyr eken-ä» diýse ýene biri: «Bir gyz berip, tutuş ýurdy aljak-da!» diýdi. Suhaýly hem saklanyp bilmän: «Alymlarymyza göz dikmegi ynsapdan däl-ä! Soltan gaty öte geçýär!» diýdi. Ýöne hiç kim «Patyşamyz onuň doganyna haçan sawçy iberipdir?» diýip soramady. Sawçy iberilmedigi bellidi. Hatda aýdylyşy bolsa düşnüklidi. Adamlar patyşanyň özi näme diýerkä diýip, oňa seredişip dymdylar. Al Mämün hem oýa çümüp otyrdy. Bir

salymdan ol kellesini galdyryp, adamlara göz aýlady. Hemmäniň ünsi ondady.

-Muhterem begler, soltanyň eli uzyn, goşuny güýçli. Eger biz onuň aýdanlaryny etmesek, soňy nähili bolar? Sizler näme pikirde-diýip, Horezmşa adamlaryna maslahat saldy. Ilki bilen alymlar «Biz Gazna gitmeris» diýip garşy çykdylar. Soltanyň adyny hutba goşmak meselesine hem köpçülik garşy çykdy. Serkerdeleriň biri goşuny güýçlendirip, Gaznalynyň garşysyna söweşe çykmaklygy teklip etdi. Onuň ýanynda oturan beýleki bir sekerde patyşa ýüzlenip:

-Aly hezret, hakykatdanam goşunymyzyň üstüni dolduryp, has güýçlendirsek, uzakdan aryp-ýadap gelen goşun nähili güýçli bolsa-da biz ýeňilmeris-diýdi. Soňundan Biruny döwlet geňeşçisi hökmünde çykyş edip, şeýle maslahat berdi.

-Aly hezret, begler, Gaznaly bilen urşa girmek öz ygtyýaryň bilen özüňi heläk etmekdir. Bu serkerdämiziň «Uzakdan ýadap gelen goşundan ýeňilmeris» diýmegi-de dogry pikir däl. Gaznalynyň pilleri ýadawlygy bilmeýär. Onuň azyndan müňe golaý söweşjeň pili bar. Biziň goşunymyz onuň pilleriniň aýagynyň aşagynda galar. Şonuň üçin onuň bilen uruş etmek pikirinden el çekmeli. Ýagşysy, häzir gelip oturan ilçisine goşup, gyzyň galyňy, soltanyň serpaýy bilen gelnalyjylary ibereli. Gelni getirsinler. Uly dabaraly toý edeli. Toýda soltanyň ady arşa çykalryp, hemdu-senalar aýdylsyn, bagşylar aýdyma adyny goşup taryplasynlar. Bu zatlar hökman onuň gulagyna baryp ýeter, wagty hoş bolar. Onsoňam siz onuň kanuny giýewi bolsaňyz üstümize goşun çekip gelmez.

Birunynyň bu maslahaty hemmelere makul boldy. Horezmşa Al Mämün şeýle dana geňeşdarynyň bardygyna içinden şükür edip goýdy.

## XУlll Bap

Köşkdäki gijäniň ýaryna golaý gutaran ýygnakdan soň Muhammet ibn Salam medresedäki hüjresine gelip, gapysyny açyp ýetişmänkä ýeňsesinde biriniň:

-Salawmaleýkum jenap Muhammet ibn Salam-diýen sesine arkasyna öwrüldi. Salam beren adam elini uzadyp görüşdi-de, saglyk-amanlyk hem soraşman:

-Şazada Abyl Harys sizi alyp gelmegi buýurdy-diýdi. Ibn Salam bir hili howatyrlandy:

-Gijäniň bimahal wagty şazadanyň menlik name işi çykdy-ka?

-Ony men bilmedim, tagsyr. Maňa «alyp gel» diýdi, başga hiç zat diýmedi.

Ibn Salam nätjegini bilmän, bir salym ýaýdanyp durdy. «Barjak däl» diýip bilmedi. Has dogrusy şazadanyñ sözüni syndyrmaga milt edip bilmedi. Medresäniň howlusyndan çykyp, köçäniň burçynda duran paýtun araba mündiler. Ibn Salam «paýtuny name üçin girelgäniň öňünde goýman, bir çetde goýup gelipdir. Meni gizlin alyp gidip, näme etjeklerkä?» diýip, içini gepledip, howatyr edýärdi. Abul Harysyň köşgüne barýança-da şu pikir kellesinden çykmady. Abul Harys ony ýüzlerçe şemler ýagtyldyp duran uly eýwanda kabul etdi.

-Eziz agam, Muhammet ibn Salam, siziň bilen aga-ini hökmünde gatnaşmak niýetim bardy. Ýöne siz ýekeje gezegem meni idäp, huzuryma gelmediňiz. Ine, indi sizi özüm adam iberip aldyrmaly boldum-diýip, şazada salam-älikdenem öň öýkesini aýdan boldy. Şundan soň salamlaşyp soraşdylar. Ibn Salam şazadanyň ýüzündäki ünji alamatyndan özüni ýöne ýere çagyrmandygyny «aga-ini» gatnaşygy diýeni bolsa ýöne bir sypaýyçylyk bilen aýdylan gepdigini aňdy. Ýazylyp goýlan saçagyň başyna geçenlerinden soň Abul Harys:

- Bu gün köşkde gyzykly gürrüňler bolupdyr-a. Ol ýerde sizem barmydyňyz? - diýip, bir hili äwmezlik bilen sorady.

-Bardym.

-Indi patyşamyz Gaznalynyň doganyny alyp, onuň giýewisi bolsa, soňy nähili bolarka, Gaznaly doganyny ýöne ýere berýän däldir. Siz nähili pikir edýäňiz?

Ibn Salam, ýygnagyň gutarany ýaňydy, eýýam muňa ähli gürrüňleri, hatda ol ýerde meniňem bardygymy ýetiripdirler-ow-diýip, içini gepledip, daşyndan başga zat aýtdy:

-Şazadam, meniň syýasatdan kän bir başym çykmaýar. Allanyň halany bolar.

-Dogry aýdýaňyz, Allanyň halany bolar. Men sizi bu meseläni gepleşmek üçin däl, özüme dahylly bir mesele boýunça çagyrdym-diýip, Ibn Salama mylakatly nazary bilen garady- Agam, men sizden Rugsar hanym üçin örän minnetadardyryn. Ol meniň tümlük gaplan göwnümiň ýeke-täk şamçyragyna öwrüldi. Onuň sazyny diňlesem, jemalyna seretsem köňlüme ynjalyk bermeýän zatlary unudýan-diýdi.

Ibn Salamyň serine «Köňlüne ynjalyk bermeýän zat name-kä, täji-tagt bolaýmasa» diýen pikir gelip geçdi. Ol şazadany köşkde hiç duşurmanyny ýatlap, «Ony, name üçin çagyrmayarlarka? Ýa-da çagyrylsa-da barmaýarmyka» diýip oýlandy. Abul Harys sözüni dowam edip:

-«Bendäm bendäme sebäp» diýleni ýaly, eger men size duş gelmedik bolsam, dünýäde şunuň ýaly mugjyza bardygyny bilmezdim. Siz sebäpli men kalbymyň tümlügini ýagtyldýan göwheri-şamçyraga eýe boldum. Ine, şonuň üçinem size minnetdarlygymyň çägi ýok, agam-diýdi.

-Şazadam, Rugsary alyp gaýtmaga baranyňyzda başga deliller tapyp, meni aýtmanyňyz üçin menem sizden juda minnetdar boldum.

-Ýadyňyzda bolsa, men size, özüm ugruny taparyn, sizi ara goşmaryn diýip, söz beripdim, ahyryn.

-Sag boluň, şazadam-diýip, Ibn Salam bir zat soramakçy, ýöne soramaga çekinýän kimin Abul Harysa seretdi.

Abul Harys onuň bu garaşynyň manysyna düşünip güldi:

-Näme soramakçy bolsaňyz, çekinmän soraberiň-diýdi-de, Ibn Salama maý bermän, berilmedik sowala özi jogap berdi.-

- Rugsar köşgüňizde kim hökmünde ýaşaýar diýip soramakçy bolduňyz, şeýle dälme? - Ibn Salam «bildiňiz» diýen manyda ýylgyransoň sözüni dowam etdirdi. - Ilki niýetim Rugsary nikama almakçydym. Meni bu pikirimden Rugsaryň özi gaýtardy. Rugsar geleninden gowy bezelen aýratyn otag, hyzmatyna iki keniz goýdum. Köşgümiziň durmuşy bilen öwrenişsin diýip, bir hepde onuň bilen duşuşmadym. Ol meniň bu boluşyma haýranam galandyr. Bir hepdeden soň çagyrdym. Ol huzuryma girip tagzym etdi, elindäki dutary diwara söýäp goýdy-da gol gowşuryp durdy. Dogrymy aýtsam, ony görenimde bir bada özümi ýitirýän, sözi nämeden başlajagymy bilmän ýaýdanýan.

-Oturyň, hanym-diýdim. Oturdy.-Bu ýeriň şertleri bilen öwrenişýäňizmi? Kenizleriňiz içiňizi gysdyranokmy?

-Hemmesi gowy-diýip, ol aşak bakdy. Soňra birden ekabyrsyrap, ýüzüme seretdi-de:

-Şazadam, meni bu ýere name maksatda getirdiňiz, sazym, sungatym üçin bolsa gelenime bir hepde boldy, ýeke gezegem habarymy tutmadyňyz-diýdi.

-Hanym, men sizi geleniňizden biynjalyk etmegi islemedim, täze ýer bilen biraz öwrenişsin diýdim. Indi siziň elleriňiz hem dutary küýsändir. Saz çalyp berseňiz, bütin dünýäni unudyp diňlärin-diýdim. Şundan soň, agam men size aýtsam, Rugsar şeýle bir saz çaldy, öň siziň öýüňizde çalan sazynyň deňi-taýy däl. On iki süňňüm gowşap, mum kimin eredim. Şundan soň üç gün yzly-yzyna oňa saz çaldyryp, jemalyna bakyp, dünýäni unudyp ýaşadym. Dördünji güni geleninde

bolsa --Rugsar jan, bu gün dutaryňyza dynç beräýeli. Bu gün men sizi başga, bir zat üçin çagyrdym-diýdim.

-Başga zat üçin?-diýip ol howatyrly dillendi.

-Howatyr etmäň, hanym. Men siziň islegiňiziň garşysyna hiç zat etmen. Ýöne men öz köňül islegimi aýtmasam artyk takat edip bilemok. Men siziň diňe sazyňyza däl özüňize-de aşyk. Aşygyň ýeke-täk maksady magşugyna gowuşmak. Eger razylyk berseňiz men sizi nikama alsam...

Rugsar ýüzüme bakyp, düşnüksiz bir manyda ýylgyrdy:

-Şazadam, men siziň nikaňyza geçip, aýalyňyzyň biri bolsam, siziň üçin meniň öňki gyzygym galmaz. Aşagyňyza düşen yşk arzuwdaky el ýetmez yşk kimin tolgundyryjy bolmaýar, ten lezzetinden ruhy lezzet has beýikdir, şazadam. Şonuň üçin özüňizi ajaýyp ruhy lezzetden mahrum etmäň.

Görüp otursam bu gyz diňe sazanda däl, adam ruhyýetiniň bilermeni, pelsepeçi hem ekeni. Ýöne men onuň bilen razylaşmadym.

-Siziň bu deliliňiz maňa durmuşa çykmagy islemeýänligiňiz üçin dokan pelsepäňiz, hanym. Aýdyň, size meniň nämäm ýaramaýar?

-Şazadam, men siziň kimin sazyma, sungatyma, husny-jemalyma sarpa goýan adam bilen ömür sürsem, özümi dünýäde iň bagtly aýal saýardym. Ýöne şazadanyň, aýaly bolup, ömrüňiň ahyryna çenli bagtly bolup bolmaýar. Çünki ortada täji-tagt diýen bela barka adamyňyň hem, perzentleriňiň hem, özüňiň hem ömrüň hemişe howp astynda bolýar. Eger siz şazada bolman, çopan bolan bolsadyňyz, men size jan diýip, durmuşa çykardym.

- Ine, agam, onuň aýdanlary. Men onuň bu delilleriniň garşysyna söz tapyp bilmedim. Emma men ony almasam bolmaýar. Näme üçin diýseňiz, men erte-indin Hazaraspa gidip barýan. Ýakynda Abul Abbas meni çagyryp: «Hazaraspdaky goşunyň serkerdesi bidüzgünçilik edýärmiş, goşunda tertip-düzgün gowşapdyr. Siz ol ýere baryp, jylawy öz eliňize alyň» diýdi. Bu gep bir bahana bolsa gerek, maksat-meni paýtagtdan uzaklaşdyrmak. «Nätjek, patyşanyň emri-wajyp», gitmesem bolmaýar. Ol ýerde Rugsarsyz meniň ýüregim gysyp, heläk bolaryn. Şonuň üçin ony alyp gitjek. Sizden haýyşym, häzir bize nika gyýyp beriň. Ýöne muny hiç kim bilmesin. Bir ynanýan adamym siz bolanyňyz üçin sizi çagyrdym.

-Şazadam, eger Rugsar razy bolsa nika gyýmak kyn däl.

Abul Harys elini iki gezek çarpdy, gapdaldaky iki ganatly belent gapy açylyp, boýdan-başa ýaşyl geýnen, ýaşy birneme ötüşen bolsa-da

ýüzünde ýaşlygyndaky gözelliginiň yzy saklanyp galan aýal girip, şazada tagzym etdi. Abul Harys:

-Eneke, Rugsar hanymy çagyryň, özi gelsin-diýdi.

Ibn Salam şazadanyň «özi gelsin» diýenine ilki düşünmedi, «näme ol hemişe ýeke özi gelmän, biri bilen gelýärmikä» diýip pikirlendi, soň «dutarsyz gelsin» diýenidigine düşündi.

Bir salymdan şol gapydan zerrin lybaslar geýinen Rugsar girip geldi, nazary Ibn Salama düşenden şazada adatdaky tagzymy hem unudyp:

-Waý, agam Muhammet!-diýip, haýran galyp seslendi, baryp, Ibn Salamyň boýnundan gujaklamagy isledi, emma şazadadan ejap edeni üçin diňe golaýyna baryp:

-Salamalek, agam-diýmek bilen çäklendi.

-Agaňyzyň ýanynda, şu ýerde oturyň, hanym-diýip. şazada eli bilen ýer görkezdi.- Bu kişi indi patyşanyň ýakyn adamlarynyň biri boldy.

-Rugsar jan, gurgunmyň, doganym-diýip, Ibn Salam saglyk-amanlyk soraşdy. Rugsar hem öýdäkileri ýekän-ýekän sorap, hemmesine salam aýtdy. Ol Ibn Salamyň bu ýere nädip, näme üçin gelenini bilesi gelse-de, şazadadan çekinip, sorap bilmedi. Abul Harys onuň içindäkini bilen ýaly:

-Agam bu ýere nädip geldikä diýip, haýran bolmaň. Agaňyzy men çagyrdym, hanym-diýdi, soňra uludan demini alyp, sözüni dowam etdirdi. -Rugsar, öňräk siz maňa «Eger siz şazada bolman çopan bolan bolsaňyz, size jan diýip durmuşa çykardym» diýipdiňiz, dogrumy?

-Hawa, şeýle diýipdim.

-Ine, indi men siziň aýdanyňyzy edip, çopan bolmakçy. Ýöne mallaryň däl, adamlaryň çopany. Indi meniň nikama geçmeklige razylyk berseňiz, ine agaňyz ikimize nika gyýmak üçin gelip otyr.

-Düşünmedim, şazadam. «Adamlaryň çopany» diýmäňiz näme?

-Men Hazaraspdaky goşunymyza gözegçi bolup barýan. Ol ýerde tertip-düzgün biraz gowşapdyr. Patyşa meni, şonuň üçin, ol ýere goýberýär. Rugsar, men ol ýerde sizsiz karar tapman ölerin. Şonuň üçin sizi bile alyp gitmekçi.

Şazadanyň bu sözünden soň Rugsar bir salym dymyp oturdy. Soňra Ibn Salama «Siz näme diýýäňiz» diýen manyda garady.

-Rugsar jan, şazadanyň seni çyn ýürekden söýýänligi görnüp dur. Ine, häzire çenli seni hormatlap «sen» diýmän «siz» diýip ýüzlenýär. Indi oňa «sizden» «sene» geçmeklige razylyk beräý-diýip, Ibn Salam

nesihat äheňinde aýtdy. Şundan soň Rugsar Abul Harysa garap ýylgyrdy-da:

-Şazadam, eger siz gitseňiz, menem munda sizsiz ölerin-diýdi. Abul Harysyň ýüzi açylyp, gözleri bir enaýy yşyk bilen parlady. Ibn Salam nikany gyýyp, olara egsilmez bagt diläp, ak pata berdi. Şazada Ibn Salama halat-serpaý ýapyp, öýüne paýtunda ugradyp goýberdi.

Şu wakadan bir gün öň şazadany Horezmşa köşgündäki özüniň aram alýan otagyna çagyrdy. Saçagyň başynda bir salym umumy gürrüňden soň ýaş jähetden özünden kiçi bolany üçin nesihat äheňinde söze başlady:

-Doganym Abul Harys, Biziň eşitmegimize görä köşgüňize bir sazandar gyzy getirip, onuň sazynamy, özünemi muşdak halda wagtyňyzy biderek geçirýän ekeniňiz. Bikärçilik ýigit kişiniň erkini, eradasyny gowşadyp, ýaltalyga eltýär. Şonuň üçin men sizi Hazaraspa, ol ýerdäki goşunymyza gözegçi edip ibermek kararyna geldim. Munuň esasy sebäbi goşunyň serkerdesi Alp Teginiň özi käbir bidüzgünçilik edip, goşunda tertip-düzgüni gowşadypdyr diýen habarlar bar. Şonuň üçin ol ýere baryp, jylawy eliňize alyň. Biziň bu teklibimize garşylygyňyz ýokmy?

-«Patyşanyň emri wajyp» diýilýär, garşylyk görkezip bolmaz, Aly hezret.

-Onda erte-birigün taýýarlygyňyzy görüp, ýola çykyberiň. Ýoluňyz ak bolsun!

Şeýdip, şa bilen şazadanyň arasyndaky gürrüň tamamlandy. Abul Harys köşgüne gaýdyşyn: «Bar aýdany ýalan. Meni paýtagtdan daşlaşdyrjak bolup, oýlap tapan bahanasy bolsa gerek. Näme üçin menden dynjak bolýarka, ýa biri meni ýamanladymyka?» diýip, ýolboýy içini gepledip geldi.

Horezmşa bolsa Abul Harysy Hazaraspa ibermek bilen Gaznadan gelin gelensoň toýda soltanyň adyna aýdyljak hamdu-senalar, öwgüler Gaznala tabynlygyň nyşany hökmünde görülip, närazylyk köpelse onuň başçylygynda döremegi mümkin bolan pitnäniň öňüni almakçydy. Bu iş hem hemişekisi ýaly baş wezir Suhaýlydan bimaslahat bolmandy. Emma «Danalar hem hatadan haly däldir» diýleni dogry çykdy, soň Suhaýlynyň puşmany içine sygmady.

***

Horezmşa bilen bolan gürrüňden soň bir hepde geçip-geçmän Abul Harys ýola çykdy. Rugsar hanym iki kenizi bilen iki at goşulan üsti ýapyk arabada, on iki nökeri bilen şazadanyň özi atly niredesiň Hazarasp

galasy diýip, ýoluň tanapyny çekip ugradylar. Gyşyň soňky günleri bolsa-da, entek gowşamadyk aýazdan atlylary eginlerindäki galyň içmekleri goraýardy. Arabadaky aýallary bolsa öňlerindäki demir maňňaldaky[46] köreýän kömüriň közi ýylydýardy. Şu ýagdaýda ýol söküp, rabatlarda düşläp bäş gün diýende Hazaraspa ýetip geldiler.Şazada Hazaraspda uly dabara bilen garşy alyndy.

## XIX BAP

Gaznadan gelin geldi. Horezminiň gazaply gyşy geçip, bahar bilen bile geldi. Dabarasy dag aşan toý tutuldy. Ertekilerdäki ýaly kyrk gije-gündiz bolmasa-da, üç gün dowam eden toýda soltan Mahmyt Gaznalynyň adyna hamdu-senalar aýdyldy. Bagşylar onuň adyny aýdyma goşup, öwgüsini göge ýetirdiler. Toýda adyna aýdylan öwgüler gulagyna ýetip, Soltan Mahmyt Horezmine bolan garaýşyny üýtgetdi. Horezmşa indi öz giýewisi bolansoň ýurduň hem iru-giç öz tabynlygyna geçjekdigine köňlünde ynam hasyl etdi.

Horezmşa Abul Abbas bolsa soltanyň dogany Kaljy hanymyň husny-jemalynyň owsunyna düşüp, onuň agasynyň ýurduna göz dikýändigini bütünleý unutdy. Horezmşany jadylan diňe onuň gözelligi däldi, ol süýji dili, dilewarlygy bilenem şany özüne benduwan edipdi. Ondan ilki täze düşen gelin hökmünde haýa perdesine dolanyp, “hä, hawa, ýagşy” diýen sözlerden başga sözi almak mümkin däldi. Emma aradan iküç hepde geçensoň Kaljy hanym dil açyp, dilewarlygyny görkezdi. Bir sapar Abul Abbas jomartlyk edip, oňa:

-Hanym, şu köşkde göwnüňize ýaran zadyňyzy alyň, siziňki şol-diýeninde, Kaljy ýylgyryp:

-Hökümdarym,-diýdi.- Gadymda bir patyşa söýgüli aýaly bilen urşup, şu köşkden gerek zadyňy al-da güm bol-diýipdir. Aýaly:

-Bolýa, ertire çenli puryja beriň, gidýen-diýipdir. Agşam ol patyşanyň meý içýän bulguryna beýhuş edýän derman salypdyr. Patyşa meý içip, beýhuşlykda uka gidensoň aýaly ony araba salyp, ýola rowana bolupdyr. Daň atanda patyşa beýhuşlykdan açylyp, görse bir arabada ýatyrmyş,baş ujunda-da aýaly otyrmyş. Patyşa:

-Eý, bu nähili gep, nirä barýas?-diýse aýaly:

-Siz meni kowduňyz, şu köşkden gerek zadyňy al-da güm bol diýdiňiz. Men-ä gerek zadymy alyp gidip barýan, gerek zadymam siz, sizden başga ol ýerde meniň gerek zadym ýok-diýipdir. Patyşa ýeňilenini bilip, aýalyndan ötünç sorapdyr. Soňra yzyna dolanypdyrlar.

---

[46] Maňňal-kömürüriň közi saklanýan demir gap

-Hekaýatyňyzyň manysyna düşündim, hanym-diýip, Abul Abbas ýylgyrdy.

-Düşünen bolsaňyz, meniňem bu ýerde sizden başga göwnüme ýaran zadym ýok. Siz meniňki bolsaňyz bolýa-diýip, Kaljy hanym Abul Abbasyň depesini göge ýetirdi. Kaljynyň özi-de Horezmin ýaly dünýä belli, meşhur ýurduň melikesi bolanyna iç-içinden begenýärdi. Emma täji-tagtyň eýeleri üçin ömürlik asuda ýaşaýşyň bolmaýşy ýaly Abul Abbas bilen Kaljy hanymyň asal aýlary hem uzaga çekmedi Galagoply, teşwüşli günler başlandy. Galagoplugyň başy Bagdatdan gelen bir habar boldy. Halyf Kadyr Abul Abbasy Horezminiň kanuny hökümdary diýip ykrar edilendigi baradaky şahadatnama bilen gymmat bahaly serpaýlar iberýär. Bu peşgeşi halyf Horezmşa bilen soltany tersleşdirmek maksadynda iberendigini Biruny aňýar. Ol bu hakda Suhaýla aýdanynda wezir Birunynyň pikirini dogry tapýar we ikisi halyfyň peşgeşini düzgüne görä resmi suratda dabaraly däl-de, hiç kime jar etmän gizlinիräk kabul etmekligi makul görýärler. Emma Horezmşa bu iki akyldarynyň pikirine goşulmaýar. Ol halyfyň özüne şeýle uly sarpa goýýanyny çar tarapa jar edip, goňşy döwletleriň nazarynda şan-şöhratyny ýene-de artdyrmagy isledi. Ol:

-Jenaplar, ikiňizem süýtden gan gözleýän bolupsyňyz. Halyfyň bize bildiren ynamynyň, hormatynyň Soltana näme dahyly bar. Gaýtam ol begenmeli dälmi, ol meniň gaýnagam, ahyryn-diýdi.

-Aly hezret-diýdi wezir Suhaýly.- Gaýnagaňyz bolany üçinem halyfyň sizi götergileýäni oňa ýokmaz. Ol sizi özüne wepaly, çyzan çyzygyndan çykmaýan giýew hökmünde saklajak bolýar. Halyf bolsa garyndaşlyk zerarly Gürgenç bilen Gazna birleşip, halyfata howp döretmegi mümkin diýen pikirde araňyza sowuklyk salmakçy .Ýogsa-da halyf sizi şu çaka çenli bilmeýärmidi? Gel, gel indi Soltan Mahmut siziň bilen garyndaş bolanyndan soň ýadyna düşdüňizmi?

Baş wezir bilen baş geňeşdar her näçe jan etseler-de patyşany ynandyryp bolmady. Belki, ol howpsyzlykdan şan-şöhraty ileri tutandyr. Şonlukda halyfyň peşgeşi dabaraly suratda kabul edilýän boldy. Köşgüň öňündäki baş meýdanda uly toý tutuldy. Köp adamly bu dabara daşary ýurtly söwdagarler, jahankeşdeler hatda derwüşler hem gatnaşdy. Gürgenjiň ady belli jarçysy:

-Halaýyk! Eşitmedim diýmäňler, eşidip şatlanyňlar! Dini yslamyň diregi halyfatyň paýtagty Bagdatdan hoş habar geldi! Külli musulmanlaryň rahnamasy halyfy zaman Al Kadyr hezretleri biziň kyblaýy älemimiz Abul Abbas al-Mämün Horezmşa aly hezretiň

Horezmin diýarynyň kanuny hökümdarydygyny tassyklaýan şahadatnama bilen bahasyna ýetip bolmajak sylag-serpaýlar gönderipdir. Häzir şol mukaddes resminama bilen mübärek serpaýlary kabul edip alyş dabarasy başlanýar!-diýip bokurdagyna sygdygyndan gygyryp, jar etdi.

Şundan soň halyfatyň ilçileri çaklanja sandygy göterip meýdana girdiler. Meýdanyň köşk tarapyna gurulan uzyn sekiniň ortasynda goýlan tagtynda oturan Horezmşa we onuň iki ýan tarapyny tutup oturan emeldarlar ýerlerinden galdylar. Iki ilçi basgançakdan sekiniň üstüne çykyp, sandygy Horezmşanyň öňünde goýdylar. Ilçileriň biri sandygy açyp, içinden naý şeklinde dolanan, daşy tylla reňkli Şahadatnamany aldy, ony iki elläp tagzym bilen Horezmşanyň eline berdi. Beýleki ilçi sandykdan bir zerbap don çykaryp, şanyň egnine ýapdy. Patşa bilen bile aýaga galan märekäniň içinde şatlykly gowur turdy. “Mübärek bolsun! Kyblaýy älemiň ömürleri uzak bolsun! Aly hezrete şöhrat!” diýen sesler ýaňlandy. Patyşanyň yşaraty bilen adamlar ýerli-ýerine oturdylar. Sazandalar sazyna, bagşylar aýdyma başladylar. Dürli tagamlar çekildi.

***

Gürgençde bolup geçen bu dabara diňe Soltan Mahmytyň gulagyna däl, çar tarapdaky döwletleriň köşklerine-de baryp ýetdi. Ol dabaranyň tarypyny eşideninde Soltan dişini gysyp:

-Bu oglan özüne arka tapynjak bolýarmy-ka! - diýip gyjyndy. Soltan Mahmyt özüniň “Beýtil hikmedäki” alymlary Gazna ibermek, Gürgençde adyny hutbä goşmak baradaky talabynyň şu çaka çenli ýerine ýetirilmedigine-de çydap, sabyr edip gelýärdi. Indi ol şular hakda berkräk gürleşmek üçin Horezmşa bilen ýüzbe-ýüz duşuşmak maksadynda ony Gazna çagyrdy. Halyfyň hümmetinden gylawlanan Al Mämün Soltanyň teklibini ret edýär.

Giýewsiniň sözüni syndranyna beter gahary gelen Gaznalynyň gazabyny hetden aşyran ýene bir waka ýüze çykdy.

Buharanyň emiri Arslan ker bilen Kaşgaryň hany Tugan hanyň arasynda dawa turýar. Şu zerarly iki dogan ikisi-de Garahanylardan bolsa-da, dawa ula ýazyp, uruş howpy döreýär. Bu ýagdaýdan peýdalanyp, Horezmiň bähbidine bir iş edip boljakdygyny aňan dana Suhaýly Al Mämüna şeýle maslahat berýär:

-Aly hezret, Soltan Mahmydyň talaplary ýerine ýetirilmänligi üçin bize bolan gazaby içine sygmaýan bolsa gerek. Ol ýeterlik goşun topladygy üstümize ýörüş eder. Şonuň üçin ony haýykdyrar ýaly Garahany hanlary bilen dostlyk-hyzmatdaşlyk barasynda şertnama

baglaşmaly. Siz Arslan ker bilen Tugan hanyň arasyna düşen towy ýazyp, olary ýaraşdyrsaňyz ikisi-de şertnama baglaşmaga razylyk berer.

-Bu aňsat iş däl, jenap Suhaýly. Olaryň biri Buharada, biri Kaşgarda, biz olaryň haýsy biriniň huzuryna baryp ýetişeris-diýip Horezmşa weziriniň maslahatyny göwnemedi. Suhaýly "Munuň ýaly işler başgaça edilýär" diýen manyda ýeserlik bilen ýylgyrdy:

-Aly hezret, siziň olaryň huzuryna barmagyňyz gerek däl. Biz olary biri-birine bildirmän myhmançylyga çagyrarys. Gürgenje gelenlerinde-de ikisini duşuryp ýaraşdyrarys.

-Çakylyga gelmeseler nä? Ýa-da biri gelip, biri gelmese?

-Çakylyk bilen çakylygyň tapawudy bar, Aly hezret. Biz çakylyknamany şeýle bir täsirli edip ýazarys, ony okan han gelmezlige bahana tapyp bilmez.

-Kelläňiz gowy işleýär, muhterem Suhaýly-diýip şa ýylgyrdy. Şanyň aýdyşy ýaly Suhaýlynyň gowy işleýän kellesinden çykan çakylyknamalaryň biri Buhara, ikinjisi-de Kaşgara gönderildi. "Gylyç bilen alyp bolmaýan galany söz bilen alsa bolýar" diýenleri dogry çykdy. Täsirli sözler bilen ýazylan çakylyknamalar hanlaryň ikisini-de ýaýdandyrman ýola çykardy. Ilki Buharadan Arslan ker geldi. Ony dabaraly garşy alyp, hezzet-hormatynyň kemini goýmadylar. Tugan han gelýänçe Al Mämün bilen Suhaýly dogan doganyň galasydygyny, öz doganyňa ýamanlyk etmek duşmanyňa ýagşylyk etmekdigini, bu ýagdaýdan duşmanlar peýdalanmazdan burun ýaraşmagyň gerekdigini Arslan keriň ker gulagyna guýdular.

Üç günden soň Kaşgardan Tugan han hem ýetip geldi. Ony-da hormat-ehtiram bilen garşylap, aýry jaýda ýerleşdirdiler. Hezzet-hormatyň arasynda onuň bilen hem ýaraşyk dogrusynda täsirli gürrüň geçirip, dogany bilen ýaraşmaga boýun etdiler. Emma hanlaryň ikisi-de nirede ýaraşmalydyklary barada oýlanýardylar. Haçanda olar ikisiniň-de şu ýerde, Gürgençdediklerini bilenlerinden soň Horezmşa bilen weziriniň bu haýyrly hilesine ten berdiler. Ýaraşygyň şanyna meýlis guraldy, köşküň meýlisler eýwanyny dolduryp, aýdym-sazlar ýaňlandy, altyn käselerde meýler süzüldi. Hanlaryň keýpini göge göteren meýlisden soňra dostluk, hyzmatdaşlyk baradaky şertnamalara gol çykilip, möhürler basyldy.

Bu wakadan habar tapan Mahmyt Gaznaly:

-Mämün garahanylar bilen şertnama baglaşyp, indi bize garşy durjak bolýamy?! Bu oglan ýa maňa boýun eger, ýa men Horezminiň külüni göge sowuraryn! - diýip, gazaba mündi.

Köşk emeldarlary soltany köşeşdirmek üçin näme etjeklerini bilmän aljyraňňy ýagdaýa düşdiler. Ahyry Soltanyň gahar-gazaby bilen öwrenişen garry wezir dillendi:

-Soltanym, Mämüne ýene bir duýduryş nama ibereli. Şundan soňam ol aklyna aýlanmasa, goşun çekmeli bolar.

-Wah, aklyna aýlanar ýaly ol oglanda akylyň özi ýog-a! Ol Suhaýly we beýleki nedimleriniň elinde oýnatgy. Onuň hökümdarlyk güýji ýok, aslynda!

-Şeýle-de bolsa ýene bir gezek duýduraly, Soltanym-diýip, garry wezir tewella etdi. Bu teklibi beýleki wezir-wekiller hem goldadylar. Şundan soň aşakdaky mazmunda hat ýazylyp, çapar bilen Gürgenje iberildi.

«Essalamu aleýkum, Abul Abbas al Mämün hezretleri! Biz siziň bilen garyndaşlyk açanymyzdan soň hem biziň talaplarymyzy berjaý etmän gelýänligiňiziň sebäbini bilýäris. Siz öz ygtyýarly hökümdar dälsiňiz. Siziň töweregiňizdäki emeldarlar isleýän işiňizi etmäge ýol bermeýärler. Bu bolsa siziň hökmürowanlygyňyzyň gowşakdygyny görkezýär. Biz indi siziň ygtyýaryňyzy eliňizden alan şol adamlary jezalandyrmak we size döwleti nähili dolandyrmagy görkezmek üçin goşun çekmeli bolýarys, ýa-da siziň özüňiz şol adamlary köşgüňizden kowup, biziň size öň bildiren şu aşakdaky üç talabymyzy ýerine ýetirmelisiňiz:

1.Bize hormatyňyzyň nyşany hökmünde adymyzy ähli metjitlerde okalýan namazlarda hutba goşmalysyňyz.

2.Biziň belent mertebämize mynasyp gymmat bahaly sowgatlar ibermelisiňiz (Bu sowgatlaryňyzy soň gizlin ýagdaýda özüňize gaýtaryp ibereris. Onsuzam biziň altyn-kümüşimiziň agramyny ýer zordan göterýär)

3.Ylym merkeziňizdäki alymlary şu haty alyp baran çapar bilen Gazna ugratmalysyňyz.”

Horezmşa haty şu ýerine çenli okap, gaharyny basyp bilmän ony zyňyp goýberdi:

-Zalym! Sütemkeş! Görýäňizmi, öňki sypaýçylygyň ýerine indi haýbat atýar. Men bir haty getirmek üçin kyrk adamdan ybarat çapar nämä gerek-kä diýsem, alymlary alyp gitmek üçin iberilen ekeni-dä!

Hatyň mazmuny köşk emeldarlarynyň hem gaharyny gozgady:

-Garahanylardan ýardam alyp, uruşa taýýarlanmak gerek! Watanymyzyň garaşsyzlygyny gorap bilmesek, biz nädip baş göterip

ýöräris-diýenler hem boldy. Suhaýly bu ýagdaýdan çykalga gözläp oýlanýardy. Biruny bolsa bir karara gelipdi:

-Aly hezret, uruş, gan döküşlik gowy çykalga däl-diýip patyşa ýüzlendi.-Bu ýagdaýdan çykmagyň başga ugruny tapmaly. Men we maňa goşuljak alymlar bolsa Gazna gideli. «Alymlaryny iberipdir-ä» diýip, birneme köşeşer ol.

Horezmşa uludan demini alyp, Suhaýla garady. Suhaýlynyň dymmagyndan peýdalanyp, Ibn Syna pikirini aýtdy:

-Möwlana Birunynyň aýdany hem gowy çykalga däl. Galyberse-de biz Gaznalynyň köşgüne gitmeris.

-Biz diýeniňiz kimler?-diýip, Biruny Ibn Sina kinaýaly garady.

-Ine men, Masyhy jenaplary...

-Sizi Horezminiň ykbaly gyzykdyrmaýan bolmaga çemeli. Meniň bilen öz ýurduny Gaznalynyň goşunyna depeletmegi islemeýän horezminli alymlar gider. Biz nirede näme döretsek hem aslymyz horezminli bolanymyz üçin Hoezminiň adyna geçer.

Birunynyň bu sözleri Ibn Syna şarpyk bolup degdi.

Häliden bäri oýlanyp, dymyp duran Suhaýly patyşa ýüzlendi:

-Aly hezret, möwlana Birunynyň aýdan teklibiniň ýeke özi soltany kanagatlandyrmaz. Şonuň üçin ýene bir zat edeli.

-Ýene näme etmeli?-diýip, Al Mämün gaharly sorady.

-Aly hezret, ýarak itiň öňüne bir bölek süňk taşlasaňyz degmeýär. Onuň ikinji talabyny hem berjaý edeli. Ony ýene yzyna gaýtaryp berjek bolsa, mundan çekjek zyýanymyz ýok-diýip Suhaýly «meniň pikirimi goldajaklar ýokmy?!» diýen manyda oturan adamlara göz gezdirdi. Horezmşa hem beýlekileriň-de pikirini bilmek üçin bir salym garaşdy. Hiç kimden ses-seda çykmanyndan soň özi dillendi:

-Jenap Suhaýly, soltan Mahmydyň gönderen namasynda «Biziň mertebämize laýyk sowgat» diýenine garanyňda, onuň gözi doýar ýaly bir gatyra ýük boljak altyn-kümüş ýygnamaly. “Yzyna gizlinlikde gaýtaryp ibereris” diýeni ýalan. Ol alan zadyny gaýtaryp berýän adam däl. Basybalyja harby harajatlar üçin köp pul gerek. Ol öz pulumyza goşun toplap, özümizi çapar. Onsoňam şonça puly ýitirmek, döwletimize uly zyýan ýetirmekdir. Şonuň üçin ýene bir iş etmeli bolsa adyny hutba goşaýalyň.

Horezmşa sözüni gutarandan adamlaryň arasyna gowur düşdi.

-Adyny hutba goşmak, Gaznala tabyn bolmak dälmi!-diýip gygyrdylar. Horezmşa bir elini galdyryp:

-Köşeşiň, adamlar! Tabyn bolarysmy, bolmarysmy soň görübereris. Häzirlikçe şundan gowy tedbir-çäre ýok-diýdi.

Patyşanyň gelen kararyna gahar edip, alymlardan başga adamlar çykyp gitdiler.

Şundan soñ Al Mämün tagtyndan düşüp, aýak üstünde duran alymlaryň garşysyna geldi.

-Ezizler,- diýdi, ol birhili damagy dolup - bir gün gelip siziň bilen hoşlaşaryn diýen pikir hiç bir kelläme gelmändi. Nätjek, zamanamyz zorlaryňky bolup dur. Men siziň hemmäňizden hem juda minnetdardyryn. Ýedi ýyl «Beýtil hikmede» zähmet çekip, köp işler etdiňiz. Ylymda Horezminiň adyny dünýä ýaýdyňyz. «Beýtil hikme» bilen bile siziň adyňyz taryhda galar. Nirede bolsaňyzam sag-salamat boluň. Ylymdan eliňizi sowatmaň...

Horezmşanyň bu gysgajyk hoşlaşyk sözi diňe alymlaryň däl, onuň özüniň hem gözüne ýaş aýlady. Soňra gözüniň ýaşyny sylyp, Biruna ýüzlendi.

-Möwlana Biruny, Siziň öz ygtyýaryňyz bilen gan döküşligiň öňüni almak üçin Gazna gitmekçi bolýanlygyňyzy watanperwerligiň beýik nusgasy hasap edýärin. Köp sag boluň!- diýip, Biruny bilen Gazna gitmekçi bolýanlara-da minnetdarlyk bildirdi. Gazna gitmekden boýun gaçyranlaryň hem göwnüne degmedi. Kim nirä gitmekçi bolsa ýol harajatlaryny berip, ugratmagy weziri Suhaýla tabşyrdy.

Biruny özi bilen Gazna gitmeklige isleg bildiren Ibn Salama onuň öňem on ýyl maşgalasyndan aýra ýaşanlygyny oýlap, “Siz Aly hezretiñ ýanynda galyň” diýdi.

- Ustadyñyz dogry aytdy, jenap ibn Salam. Siz ustadyñyzyñ ýerine meniñ maslahatçym bolarsynyz. Bize alymdan hem maslahatçy gerek - diýip, patyşa ibn Salama "razymysyñyz" diýen manyda garady.Ibn Salam goluny gursagyna goýup, başyny egse-de, içinden: "Men indi alym däl, patyşanyñ nökeri boldym. Arzuw-niýetlerim başgady: "Beýtil hikmede" ylym bilen meşgullanyp, ata Watanym Horezminiñ ylmyna öz goşandymy goşmakçydym. Zalym zaman arzuwlarymy puja çykardy" diýip, ah çekdi.

Şeýlelikde Aburaýhan Biruny, Abu Nasyr Yrak, Abul Haýyr Hammar Gazna, Abu Äli ibn Syna, Abu Sahl Masyhy Gürgene, Abu Mansur Salyby, Al Hojandy Bagdada gitdiler. Şunuň bilen Gürgenjiň «Beýtil hikme» atly dünýä ýaň salan ylym dergähi ýapyldy.

## XX BAP

Soltan Mahmyt Gaznalynyň Horezmşanyň öňünde goýan esasy talaplarynyň berjaý edilip, alymlaryň Gazna iberilmegi, adynyň hutba goşulmagy Gürgençde biraz närazylyk meýillerini döreden bolsa Hazaraspda gahar-gazap oýardy. Bu bolsa Horezmşanyň garşysyna pitne guramaga bahana boldy.

Adam şunuň ýaly özi üçin hem howply işe ýöne ýere däl, köňlünde köpden bäri besläp gelýän arzuwyny amala aşyrmak maksadynda töwekgellik edip baş goşýar. Baş pitneçi-goşunyň serkerdesi Alp Tegin hem töwekgelçi adamdy. Ol harby hyzmatdan iripdi. Köşkde patyşanyň iň ýakyn adamy bolup, köp zada güýji ýetýän, aýdan sözi geçýän emeldar bolmagy arzuw edýärdi. Emma bu arzuwyna Abul Abbasyň döwründe ýetip bilmejegini bilýärdi. Şonuň üçin ol Abul Harysy ele alyp, ony tagta oturtmaklygyň hyýalyna münüpdi. Abul Harysyň Hazaraspa gelmegi bolsa arzuwynyň amala aşmagyna umyt döredip, ony biçak begendiripdi. Abul Harys bilen ilkinji söhbetdeşliginde-de:

-Şazadam, siziň Hazaraspa gelmegiňiz meni biçak begendirdi. Emma sizi bu ýerde däl, Horezminiň tagtynda görsem, begenjimiň çägi bolmazdy-diýip, Abul Harysyň inçe taryna kakyp gördi. Şazadanyň bu gepi erbet kabul etmändiginden onuň hem köňlünde täji-tagt arzuwy ýok däldigini aňan Alp Tegin ony Horezmşanyň garşysyna küşgürmäge girişdi. Ol soňky sapar pikirini açyk aýtdy.

-Şazadam, Abul Abbas Horezminiň mukaddes garaşsyzlygyny Gaznalynyň bir ganjygyna çalyşdy. Gürgençdäki hemmämiziň buýsanjymyz bolan «Beýtil hikmäni» ýapyp, alymlarymyzy Gazna iberdi. Soltanyň adyny hutba goşduryp oňa tabynlygyny boýun aldy. Ine, şular üçin onuň Horezminiň tagtynda oturmaga haky ýok.

Alp Teginiň bu sözleri şazadanyň kalbynyň iň töründe ýatan gizlin arzuwyna ýol arçaýana meňzäni üçin içinden begense-de, daşyndan syr bildirmedi:

-Haky ýok bolsa näme etmeli?-diýip, ol Alp Tegine synçy nazar bilen garady.

-Goşun biziň elimizde, ony Gürgenje çekmeli.

Şazada oňa seredip oturşyna: «Bu adam gujur-gaýratly bolsa-da, inçelik bilen pikir öwürmäge ukyply däl eken» diýip, içini gepletdi.

-Siz «Egri gylyç esgerleriň bilinde bolsa-da sapy şalaryň elindedir» diýen, ýagny ygtyýaryndadyr diýen gepi eşitmediňizmi?! Patyşasyna wepalylyk dogrusynda kasam eden esgerler, siziň bir agyz sözüňiz bilen patyşasynyň üstüne gidermi, gitmez.

-Meniň sözüm bilen gitmese, siziň sözüňiz bilen gider. Siz, ata miras tagtyňyzy eýelemäge hakyňyz bar, ahryn. Aslynda ol tagt siziň kakaňyz Aly ibn Mämüniňkidi. Şeýle bolansoň ol atadan ogula geçmeli. Abul Abbas onda bikanun otyr.

Bu sözler bilen Alp Tegin Abul Harysa has tãsir ýetirmekçidi, emma şazada başgaça dillendi:

-Men şu sözler bilen çykyş etsem esgerlere ters täsir eder. Men olaryň nazarynda tagt dawasyny edip ýören pitneçi bolaryn. Jenap Alp Tegin, munuň ýaly işler bir saparky söz bilen ýola goýulmaýar. Bu işi inçelik bilen assa-ýuwaş taýýarlamaly. Siz dört-bäş özüňize ynamly esgerleri goşunyň içinde Abul Abbasyň etmişleri, ýagny ýurdy satany barada, onuň diňe aýşy-eşret bilen meşgul bolup halky-da, goşuny-da unudandygy hakynda gep ýaýratmak üçin taýýarlaň. Adamlar çykyşlara garanda myş-myşlara köpräk ynanýarlar. Arasynda goşuny saklamak üçin pul goýberenok diýip, azyk-owkatdan gysyň. Şeýdip goşunda närazylyk döretmeli. Onsoň Gürgenje ýörüşe çagyrsaňyz gepiňiz geçer.

-Şazadam, tüweleme, ýaş bolsaňyzam sizde meniň ýaly on adamyň akly bar. Işimiz şowuna bolup, size ata miras tagtyňyzy alyp berip bilsem, ölsemem armanym ýok-diýip, Alp Tegin ýallaklady. Elbetde, Alyp Tegin Abul Harysa tagty alyp berse armansyz öljek däldi. Ol tagtyň eýesiniň ýanynda ikinji hökmürowan adam bolup aýşy-eşretde ýaşamakçydy. Şu maksat bilen hem goşunyň içinde şazadanyň aýdan işini geçirip başlady.

***

Täji-tagty saklamak hökümdarlara-da aňsat düşmeýär. Tagtyň howpsuzlygyny üpjün etmek üçin çar tarapda, hatda öz köşgüniň içinde-de jansyzlary bolýar. Olar arkaly nirede näme gep bolsa habarly bolýarlar.

Hazaraspda taýýarlanýan pitnäniň habary Gürgenje gelip ýetende weziri agzam Suhaýly şazada Abul Harysy Hazaraspa ibermäge razylyk berip, uly ýalňyşlyga ýol berenini duýdy. Çünki, Alp Teginiň ýeke özi, Abul Haryssyz, pitne guramaga milt edip bilmezdi. Ol Alp Tegini gowy bilýärdi. Bir wagtlar Alp Tegin Gürgençde mahaly Suhaýly bilen gowy gatnaşykdady. Horezmşa bu habara ynanjagyny-da, ynanmajagyny-da bilmän wezirine ýüzlendi:

-Jenap Suhaýly, siz şu habara çynyňyz bilen ynanýaňyzmy?

-Ynanýan, aly hezret. Dogrymy aýtsam, şazada Abul Harysy Hazaraspa iberip juda uly hata edipdiris.

-Näme, Abul Harys Alp Tegine goşulyp bize garşy baş göterer öýüdýäňizmi?

-Aly hezret, Alp Tegin tagtyňyza dalaş edip bilmeýär. Onuň muňa haky ýok-diýip, Suhaýly “dowamyny aýtmasam hem düşnükli bolsa gerek” diýen manyda Abul Abbasa seretdi.

-Hmm... Düşnükli. Diýmek, Abul Harys tagtyň yşkynda ekeni-dä! Gürgençde asudalygy saklamak maksadynda eden işimiz tersine bolup çykdy diýseňiz-le-diýip horezmşa bir salym dymdy, soňra Suhaýla garap:

-Indi näme etmeli?-diýdi.

-Aly hezret, bardy geldi olar bäri goşun çekäýse gaýtawul berer ýaly bu ýerdäki goşunymyzy güýçlendirmek gerek. Munuň üçin birazyrak wagt gerek. Şonuň üçin men Hazaraspa gideýin. Olary ýörüşden mümkingadar köpräk wagt saklajak bolup göreýin-diýip Suhaýly bir salym dymdy-da.- Eger ýagdaý agyr bolsa, men size gyssagly habar ýetirerin. Habarym, şu ýüzügim bolar-diýdi.

***

Ýagşylyga umyt baglap, oňarsa belanyň öňüni almak üçin on iki atly bilen Suhaýly ýola düşdi. Bäş gün diýende iki atly bilen menzile ýetip geldi. On atlyny bolsa hersiniň arasyny 20 çakyrymdan edip, ýol boýunda goýup gaýtdy. Bu bir howply habar bolsa Gürgenje tiz ýetirmegiň usulydy. Habary birinji atly ikinjä, ikinji atly üçünjä, şeýdip, onunjy atly soňky menzile ýetirmelidi.

Suhaýly ätiýaç edip, göni gala girmedi. Içerdäki ýagdaýy daşardan bilip bolmazmyka diýen pikir bilen galanyň golaýyndaky bir oba sowuldy. Gün ýaşyp garaňky gatlyşyp başlapdy. Aý hasabyndan Horezminiň gazaply gyşy çykyp, bahar başlanan hem bolsa, Nowruzyň akja garynyň sowugy bildirýärdi. Munuň ýaly ýagdaýda ýolagçylar ata-babalardan gelýän däp boýunça ýolunda duşan islendik öýe taňry myhmany bolup düşýärdiler. Suhaýly hem ýanyndaky iki ýoldaşy bilen daşyndan seredende barlyrak adamyň jaýyna meňzeýän bir howla düşdüler. Öý eýesi-orta ýaşlaryndaky sakgaly ýaňy çalaryp ugran daýaw adam olary güler ýüz bilen garşy aldy. Myhmanlaryň atlaryny-da, özlerini-de gowy ýerleşdirdi. Howlynyň derwezesinden giren ýerde jylawhana diýilýän aýratyn otagda ýerleşen myhmanlaryň öňüne saçak ýazyldy. Pelte çyranyň garşysynda oturan öý eýesiniň otda taplanan ýaly gyzyl ýüzüne, zeberdest ellerine garap, Suhaýly «bu adam demirçi bolaýsa gerek» diýip çaklady. Soraşyp-ideşilende onuň çaky dogry bolup çykdy. Özüni Bugra beg diýip tanyşdyran öý eýesi Hazarasp galasynyň

içinde demirçilik ussahanasynyň bardygyny, ol ýerde dört şägirdi bilen özi hem işleýändigini, esasy işleriniň arasynda esgerleriň atlaryna nal kakyp, gylyçlaryny ötgürläp berýändiklerini gürrüň berdi. Suhaýly öz içinden «Bagtymyza Alla bizi bu adama sataşdyrdy. Indi ondan galadaky gep-gürrüňi, ýagdaýy bilip alarys, inşalla» diýip begendi. Öz nobatynda öý eýesi myhmanlardan habar soranynda Suhaýly özleriniň Amula söwda işi bilen barýandyklaryny, Gürgençden çykanlaryna bäş gün bolandygyny aýdanynda Bugra beg:

-Gürgençli bolýan bolsaňyz patyşamyz hakynda bu ýerde ýaýran geplerden habaryňyz bardyr. Çynmy şu gepler?-diýip sorady.

-Näme gep özi? Näme gepdigini aýtsaňyz, bizem ýalanmy, çynmy, bilenimizi aýdarys-diýip Suhaýly öý eýesine ýüzlendi.

-Bir aý bäri esgerleriň arasynda Horezmşa hakynda dürli ýaramaz gepler gezýär. Dek düýnem şazada Abul Harys goşuny sapa duruzyp, ol ýere kazy-kelany, ymamy hem çagyryp, olaryň öňünde çykyş edipdir. Ol öz nutugynda Horezmşanyň ýurdy Soltan Mahmyt Gaznala satandygyny, häzir Gürgençde Horezmşa däl-de Mahmyt Gaznalynyň oňa aýallyga beren dogany höküm sürýändigini, ol aýalam Gürgençdäki atlary dünýä belli alymlarymyzy Gazna iberenligini hem-de agasy soltan Mahmyt Gaznalynyň adyny hutba goşdurandygyny aýdyp «Watanymyzyň garaşsyzlygyny ýitirip, onuň aýakasty edilmegine ýol bermelimi?! Biziň Watandan mukaddes zadymyz barmy?!» diýip, soňunda «Ýa Watan, ýa ölüm!» diýip gygyrypdyr.

Bugra begiň bu gürrüňi Suhaýlyny sowuk dere batyrdy. Emma syr bildirmän:

-Biz söwda-satyk bilen meşgullanyp ýören adam bolansoň syýasata kän bir gyzyklanmaýarys. Ýöne Soltan Mahmydyň adyny hutba goşdurypdyr diýip eşitdik-diýdi. Onuň kellesinde dürli hyýallar at salýardy. «Nätmeli? Abul Harysy niýetinden gaýtaryp bolmajagy belli boldy. Ony "mugallymy" Alp Tegin gowuja okadypdyr ýa-da onuň özi täji-tagta höwesiniň güýji bilen goşunyň öňünde hakyky watançy bolan bolup çykyş edipdir. Eger şeýle bolsa ol maksadyna ýetmek üçin öňden bir bahana tapylmagyna garaşyp ýören eken. Indi ol bu tapan bahanasyndan peýdalanman goýmaz.» Suhaýlynyň dymyp oturanyny öý eýesi ýadawlykdandyr öýdüp «Indi dem-dynjyňyzy alaýyň» diýip, öz jaýyna çykyp gitdi.

-Ýagdaý düşnükli boldy gerek, ýigitler-diýip, Suhaýly ýoldaşlaryna garady.-Indi nätmeli? Hany, siziň pikiriňizi hem diňläýin. Ýigitleriň biri bir üýtgeşik pikir aýtjak ýaly ykjamlanyp:

-Abul Harys ertir bizi kabul etse, siz onuň gije ýatýan ýerini bilip berseňiz, biz ikimiz ony dynçlarys-diýdi. Suhaýly kellesini ýaýkady.- Ikiňiz däl, on bolsaňyzam ol işi edip bilmersiňiz. Gör, onuň ýatýan jaýynyň daşynda näçe sakçysy bardyr. Gowusy bu habary Gürgenje tiz ýetirmeli. Şonuň üçin sen häziriň özünde yzyňa dolanmaly bolarsyň-diýip, Suhaýly bir barmagyndaky ýakut gaşly tylla ýüzügini çykaryp berdi. Şuny berk saklap, birinji atla ýetir. Menzilleriň arasynda atlary gaýgyrman çapsynlar. Ýüzük ertir şu wagta çenli patyşanyň eline düşsün! Biz ikimiz ertir öýläne golaý gala bararys. Alajy bolsa Abul Harysy derhal goşun çekmekden birki hepde saklajak bolaryn. Şu pursatdan peýdalanyp, goşuny güýçlendirerler.

Ýigit elini gursagyna goýup, çykyp gitdi. Ol öý eýelerini oýarmazlyk üçin atyny ýuwaşlyk bilen howludan idip çykardy-da birinji menzile tarap at saldy.

Ertesi irden öý eýesi myhmanlaryndan habar almaga geldi. Üç adamyň ýerine iki adam oturanyny görüp, üçünjini soranynda Suhaýly onuň Pitnekde bir görmeli adamynyň bardygyny, şonuň üçin irräk gidenini aýtdy.

Ertirlik çaý-çörek getirildi. Öý eýesi işine ir barmalydygyny, myhmanlaryň maharlanyp, dem-dynjyny alyp, islän wagty gidip biljekdiklerini aýdyp mähirli hoşlaşdy. Öý eýesi gidenden soň Suhaýly bir salym oýa çümdi: «Eger gala häzir, ir bilen barsak, ýagdaýy anyklamak üçin şu töwerekde düşlänimizi bilerler. Şonuň üçin öýläne golaý hiç ýere sowulman göni gelen kişi bolup baranymyz gowy». Ol bu pikirini ýoldaşyna aýdanynda, öýläne çenli garaşmaga ýaş ýigidiň sabyr etmegi kyn bolsa-da, weziriň ygtyýaryndaky nöker bolany üçin onuň pikirini makullamaly boldy. Şeýdip, olar her näçe ýürekleri gyssa-da, aýdylan wagta çenli çydamaly boldular.

***

Abul Harysa Suhaýlynyň gelenini aýdanlarynda ol oňa garaşyp oturan ýaly bir hili ykjamlandy. Suhaýly ýoldaşy bilen onuň huzuryna gireninde, ol tagta meňzeş kürsüde oturan ýerinden turmadam bir hili kynaýaly ýylgyryp:

-Geldiňizmi, weziri agzam?! Aly hezretden bize näme habar getirdiňiz?!-diýdi. Suhaýly rejäniň düzüw däldigini aňsa-da, sowukganlygyny ýitirmän jogap berdi:

-Men siziň huzuryňyza Aly hezret diýýäniňiziň adyndan däl, Din Horezmin diýip atlandyrylýan Watanymyzyň adyndan geldim.

-A-ha, onuň ýaly bolsa habaryňyzy berip oturyň.

-Onda oturmaga ejaza ediň. Salam-alek, saglyk amanlyk soraşanymyzdan soň habarymy aýdaryn.

-O-ho, biz biedeplik edipdiris, uzur-diýip, Abul Harys ajy ýylgyrsa-da, saglyk-amanlyk soraşan boldy. Suhaýly şazadanyň özüni alyp baryşyndan ony özüniň sözlerine ynandyryp boljagyna ynamy gaçdy. Şonda-da «Ýatyp galandan atyp gal» diýen nakyla eýerip, bir synanyşyp görmekligi müwessa bildi:

-Şazadam, siz maňa nähak ynanmajak bolýaňyz. Ynansaňyz, ynanmasaňyz hem men ýüregimdäkini aýdaýyn.

-Men entek size ynanamok diýmedim-ä.

-Söz bilen aýtmasaňyzam, bu zat mesaňa duýulyp dur.

-Siz gaty duýgur adam, jenap Suhaýly. Hany ýüregiňizdäkini aýdyň bakaly, belki menem ondan bir zatlar duýaryn.

-Aýtsam, Gürgençde ýagdaý üýtgedi. Soltan Mahmydyň ady hutba goşuldy. Alymlarymyz Gazna iberildi. Hökümdaryň öz ygtyýary bilen ýurduny beýle namysa goýmagy halkymyza-da ýaranok. Şonuň üçin Abul Abbasyň indi Horezminiň tagtynda oturmaga haky ýok. Ony siziň eýelemegiňiz gerek. Ozaldanam mirasdüşer siz, ahyryn.

-Munyňyz dogry. Mirasdüşer mendim. Indi pursady elden bermän, ertiriň özünde goşuny Gürgenje çekeris-diýip, Abul Harys Suhaýlynyň ýüzüne synçy nazaryny dikdi.

-Şazadam, men gandöküşlige garşy. Onuň hem goşuny az däl. Siz bärden goşun çekip barsaňyz, uly gan döküşlik bolar Iki tarapyň esgerleri hem öz ýurdumyzyň adamlary, ahyryn. Şonuň üçin munuň başga ýoly bar.

-Nähili ýoly bar?

-Häzir Abul Abbas Jende ýörüş etmek üçin taýýarlanyp ýör. Ol Jende gitdigi Siz Gürgenje girersiňiz. Siziň tagty eýeläniňizi eşiden esgerlerem, halkam siziň tarapyňyza geçer. Onsoň onuň gelip, siziň öňüňizde dyza çökmekden başga alajy galmaz. Şonuň üçin siz häzir gyssanmaň. Ol aňry barsa bir aýa ýola düşer.

-Bir aý? Bir aý garaşmaly diýseňiz-le. Onsoň gidenini özüňiz habar etjekmisiňiz.

Suhaýly ykjamlandy. Bu sowal oňa taşlanan çeňňekdi. «Hawa» diýdigi-çeňňege ildigidi. Ol kellesine gelen bu pikirden ätiýaç edip, çynlakaý äheň bilen jogap berdi.

-Men indi Gürgenje gaýdyp baryp bilmen, ahyryn. Ol ýerde habar berjek ynamly adamlarym bar. Bir aýa galyp-galman habar geler.

-Bir aý? Düşnükli möhlet-diýip, Abul Harys mekirlik bilen Suhaýla gözüniň gytagyny aýlady.-Goşunyny güýçlendirmek üçin oňa bir aý gerek ekeni-dä. Şeýle dälmi?

Bu gepi onuň haýsy manyda aýdanyny Suhaýly duýsa-da, özüçe düşünen bolup jopgap berdi:

-Hawa. Jendi almak üçin güýçli goşun gerek.

-Ýok, jenap Suhaýly. Güýçli goşun Jendi almak üçin däl, bize garşy durmak üçin gerek.

Suhaýly utulanyny bildi. Şonda-da, onuň pikirini üýtgedip bolmazmyka diýen umyt bilen dillendi:

-Diýýäniňiz näme, ol hiç haçan sizi duşman saýanok. Ol Alp Tegine ynanmasa ynanmaz, ýöne size aga-ini hökmünde berk ynanýar, onsoňam...-Suhaýly sözüni gutarmanka, gapynyň aňyrsynda bularyň gürrüňini diňläp duran Alp Tegin:

-Onuň ýaly patyşanyň bize ynamy-da, özü-de gerek däl-diýip, girip geldi. Suhaýly oňa ýalta seretdi. Gözler biri-birine kaklyşdy. Alp Teginiň gözlerinde köne tanyşlygyň nyşany hem ýokdy, bütünleý ýat nazar bilen seredýärdi. Ol Salam aleýgiň ýerine:

-Jenap Suhaýly, şazadanyň kellesini aýlajak bolup oturmaň, gönüňizden geliberiň-diýdi.- Bu ýere gelmegiňiziň maksadyny barybir biz bilýäs.

-Bilseňizem, bilmeseňizem meniň maksadym gan döküşlige, öz watandaşlarymyzyň gyrlyşygyna ýol bermezlik, jenap Alp Tegin!

Alp Tegin bir zatlar diýmäge çemlenende Abul Harys bir elini galdyryp, «saklan» diýen yşaraty etdi-de, özi dillendi:

-Jenap Suhaýly, niýetiňiz gowy niýet. Onsoň bu niýetiňizi amala aşyrmak üçin näçe adam bolup geldiňiz?

Umytsyzlygy artyp barýany üçin Suhaýlynyň kellesi biraz dumanlanypdy. Ýogsa ol bu sowalyň näme üçin berlendigini aňardy we jogabyny tapyp aýdardy.

-Görüp durşuňyz ýaly, ýanymdaky ýoldaşym bilen.

Bu jogapdan soň Abul Harys Suhaýlynyň gepleriniň bary ýalandygyna göz ýetirip, soragy gutarmagy makul bildi. Ol:

-Demirçini getiriň!-diýip gapyda duranlara buýruk berdi. Salym geçmän Suhaýly dagynyň myhman bolan öýüniň eýesini getirdiler.

Onuň bir gözüniň aşagy gök dalakdy.

-Hany aýt, Bugrabeg, düýn agşam seniň öýüňe myhman bolanlar şularmy?-diýip, Abul Harys eli bilen Suhaýlyny we onuň ýanyndakyny görkezdi. Demirçi biçäre gorkanyndan sandyrap:

-Hawa, jenap, şular-diýdi.

-Bular näçe adamdy?

- Üç adamdy.

-Bu ýere ikisi geldi, biri seniň öýüňde galdymy-ka?

-Ýok, tagsyr. Ir bilen bularyň ýanyna baranymda-da ikisi oturan eken. Ol birini sorasam Pitnekde girip çykmaly ýeri bar eken, şoňa ir gitdi, diýip aýtdylar.

-Sen agşam bulara näme gürrüň berdiň, şuny aýt!

-Men bularyň nä jüre adamdygyny näbileýin. Maňa söwda işimiz bilen Amula barýas diýdiler. Onsoň gepden gep çykyp, men siziň goşunuň öňünde eden çykyşyňyzy aýdaýdym.

-Düşnükli. Sen işe gaýdanyňdan soň bularyň näme üçin öýüňde galanlarynyň sebäbini bilýäňmi?

-Bilemok, jenap.

-Bilmeseň, bular agşam seniňkide myhman bolandyklaryny ýaşyrmak üçin, öýläne çenli seň öýüňden çykman oturypdyrlar. Üçünjisini bolsa saňa aýdyşlary ýaly Pitnege däl, senden eşiden habaryny Gürgenje ýetirmek üçin yzyna ugratdylar. Ine, häzirem üç adam bolup gelendiklerini gizläp otyr.

Abul Harys bu sözleri Bugrabege aýdan bolup, Suhaýla «Syryňy bildim gerek» diýen manyda seretdi-de:

-Siz utuldyňyz, jenap Suhaýly-diýdi.-Men siziň goýberen hatalaryňyzy aýdyp bereýin. Bu günäkäriň günäsini boýnyna goýup, soň jeza berlişi ýaly bolar. Birinjiden siz düýn agşam demirçiniň öýüne düşüp ýalňyşdyňyz. Hiç ýere sowulman, göni biziň huzurymyza gelen bolsaňyz, belki men siziň gepleriňize ynanardym. Ikinjiden, özüňizi dogry gelen adam edip görkezjek bolup, öýlän gelmän, ir bilen gelen bolsaňyzam men gije galanyň derwezesini kakyp ýörmäli diýendir-de diýip oýlanardym. Üçünji hataňyz bolsa üç adam bolup geleniňizi ýaşyrdyňyz. Sebäbi üçünjiňiziň Gürgenje habar ýetirmäge yzyna gidenini bildirmejek bolduňyz. Ine, şulardan siziň bar gepiňiziň ýalandygy belli boldy. Siziň esasy maksadyňyz bizi bu ýerde bir aý saklap, şu wagtyň içinde Abul Abbasyň goşunyny güýçlendirip almagyny üpjün etmekdigine göz ýetirdim.

Abul Harys sözüne dyngy berip, sözleriniň Suhaýla nähili täsir edendigini bilmek üçin onuň ýüzüne siňe seretdi. Ýüzünde hiç hilli özgerişlik görmäninden soň sözüni dowam etdirdi:

-Jenap weziri agzam, men sizi dana adam diýip eşidýärdim. Ýöne şu danalygyňyz bilenem özüňizi ölüme sezewar etjek hatalara ýol berdiňiz.

-Men ölümden gorkamok!

-Alyp çykyň!-diýip, Abul Harys gapyda duranlara buýurdy. Suhaýly çykyp barýarka yzyna öwrülip Abul Harysa ýüzlendi:

-Şazada, siz Gürgenji alansoň adyl hökümdar bolmagy isleýän bolsaňyz gerek.

-Men adyl hökümdar bolaryn.

-Onda meniň ýanymda gelen bu nöker ýigidiň hiç hili günäsi ýok. Oňa-da jeza bermek adalatdan bolmaz.

-Men bilýän günäsi ýokdugyny. Oňa hiç kim el degirmez. Islese biziň goşunymyzyň hataryna geçsin.

Häliden bäri nökeriň ak esgä dönen ýüzüne gan ýöredi. Nökerler Suhaýly bilen demirçini alyp çykanlaryndan soň Alp Tegin:

-Şazadam, hökümiňizi gijä goýman häziriň özünde ýerine ýetirmek gerek-diýip, gapa tarap ýöneldi. Abul Harys:

-Duruň! O näme hököm? Nämäni ýerine ýetirjek bolýaňyz?

-Suhaýlyny ölüme höküm etdiňiz-ä, Şazadam.

-Men oňa özüňizi ölüme sezewar etjek hatalara ýol berdiňiz-diýip aýtdym. Bu ölüme höküm edildigi däl. Ölüme diňe başy täçli hökümdar höküm edip bilýär. Başganyň muňa haky ýok, jenap Alp Tegin.

-Eýsem ony nätmeli?

-Entek ony berkiräk saklaly, tussaglykda goýuň. Nesip edip, Gürgenji alsak, başyma täç geýmek miýesser etse, onsoň Suhaýlyny nämä höküm etmelidigini göreris. Demirçini goýberiň onda günä ýok. Alp Tegin şazadanyň sözlerini içinden makullamasa-da, geljekki täçdar bolany üçin geplemän çykyp gitdi.

Abul Harys soňky günlerdäki dartgynlylyk zerarly biraz ýadapdy. Aýratynam Suhaýly bilen bolan bu duşuşyk oňa, erbet täsir edipdi. Ol biraz dynç almak üçin öz otagyna däl, Rugsar hanymyň aram otagyna bardy. Rugsar:

-Geliň şazadam. Iki gün bäri maňa görünmediňiz, eýgilikmi?-diýip, hemişekisi ýaly güler ýüz bilen garşy aldy.

-Işler köp, melikäm.

-Haýyrly işlermi?

-Öz önüp-ösen şäheriňe gaýdyp barmak haýyrly bolsa, haýyrly iş.

-Gürgenje gidýäsmi, patyşa rugsat berdimi?

-Ýok, onuň rugsady gerek däl.

-Düşünmedim, şazadam. Näme üçin onuň rugsady gerek däl?

-Men gaty ýadow, Rugsar. Bir salym başymy seniň dyzyňa goýup, dynç alasym gelýär. Başymy sypap meni azajyk irkildirseň, soň näme üçindigini aýdaryn.

-Geliň, başyňyz meniň dyzlarymda aram alsa, baş üstüne-diýip Rugsar aýaklaryny uzadyp oturdy. Abul Harys onuň öňüne başyny goýup, uzaldy. Rugsar onuň ösgün saçly kellesini sypap oturşyna «Munuň bir uly aladasy bara meňzeýär. Gürgenje patyşadan birugsat gitmegi ýöne ýere däldir» diýip, içini gepletdi. Abul Harysa başyny sypaýan Rugsaryň mylaýym elleri rahatlyk bagyşlasa-da, irkilip bilmedi. Ol gözlerini ýumup ýatyşyna bir uludan dem alyp, ýuwaş dillendi:

-Melikäm, bu dünýäniň işleriniň haýyryndan şeri köp. Näme üçin şeýle. Çünki, bu zamanyň adamlary haýra garanda şer işlere köpräk gyzyklanýarlar. Biziň etjek işimizem haýyrmy, şermi, Alla bilýär. Rugsar bu gepleriň anygyna ýetmän durup bilmedi:

-Şazadam, maňa düşnükliräk edip aýdyň. Näme iş ol sizi beýle biynjalyk edýän?

-Erte, birigün Gürgenje goşuny çekýäs. Men Abul Abbasdan ata miras tagtymy almaly. Inşalla alarynam. Sen hem diňe meniň däl, bütin Horezminiň melikesi bolarsyň.

Rugsaryň üstünden sowuk suw guýulan ýaly ini tikenekläp gitdi. «Goşun çekmek-uruş, gan döküşlik» diýen aýylganç pikir beýnisine kürsäp girdi. Özüne unudylmaz ýagşylyk eden, agasy ornunda görýäni-Muhammet ibn Salam göz öňüne geldi. Şazadanyň ony «Patyşanyň ýakyn adamlarynyň biri» diýeni ýadyna düşüp, bu uruşda onuň hem heläk bolmagy mümkin diýen pikirden ýüregi gyýylyp gitdi. Şazada şeýle maksat bilen Gürgenje ýörüş etjek bolsa onuň bilen gitmezlige äht etdi.

-Nämä dymýaň, janym, ýa bu iş saňa ýaranokmy?

-Ýaranok, şazadam. Siz Gürgenje gan döküşlik edip, şa bolmak üçin ugraýan bolsaňyz, meni talak edip gidiň.

Abul Harys dabanyna ot basylan ýaly laňňa ýerinden galyp, gözlerini Rugsaryň göreçlerine dikip oturdy.

-Şu sözi çynyň bilen aýdýaňmy, Rugsar?

-Çynym bilen aýdýan.

-Talak etsem, onsoň näme iş etjek?

-At-ulag berseňiz ýurdyma giderin.

-Sen öňem patyşalara aýal bolmak howpludyr diýip aýdypdyň. Eger gitmejegiň çynyň bolsa men seni zorlap alyp gitmen. Ejize zorluk etmek meniň zandymda ýok-diýip, Abul Harys çykyp gitdi.

Rugsaryň birden agysy tutup möňňürip goýberdi. Ol Horezmin topragyna geleli bäri hiç haçan beýle sesli aglamandy.

Abul Harys daşarda iki ýana gezmeläp, Rugsaryň beýle aýgytly karara gelmeginiň sebäbini oýlanýardy. «Onuň çynymyka ýa-da meni niýetimden gaýtarmak üçin aýtdymyka? Eger şeýle bolsa ol samsyk. Bir aýalyň göwni üçin kim täji-tagtdan geçer?»

Hawa-da, öňki arzyly Rugsar indi onuň üçin bir aýal. Iň lezzetli zatlaram hemişe el ýeterli bolsa wagtyň geçmegi bilen öňki lezzetini ýitirýär. Abul Harysyň arzuwy öň Rugsar bolan bolsa indi tagt. Ol bu arzuwyna ýetmek üçin başga ähli zatlardan geçmäge taýyn.

Şol günüň ertesi öýle wagty Rugsaryň otagyna Alp Tegin gelip girdi. Onuň rugsatsyz girenine gahary gelen Rugsar:

-Size näme gerek?!-diýip, ýüzüni kesä sowdy.

-Meni siziň ýanyňyza şazada iberdi.

-Şazadanyň özi gelip bilmeýärmi?

-Ýok. Gitjegiňiz çyn bolsa, siziň bilen hoşlaşmaga ýüregi dözmeýärmiş.

-Gürgenje goşun çekip, gan döküşlige dözjek ýürek, meniň bilen hoşlaşmaga dözmeýärmişmi?

-Bilmedim. Men bir harby adam, onuň ýaly inçe duýgulardan başym çykmaýar.

-Siziň köp zatdan başyňyz çykýar. Şazada ýaş, ony islendik zada yrmak siziň ýaly tejribeli adama kyn däl bolsa gerek.

-Melike, ikimiz uruşmaly. Gitjegiňiz çynyňyz bolsa ýagşylyk bilen hoşlaşaly.

-Gitjegim çynym, baryp şazada aýdaýyň.

-Şazada gitjegi çyny bolsa, ýeke özi bolsa, ýeke özüne, kenizleri bilen bolsa olara-da at-ulag, erkek lybas taýýarlamagymy hem-de şu puly size bermegimi tabşyrdy-diýip, Alyp Tegin pökgerip duran gaýyş gapjygy Rugsaryň öňünde goýdy.- Bu tylla teňňeler size köp wagta ýeter. Eger söwdada aýlap bilseňiz ömrüňiz ötýänçä hor bolmarsyňyz.

-Her kimiň rysgalyny Alla berýär. Maňa munça pul geregem däl.

-Şazadanyň eli bilen Allanyň bereni şu, alyň. Siziň bagtyňyza ertir irden Gürgençden Yspyhana tarap kerwen geçýär. Kerwen bilen gitseňiz, ýoluňyz hatarsyz bolar.

Ertesi irden ýaş ýigitleriň sypatyna giren üç atly zenan Hazarasp galasyndan çykyp, geçip barýan kerwene goşuldy.

Ine, şeýdip, Rugsar kenizleri bilen gündogara, şazada Abul Harys bolsa goşuny bilen günbatara ýola düşdüler. Bu iki aşyk-magşugy asy bendeleri özüne çekýän täji- tagt diýen jadyly bela aýra saldy.

## XXI BAP

Suhaýlynyň yzyna ugradan atlysyndan iberen habary menzillerden menzillere aşyp, ertesi gijäniň ýaryna golaý Gürgenje ýetip bardy. Çaparyň gelenini aýdanlarynda gijäniň ýarynda gelen habaryň buşlyk däldigini aňan Horezmşa derhal aram otagyndan çykyp, tagt eýwanyna geldi. Uzak ýoldan at çapdyryp, gelen çapar demini rastlap, patyşa egilip tagzym etdi-de, Suhaýlynyň berip goýberen ýüzügini uzatdy. Al Mämün eliniň aýasyndaky ýüzüge seredip, oýa çümdi: «Diýmek, ýagdaý gowy däl. Pitneçiler tiz wagtda ýetip gelmegi mümkin. Gyssagly çäre gormeli» Ol elini iki gezek çarpandan häzir bolan köşk sahybyna ähli emeldarlary, goşun serkerdelerini çagyrmagy buýyrdy. Munuň ýaly bimahal wagty adam ýygnamak aňsat bolmasa-da, patyşanyň emri bilen aýdylanlaryň hemmesi ýygnandy. Adamlar bimahal çagyrylanlary üçin «Näme gep?», «Eýgilikmi-kä?» diýişip, biri-birinden howatyrly soraýardylar. Hiç kim hiç zat bilmän, bilýänler bar bolsa-da aýtmany üçin «Aý, häzir patyşa geler, näme gepdigini özi aýdar» diýişip garaşýardylar. Patyşa-da köp garaşdyrmady.

-Jenaplar, sizi bimahal ýygnanymyň sebäbiniň gowulyk däldigini özüňiz hem duýansyňyz. Biziň goýun diýip ýörenimiz gurt bolup çykdy. Şazada Abul Harysy Hazaraspa iberenimizden habaryňyz bar. Ol Hazaraspdaky goşunyň serkerdesi Alp Tegin bilen dildüwüşip biziň üstümize goşun çekip geljekmişin. Pitneçileriň tizara ýola çykmagy mümkin. Duşmana degerli gaýtawul bermek üçin biz bu ýerdäki goşunuň üstüni azyndan bäş müň adam bilen dolduryp, jeňe taýýarlyk görmegimiz gerek-diýip, Abul Abbas degişli adamlara etmeli işlerini ýekän-ýekän aýdyp tabşyrdy.

Ýygnak gutaranda daň hem atypdy. Patyşanyň buýrugyny ýerine ýetirmek üçin ýeterli wagt gerekdi. Emma pitneçiler wagt bermän golaýlap gelýänligi sebäpli galanyň derwezelerini berk baglap, goranmak çärelerini görmeli boldy. Onýança pitneçileriň goşuny ýetip gelip, Gürgenjiň daşyny gabady. Eger-de Horezmşanyň az sanly goşuny-da çyn ýürekden şäheri goramakçy bolanynda pitneçiler gör näçe wagt galanyň daşynda ýatardy, belki alyp bilmejekdigine göz ýetirip yzyna gaýdyp giderdiler. Pitneçileriň köp saklanman şähere girmegini soltan

Mahmyt Gaznalynyň adynyň hutba goşulyp, ýurduň oňa tabynlygy boýun alynandygy sebäpli halkyň we esgerleriň arasynda dörän närazylyk tizleşdirdi.

Abul Harys atyny oýnadyp, galanyň derwezesiniň golaýyna geldi. Ol özüne we ardynda sap tartyp duran goşunyna ok-ýaý çenäp duran galanyň üstündäki esgerlere ýüzlendi:

-Eý Watandaşlar! Sizler kime peýkam çenäp duranyňyzy bilýäňizmi? Biz başga ýurtdan ýurduňyzy basyp almaga gelen kesekiler däl-ä! Biz öz adamlaryňyz, öz doganlaryňyz, ahyryn! Biz Gürgenje Watanymyzyň namysyny goramak üçin, Horezmin diýarymyzyň hiç kese tabyn bolmajak beýik döwletdigini dikeltmek üçin geldik. Häzir Horezminiň tagtynda oturan Abul Abbas ýurdy Mahmyt Gaznala satyp, onuň adyny hutba goşduryp, Watana dönüklik etdi. Şundan soň onuň Horezmşa diýen belent ady götermäge haky ýok. Meniň pederim Aly ibn Mämün tagtda oturanynda ýurdumyzyň namysyny, garaşsyzlygyny gözüniň göreji ýaly gorady. Eger sizleriň hem ýüregiňizde ata Watanymyza söýgi, adyna buýsanmak duýgusy, namysyny goramaklyga gaýratyňyz bar bolsa ok-ýaýyňyzy aşak düşüriň-de derwezäni açyň! Gan döküşlik bolmasyn!

Abul Harysyň ýüreginden syzdyryp sözlän bu gysga nutugy depedäki esgerleriň öňden bar bolan närazylyk duýgusyny güýçlendirip, Watanyň namysyny goramaga gelen şazada raýdaşlyk meýlini oýardy. Derweze açyldy. Abul Harysyň goşuny hiç bir garşylyksyz içeri girip, göni köşge tarap okduryldy. Köşgiň goragynda duran Horezmşanyň birki topar sadyk esgerleriniň garşylygyny aňsatlyk bilen ýeňenden soň Abul Harys, Alp Tegin dagy elli, altmyş esger bilen köşge girip bardylar. Köşgüň içinde garşylyk görkezjek hiç kim ýokdy. Köşgüň içi haňlap ýatyrdy. Olar tagt duran giň eýwana girenlerinde garşydaky altyn suwy çaýylan islimi nagyşly belent gapydan kellesi ýalaňaç Abul Abbas çykdy. Ol özüni sowukganlylyk bilen tutup:

-Hoş geldiňiz, inim!-diýip, Abul Harysa kinaýaly garap ajy ýylgyrdy.

-Geldik welin, elimiz sowgatsyz boş geläýdik-diýip, ol hem kinaýaly gepledi.

-Boş däl. Eliňizde ýalaňaç gylyç bar-a. Şuny bilip, menem kellämi ýalaňaçlap çykdym öňüňize.

-Eden dönükligiňiz üçin kelläňiz bilen jogap bermeli boljakdygyny bilipsiňiz-dä.

-Men dönüklik edemok.

-Gaznalynyň bir ganjygyna Watany satyp, onuň adyny hutba goşdurmak, dünýä belli alymlarymyzyň Gazna iberilmegi dönüklik bolman eýsem näme?!

-Bu Watany Mahmyt Gaznalynyň goşunyna depeletmezlik, ilatyň ganyny dökdürmezlik üçin görülen wagtlaýyn çäre.

-Çäremişin. Çäre däl, gorkaklyk. Dönükler gorkaklardan çykýar. Onuň goşunyna ýurdy depeleder ýaly biziň goşunymyz, güýjümiz ýokmy? Gaýratymyz çatanokmy?!

-Soltan Mahmydyň ýüz müň adamlyk goşunynyň garşysynda durup biljek goşun barmy häzir bizde. Şonuň üçin men ol çäräni wagtdan utup, goşunymyzy güýçlendirmek maksadynda etdim.

-Suhaýlyny-da meniň ýanyma şol maksatda ibereniňi bilýän-diýip, Abul Harys gylyjyny gynyna sokdy-da gapdalynda duran Alp Tegine «Gutar» diýen manyda ümläp, özi çykyp gitdi. Alp Tegin ýanyndakylar bilen şol bada buýrugy ýerine ýetirdi.

Şeýlelikde ylmyň, edebiýatyň, sungatyň janköýeri hem howandary 27 bahary ýaňy garşylan ýaş ýigit tagt gurbany boldy. Eger-de ol tagtda oturan hökümdar bolman, gumuň depesinde tüýdük çalyp oturan çopan bolanynda segsen, togsan ýaşyna çenli bu dünýäniň hözürini görüp ýaşamaly adamdy.

***

Abul Harys tagta çykdy.Özüni Horezmşa diýip yglan etdi.

Abul Abbasyň döwründe jany-teni bilen oňa hyzmat eden köşk emeldarlarynyň aglabasy gelip, Abul Harysa tagzym edip, dyza çökdüler, oňa wepaly hyzmat etjekdiklerine kasam etdiler. «Dyza çöküp ýaşandan dik durup ölen ýagşy» diýen mertler bolsa gylyçdan geçirildi. Bu gabahat iş diňe Alp Teginiň işi däldi. Tagt eýesi nähili ýuka ýürekli adam bolsa-da, tagtynyň howpsuzlygyny üpjün etmek üçin doň ýürege-de öwrülýän eken. Alp Tegin Abul Harysa ýanbermezleri jezalandyrmak hakynda aýdanynda ol: «Olaryň içinde Muhammet ibn Salam diýen adam ýokmy?» diýip sorady. «Ýok» diýen jogaby eşidensoň: «Bolupdyr onda» diýip, başyny atdy. Abul Harys, şeýdip, özüne duşman saýan adamlarynyň ýoguna ýanansoňam arkaýyn hökümdarlyk edip ýaşap bilmejegini bilýärdi. Çünki, bu eden işi üçin Soltan Mahmyt Gaznalynyň sag bolsun aýtmajagy bellidi. Bu hakda ol Gürgenje goşun çekip gelýärkä-de ýolboýy oýlanypdy. Indi ol Gaznalynyň goşunyna gaýtawul berip biljek goşun toplamalydy ýa-da başga bir çäre görmelidi. Ol ilki «Başga bir çäre» diýenini ulanyp görmekçi boldy. Ol Gürgenje giren gününden aýratyn goragda sakladan heremden soltan Mahmydyň

dogany Kaljy hanymy köşgüň bir otagyna çagyrtdy. Gapydan giren ýerinde özüne sowuk nazar bilen dik bakyp duran gözele gözi düşende Abul Harys bir hili aljyrajak boldy. Ony aljyradan diňe Kaljynyň gözelligi däl-de, onuň arkasynda duran gudratly soltan Mahmydyň at-owazasydy. Abul Harys özüni ele alyp, mylaýym äheň bilen:

-Geçip oturyň, hanym, siziň bilen gürrüňim bar-diýdi.

-Näme gepiňiz bolsa, aýdyberiň, men duran ýerimde-de diňleýän.

Garşysynda duran zenanyň gep urşundan onuň aňsatlyk bilen özüne boýun egmejekdigini aňan Abul Harys:

-Beýle gödek dillenmek siziň gözelligiňize gelşenok, hanym. Meniň size hiç hilli ýamanlygym ýok, gaýtam siziň bilen bir döwletli gürrüň etmekçi bolup çagyrtdym-diýdi.

-Meniň adamymy öldüribem hiç hilli ýamanlygym ýok diýmäge neneň diliňiz öwrülýär?

-Adamyňyzy men öldürmedim. Onuň özi meni öldürjek bolup, topulanynda serkerde Alp Tegin ara düşdi. Onuň bilen garpyşykda heläk boldy. Nätjek, ajaly ýetendir-dä - diýip, ýalan sözlän Abul Harys sözüni Kaljy hanyma nähili täsir edenini biljek bolup, oňa synçy nazaryny dikdi. Kaljy onuň bu sözüne ynanjagyny-da, ynanmajagyny-da bilmän dymdy. Abul Harys pursatdan peýdalanyp, ýene-de mylaýym äheň bilen sözüni dowam etdirdi:

-Hanym, boljak iş boldy. Öleniň yzyndan ölmek ýok. Indi siz başy boş aýal. Şonuň üçin meniň nikama geçseňiz, öňkiňizden hem zyýada edip saklaryn. Ýurduň esasy melikesi bolarsyňyz.

Bu sözleriň aňyrsynda Abul Harysyň näme maksadynyň bardygyny şo bada aňan Kaljy hanym:

-Onsoň men näme etmeli?-diýip, kinaýaly sorady.

Abul Harys kinaýany syzsa-da, syzmadyk ýaly dillendi:

-Siz hiç zat etmeli däl, hanym. Agaňyza ikimiziň nikalaşandygymyz baradaky hoş habary sowgat-salamlar bilen ýetirsek bolany.

-Agam bu habary, siziň aýdyşyňyz ýaly, hoş habar hökmünde kabul eder öýüdýäňizmi? Tersine, iň ajy habar hökmünde kabul eder.

-Şeýle bolmazlygy üçin siz sowgatlaryň ýanyna bir gowy mazmunly salamnama goşarsyňyz.

-Men siziň maksadyňyzy bilýän-diýip, Kaljy Abul Harysa dikanlap garady.-Siz agamdan gorkanyňyz üçin meni...

-Men agaňyzdan gorkamok!-diýip, Harys Kaljynyň sözüni kesdi.-Men hiç kimdenem gorkmaýan, diňe, Alladan gorkýan. Ýöne men gan

döküşlik bolmasyn diýýän. Agaňyz ýüz müň leşger bilen gelse-de biziň oňa gaýtawul bermäge güýjümiz ýeter. Emma bu jeňde näçe müňläp adam gyrylar. Agaňyzam menem şonça adamyň ganyna galarys. O dünýäde munuň jogabyny bermeli bolar.

Kaljy hanym Abul Harysa ajy ýylgyrmak bilen seredip:

-O dünýäde jogap bermeli bolsa öz agasynyň tagtyny basyp alyp, özüni öldürüp, aýalyna göz dikmegiň hem jogabyny bermeli bolmazmy?

Abul Harys öz sözünden tutulyp, derhal jogap berip bilmän biraz sägindi. Soňra Kaljy hanyma naýynjar garaýyş bilen bakyp:

-Hanym, bu işler takdyry-ezeliň işi. Takdyrdan gaçyp gutulma ýok. Sizem takdyryňyza ten berip, meniň teklibime razy bolaýyň. Belki Allatagala ikimiziň ýyldyzymyzy goşup goýandyr.

Kaljy hanym oýa çümüp bir salym dymdy. Kaljynyň dymmagyndan razylyk tamasyny eden Abul Harys onuň jogabyna sabyrsyzlyk bilen garaşdy. Kaljy hanym bir uludan dem alyp, Abul Harysa seretdi-de:

-Men siziň teklibiňizi kabul etsem, ikimize-de ýaman bolar-diýdi.-Sebäbi agam dönükligi hiç haçan bagyşlamaýar. Ol diňe siziň üçin däl, meniň ärimiň ruhuna salym geçmän dönüklik edenim üçin gazap atyna münüp, bäri goşun çeker. Ilki bilen tutup meni öldürer. Şonuň üçin size maslahatym: meni ýurduma-Gazna agama sowgat-serpaýyňyz bilen iberiň. Men sag-aman barsam, siziň bu eden işiňizi bir deliller bilen aklajak bolaryn. Men muny diňe siziň üçin däl, uly gan döküşlik bolmazlygy üçin ederin. Şunuň ýaly ýagdaýda ýalan sözleseňem Allatagala geçirermiş. Onsoň, parahatçylyk berkarar bolsa, agama giýew bolmak islegiňiz çyn bolsa maňa sawçy iberäýiň.

Bu sözlerden soň Abul Harys hem oýa çümdi. «Bu aýal mekirligimi ýa çynymy?» diýip, her näçe oýlansa-da, muny bilip bilmejegine göz ýetirdi. Nähili bolsa-da, ol bu aýalyň akylly, öňden görüjidigini ykrar etdi. Ony ýene bir gezek synamak üçin:

-Hanym, bu sözleri menden gutulmak üçin aýdýan dälsiňiz-dä-diýdi.

-Sizden gutulmak üçin däl, öz başymy gutarmak üçin aýdýan. Ynansaňyzam, ynanmasaňyzam özüňiz biliň.

Abul Harys Kaljynyň teklibine boýun bolmakdan özge çäresi ýokdy. Eger-de Kaljyny zor bilen alyp galsa uruşa taýýarlanybermelidi. Ol uruşda ýeňilerin diýip gorkubam duranokdy. Soltan Mahmyt Horezmine ýetip gelýänçä näçe leşger gerek bolsa toplamaga wagt ýeterlikdi. Ýöne ol örän uly jeň boljagyny, gaty köp adam gyryljagyny

göz öňüne getirip, parahatçylyk ýoly bilen ýöränini makul görýärdi. Kaljyny aýallyga almakdan maksady hem şoldy. Ýogsa oňa aşyk bolubam duranokdy.

Uzak dymyşlykdan soň ol şeýle diýdi.

-Bolýa hanym, men siziň wyždanyňyza ynanýan. Ertiriň özünde agaňyza sowgat-serpaýlary taýýarlap, sizi ynamly gorag bilen ýola salýan. Häzir gidip, dem-dynjyňyzy alyberiň.

Kaljy arkasyndan agyr ýük düşen ýaly uludan demini alyp, patyşalara edilýän tagzymy berjaý etdi-de, otagdan çykdy. Abul Harys Kaljynyň bu hereketine geň galyp, oýlandy: «Gireninde tagzym etmedi, diýmek, meni patyşa hasap etmedi. Çykjagynda tagzym etmegi meniň patyşalygymy ykrar etdigimikä ýa-da aýdan sözleri mekirliginiň perdesi bolup, ony bildirmezlik üçin etdimi-kä?». Abul Harys iki oýly bolsa-da ertesi, aýdyşy ýaly, Kaljyny ýanynda iki kenizi bilen tagtyrowan araba mündürip, agasyna-da sowgat-serpaýlar bilen, kyrk atly nökeriň goragynda Gazna ugratdy. Abul Harys bu gören çäresiniň netijesine känbir ynamy bolmany üçin ätiýajy elden bermän goşuny-da güýçlendirmek kararyna geldi. Bu meseläni Alp Tegin bilen maslahatlaşanynda ol:

-Pikiriňiz gaty dogry, aly hezret-diýdi.-Aýallara ynanyp bolýamy, bu bir, ikinjiden Kaljy hanym siz taraply bolup gepläninde-de, soltan Mahmydyň oňa ynanmazlygy hem mümkin. Şonuň üçin goşunymyzyň üstüni ýene-de otuz, kyrk müň adam bilen doldurmaly.

Abul Harys tagtdan düşüp, Alp Teginiň garşysyna geldi:

-Adam tapylar, ýöne olara munça ýaragy nirden tapyp bereris?

Alp Tegin Abul Harysyň döwlet işinde täzedigine, harby işde tejribesizdigine ýylgyryp, diýdi:

-Aly hezret, Gürgençde müňdenem köp demirçi ussalar bar. Olar gural-ýarag ýasamaga-da ökde.

-Bä, şeýle diýseňiz-le. Meniň şeýle köp ussa bardygyndan habarym ýokdy. Onda şu günden ähli emeldarlary aýaga galdyryň-da işe girişiň-diýip, Abul Harys buýruk äheňinde aýtdy. Alp Tegine özi patşalygy alyp beren ýaş ýigidiň beýle buýruk äheňleri känbir ýakmaýardy. Ol öň bu ýaş şazada tagty alyp bersem, ol açsam aýamda, ýumsam ýumrugymda bolar diýip pikir edýärdi. Beýle bolmady. Abul Harys özdiýenli, mertebesini belent tutýan, merdem ýigit bolup çykdy. Nätjek, patyşanyň emri wajyp.

-Aýdyşyňyz ýaly ederin, aly hezret-diýip, Alp Tegin çalarak tagzym edip, çykyp gitdi.

Abul Harysyň tagtynyň töwereginde adam az bolmasa-da, ol özüni bir hili ýalňyz duýýardy. Bu ruhy ýalňyzlykdy. Munuň nämedendigini özü-de anyk bilmeýärdi. Belki Rugsardan aýrylany üçindir. Şunuň ýaly ýagdaýa düşeninde göwnüne ýaraýan adamlarynyň biri bolan Muhammet ibn Salamy ýatlaýardy. «Näme ol meniň tagta çykanymy halanokmy-ka, näme üçin gelenok, gutlanok?» diýip oýlanýardy. Häzirem Alp Tegin çykyp gideninden soň Ibn Salam ýadyna düşdi. Onuň bilen duşuşasy, söhbetleşesi, pikirini bilesi geldi. Ol elini iki gezek çarpdy. köşk sahyby girdi, edep bilen tagzym edip, buýruga garaşdy. Bu Abul Abbasyň döwründäki köşk sahybydy. Abul Harysa dyza çökenleriň biridi. Abul Harys ondan:

-Sen Muhammet ibn Salam diýen adamy tanaňokmy?-diýip sorady.

-Tanaýan, Aly hezret. Ol kişi alymlar bilen köşge köp gelýärdi.

-Onda, adam iber, ony tapyp getiriň-diýip, Abul Harys bu sapar buýruk däl, haýyş äheňinde aýtdy. köşk sahyby bir hili ýaýdanjyrap galdy. Onuň bul bolşuna geň galan Abul Harys:

-Näme dursuň? Meniň aýdanymy eşitmediňmi?-diýdi.

-Eşitdim, aly hezret, häzir adam iberýän-diýip, çykyp gitdi. Onuň ýaýdanjyranynyň sebäbi bardy. Ol Ibn Salamy Abul Abbasyň ýüz atly bilen Hazarasp galasyna iberenini, ol ýerden soltana Abul Harysyň goşun çekip Gürgenje gelýänini habar bermegi tabşyranyny bilýärdi. Ol şuny tasdanam dilinden sypdyrypdy. Birden dilini dişledi. Aýtmady. Doly dönük bolandan ýarym dönük bolanyny gowy gören bolmaga çemeli.

Ibn Salamyň gözlegine iberilen adamlar ony şäherde hiç ýerden, hatda obadaky kakasynyň öýünden hem tapman geldiler. Abul Harys: «Bä, adamam şeýle ýitirim bolsa bolaýan ekenow, özi aýatda dirimikä ýa ýene Bagdada gitdimikä... Abul Abbasyň Gazna iberen alymlarynyň içinde ol ýokdy» diýip, oýlanyp oturşyna birden göz öňüne atda, erkek lybasynda bir görmegeý ýigide meňzäp barýan Rugsar geldi «Eýýäm barjak menziline barandyram. Garyndaş-doganlary ony nähili garşylarka? Gullukda gyrnak bolan aýal hökmünde kese göz bilen seretmezmikäler? «Aý agzy gyşyk bolsa-da baýyň ogly geplesin» diýenleri ýaly meniň beren altynlarym bilen baý hatyn bolup barsa gullugynda durjaklaram tapylar. Özüne laýyk ýigidem tapylman durmaz. Hernä bagtly bolsun-da... Onuň bilen geçiren demlerim ömrümiň ahyryna çenli ýadymdan çykmasa gerek» diýip, Abul Harys içini gepledip, geçen günlerini ýadyna düşürdi.

***

Kaljy hanym kenizleri bilen bile ýumşak düşelen tagtyrowanda hiç zatdan kösenmän baş gije-gündizi parahat geçirdi. Saparyň altynjy güni irden Hazarasp galasyna ýetenlerinde olary goragyndaky nökerlerden iki esse köp ýaragly atlylar gurşap aldylar. Nökerleriň baştutany atlylaryň serkerdesine gözi düşenden ýüzi ýagtylyp gitdi. Ol:

-Muhammet Salam! Bu sizmi? Baý, gorkuzdyňyz-a-diýdi.

-Hawa men. Siz meni nirden tanaýaňyz?

-Gürgençde medresede okanyňyzda menem bardym. Ýöne men bir ýyla-da ýetmän medresäni terk etdim. Kelle ylyma çatmady.

-Hä-ä, menem sizi bir gören adamyma meňzetdim. Medresede wagtyňyzda bisakgaldyňyz. Häzir bolsa biraz sakgal goýberipsiňiz. Şonuň üçin tanamadym, bagyşlarsyňyz-diýip, Ibn Salam oňa ünsli seretdi.-Indi sizden «ýol bolsun» soraly ugruňyz nirä, tagtyrowandaky kim?

Nökerbaşy birden ykjamlandy. Kellesine gelen pikirden gorkup gitdi. «Bular Abul Abbasyň adamlary bolmaly. Bizi sag-aman goýbermeseler gerek...»

-Näme dymdyňyz? Meniň soragyma jogap beriň!

Buýruk äheňinde berilen bu sowal nökerbaşyny has aljyratdy.

-Biz Gazna barýas... Kaljy hanymy ýurduna eltip gaýtmak üçin-diýip, ol biraz säginip jogap berdi.

Kaljy hanymyň Abul Abbas al Mämüniň aýalydygyny, Gaznalynyň doganydygyny hemme bilýär. Ibn Salam oýa çümdi: «Diýmek, Abul Abbas öldürülen. Kaljy hanymy näme maksat bilen ýurdyna iberipdir? Gaznalydan gorkany üçinmi? Diňe onuň üçin däldir, başga-da bir gep bardyr. Muny anyklamak gerek. Bulary gala salyp, Kaljy hanym bilen gepleşip görmeli» diýen pikir bilen nökerbaşa ýüzlendi:

-Onuň ýaly bolsa gala sowulyň, dem-dynjyňyzy alyň. Ýol harajadyňyzyň üstüni doldurarsyňyz.

-Köp sag boluň, taňryýalkasyn. Biz ýaňyrak düşläp, dem-dynjymyzy alyp gelýäs. Ýol harajadymyz hem ýeterlik. Ýol kişisi ýolda ýagşy diýipdirler. Bizi eglemäň-diýip, nökerbaşy sypaýçylyk etdi. Tagtyrowanyň derçesindäki tutyny bir gyra çekip, jyklap oturan Kaljy hanym bu adamlaryň ärine derekdigini aňyp:

-Hödür-kerem edýän bolsalar sowulaýaly-diýdi.

Nökerbaşy:

-Ýok, melikäm, sizi beýik soltana näçe tiz eltip gowşursam şonça ýagşy. Maňa tabşyryk şeýle-diýdi.

-Sen näme, melikäniň islegine-de garşymyň? Hany gitdik!-diýip, Ibn Salam buýruk äheňinde aýtdy. Nökerbaşy özleriniň gala salynmaklary gowulygyň alamaty däldigini aňsa-da, nalaç gala sowulmaly boldy. Nökerleri we nökerbaşyny ýaragsyzlandyryp, esgerleriň umumy ýatakhanalarynyň birine saldylar. Kaljy hanymy bolsa kenizleri bilen mertebeli myhmanlar üçin niýetlenen otagda ýerleşdirdiler. Kaljy hanym ärine tabyn bu adamlaryň özlerini näme maksatda saklandyklaryny bilmäge howlugýardy. Ol köp garaşmady. Çaý-suwdan soň Ibn Salam idin sorap onuň huzuryna girdi:

-Melikäm, men patyşamyzyň ýakyn adamlarynyň biri Muhammet ibn Salam-diýdi.-Aly hezret maňa Abul Harys Gürgenje girmezinden öň ýüz atly bilen şäherden çykyp gitmegimi, Hazarasp galasyny alyp, ol ýerden agaňyza ýagdaýy habar etmegimi tabşyrdy. Men agaňyza çapar iberdim. Indi siz maňa Gürgençden habar beriň. Aly hezret amanmy?

-Aly hezret şehit boldy.

-Wallahy älem! Şehitleriň jaýy jennetdir-diýip, Ibn Salam horezmşanyň ruhyna degsin edip, Gurhandan bir süre okady.

-Siziň gelýäniňizi görüp, özüm hem şeýle pikire gelipdim. Aly hezret aman bolanda siziň gaýtmajagyňyz belli-diýip, Ibn Salam bir salym sägindi-de.-Melikäm, men bir zada düşnemok. Abul Harys sizi nähili goýberäýdi?-diýip sorady.-Agaňyzdan gorkany üçin däldir-le.

Kaljy hanym derrew jogap bermedi, dymdy.

-Nämä dymýaňyz, maňa ynanmaýaňyzmy?

-Ynanýan. Siziň möwlana Birunynyň ýasan Ýer togalagynyň jugrafiýasyny edendigiňizi hem, alymlar Gazna gidensoň aly hezretiň hyzmatynda galandygyňyzy hem bilýän. Maňa özi gürrüň beripdi. Ýöne men boýun alyp gaýdan zadymy size aýtsam ony siziň nähili kabul etjegiňizi bilmän dymdym.

-Boýun alyp gaýdan zadyňyz kimiň peýdasynadygyny men bilmeli, melikäm. Şonuň üçin ony maňa aýtmasaňyz bolmaz-diýip, Ibn Salam Kaljy hanyma talap ediji nazar bilen garady.

Şundan soň Kaljy hanym Abul Harys bilen aralarynda bolan gürrüňi jikme-jik aýdyp berdi. Hatda parahatçylyk ýola goýulansoň Abul Harys sawçy iberse oňa hatyn bolmaga razylyk berjegini hem gizlemedi. Kaljynyň soňky gepi Ibn Salamyň oňa bolan hormatyny şo bada ýitirdi. «It wepa, hatyn jepa» diýip şunuň ýaly aýallar hakynda aýdylan eken-ow. Galan ömrümde ärsiz galaýmaýyn diýip, öz äriniň katylyna-da* barmaga razy bu zenan» diýip, içini gepleden Ibn Salam:

-Kaljy hanym, siziň aýdyşyňyz ýaly gan döküşikligiň bolmany elbetde, gowy, emma jenaýatçy jezasyz galsa gowy däl. Şonuň üçin men siziň Abul Harysa beren sözüňizi ýerine ýetirmegiňize ýol berip biljek däl. Sebäbi soltandan hakykaty gizläp, ony aldamak gowy däl. Şoňa görä agaňyz gelýänçä siz şu ýerde garaşmaly bolarsyňyz.

-Tussaglykdamy?

-Hormatly saklawda-diýip, Muhammet ibn Salam Kaljynyň ýanyndan çykdy. Ol esgerleriniň onbaşylaryny çagyryp, Kaljy hanym bilen gelen nökerleriň saklawuny has güýçlendirmegi tabşyrdy.

-Eger şu nökerleriň biri gaçyp, Gürgenje habar ýetiräýse, bäş ýüz atly gelip, biziň külümizi göge sowurar. Biz soltan Mahmyt gelýänçe şu ýerde saklanmaly-diýip, Ibn Salam esgerlerine düşündirdi.

## XXII BAP

Muhammet ibn Salamyň iberen çapary Gazna ýetip baranda soltan Mahmyt öz köşgünde Biruny bilen fäläkiýet ylmyna degişli hadysalar barada gürrüň edip otyrdy. Birunynyň Gazna gelenine ençeme wagt bolan bolsa-da, soltany onuň ylmy söhbetleri irizmändi. Ilki başda aralarynda düşünişmezçilik boldumy nämemi soltan ony tas jezalandyran eken. Beýle ýagdaýa baryp ýetilmeginiň sebäbini anyk bilýän ýok. Ýöne bu hakda şeýle bir rowaýat bar:

Soltan Mahmyt Biruny bilen ilkinji duşuşygynda oňa şeýle sowal berýär:

-Siz Horezmşa Abul Abbasa ýerimiziň şeklini togalak bir zat görnüşinde ýasap beripsiňiz we ony asmanda hereket edýär diýen pikiri aýdypsyňyz. Şu dogrymy?

-Dogry, kyblaýy älem. Ýerimiz togalak, ol älem giňişliginde hereket edýär.

-Onuň ýaly bolsa älem giňişligine ýeriň üstündäki zatlar saçylyp gitmezmi?

Biruny soltanyň bu sowalyna “Allanyň eradasy bilen hiç zat saçylyp gitmeýär, butnaman durýar” diýip jogap bereninde gülala-güllük boljak ekeni. Emma ol alymlyk mertebesini saklap, ylmyň gelen netijesine görä jogap berýär:

-Kyblaýy älem, ýerimiziň özüne çekiş güýji bar. Muňa ylymda ýeriň özüne çekiş kanuny diýilýär. Şu kanun esasynda üstündäki ähli zatlary ýer özüne çekip durýar.

-O nähili kanun?! Kanunlary hökümdarlar çykarýar. Ýeriňem bir kanuny bolarmy?!-diýip Soltan Biruna azgyrylypdyr.

-Kyblaýy älem ýeriň özüne çekiş kanuny hökümdarlaryň kanunyndan has güýçlüdir-diýip goýberenini özü-de duýman galypdyr. Birunynyň bu jogabyna dergazap bolan soltan:

-Alyp çykyň ony! Minaradan aşak oklaň, ýeriň çekiş kanuny özüne çekip alsyn!-diýip buýurýar. Biruny gorkmagyň deregine ýylgyrypdyr. Muňa geň galan Soltan:

-Näme ýylgyrýaň?-diýip soranynda Biruny şeýle jogap beripdir.

-Kyblaýy älem, külli musulman äleminiň hökümdary, dini yslamyň daýanjy beýik Soltan Mahmyt Gaznalynyň buýrugy bilen ölsem meniň ölümim taryhy ölüm bolar. Asyrlar aşa meniň ölümim siziň mübärek adyňyz bilen bile agzalar. Munuň ýaly äleme ýaýyljak ebedi şöhrat her kime miýesser edenok. Şonuň üçin men begenjime ýylgyrdym.

Birunynyň bu sözi soltany oýa çümdüripdir. “Be hakykatdan-da şeýle boljag-ow. Men oýlanman dilimden sypdyraýypdyryn bu buýrugy. Emma meniň agzymdan çykan sözüňem ýerine ýetirilmän galan wagty ýok. Indi nädip bolar” diýip, içini gepleden Soltan Biruna seredip.

-Meniň-ä seni öldüresim gelenok. Ýöne men patyşa, patyşanyň agzyndan çykan buýruk ýerine ýetirilmese bolmaýar. Düzgün şeýle-diýýär. Biruny ýene ýylgyrypdyr-da:

-Onuň ýaly bolsa meni minaradan oklaýsynlar-diýýär.

-Oklasalar ölersiň-dä.

-Eger hakykatdan-da meni öldüresiňiz gelmeýän bolsa men ölmerin.

-O nähili ölmersiň? Minaradan oklananlaryň ölmän galany ýok.

-Kyblaýy älem, siz meni diňe minaradan oklamagy buýurdyňyz. Minaradan oklap, öldürüň diýmediňiz. Şonuň üçin meni buýrugyňyzy ýerine ýetirmek üçin minaradan oklasynlar. Ýöne meniň gaçjak ýerime bir harman saman üýşürsinler.

Soltan Mahmyt Birunynyň ugurtapyjylygyna ten berip, gülüp goýberipdir. Ine, şu wakadan soň soltan bilen alymyň arasynda gowy gatnaşyk başlanypdyr.

Horezmden çapar gelenini habar berenlerinde Biruny bilen açylyp söhbet gurup oturan Soltan Mahmytyň ýüzi agras sypata girdi. “Bu çapar näme habar getirdi-kä, eýgilikmikä?” diýen pikire gitdi. Çapar girip, dyzyna çökdi:

-Aýt habaryňy!-diýip soltan sabyrsyz seslendi.

-Kyblaýy älem, Hazaraspdaki goşunymyzyň serkerdesi Alp Tegin bilen Şazada Abul Harys patyşamyza garşy goşun çekip, Gürgenji

gabadylar. Patyşa bizi-ýüz atlyny günbatar derwezeden çykaryp goýberdi. Hazarasp galasyna baryp, size habar etmegimizi tabşyrdy.

Bu habar Soltan Mahmydyň içinde harasat turuzan bolsa-da sowukganlyk bilen sorady:

-Ýüz atly diýdiňmi, ýüz atly bolup geldiňizmi?

-Ýok. Üç atly bolup geldik. Galanlarymyz Hazaraspda Size garaşýarlar.

Soltan Mahmyt bir tarapdan dogany bilen giýewisi üçin teşwişlense, ikinji tarapdan Horezmi basyp almak üçin bahana tapylanyna begenýärdi. Ol çapara garap;

-Sizler iküç gün dem dynjyňyzy alyň. Onsoň biziň bilen Gürgenje gidersiňiz. Ol pitneçileriň jezasyny bermesek bolmaz-diýip, Soltan çapary çykaryp goýberdi. Soňra Biruna garap:

-Ine, möwlana, şeýle zamana. Tagt üçin ini agasyny, ogul kakasyny çapmaga taýyn. Ýogsam, Abul Harys keseki däl, Abul Abbasyň agasy Alynyň ogly.

Biruny şu pursatda bir agyz söz tapyp aýtmakdanam ejizdi. Onuň kellesinde howatyrly pikirler at salýardy. “Gaznalynyň goşunyna ýurdy depeletmejek bolup, onuň iberen atlylarynyñ öňüne düşüp gaýdany indi hiç boldy. Indi Gaznaly basdyryp barsa, gör nähili weýrançylyklar bolar. Jepakeş ýurdym Horezmin”. Şeýle pikirler bilen ýüregi gyýylan Biruny soltana ýüzlendi:

-Kyblaýy älem, Horezmine goşun çekip ýörmän, pitneçileri bäri aldyryp, jezalap bolmazmy?

Gaznaly Birunynyň maksadyna düşündi, kellesini ýaýkap:

-Möwlana, siz asman bilen, asmandaky jisimler bilen boluberiň. Ýerdäki işleri özüm oňararyn-diýdi.

***

Muhammet ibn Salam Gazna iberen çaparynyň ýetip barjak wagtyny, Gaznaly goşun çekip geläýse näçe günde geljegini barmak büküp sanap, sabyrsyzlyk bilen garaşýardy. Çünki, Kaljy hanymyň Hazaraspda saklananyny Abul Harysyň bilip galmagyndan howatyr edýärdi.

Bir aý diýende gündogar tarapda al asmana çykan tozan göründi. “Gelýär! Leşger gelýär!” diýip, içinden begenen Ibn Salamyň ýüregine bir salymdan başga howatyr aralaşdy: “Gaznala diñe pitneçileri jezalandyrmak başartmasa iki arada söweş başlanyp uly gyrgynçylygyñ boljagy ikuçsyz. Beýle ýagdaýa ýol bermezligiň ugruny tapmaly” diýen pikir kellesinde at salyp başlady.Emma näçe oýlansa-da, entek

Gaznalynyň niýetini we häsiýetini bilmän munyñ ugruny tapmak mümkin däldi. Şonuñ üçin Ibn Sslam soltany hormat bilen garşylamagyñ ugruna çykdy. Ol derhal öňden gepleşip goýan Hazaräspiñ kethudalaryny, ak sakgally ýaşulylaryny jemläp, goşunyñ garasy görnenden duz-çörek göterip galanyñ öňünden geçýän ýola çykdy. Uly ýoly dolduryp gelýän leşgeriň yzy görnenokdy. Öňdäki hataryň ortasynda gelýän kellesi tylla jygaly bolsa-da egni ýönekeý gök ýuka donly soltan Mahmyt biraz ýadow görneni üçinmi o diýen gazaply adama meňzemeýärdi. Ýek-tük ak aralaşan tegelek gara sakgaly, gytygrak murty güne birneme ýanan garameňiz ýüzüne gelişmänem duranokdy. Golaýlap gelen soltanyň bu sypatyny synlan Ibn Salamyň göwnünde gowulyga umyt döredi. Ol bu adamy uly gandöküşüklik etmän, adalaty dikeltmegiň başga ýoluna yryp bolar diýip ynanasy geldi.

Soltan Mahmyt uly ýoluň üstünde sap bolup duran elleri saçakly adamlaryň öňüne gelip, atynyň başyny çekdi. Salam berip atdan düşdi:

-Biz soltan bolsagam duzdan uly däldiris-diýip, ýaşulylaryň biriniň elindäki saçakdan çörek alyp duz datdy. Ýaşulylar:

-Hoş geldiňiz Horezmine beýik soltan!-diýip deň seslendiler.

-Hoş geldiňiz diýseňizem, biziň gelenimizi içiňizden hoş görüp durmandygyňyzy bilýän. Ýöne bizi bu ýere gelmäge mejbur eden ýagdaýy-da bilseňiz gerek-diýip, Soltan Mahmyt öňünde duranlara synçy nazaryny dikdi. Ýaşulylaryň biri:

-Ony-da bilýäs-diýdi.-Biz Siziň ýurdumyza gelmegiňizi adalaty dikeltmek, parahatçylygy berkarar etmek, galyberse-de iküç pitneçiniň jezasyny bermek üçin diýip düşünýäris, beýik Soltan.

Soltan Mahmyt kellesini atyp, kinaýaly ýylgyrdy. Ak sakgally gojalaryň hatarynda duran gara gytyk sakgally Ibn Salama ünsli seredip:-Gürgençden gaçyp gaýdan ýüz atlynyň serkerdesi siz dälmi?-diýdi. Ol “gaçyp” diýen sözi bilgeşleýin aýtdy.

-Men şol, kyblaýy älem. Ýöne biz gaçyp çykmadyk. Patyşamyz buýurmadyk bolsa galyp pitneçiler bilen söweşerdik.

-Ýeri bolýa. Patyşaňyzdan habaryňyz barmy?

-Ony Size Kaljy hanym aýdar, Kyblaýy älem.

-Kaljy şu ýerdemi?-diýip, Soltan howlugyp sorady.

-Şu ýerde, sag-salamat, kyblaýy älem. Sizem şu gün Hazaraspda düşleseňiz Kaljy hanym bilen arkaýyn gürleşerdiňiz. Menem sizi käbir zatlardan habarly ederdim-diýip Ibn Salam haýyş äheňinde aýtdy. Soltan Mahmyt doganynyň şu ýerdeligini eşidip, begenjine Ibn Salamyň teklibine razy boldy. Ol goşunyna galanyň daşynda goş ýazdyrmaga

buýruk berip, özi wezir-wekilleri bilen gala sowuldy. Galanyň derwezesiniň öňünde Kaljy hanym kenizleri bilen bile agasyny garşy aldy. Soltan eňilip tagzym edip duran doganynyň başyny galdyryp, maňlaýyndan ogşady. Saglygyny sorap, içeri ýöneldi. Kaljy agasynyň Abul Abbasy soramanyny bir hili gördi. Soltan bolsa doganynyň ýeke özüniň şu ýerdeligini eşideninde Abul Abbasyň aýatda diri däldigini aňypdy. Şonuň üçin içerde ähli bolan zatlary jikme-jigine ýetip soramakçydy. Ibn Salam Soltany ýörite taýýarlap goýan jaýyna ýerleşdirdi. Onuň adamlary üçinem gowy dynç alar ýaly şertler döredildi. Soltan Mahmyt bolan wakalary bilmäge howlugyp, çaý-suwdan-da öň Kaljy hanymy çagyrtdy:

-Kaljy, bolan zatlaryň ählisini maňa bir ujundan gürrüň ber-diýip, Soltan doganyny garşysynda oturtdy. Kaljy hanym agasyna Abul Harys bilen bolan gürrüňi bir başdan aýdyp berdi. Emma sawçyly gürrüňi ýaşyrdy, aýtmady. Soltan Mahmyt Abul Abbas öldürilenden soň Abul Harysyň onuň aýalyna göz dikenine biçak gazaplandy. Ol “Men seniň bu etmişiňi gözüňe görkezerin” diýip hüňňürdedi. Soňra Kalja:

-Şeýdip sen ondan gutulmak üçin parahatçylygy wada berdiňmi ýa-da çynyň bilen oňa degmezlige meni yrjakmydyň?-diýip synçy nazaryny dikdi. Kaljy aşak bakdy:

-Men gan döküşüklik bolmazlygy üçin...-diýip sägindi.

-Düşnükli. Muhammet Salam seni Gazna ibermän dogry edipdir. Ýogsam sen gör nähili ýalan deliller bilen meni aldap, bäri goşun çekdirmejek ekeniň. Sen äriňi öldüren, parahat durmuşyňyzy bozan adama näme üçin beýle ýagşylyk etjek bolýaň? Sebäbini aýt!-diýip Soltan azm urdy.

-Men ýagşylygy oňa däl, halka, esgerlere etjek boldum. Uruş bolsa gör näçe adam gyrylar ahyr, aga-diýip Kaljy agasyna naýynjar bakdy.

-Ha-ha! Görseňiz-le meniň nähili ýüregi ýuka, rehimdar doganym bar-diýip Soltan ýansyly gürledi.- Sen näme, uruşsyz, jeňsiz maksada ýetip bolmaýanyny bileňokmy? Bar, çyk! Aýal başyň bilen syýasata goşuljak bolma-diýip Soltan Kaljy hanymy çykaryp goýberdi.

Gaznalynyň Kaljy hanym bilen gürrüňiniň gutarmagyna garaşyp duran Muhammet Salam oňa hezzet baryny edip başlady. Soltan naharlanyp bolanyndan soň Ibn Salamy çagyrdy:

-Adyňy Muhammet, Muhammet Salam diýdiňmi?

-Hawa, Kyblaýy älem. Adym Muhammet.

-Abul Abbasyň köşgünde näme işdediň?

-Men köşkde däl “Beýtül hikmede” Biruny hezretleri bilen bile işleýärdim. “Beýtul hikme” ýapylansoň patşamyz meni özüne ýakyn tutup, köşkde hyzmatda bolmagymy isledi.

-Alym men diýsene. Tüýs bize gerek adam ekeniň. Bu hakda soň gürleşeris. Häzir sen maňa dogryňy aýt. Näme üçin Kaljyny Gazna ibermän bu ýerde sakladyň?

-Kyblaýy älem, Kaljy hanym Gazna barsa, ýalan sözläp, Abul Harysy aklamak niýetiniň bardygyny bildim. Sizden hakykaty ýaşyrmakçy bolany üçin sakladym, Sizi aldawa salmasyn diýdim. Onsoňam Abul Harys bilen eden gürrüňiniň soňunda oňa aýdan bir gepini halamadym. Şuňa garanda onuň aladasy diňe urşuň öňüni almak däl ýaly-diýip, Muhammet Salam soltana manyly seretdi. Gaznaly:

-Onda nämäniň aladasyny edýä? Dogurlap aýt, näme gep ol seniň halamadygyň?-diýip, söhbedeşine ýiti nazaryny dikdi. Ibn Salam Kaljynyň ol gepi agasyna aýdyp bilmejegini bilýärdi. Şonuň üçin soltanyň bu gepi-de bilip goýanyny kem görmedi.

-Kyblaýy älem, Kaljy hanym ol gepini size aýtmaga çekinendir. Maňa gürrüň bereninde dilinden sypanyny özi-de duýman galdy öýdýän. Ol Abul Harysa “Eger mende göwnüňiz bolsa parahatçylyk gazanylandan soň sawçy iberäýiň” diýipdir.

Gaznalynyň ýüzi dym gyzyl boldy, dodaklary titredi:

-Arman doganym bolýa-da! Ýogsam diňe meni aldamakçy bolany üçinem kellesini almaly. Gör, ony “gan döküşüklik bolmazlygy üçin” diýip, beýlesinde är islegi-de bar ekeni-dä, haram ganjyk!

Ibn Salam Gaznalynyň biraz köşeşmegine garaşyp, soň ýüzlendi:

-Kyblaýy älem, Kaljy hanymyň gan dökülmezligini isleýäni çynydyr. Hemmämiziň hem islegimiz şu. Bir ugruny tapyp, pitneçileri ele salyp bolsa...

-Seniň näme diýjegiňi bilýän. Uruşsyz, jeňsiz olary nädip ele saljak?!-diýip Soltan Ibn Salamyň sözüni böldi.

-Kyblaýy älem, Iskender Zulkarnaý jeňsiz-jedelsiz Çyn-Maçyny boýun egdiripdir. Bizem ugruny tapsak...

-Taryhda beýle gürrüň ýok! Sen nirden tapdyň ony?-diýip, Gaznaly söhbetdeşiniň sözüni ýene böldi.

-Dogry taryhda ýok. Ýöne bu hakda gadymy çeşmelerde bar, Kyblaýy älem.

-Ýeri, nädip boýun egdiripdir Çyn-Maçyny? Bilýän bolsaň aýt.

Ibn Salam Bagdatda «Islamyýa» medresesiniň kitaphanasynda «Gadymy rowaýatlar» diýen kitapda okan hekaýatyny gürrüň berdi:-

Iskender Zulkarnaý agyr goşun bilen Çyn-Maçynyň serhedine gelip, goş taşlapdyr. Çyn-Maçynyyň hakany ýaşy bir çene baran moýsepid adam eken. Ol köşgünde wezir-wekilleri bilen maslahat geçirip oturan wagty Iskenderiň çapary barypdyr. Çapar Iskenderiň berip goýberen namasyny edep bilen iki elläp (tabşyryk şeýle bolmaly) hakana gowşurypdyr. Ol namany kätibine berip, sesli okamagy buýurypdyr. Kätip okap başlaýar: «Beýik Çyn-Maçyn ýurdunyň beýik hakany Kahy-Şin hezretlerine mälim bolsun kim, biz Iskender Zulkarnaý siziň döwletiňiziň şerhedine gelip, ondan geçmäge het edip bilmän saklandyk. Maksadymyz siziň mübärek didaryňyzy görmek we geljekki işlerime atam hökmünde ak pata bermegiňizi haýyş etmekddir. Eger serhediňizden geçmäge rugsat etseňiz...»

Hatyň şu ýerine gelende hakan «Besdir! Dowamyny okamak gerek däl» diýipdir. Hatyň düýp manysyna düşünmedikler:

«O-ho! Biziň beýik hakanymyzdan Iskender Zulkarnaý ak pata almaga gelipdir. Görüň, hakanymyzyň at-abraýy dünýäde nähili belent ekeni» diýişip heşelle kakyşypdyrlar. Hakan:

-Bes ediň, nadanlar: Onuň maksadyna düşünmediňizmi?! Derrew kyrk at taýýarlaň. Onuň alnyna özümiz baraly. Serhetden geçse näme boljagyny bileňizokmy-diýip adamlaryna azgyrylypdyr. Kahy-Şiniň kyrk atly bolup, gelýänini gören Iskender onuň öňünden çykyp, atdan gujaklap düşüripdir. Gözýetime çenli uzap giden meýdany tutup ýatan leşgeri gören hakanyň adamlary nämäniň nämedigine şundan soň düşünipdirler. Iskender hakany adamlary bilen bile çadyryna eltip, hezzet-hormat edipdir. Oturlyşygyň soňunda hakan Isgendere ýüzlenip:

-Oglum Iskender, siziň biz taraplara gelmekden maksadyňyz diňe biziň bilen didarlaşyp, bizden ak pata almakmy ýa-da başga maksadam barmy?-diýip sorapdyr.

-Başga-da bir maksat bar, atam-diýip, Isgender ýylgyrypdyr.-Ony size aýtsam, asmanda Hudaý bir, Erde-de hökümdar bir bolmaly. Men dünýäniň ýaryny aldym. Şu alan ýurtlarymy size tabşyrsam, olary-da Çyn-Maçyna goşup, hemmesine özüňiz hökümdarlyk etseňiz, ýa-da...

-Ýa-dasyny aýtmasaňam düşündim, oglum. Hemmesine özüň hökümdarlyk ediber. Getir şertnamalaryňy, gol çekip bereýin - diýmekden başga hakanyň alajy galmandyr.

Öňden taýýarlap goýulan şertnamalary hakanyň öňüne goýupdyrlar. Hakan olara gol çekip, möhür basypdyr. Şeýdip Çyn-Maçyn hem Isgenderiň tabynlygyna geçipdir.

Muhammet Salam hekaýaty soňlap, soltana ýüzlendi:

-Kyblaýy älem, görüşiňiz ýaly, bir dana tedbir bilen tutuş ýurdy-da ele salyp bolýan eken. Size-de «Isgenderi zaman» diýýärler. Uruşsyz, jeňsiz pitneçileriň jezasyny berseňiz. Siziňem bu işiňiz rowaýata öwrülip, adyňyz asyrlar aşa dillerde dessan bolardy.

Gaznaly kellesini ýaýkap, kinaýaly ýylgyrdy:

-Muhammet, sen bu hekaýaty haýsy çeşmeden alan bolsaňam, ol bir toslanan rowaýat. Hakykatda bolsa Iskender hem hiç bir ýurdy uruşsyz, jeňsiz gan dökmän almandyr.

Ibn Salam soltanyň bu sözünden soň onuň maksady diňe bir pitneçileri jezalandyrmak däl-de, ýurdy doly basyp almakdygyna düşündi. Düşünse-de onuň taryna kakyp görmek üçin aýlawly söz taşlady.

-Kyblaýy älem, Abul Harys tagtdan düşürilse Horezmin hem siziň tabynlygyňyza geçer, ahryn.

-Hä, elbetde-diýip, soltan maksadyny açyk aýtdy. -Ýöne uruşsyz Abul Harysy nädip tagtdan düşürjek?

Ibn Salam Gaznalynyň goşuny Gürgenje girse şäherde weýrançylyk boljagyny, gan döküljegini göz öňüne getirip, ýurdy barybir bermeli bolsa, uruşsyz berleni ýagşy diýen pikir bilen:

-Kyblaýy älem, ilki Abul Harysa ilçi iberip, şert goýulsa, eger şerte razy bolmasa goşunynyň derbi-dagyn ediljekdigi, özüniňem erbet jeza sezewar boljakdygy ýaňzydylsa bolmazmy?-diýip soltana ýüzlendi.

-Bolýan bolsa özüň git-de, Abul Harys bilen Alp Tegini getirip, meniň öňümde dyza çöker, hany göreli!

Gahar gatyşykly aýdylan bu söze Muhammet Salamyň ýüzi üýtgäp gitdi:

-Kyblaýy älem, ilçi edip öz adamlaryňyzdan iberseňiz has ygtybarly bolar-diýip, Muhammet Salam ýaýdanybyrak aýtdy.

-Men seni entek özüme maslahatçy edinemok-diýip, Soltan has gaharlanyp aýtdy.- Onsoňam öz adamlarymy ol jellatlaryň eline bermegi islämok. Şonuň üçin özüň git. Sen olaryň öz ildeşi. Sen gelýänçäň men sabyr edeýin. Jeňsiz, uruşsyz iş bitse meniň üçinem ýagşy. Ýöne men olaryň toba edip, biziň öňümizde dyza çökjegine ynanamok.

Indi Muhammet Salamyň özi gitmese başga alajy ýokdy. Gaznaly oňa özi bilen Gürgençden gaýdan atlylaryndan on atly berip, ugradyp goýberdi.

***

Soltan Muhammet Salamy Gürgenje ugradanyndan soň dogany Kaljyny huzuryna çagyrtdy. Kaljy agasynyň huzuryna gelýärkä, bu

çakylygyň gowulyga däldigini syzyp dowla düşdi. Ol gapydan giren ýerinde tagzym edip, gol gowşuryp durdy. Soltan oňa oturam diýmedi. Soltan içinde gaýnaýan gazabyny basjak bolup, bir salym dymdy. Soňra ony duran ýerinde soraga tutdy.

-Kaljy, Abul Harys diýýänleri nähili adam?

-Onuň nähili adamdygyny men näbileýin, agam.

-Özüňiň aýtmagyňa görä sen onuň bilen ýüzbe-ýüz durup, gürleşipsiň, şundan soň nähili netijä geldiň? Bir gören adamyň hakynda nämede bolsa bir pikir döreýär, ahyryn.

-Ýüz-keşbine garanda ýaman adama meňzemeýär-diýip, Kaljy aşak bakdy.

-Şeýlemi?! Ýüz-keşbi gowymy, owadan ýigitmi? Sen bir göreniňden aşyk bolaýdyňmy oňa?!

Kaljy Ibn Salamyň sawçyly gürrüňi agasyna aýdanyny duýdy. Oňa bu gepi dilinden sypdyranyna puşman etdi.

-Men gan dökülmesin, parahatçylyk bolsun diýip...

-Sem bol! Saňa parahatçylyk däl, är gerek ekeni! Nähili bihaýalyk! Nähili biwepalyk! Göz açyp gören ýassykdaşyny öldüren adamyň goýnuna girmäge taýyn aýala kim diýip bolýar?! Çyk! Gümüňi çek!

Kaljy hanym sandyrap çykyp gitdi. Ol agasynyň rehimsizdigini bilýärdi. Özüne nähili jeza beriljegini bilmän gije-gündiz içini it ýyrtyp gezdi.

## XXIII BAP

Hazaraspdan Gürgenje çenli aralyk atlary haýdap sürende üç günlik ýoldy. Muhammet ibn Salam özüniň üç günden soň näme boljagyny bilmäni üçin atlary gyssaman öz maýdalyna sürüp, dört günde Gürgenje gelip ýetdi. Ol Abul Harys bilen duşuşanynda özüniň we ýoldaşlarynyň janyny aman saklamak üçin birazyrak ýalan sözlemelidi. Ol ýolboýy aýtjak sözlerini oýlanyp, taýýarlanyp gelýärdi. «Alla dili-zyban berse alyp çykaryn» diýip, ýüregindäki howsalany ýatyrjak bolýardy.

Ol ýoldaşlary bilen gün öýläne agan çagy Gürgenjiň Hazarasp derwezesinden girdi. Şähere gelen-gidene gözegçilik edýän sakçylara «Biz patyşanyň Hazaraspda bir ýumuş bilen galan nökerleri» diýenlerinden soň olary geçirip goýberdiler. Emma köşgüň goragynda duranlara dogrusyny aýtmalydy. Abul Harysa on atly bilen Muhammet ibn Salam diýen adam Gaznalydan ilçi bolup gelenini aýdanlarynda ol sag gapdalynda oturan Alp Tegine ýalta garady-da:

-«Gurt agzasaň gurt geler» diýenleri bolaýdy gerek. Ýaňyrak onuň gürrüňini edipdik. Indi ony nätmeli?-diýip sorady.

-Nätmelisi belli, Aly Hezret dönükleri diňe ölüme buýurmaly. Ony kabul edibem oturmaly däl-diýip, Alp Tegin öz gepini özi makullap kellesini atdy.

-«Ilçä ölüm ýok» diýen düzgünem bar-a.

-Aly hezret, eger ilçi başga ýurduň adamy bolsa oňa ölüm ýok. Muhammet Salam Gaznalynyň raýaty däl, öz ýurdymyzyň adamy. Şeýle bolansoň öz ýurduna dönüklik edeni üçin kellesini kesip, özi bilen gelenlerden Gaznala berip goýberäýmeli.

Abul Harys geplemän, bir salym oýa çümdi. Soňra:

-Ýok, beýtsek bolmaz. Biz ondan peýdalanmaly. Çagyryň, gelsin!-diýdi. Alp Tegin Abul Harysyň sözüne geň galyp, «ondan näme peýdalanjakka» diýip, içini gepletdi-de garşy söz aýdyp bilmedi.

Muhammet Salam köşgüň tagt eýwanyna gireninde Abul Abbasyň tagtynda oturan Abul Harysa, onuň iki tarapyndaky dik duran emeldarlaryna gözi düşüp, ini tikenekläp gitdi. Ol patyşalara edilýän tagzymy berjaý etdi.

-Marhabo, köne dostum! Men sizi ýitirip, tapman ýördüm. Gör, siz nirelerde ekeniňiz-diýip, Abul Harys kinaýaly äheňde sözledi. Muhammet Salam onuň kinaýasyny duýmadyk kişi bolup:

-Siziň bilen ýene-de didar görüşmek nesibede bar eken, şazadam-diýdi.

-Sen nä meniň patyşalygymy ykrar etmejek bolýaňmy?-diýip, Abul Harys «Sizden» «Sene» geçdi. Ibn Salam ýalňyşanyny duýup.

-Bagyşlaň, aly hezret... öň öwrenişen dil-diýdi.

-Bujagaz ýalňyşy bagyşlap bolar. Ýöne seniň bagyşlap bolmaýan ýalňyşyň bar-a.

-Aly hezret, aýtsaňyz, nämede ýalňyşan bolsam, düzedeýin.

-Ony indi düzedip bolmaýar. Oňa derek Gaznalynyň gullugyna haçan we nädip geçeniňi aýdyp ber.

-Aly hezret, men Gaznalynyň gullugyna geçemok. Ýöne onuň ilçi bolup gitmek hakyndaky teklibine Watanymyzyň topragynda gan döküşlik bolmazlygyny islänim üçin razy boldum.

-Menem şony islänim üçin Kaljy hanymy Gazna iberipdim. Emma sen ony Hazaraspda saklap, Gazna geçirmänsiň. Eger sen aýdyşyň ýaly Watanymyzda gan dökülmezligini isleýän bolsaň, beýle etmezdiň, özüňem ýurtda bolan döwlet özgerişini Gaznala habar bermezdiň. Seniň bu eden işiňe dönüklik diýilýär. Dönügiň jezasy bolsa ölümdir!

Muhammet Salamyň üstünden sowuk suw guýulan ýaly boldy. Ol Kaljy hanymyň goragyndaky nökerleriň biri gaçyp gelip, ähli zady habar berendigini aňdy. Indi onuň takdyryna ten bermekden özge çäresi ýokdy:

-Aly hezret, meni dönük hasap edýän bolsaňyz, jezaňyzy beriberiň. Ýöne Watanymyzda gan dökülmezligi üçin Gaznaly bilen ylalaşyga geliň. Men muny ölümimiň öň ýanynda halkymyzyň parahatçylygy üçin aýdýan.

Abul Harys Muhammet Salama synçy nazar bilen seredip, bir salym dymyp durdy. Soňra:

-Men seni öldürmäýin. Saňa rehimim geleni üçin däl. Parahatçylyk üçin. Eger häzir men seniň kelläňi kesip , Gaznala ibersem, uruş yglan etdigimiz bolar. Parahatçylygy saklajak bolsak onuň şertlerine boýun bolmaly bolar. Hany, aýt, ilçi hökmünde Gaznalydan näme teklip bilen geldiň, onuň şerti näme?

-Ol: «Şazada we goşunynyň serkerdesi Alp Tegin günälerini boýun alyp, huzuryma gelsinler. Gorkmasynlar, egilen başy gylyç kesmez. Şertlerimi olara özüm aýdaryn» diýdi.

Häliden içini it ýrtyp duran Alp Tegin saklanyp bilmedi:

-Eý, ilçisumak, biz seniň yzyňa düşüp, onuň huzuryna barsak, ol bize hiç zat aýtmaz, jelladyna aýdar! Muny seniň özüňem gowy bilýäň.

-Ol «egilen başy gylyç kesmez» diýdi. Soltanyň agzyndan çykan bu söze Alla şaýat.

Alp Tegin ýene bir zat diýmekçi bolup çemelenende Abul Harys bir elini galdyryp, «Besdir» diýen yşaraty etdi-de özi sözledi:

-Onuň ýaly bolsa, jenap Ibn Salam, biz soltanyň huzuryna boş barsak bolmaz. Bir gatyra ýük bolar ýaly altyn-kümüş bilen sowgat-serpaýly barsak ylalaşyga gelmegimiz has aňsat bolar. Emma häzir hazynada onçakly zat ýok. Ýöne Gürgenç baý şäher. Bir hepdede sowgadymyzy jemläp bilsek, soltanyň huzuryna bararys.

-Şeýle sowgat-engamlar bilen barsaňyz onuň agramyny soltanyň gahary göterip bilmän ýatar - diýip, Idn Salam Abyl Harysy yryp bilenine begenip aytdy.

-Gahary altyn-kümüş bilen ýatýan bolsa tapyp elteris. Meniň ýene bir zady bilesim gelýä. Kaljy hanym agasyna meniň bilen eden gürrüňini aýtdymyka?

-Aýdypdyr, sawçyly gepi hem aýdypdyr. Şu gepi üçin soltan Kaljy hanyma ýaman darapdyr. Ol: «Men bu gepi ondan gutulmak üçin aýtdym» diýip, başyny zordan gutarypdyr. Abul Harysyň ýüzi üýtgäp gitdi. Kaljy hanym bilen aralaryndaky gürrüň soltanyň gazabyny beter

gozganyny aňdy. «Ol bizi ylalaşyk üçin däl, başymyzy kesmek üçin çagyrýar. Muny bilmesek akmak boldugymyz» diýip, içini gepleden Abul Harys:

-Jenap Ibn Salam, size rugsat. Meniň sözlerimi soltana ýetiriň-diýdi. Muhammet Ibn Salam janynyň aman galanyna Hudaýa şükür edip, Abul Harysa başyny egip yzyna tesip çykdy. Ibn Salam bile gelen ýoldaşlary bilen sag-salamat yzyna gaýdyp barýarka ýolboýy Abul Harysyň özüni alyp baryşyny aňynda gaýtalap, seljerýärdi. Başda haýbat atyp, soňunda gowşanynyň sebäbini düşünjek bolýardy. Ol Abul Harysyň, Alp Teginiň günälerini boýun alyp, Gaznalynyň huzuryna barjakdyklaryna şübhelenýärdi. Onuň şübhesi esassyz däldi. Ol Abyl Harysyň huzuryndan çykyp gaýdanyndan ol ýerde maslahat başlandy. Ibn Salam bilen bolan gürrüňde ýaş patyşanyň özüni alyp baryşyny synlap oturan köşk emeldarlary soňunda onuň maksadyna düşündiler.

-Biz Gaznalynyň ilçisini yzyna gaýtaryp iberip, bir hepde wagt utduk. Goý, ol garaşsyn. Onýança jeňe has gowy taýýarlanarys-diýip, söz başlan Abul Harys Alyp Tegine ýüzlendi:

-Goşuna ýene näçe esger goşup bolýar?

-bäş müň töweregi, Aly hezret.

-Şonuň bilen goşunymyz elli müň esgerden hem geçýär. Alla medet berse Gaznalynyň yzyna it salyp kowarys-diýip, Abul Harys oturanlara göz aýlady. Köpçülik onuň sözüni makullap, «Inşalla!» diýişip, şowhunly seslendiler. Olaryň arasynda oturan ýaşy bir çene baran Kazy-kelan söz sorady:

-Aly hezret, ýüregiňizdäki ýaşlyk joşguny sizi açyk meýdandaky söweşe ündäp dur. Emma Gaznalynyň leşgerleri ençeme ýurtlary basyp alan, uruş tälimini gowy özleşdiren goşundyr. Ony açyk meýdandaky jeňde ýeňmek entek hiç kime başardanok...

-Siz näme diýjek bolýaňyz, hormatly kazy-kelan? Boýun egip, Gaznalynyň huzuryna baryň, diýjek bolýaňyzmy?-diýip, Abul Harys onuň sözüni böldi.

-Ýok, eýle diýjek bolamok. «Egilen başy gylyç kesmez» diýenem bolsa onuň huzuryna barmak howplydyr.

-Onda näme maslahat berýäňiz.

-Meniň maslahatym: söweş däl-de goranmak. Gürgenjiň galasy beýik we berk. Gaznaly gelip şäheri gabar, emma näçe wagt ýatsa-da alyp bilmez. Esgerlerimiz bolsa galanyň üstünde ok-ýaý bilen golaý gelenini ýer garbadar durarlar.

-Möhterem kazy-kelan, Horezmin diňe Gürgenç şäherinden ybarat bolan bolsa siziň teklibiňize «Hä» diýse bolardy. Horezmin diňe Gürgenç däl, ahyryn. Biz şunça goşun bilen galada bukulup otursak, duşmanyň leşgeri diňe Gürgenji gabap ýatmaz. Bir bölegi gidip, obalarymyzy çapar, ilaty juldan çykarar. Biz diňe özümizi däl, halkymyzy goramaly. Şonuň üçin goşuny göni Hazaraspa sürmeli, duşmany ýatan ýerinde basmaly-diýip, Abul Harys birneme gyzyp gepledi.

Patyşanyň kesgitläp aýdan bu sözünden soň hiç kim öz pikirini bildirmäge milt etmedi. Abul Harys goşuny ýene-de güýçlendirmek, azyk, ýarag ýetmezçiligi bolsa üstüni doldurmak boýunça emeldarlaryň herisine bir iş tabşyrdy. Soňunda:

-Häzirden başlap hemmämiziň işimiz diňe şu bolmaly. Biziň ýene bir hepde wagtymyz bar. Gaty tijenmeli-diýdi. Hiç kimden seda çykmanyndan soň ýene kazy-kelan oturan ýerinden gep oklady:

-Aly hezret, bir hepde däl, dört-bäş gün wagtyňyz bar. Ibn Salam siziň aýdyp goýberen sözüňizi aýdaram, ýöne Gaznaly ynanmaz. Ol köpi gören mekir adam bolmaly. «Wagtdan utjak bolýandyr» diýer.

-Ýaşuly!-diýip Abul Harys ajy ýylgyrdy.-Altyn-kümüş diýeni ýaman zat. Onuň jadylaýjy güýji bar. Ol her niçik akylly adam bolsa-da aklyny elinden alýar. Ondanam ýaman zat nebis. Gaznaly hem perişde däl, adam. Adamda bolsa nebis diýen zat bar. Biz oňa bir gatyr altyn-kümüş wada etdik, ahyryn. Garaşar, garaşasy gelmese-de, nebsi garaşdyrar.

Emeldarlar patyşanyň ýaş bolmagyna garamazdan danyşmentler ýaly gep uruşyna ten berýärdiler. Maslahat uzaga çekmän gutardy, adamlar dargaşdy. Baş serkerde Alp Tegin, serkerdeler Humar Taş, Saýýat Tegin dagy patyşanyň huzurynda galyp, jeňi nähili tertipde, nähili usulda alyp barmak hakynda pikir alyşdylar.

-Aly hezret, biziň goşunymyz hem Gaznalynyň goşunyna san taýdan deňleşip bardy. Başa-baş garpyşanda biziň esgerlerimiziň rüstem geljegine ynanýan ýöne...-diýip Alp Tegin sägindi.

Abul Harys:

-Näme ýöne? Aýdyberiň-diýdi.

Alp Tegin:

-Gaznalynyň bäş ýüze golaý jeňçi pilleri bolmaly. Pilleri leşgeriň öňünden sürseler nähili bolarka diýip oýlanýan-diýdi. Entek jeň görmedik Abul Harys ýaýdanyp, Humar Taş bilen Saýýat Tegine garady.

Olar patyşanyň özlerine nazar aýlamagynyň «Siziň pikiriňiz nähili?» diýen manysyny aňdylar. Ilki Humar Taş pikirini aýtdy:

-Aly hezret, duşmanyň bu usuly uly gorkuly zat däl. Biz esasy hüjümi garşydan däl-de, iki ýan tarapdan etmeli. Göz üçin on müň esgeri pilleriň garşysyna goýup, ýigrimi müňden iki ýan tarapa leşger taşlamaly. Piller hüjüme geçende on müňler yza çekinerler, ýigrim müňler iki ýan tarapdan duşmana dararlar. Piller iki ýan tarapa öwrülip hem ýetişmezler.

Bu pikire Abul Harysyň ýüzi açyldy «Alp Teginiň baş serkerdeligi biderek ekeni» diýip serinden geçirdi.

Soňra Saýýat Tegin täsin bir pikir aýtdy.

-Aly hezret, piller otdan öler ýaly gorkýarlar. Bizem bäş-alty ýüz öküziň şahyna çom baglap, ot berip öňe sürsek, piller yzyna öwrülip, öz esgerlerini ýenjip gaçarlar.

-Aly hezret ikisiniň pikiri-de dogry. Meniň özümem şu usullary ýüregime düwüp goýupdym-diýip, Alp Tegin başyny atdy.

-Ýüregiňize düwen bolsaňyz, öňürti aýdaýmadyňyza-diýip Abul Harys ajy ýylgyrdy. Gürrüňleriniň soňunda Alp Tegin bir eýýäm ýadyndan çykan, şu mahal niçikdir hakydasyna gelen wezir Suhaýlyny Abul Harysyň ýadyna saldy:

-Aly hezret, ol indi siziň hökümiňize garaşyp ýatandyr-diýmek bilen ol Hazaraspda Abul Harysyň «Ölüme diňe patyşalar höküm edip bilýär» diýenini ýatlatmakçy boldy.

-Näme diýmekçi bolýaňyz? «Siz patyşa bolduňyz, indi ony ölüme höküm ediň» diýjek bolýaňyzmy?-diýip Abul Harys Alp Tegine ýeserlik bilen garady.

-Aly hezret, duşmandan näçe ir dynsaňyz, şonça gowy.

-Dogry aýdýaňyz, duşman zeper ýetirmezden öň ondan dynan ýagşy. Ýöne Suhaýly bize duşmanmy? Ol bize näme duşmançylyk etdi?

-Aly hezret, onuň duşmançylygy Hazaraspda belli bold-a.

-Men şonda Hazaraspa onuň näme maksatda gelenine gowy düşünmändirin. Goragçylara aýdyň, häzir ony meniň huzuryma getirsinler. Gepleşip göreli. Ol dana adam. Belki häzirki dartgynly ýagdaýda peýdasy deger-diýip, Abul Harys Alp Tegine buýruk beriji äheňde aýtdy.

Biraz wagtdan soň Hazaraspdan gorag astynda getirilip, köşgüň arkasyndaky jaýlaryň birinde tussaglykda saklanýan Suhaýlyny getirdiler. Ol gussa basan ullakan goýun gözlerini Abul Harysa dikip, giren ýerinde aýak çekdi. Ne salam berdi, ne tagzym etdi. Abul Harys

hem ondan bir söze garaşýan ýaly, oňa dikilip dymdy. Ondan seda çykmanyndan soň:

-Salawmaleýkim, jenap Suhaýly!-diýdi.

-Waleýkim essalam şazada!-diýip, Suhaýly kellesini çala egdi.

-Siz näme, şazada diýen bolup, meniň şadygymy ykrar etmejek bolýaňyzmy?-diýip, Abul Harys gatyrganyp aýtdy. Suhaýly onuň soragyna jogap bermän, gepi başga ýana sowdy:

-Menden näme isleýäňiz?

-Size ýene bir sorag bereýin, ony-da jogapsyz galdyrsaňyz, gürrüňimiz şunyň bilen gutarar.

Suhaýly bu sözüň manysyna şo bada düşündi. «Sen meniň birinji soragymy jogapsyz galdyrdyň, bu sowalyma-da jogap bermeseň, gürrüňi däl, seni bu dünýäniň azabyndan gutararyn» diýen manyny aňdy. Ol:

-Jogap berip bolýan sorag bolsa bererin, bolmasa siz berersiňiz meni jellada-diýdi. Abul Harys bu adamyň mertligine ten berip, gözlerini bir salym onuň göreçlerinde saklady. Soňra:

-Sowalym şeýle: Siz weziri agzam hökmünde Abul Abbasa gulluk etdiňizmi ýa-da Horezmin döwletine?

-Abul Abbas Horezmin döwletiniň kanuny patyşasydy. Men oňa gulluk etmegi Horezmin döwletine gulluk etmek diýip düşünýärdim.

-Diýmek, täze patyşa gulluk etseňiz hem Horezmin döwletine gulluk etdigiňiz bolýar. Şeýle dälmi?

-Bir zada ýa birine gulluk etmek üçin oňa ygtykadyň bolmaly. Indi meniň Alladan özgä ygtykadym galmady.

Abul Harys bu adamy özüne gulluk etdirip bilmejegine gözi ýetip, gahary geldi:

-Diňe Alladan özgä ygtykadyňyz bolmasa, men sizi Allanyň huzuryna ibereýin. Alyp çykyň!-diýdi. Başyny dik tutup duran Suhaýlyny alyp çykyp barýarkalar ol yzyna gyňyrylyp:

-Şazada, hiç bir jenaýat jezasyz galmaýar, şony bil!-diýdi. Suhaýlynyň bu sözi Abul Harysyň ýüregine atylan demirden däl-de, howpdan ýasalan ok bolup girdi. Alp Tegin bolsa Suhaýlynyň ölüme buýurylmagy bilen maksadyna ýetipdi. Ol Suhaýlynyň danalygy, öňden görüjiligi üçin patyşa ony özüne geňeşdar ýa-da baş wezir edip alaýmasa ýagşy diýip howatyr edýärdi. Eger şeýle bolaýsa ol patyşalykda üçünji derejeli adam bolup galardy.

Bu günki bolup geçen dartgynly wakalar Abul Harysy biraz ýadadypdy. Ol Alp Tegine jogap berip goýberdi, özü-de aram alýan jaýyna gitdi. Emma öňde aldym-berdimli söweş durka arkaýyn ýatyp,

dynç alyp bolýamy. Onuň kellesinde dürli pikirler at salýardy. Bolsa-da Suhaýlynyň ýaňy aýdyp giden sözi oňa erbet täsir edipdi. «Meniň eden işim jenaýatmy näme? Men näme etsem ýurdumyň garaşsyzlygy üçin etdim, ahryn» diýip içini gepledýärdi.

***

Jeňde ýesir düşen Abul Harysy getirip öň özi oturan tagtyň öňünde dyza çökerdiler.

-Abul Harys, maňa seret! - diýen sese kellesini galdyryp seretse tagtda özüne ýaňsyly nazar bilen seredip oturan Mahmyt Gaznalyny gördi.

- Görýäňmi, düýn seniň oturan tagtyňda bu gün men otyryn, ertir ýene biri oturar. Täji-tagt diýilýän zadyň hiç kime wepasy ýokdur. Sen şu biwepa  tagt üçin öz pederiňiň inisini öldürdiň, aýalyna göz dikdiň. Bu eden işiňiň jezasyny çekmeli bolarsyň.

-Men ol işi tagt üçin, aýal üçin etmedim, Soltan! Men Abul Abbasyň ýurdy saňa satany üçin, ýurdumyň garaşsyzlygyny dikeltmek üçin etdim! Garaşsyzlyk ugrunda gylyç çalmak günä däldir.

-O-ho! Sen dilewaram ekeniň-ä. Onda aýt, äriniň jesedi-de sowamadyk aýala göz dikmek hem günä dälmi? Ýa sen Kalja öňden aşykmydyň?

-Kaljy hanym her kime-de mynasyp gowy aýal.

-Göz açyp gören ýassykdaşyny öldüren adama «maňa sawçy» iberäý diýip, onuň goýnuna girmäge taýyn aýal gowy bolýan bolsa men ony saňa gowşuraryn-diýip, Gaznaly ajy ýylgyrdy. Soňundan-nika gyýýan molla bilen Kaljyny getiriň!-diýip, golaýynda duran adamlaryna buýurdy.

Molla geldi, onuň yzyndan bogup öldürilen Kaljynyň meýdini getirip, onuň ýanynda goýdular.

Gaznaly:

-Mollamyz, şu aýaly şu ýigide nika gyýyp beriň-diýdi.

-Kyblaýy älem, ölüni dirä nikalap bolmaýar, şerigatda...

-Men senden şerigaty soramok. Gyý diýlende gyý!-diýip, Gaznaly gazap bilen azym urdy. Molla biçäre gorkusyna aljyrap, bir elini Abul Harysa, bir elini süýnüp ýatan Kalja degirdi-de bir zatlary okan boldy. Soňra Gaznalynyň rugsady bilen sandyrap çykyp gitdi. Gaznaly:

-Indi-diýip, biraz säginip söze başlady.-Bu aşyk-magşuklary bir tama salyp, gapysyna ýedi gulp uruň. Kyrk güne çenli ol aşsyz-suwsyz söýgülisiniň jemalyna seredip otursyn. Özü-de şondan artyk ýaşamaz. Onsoň ikisini bir çukura gömüň!

-Ýok! Soltan, meni häzir asdyr, ýa kellämi aldyr, ýöne beýle jeza berme!-diýip gygyran Abul Harys öz sesine oýanyp ýerinden laňňa galdy. Ol gara dere batyp oturşyna «Allajan, bu nä ahwalat boldy, niçik ahwalat boldy?» diýip, içini gepledýärdi. Ol biraz wagtdan soň özüni ele aldy: «Düýşe näme girmeýär, duşman näme diýmeýär» diýip, ekabyrsyrap ýerinden turdy.
Daň hem saz berip ugrapdy.

***

Alnynda gutulgysyz ganly söweş duranda her niçik batyryň hem ýüregine howatyr aralaşmazlygy mümkin däl. Abul Harys özüni mert adam saýsa-da howsaladan daşda däldi. Ol içindäki howatyry daşyna çykarmazlyk, serkerdelere, esgerlere syr bildirmezlik üçin çalyşýardy. Bu oňa başardýardy hem. Şonuň üçin patyşanyň özüni arkaýyn tutuşy serkerdelere-de, leşgere-de gowy täsir edip, ýeňişe bolan ynamy artdyrýardy. Abul Harysyň mertligi entek uly söweş görmedik ýaş ýüregiň hyjuwydy. Şu hyjuw bilen goşun öň gelnen karara görä, Hazarasp tarapa çekildi.

Goşun paýtagtyň golaýyndan başlanýan ilatly ýerlerden saýlanyp, bir uly meýdana çykanynda saklandy. Leşgeriň ok-ýaýçylary, naýzaçylary, gylyçbazlary, atly esgerleri aýry-aýry sapa duruzyldy. Abul Harys, Alp Tegin dagy at oýnadyp saplaryň öňüne çykdylar, leşgeri gözden geçirdiler. Uly meýdany tutup duran elli müň adamly leşgere göz aýlaýarka Abul Harysyň ýaş ýüreginde üýtgeşik bir buýsanç döredi. Ýaňy ýakynda hiç kimiň nazaryna ilmeýän şazada bu gün bihasap leşgere eýe bolan patyşa. Özäm döwrüň iň güýçli hökümdary bilen söweşe girýär. Nesip edip bu söweşde ýeňiş gazansa şan-şöhraty dag aşyp, ady äleme dolar.

-Horezminiň edermen gerçekleri!-diýip, Abul Harys leşgere ýüzlenip söze başlady.-Biz bu gün eziz Watanymyzy ganym duşmandan goramak üçin beýik söweşe barýarys. Biziň her birimiz ata Watanymyzyň mukaddes topragyny duşmana depeletmezlik üçin dünýä taryhyna ýazyljak bu jeňe belent söweşjeň ruh bilen, egsilmez gaýrat bilen girmelidiris. Biziň söweşimiz duşmanyňky ýaly basybalyjylyk söweşi däl, Watan goragynyň söweşi, şonuň üçin biziňki hak. Hak işi Alla goldaýar. Şeýle bolansoň, ýeňiş, inşalla, biz tarapda bolar. Watan üçin öňe! Abul Harys sözüni gutaryp-gutarmanka leşgeriň biragyzdan «Öňe! Öňe!» diýen sedasy asman gümmezini doldyryp ýaňlandy. Şundan soň leşger öň meýilleşdirilişi ýaly ýigirmi müňden iki ýan tarapa bölünip, ortadaky on müňlük leşgerden gapdala has daşlaşdy. Sag

tarapdaky goşuna Humar Taş, çep tarapdaky leşgere Saýýat Tegin başçylyk etdiler. Abul Harys bilen Alp Tegin bäş ýüz öküzli ortadaky goşunda galdylar. Üçe bölünip ýola düşen goşunyň Hazaraspa ýetip barmagyna iki günlik ýol galypdy.

## XXIV BAP

Soltan Mahmyt bir hepde garaşdy. Gürgençden gelmeli altyn-kümüş bilen Abul Harys dagydan derek bolmady. Ol:

-Muhammet, Gürgençden henize çenli habar ýog-a. Ýa senem...-diýip soňuny aýtman Ibn Salama synçy nazaryny dikdi. Soltanyň «Ýa senem...» diýen sözüne Muhammet Salamy sowuk der basdy. Ol ýagdaýyny bildirmezlige çalyşyp:

-Kyblaýy älem, men başyna täç geýip, patyşa men diýip oturan adamyň gepine ynandym. Adatda patyşalar bir sözli bolýar.

-Seniň ol aýdýan gurrumsagyň başyna on täç geýse-de hakyky patyşa bolup bilmez. Ol Alp Tegin dagynyň elinde oýnatgy. Aslynda Mämünleriň tohumy hökümdarlyk etmäge ýaramly däl adamlar ekeni. Abul Abbas hem öz ygtyýarly patyşa däldi. Emeldarlarynyň çyzan çyzygyndan çykyp bilenokdy-diýip, bir salym dymdy-da.-Indi nädýäs? Ýene garaşmalymy?-diýdi. Ibn Salam näme diýjegini bilmän ýaýdandy. Eger «Ýene-de garaşaly» diýse Soltanyň «olara güýç toplamak üçin menden ýene-de wagt ogurlamakçy bolýar» diýip guman etmegi mümkin. Onuň ýaňy «ýa senem...» diýeniniň soňunda aýdylmadyk sözüň manysy hem şoňa barýar. Ibn Salamdan jogaba garaşyp, ondan gözüni aýyrman dikilýän Soltan:

-Näme dymdyň, Muhammet?-diýdi. Soltanyň äheňinde gahar duýulmasa-da Ibn Salam biraz aljyrap:

-Kyblaýy älem, dogrymy aýtsam, näme diýjegimi bilemok-diýip, aşak garady.

-Sen bilmeseň men bilýän. Olara güýç toplamak maksadynda wagt gerek bolany üçin seni aldap goýberipdirler. Ýa-da meni aldamagy senden haýyş edipdirler.

Ibn Salam özüni mert adam saýsa-da soltanyň soňky sözi ölüm howply bolany üçin ýüzi ak esgä döndi.

-Kyblaýy älem, nämeden ant iç diýseňiz içeýin, ýöne...

Soltan eliniň herekedi bilen onuň sözüni kesdi.

-Ant bilen ölümden gutulyp bolýan bolsa Alla-da ant içeni bagyşlaýarmyş. Muny sen bilýäň, şonuň üçin ant içmekden gorkaňok.

-Men ölümden hem gorkamok. Ýöne siz menden nähak guman edýäňiz.

-Men guman edemok. Ýagdaýy tereza salyp gördüm. Tereziniň bir pellesine özümi, ikinji pellesine seniň Watanyň Horezmini goýdum. Seniň üçin, elbetde, men däl-de, Watanyň gymmatly. Watan üçin, Watany goramak üçin janyňy orta goýup, töwekgel edilýär. Men muňa gowy düşünýän. Ýöne bilip goý, olar näçe goşun, güýç toplasalaram meniň goşunyma bäs gelip bilmezler. Meniň pillerimiň özü-de garşysyndan çykan leşgeri ýegsan eder!

-Kyblaýy älem, Watan hakynda aýdanyňyz gaty dogry. Watany hiç kime, hiç zada çalyşyp bolmaz. Eger çalyşýanlar bar bolsa olar dönükdir. Men dönük däl. Watan üçin ölmeli bolsa men taýyn. Ýöne men sizi meniň Watanymy basyp almak üçin gelen basybalyjy diýip däl-de, Watanymda ýüz beren adalatsyzlygy ýazgaryp, adalaty dikeltmek üçin gelen sahypkyran* diýip düşünýärin. Şonuň üçin meniň size dönüklik etmegim mümkin däl. Onsoňam, siziň adyňyzdan Gürgenje ilçi bolup gitmegimden ýeke-täk maksadym: Watanymda gandöküşligiň öňüni almakdy. Muny siz hem bilýäňiz. Şeýle bolansoň men olaryň güýç toplap uruşa çykmagynyň, gandöküşüklik edilmeginiň tarapdary bolarynmy?! Eger Abul Harys Alp Tegin dagynyň gepine gidip, uruşa çyksa, näçe müňläp horezminli ýigitleriň ganyna galar. Siziňkileriňem näçesiniň läşi ýat ýurtda seriler. Bularyň bary üçin uruşy başlan adam günäkär bolar. Gurhanyň sözi bilen aýtsak «Günahy kebirdir*».

Ibn Salamdan gözüni aýyrman sözlerini diňläp oturan Soltan Mahmyt onuň özüni aklamak üçin getirýän delillerine ynanjagyny-da, ynanmajagyny-da bilenokdy. Şonuň üçin ony ýene bir synagdan geçirmek maksady bilen:

-Muhammet, sözleriňde mantyk bar. Ýöne manysynyň hakdygyny subut edip bilermikäň?!-diýdi.

-Nädip subut edeýin, Kyblaýy älem?

-Bize sadyklygyň çyn bolsa, özüňiň ýüz esgeriň bilen biziň leşgerimiziň hataryna goşul. Şeýdip zalymlaryň jezasyny bermeklige öz goşandyňy goş.

Ibn Salamyň depesinden gyzgyn suw guýulan ýaly boldy. Gaznaly ony Watanyna dönüklik etmeklige mejbur etjek bolýardy. Onuň jogaby taýyndy. Ýöne ony nädip aýtjagyny bilmän bir salym oýa çümdi. Eger ol «Men ölsemem, öz ildeşlerime gylyç götermen» diýse soňunyň näme bilen gutarjagy belli däldi.

Soltan jogaba garaşýardy. Näme bolsa-da gönüläp däl-de, başgaçarak terzde jogap berdi.

-Kyblaýy älem, gurt hem öz kowmuny ýarmaýar. Eger siziň bu aýdanyňyzy etsem men çöl beýewanlardaky gurtçada bolmaryn?

Soltan Mahmut ajy ýylgyrdy:

-Diýmek, goşuljak däl-dä?

Indi göni jogap bermeli boldy.

-Goşuljak däl, kyblaýy älem.

-Hmm... Onda git-de olara goşulyp, bize garşy uruş.

Ibn Salam soltanyň bu sözüne ynanman gözlerini tegeledi:

-Bu näme diýdigiňiz, Kyblaýy älem?

-Bu seni ölüme hököm etdigim. Seni bu ýerde, nalaçlyk ýagdaýyňda öldürsem, ejize ganym boldugym bolar. Uruşda eliň ýaragly halda öldürsem halal bolar.

Ibn Salam Gaznalynyň özüni mert, adalatly edip görkezjek bolýandygyna düşündi.

-Kyblaýy älem, sözüňize jan-dilden ynandym, mertligiňize tagzym edýän. Ýöne men urşuň tarapdary däl.

-Uruş başlansa at-ýaragly adamyň bitarap bolup galmagy mümkin däl, Muhammet. Sen häzir gitde öz kowmyňa goşul. Söweş meýdanynda duşarys. Maňa duşmasaň urşyjylarymyñ birine hökman duşarsyň. Şonda meniň hökümim ýerine ýetiriler.

Ibn Salam soltana adatdaky tagzymy berjaý edip, onuň huzuryndan yza basyp daş çykdy. İbn Salam soltanyñ bu "oýnuna" nähili düşünjegini bilmese-de, töwekgel edip, özüniň ýigitlerini ýygnady, Gürgenje tarap ýola çykdylar. Olara hiç kim päsgel bermedi. Atlary aýagaldygyna sürüp barşyna Ibn Salam özüni ýuwutjak bolup duran ajdarhanyň agzyndan sypan ýaly duýýardy. Emma ony Gaznalynyň «Seni ölüme hököm etdim» diýen sözi oýlandyrýardy. «Kyrk ýyl gyrgyn bolsa ajaly ýeten öler» diýen nakyl bar. Söweş meýdanynda kimiň ölüp, kimiň galjagyny bir Alla tagalla bilýär" diýip özüni köşeşdirdi.

Soltan Mahmyt Ibn Salam çykyp gideninden baş hajyby hem-de baş serkerdesi Altyn Taşy çagyrdy.

-Altyn Taş - diýip soltan gahardan garjygan sesi bilen hajyba ýüzlendi.- Biz Ibn Salamyň gepine ynanyp, bir hepde garaşdyk. Men eger olar uruşsyz teslim bolýan bolsalar gandöküşüklik nämä gerek diýip pikir edipdim. Ýok. Olara bir hepde wagt bize sowgat ediljek altyn-kümüşi ýygnamak üçin däl-de, goşunyny güýçlendirmek, uruşa taýýarlanmak üçin gerek ekeni. Bu indi belli boldy.

-Kyblaýy älem, men size şu adama ynanmaly däl diýip aýdypdym. Siz akgöwünlik etdiňiz.

-Dogry, aýdypdyň. Belki Ibn Salamda günä ýokdur. Ony-da aldap goýberendirler. Belki olar bilen dili birdir. Kim bilýär. Şonuň üçin men ony goýberdim, doly günäläp bilmedim. Indiki mesele: goşuny aýaga galdyrmaly. Men boýun egmejek bolsalar, galada beklenip goranarlar, Gürgenjiň gaty berk galasyny almak bize-de aňsat düşmez öýüdipdim. Eger şeýtjek bolsalar, goşuny güýçlendirmek üçin ýene-de wagt utjak bolup, aldawçylyk etmezdiler. Görýän weli, Abul Harys ýaşlygyň joşguny bilen açyk meýdanda söweş etmekçi öýüdýän.

-Kyblaýy älem, diňe ýaşlygyň joşguny däldir, ýeterli güýç hem toplandyrlar, toplamak üçin bir hepde wagt hem berdiňiz-de.

-Sen näme, ýeterli güýç toplandyrlar diýip ejizlejek bolýaňmy?!

-Diýýäniňiz näme, soltanym. Altyn Taşyň şu çaka çenli ejizlän wagty boldymy, mundan soňam bolmaz.

Soltan hajybyň öwünenine kinaýaly ýylgyryp:

-Onuň ýaly bolsa leşgeri ýörüşe taýýarla. Serkerdeleriňi ýygyp, ýörüşiň tertibini gepleşip alyň. Meniň bilişimçe, Abul Harysyň baş serkerdesi Alp Tegin diýeni köpi gören, mekir adam bolmaly. Ol biziň pillerimiz baryny bilýär. Pilleri goşunyň öňünde sürüp, söweşe girerler diýip pikir etse, iki ýan gapdaldan hüjüm guramagy mümkin. Şu ýagdaýy nazarda tutup, hereket etmeli. Düşnüklimi?

-Düşnükli, kyblaýy älem. Olaryň bu hilesi biziň söweş usullarymyza deň gelip bilmez.

***

Özüniň ýüz atlysy bilen günortana golaý Hazaraspdan çykan Muhammet ibn Salam tomsuň yssy howasynda bir gije-gündiz ýol söküp, ikinji güni gün guşluga galanda garşysyndan gelýän goşuna gözi düşüp, atynyň başyny çekdi. OL bu goşunyň Abul Harysyňkydygyny aňdy, yzynda sap bolup duran ýigitlere öwrülip:

-Bu gelýän leşger şazada Abul Harysyňky bolmaly-diýdi.

-Indi ol şazada däl, Şa boldy dälmi?-diýip, ýigitleriň biri kinaýaly dillendi.

-Hä, hawa, ony şa diýmäge hiç dilim baranok-diýip, Ibn Salam atdan düşdi, beýlekilerem oňa eýerip, atlaryndan düşdüler. Döwrüň dessuryna görä atlynyň öňünden patşa çyksa, ol geçip gidýänçä atly atyndan düşüp durmalydy. Ýöne ara entek daşrak bolansoň olar durmadylar-da atlaryny idip, ýuwaş ýöräberdiler.

Garşysyndan çykan atlylaryň bu hereketini görüp gelýän Abul Harys bilen Alp Tegin olaryň keseki adamlar däldigini aňdylar.

-Bu gelýänler kimdir öýüdýäňiz?-diýip Abul Harys Alp Teginden sorady.

-Bilmedim, Aly hezret , Muhammet ibn Salam bolaýmasa.

-Menem şoldyr öýüdýän. Ol Gaznalynyň tabşyrygy bilen ýene bir zatlary aýtmaga töwellaçy bolup gelýärmikä?

-Aý ýok, Aly hezret. Gaznaly aldanany bilenden soň töwellaçy ibermez. Onuň goşunam eýýam ýola çykandyr.

Atlaryny idip gelýänler has ýakynlaşanlaryndan soň olaryň hakykatdanam Muhammet ibn Salam bilen onuň adamlarydygy belli boldy. Abul Harys atynyň başyny çekip, eliniň hereketi bilen goşuny-da saklady. Ibn Salam dagy gelip, onuň öňünde dyzyna çökdüler.

-Ýeri, Ibn Salam, ýene ilçi bolup geldiňmi?-diýip Abul Harys ýaňsyly äheň bilen sorady.

-Ýok, Aly hezret, ilçi bolup däl, Siziň hataryňyza goşulyp, söweşe girmäge geldik.

-Oho! Gaznaly sizi nähili goýberäýdi ýa ol bu niýetiňizi bilenokmy?

-Muny onuň özi buýurdy.

-Özi buýurdy?! Düşnükliräk edip aýt.

-Ol sizden aldananyny bilensoň meni ölüme höküm etdi. Ýöne hökümiň şol ýerde, ejize ganym bolup däl-de, söweş meýdanynda ýerine ýetiriljekdigini aýtdy.

Bu gepe Abul Harys bilen Alp Tegin bir hili geň galyp, kellelerini ýaýkadylar.

-Söweş meýdanynda ölüm özüne garaşýan bolsa nätjekkä?!-diýip Abul Harys ajy ýylgyrdy. Soňra onuň ejazasy bilen Ibn Salam ýigitleri bilen leşgeriň hataryna geçip, atlaryna atlandylar.

Gaznalynyň goşuny hem dört topara bölünip süýüşip gelýärdi. Gürgençlileriň üç topara bölünen goşunyndan tapawudy onuň ortadaky toparynyň yzynda ses ýetirim aralykda dördünji ätiýaçlyk topary hem bardy. Bu topar öňde barýan haýsy topar söweşde asgynlyk etse şoňa kömege ýetişýärdi. Şeýle ýagdaý goşunlaryň demirgazyk ganatynda hereket edýän toparlarynyň arasynda bolan çaknyşykda ýüze çykdy. Humar Taşyň ýolbaşçylygyndaky gürgençlileriň topary garşysynda peýda bolan leşgeri görenden oňa tarap at saldylar. Gaznalylar birden hüjüme geçen leşgere oňly gaýtawul berip bilmän asgynlyk edip başlady, köp adam ýitirdiler. Şonda yzdaky ätiýaçlyk topar kömege ýetişip, gürgençlileri derbi-dagyn etdiler. Çym-pytrak bolan leşgeriň bir

bölegi Gürgenje tarap gaçdy. Humar Taş ýanynda galan esgerleri bilen gaçyp gelip, orta topara goşuldy.

Orta toparyny günorta tarapdan edilmegi mümkin bolan hüjümden gorap gelýän gaznalylaryň on bäş müň kişilik leşgeri gürgençlileriň ýigrimi müň kişilik Saýat Teginiň baştutanlygyndaky goşunyň hüjümine uçrady. Emma san jähtden gürgençlilerden az bolsa-da olar has tejribeli, saýlanan zeberdest urşyjylar bolany üçin köpüsi esgerlige täze alnan, uruş tälimini ýeterli almadyk ýaş ýigitlerden ybarat bolan Gürgenjiň leşgerine berk gaýtawul berildi. Gürgençliler bu söweşde köp ýitgi çekdiler. Saýat Tegin hem galan jeňçileri bilen gelip özleriniň orta toparyna goşuldy. Şol bir wagtyň özünde orta toparlaryň arasynda aldym berdimli söweş gidýärdi. Ilki bularyň arasynda bir täsin ýagdaý boldy. Gaznalylar jeňçileriň öňünden pillerini goýberdiler. Gürgençiler bolsa alty hatar esgeriň ardyndaky öküzleri öňe çykaryp şahlaryndaky çomlara ot berdiler-de pillere garşy sürdiler. Kellesi alawlanyp gelýän mahluklary gören piller zähresi ýarylyp, gürgençlileriň oýlaşy ýaly yzyna-esgerleriň üstüne däl-de iki ýan gapdala gaçdylar. Öküzler bolsa bat bilen göni baryp, öň hatardaky esgerleriň ençemesini ýere ýazdylar. Emma yzky hatardakylar bady gowşan öküzleri naýzalap, gylyçlap ýykdylar. Öleni öldi, çalajanlary bagyryp ýatdy. Ýoly açylan gaznalylar haýdap gelip, gürgençliler bilen garpyşdylar. Bu jeň başlanmazyndan öň goragyndaky esgerler bilen yza geçen Abul Harys iki ýan tarapdaky leşgeriň ýeňilenini bileninden soň ýeňişe bolan öňki ynamyny ýitirip aljyraňňy ýagdaýa düşdi. Ol indi goragyndaky kyrk-elli esgeri bilen Gürgenje aşyp bilse galanyň derwezelerini berkidip, goranmak hyýalyna mündi. Emma ol muňa ýetişmedi. Humar Taş bilen Saýat Teginiň toparlaryny derbi-dagyn eden duşmanyň iki gapdaldaky leşgeri iki ýan tarapdan gelp gurşap aldy. Indi söweşi dowam etdirseler gürgençlileriň biride galman gyryljakdygy belli boldy. Şonuň üçin Abul Harysyň buýrygy bilen ýaraglaryny taşlap, teslim boldular. Hemişe edişleri ýaly gaznalylar teslim bolanlaryň atlaryny, ýaraglaryny ellerinden alyp, özlerini aşak oturtdylar. Indi bular ýesir hasaplanýardylar.

Bu hakda goşunynyň yzynda piliň üstüne gurlan çadyrda oturan Soltana habar edenlerinde ol kinaýaly ýylgyryp: “Kim bilen oýun edenlerini bilendirler indi” diýdi. Soňra aşak düşüp seýsi idip getiren bedewine atlandy-da goşundan saýlanyp bir çete çykdy. Baş hajyby Altyn Taş we serkerdeler onuň ýanynda toplandylar Soltan olara ýüzlenip, şeýle diýdi.

-Agyr söweşde ýadan leşgere dynç bermeli welin, ýöne bu meýdanda ýaýrap ýatan läşleri jaýlaman dynç alyp bolmaz. Şonuň üçin ýesirler özleriniňkini, biziňkiler özümiziňkini ýygnap, topraga bersinler. Soň, hol görünýän belent depäniň öňündäki uly meýdana geçip, goş taşlasynlar-da dynjyny alsynlar. Häzir şol depäniň üstüne meniň çadyrym gurulsyn! Onsoň ýesirleriň arasyndan Abul Harysy, Alp Tegini, söweşde ölmedik bolsa Ibn Salamy tapyp, meniň çadyryma getiriň. Olar bilen aýratyn gürrüňim bar.

Soltanyň birinji buýrugy jar edildi. Iki tarapyň hem esgerleri işe girişdi. Altyn Taş on esger bilen ýesirleriň arasyndan Soltanyň aýdan adamlaryny gözläp tapýança depäniň üstüne çadyr hem guruldy. Altyn Taş on atlysy bilen üç piýadany atyň öňüne salyp, Soltanyň çadyryna eltdi.

Soltan Mahmyt türkmen halylary düşelen giň çadyryň töründäki göçme tagtynda gelenlere ýiti nazar bilen dikilip otyrdy. Ýokardaky tüýnükden düşen ýagtyda onuň tegelek çal sakgally ýüzi birneme hyrsyz görünýärdi.

-Şazadany-da piýada getirdiňizmi?-diýip, ol ýaňsyly ýylgyryp sorady. Altyn Taş ýylgyryp başyny atdy.

Soltanyň öňünde dik duran ýesirleriň ikisiniň başy dik, biriniňki aşak egilendi. Aşak egilen başyň eýesi Alp Teginiň özüne rehim-şepagat edilmegini isleýän namart adamdygyny soltan duýup, oňa ýigrenç bilen seretdi. Soňra özüne dik bakyp duran Abul Harysa haýpy gelen kimin garap:

-Şazada, bäş gün patyşa boljak diýip, ine şunça adamyň ganyna galdyň. O dünýäde munuň jogabyny bermeli bolarsyň-diýdi.

-Şunça adamyň ganyna galan diňe men däl-diýip Abul Harys soltandan nazaryny aýyrman jogap berdi. Soltan Mahmyt mert adamlara duşmany bolsa-da sarpa goýardy. Şonuň üçin Abul Harysyň batyrgaý jogabyna gahar etmedi:

-Sen, diňe men däl diýip, meni-de günälejek bolýaňmy? Ýok, şazada. Bu gepiň hak däl. Eger sen meniň ilki eden teklibime razy bolup, günäňi boýun alyp, aman diläp geleniňde bu gandöküşük bolmazdy. Gelmäge gorkdyňmy ýa Ibn Salam meniň teklibimi düşündirip aýtmadymy?

-Aýtdy.

-Men seniň Ibn Salamdan aýdyp goýberen gepiňe ynanyp, bir hepde garaşdym. Seniň wada eden altyn-kümüşiň üçin däl, altyn kümüş özümde dolup-daşyp ýatyr, ine şu gan döküşüklik bolmasyn diýip

garaşdym. Şeýle bolansoň bu gan döküşükligiň günäsini meniň bilen paýlaşjak bolma, munuň günäkäri özüň, galyberse-de ine bu täze düşen gelin ýaly başyny aşak egip duran. Göter kelläňi!-diýip Soltan Alp Tegine azm urdy.-Sen mekir tilki, entek söweş görmedik bu ýaş oglana düşündirmediňmi Soltan Mahmydy ýeňip bolmajagyny ýa sen meniň haýsydyr bir söweşde ýeňilenimi eşidipmidiň?! Sen iki gapdala goşun taşlamak bilen iki ýan tarapdan hüjüm edip, ýeňerin öýütdiňmi? Seniň bu könelen usulyňy Soltan Mahmyt bilmez öýütdiňmi?! Seniň bir akylly eden işiň, eger ol seniň kelläňden çykan bolsa, meniň pillerimiň garşysyna şahy alawly öküzleri goýbereniň boldy. Ýöne olam size uly utuş getirmedi. Eger seniň ýeriňe Horezminiň goşunynyň başynda bir parasatly serkerde bolanda Soltan Mahmydy açyk meýdandaky söweşde öküz bilenem, alaw bilenem ýeňip bolmajagyny bilerdi, başgaça usul tapardy. Seniň ýeriňe men bolan bolsam Gürgenjiň galasynyň üstünde bir müňe golaý ok ýaýçyny galdyryp, goşunyň baryny galadan daşyrakda töwrekläp goýardym. Duşman gelip galany gabanynda depedäki ok ýaýçylar bilen atyşardy, derwezelere hüjüm edip görerdi. Ýadanyndan soň goşun gije dynç almaly bolardy. Ine şonda duýdansyz dökülip, duşmanyň köp leşgerini gyrsa bolardy. Bir gijede köp güýjini ýitiren duşman galadan daşarda uly güýjüň bardygyna we galany aňsat alyp bolmajagyna gözi ýetip, ýaraşyk teklip ederdi.

Soltanyň soňky gepini ahmyr bilen diňlän Abul Harys Alp Tegine ýaman gözi bilen seredip goýdy. Soltan sözüni dowam edip:

-Sen bu gan döküşükligiň öňüni almagyň deregine şazadany uruşa öjükdirip, eden günäňdenem ulyrak günäňiň hem bardygyny bilýäňmi?!-diýdi. Alp Tegin soltana naynjar garap goýdy-da, ýene başyny aşak egdi.

-Horezminiň kanuny patyşasy Abul Abbasyň garşysyna guralan pitnäniň başçysy hem sen bolmaly!-diýip, Soltan Mahmyt has azmly gepledi. Alp Tegin bu işde özüni aklamak üçin bir delil getiren bolup:

-Kyblaýy älem, men bir gullukdaky hyzmatkär adam. Abul Abbasyň tagtyna dalaş etmäge meniň hukugym ýok. Şeýle bolansoň men näme diýip onuň garşysyna pitne guraýyn-diýdi.

-Ähä! Şeý diýsene. Onda pitnäni tagta dalaş etmäge hukugy bar adam gurapdyr-da - diýip, Soltan Mahmyt ajy ýylgyrdy. Abul Harys namartlap duran Alp Tegine ýigrenç bilen seretdi. Ýöne onuň gepine gaýtawul bermegi özüne kiçilik bilip, soltana ýüzlendi:

-Merhemetli soltan, bolup geçen ol işe pitne däl-de göreş diýilse dogry bolar. Biz ýurdumyzyň garaşsyzlygyny dikeltmek üçin göreşe atlandyk.

Häliden bäri tekepbirlik edip duran şazadanyň özüne “merhemetli” diýip ýüzleneni üçinmi ýa-da onuň nähak edilen işi hak iş edip görkezjek bolýany üçinmi Soltanyň ýüzünde bir hili kinaýaly ýylgyryş peýda boldy.

-Şazada,- diýip Soltan agyr äheň bilen dillendi.- Kanuny patyşanyň garşysyna edilen her niçik hereket göreş däl-de gozgalaň diýip atlandyrylýar. Gozgalaňy bolsa pitneçiler taýýarlaýar.Gozgalaň diýmegem ýurtdaky parahat durmuşy bozmak, nähak gan dökmek diýmekdir. Şonuň üçinem gozgalaňçylar nähak döken ganlarynyň jezasyny çekmelidirler. Horezmşa Abul Abbasyň nähak dökülen gany üçin bolsa aýratyn, halkyň gözüniň öňünde aýylganç jeza beriler.

Soltanyň bu sözüne Alp Tegin bilen Abul Harysyň ýüzleri ak tama dönüp, endamlaryny sowuk der basdy. Soltanyň Abul Abbasy kimiň öldürenini soraman beriljek jezany aýdany geň hem-de gorkulydy. Bu gorky Abul Harysy has basmarlady. Ol:

-Abul Abbasy men öldürmedim-diýip goýberenini özü-de duýman galdy.

-Kalja-da şeýle diýipsiň. Maňa-da aýdyp ber hany, nähili ýagdaýda öldürildi ol?

Abul Harys Kaljy hanyma aýdan gepini ýadyna saldy. Indi-de şol gepi gaýtalamalydy. Emma Kalja aýdyşy ýaly bu ýerde Alp Teginiň adyny göni aýtmaga çekindi. Çünki Alp Tegin onuň özüniň yşaraty bilen gylyç urupdy. Şonuň üçin şeýleräk warsaky urdy:

-Abul Abbasyň ölümi onuň özünden boldy. Biz köşke girenimizde ol maňa gylyç göterip topuldy, ýanymdaky esgerler ara düşdi. Olar bilen garpyşykda-da heläk boldy.

-Şonda ýanyňda Alp Tegin ýokmydy?-diýip, Soltan teýeneli sorag berdi. Abul Harys bu soragyň ýöne ýere berilmändigini, Kaljy hanymyň agasyna Alp Teginiň adyny aýdandygyny duýdy. Şonda-da gönüläp aýdyp bilmedi-de:

-Bardy öýüdýän-diýdi.

-Sen öýüdýän bolsaň, özümiz jikme-jigine ýeteris-diýip, soltan Abul Harysa ýaňsyly nazar bilen dikildi. Ol Abyl Abbasa tyg çekeniň Alp Tegindigini bilýärdi. Ýöne jeza pursady gelýänçä bilenini aýtmakdan saklandy. Jeza çäresini bolsa Gürgençde halkyň göz öňünde geçirmek bilen patyşany öldürenleriň nähili aýylganç ýagdaýa sezewar ediljekdigini adamlara göz etmekçidi.

Soltan ýesirler bilen  gepi uzaldyp oturmagy islemedi-de:

-Muhammet Salam galsyn. Ol ikisini alyp çykyň!-diýdi.

Soltanyň emri derhal berjaý edildi. Abul Harys bilen Alp Tegini idirdedip alyp çykyp gitdiler. Haliden bäri Ibn Salama üns bermedik soltan oňa mylakatly nazar bilen garap, oturmaga ejaza berdi. Soňra:

-Ýeri, Muhammet Salam, sen nähili ölmän galdyň. Men seni ölüme höküm edipdim-ä?-diýdi.

-«Kyrk ýyl gyrgyn bolsa ajaly ýeten öler» diýipdirler.Ajalym ýeten däldir-dä, Kyblaýy älem.

-Onyňam dogrydyr. Ýöne ölmän galanyňyň ýene bir sebäbi-sen hak ekeniň, men nähak höküm edipdirin. Mundan başga-da, sen Gazna barýan Kaljyny saklanyň hem-de ýurtda bolan agdarlyşygy habar edeniň uly iş. Ýogsa Kaljy aýal mekirligi bilen gör nädip meniň başymy aýlardy. Zalymlaram jezasyz döwranyny sürüp ýaşabererdiler-diýip, soltan bir salym dymdy.-Dogry, biraz gandöküşlik boldy. Ýöne taryhda adalaty dikeltmek üçin edilen gandöküşlikler ýazgarylmaýar. Seniň biziň üçin eden şu işiň her niçik sylaga-da mynasyp.

Soltan sözüni soňlap bir goşowuç gyzyl salnan daşy zer keşdeli haltajygy Ibn Salamyň öňüne oklady. Soltanyň bu «sahawaty» Ibn Salamy gaty aljyratdy has dogrusy ýere sokdy. Ol özüni bir goşowuç altyna ýurduny satan adam ýaly duýup, gaty erbet boldy. Şol pursatda, öň kellesine gelip-gidip ýören pikirler has ýiti görnüşde beýnisini tozadyp goýberdi. «Eý Hudaý, men indi kim boldum?! Ýurdumda bolan bu gandöküşligiň günäkäri kim?! Menmi?! Men Kaljyny Gazna geçirmän saklap galmadyk bolsam, ýurtda bolan agdarlyşygy Mahmyt Gaznala habar etmedik bolsam bu aýlygançlyklar bolmasa bolmazdy, ahbetin... Emma onda men patyşamyz Abul Abbasyň buýrugyna hyýanat etdigim hem-de Abul Harysyň jenaýatyny ýaşyrdygym bolmazmydy?...»

Soltan ilki onuň düşen ýagdaýyna düşünmedi. Begenjine iki bolup bilmeýändir öýütdi.

-Kyblaýy älem, sahawatyňyz üçin taňryýalkasyn. Ýöne men ony alman. Maňa öýüme gitmäge ejaza berseňiz uly sylag etdigiňiz bolar.

Ibn Salamyň bu sözünden soň soltan önuň öňüne gyzyl oklap, degnasyna degenini aňdy. Ol içinden «munça baýlykdan ýüz dönderer ýaly kim sen» diýip, kinaýaly ýylgyrdy:

-Men seni ölümden azat etsemem ýesirlikden azat edemok.

Gürgenje bile gideris. Biz ol ýerde ýagdaýy düzgünleşdirenimzden soň biziň bilen Gazna gitmeli bolarsyň. Gürgençde ylym bilen meşgullanmaga mümkinçiligiñ bolmadyk bolsa, Gaznada halypaň Birunynyň ýanynda işlärsiň, ylym bilen meşgul bolarsyñ. Bize ylymly kelleler gerek-diýip Soltan sözüniň Ibn Salama nähili täsir edenini

bilmekçi bolup oňa synçy nazaryny dikdi. Muhammet Salam ýaşlygynda ylym diýip, maşgalasyndan on ýyl aýralyga çydapdy. Diňe ylma-bilime teşneligi oňa sabyr-kanagat beripdi, ata Watanyna bolan söýgüsi bolsa onki süňňüne synmaz gujur berýärdi. Indi mundan soňky aýralyga, belki ömürlik aýralyga nädip çydarka?! Şonuň üçin ony soltanyň sözi bir bada aljyratdy. Ol näme jogap berjegini bilmän dymdy.

-Näme dymdyň, Muhammet? Meniň teklibim ýaramadymy?

-Siziňki teklip däl, Kyblaýy älem, ýesire buýruk. Ýeňiji ýesirini öldürse-de, gul edip satsa-da haky bar.

-Ýok. Bu jogabyň bolanok. Sen öz ygtyýaryň bilen Gazna gitjekmi, ýokmy? Şuny gönüläp aýt!

-Kyblaýy älem, ýesirde ygtyýar bolmaýar. Ilki siz meni hökümdarlyk sözüňiz bilen ýesirlikden azat ediň, soňra men dogry jogap bereýin-diýen Ibn Salam edep saklap, elini gursagyna goýdy. Soltan:

-Men, Soltan Mahmyt Gaznaly, hökümdarlyk sözüm bilen söweşde ýesir düşen Muhammet ibn Salamy ýesirlikden azat edýärin-diýip, Ibn Salama ýylgyryp seretdi-de-Indi boldumy?-diýdi.

-Boldy, Kyblaýy älem. Bu işiňiz meniň üçin iň uly sylag, bahasyna ýetip bolmajak sahawat. Taňryýalkasyn!

-Hany, indi sen öz ygtyýarly, erkin adam hökmünde erk-islegiňi beýan et - diýip, soltan bu sapar agraslyk bilen aýtdy.

-Kyblaýy älem, ýaňy siz «Bize ylymly kelleler gerek» diýdiňiz. Meniň kellämi-de ylymly hasap edýän bolsaňyz ony alyp, göwrämi Watanymda goýup gidäýiň, diýesim gelip dur. Emma meniň erk-islegim hökümdaryň isleginiň ýanynda ejizdir.

-Hmm, şuny bileniňem bir gowy - diýip, soltan Mahmyt kinaýaly gülümjiredi.-Ýöne bu saparam men ejize ganym bolmaýyn. Islemeseň gitme. Sensizem meniň alymlarym ýeterlik. Möwlana Birunynyň ýeke özü-de on alyma degýär.

-Dogry aýdýaňyz, Kyblaýy älem. Biruny hezretleriniň ýeke özi meniň ýaly on däl, ýüz alyma-da degýär.

Soltan diliniň ujuna gelen ýöne aýtmakdan saklanan sözüni Ibn Salamyň özüniň aýdanyna açylyp güldi. Ol:

-Meniň ýüz görüp, aýtmadyk sözümi özüň aýtdyň-ow-diýdi.

-Ýöne seniň alymlygyň hem Birunynyň alymlygynyň ýüzden däl-de, ondan biriçe bardyr. Emma bu ýerde hiç hili ylym merkezi bolmansoň, saňa ylym bilen meşgullanmaga hiç hili şert hem bolmaz. Onsoň näme, «Ylmyna amal etmedik alym üstüne kitap ýüklenen eşek ýalydyr» diýleni bolaýmasa-diýip ýylgyrdy.

Ýaňy ýüz görüp «seniň ýaly» diýmekden saklanan soltanyň indi eşege deňänine Ibn Salam birhili boldy. Bu gepi ol ikinji sapar eşidýärdi. Onda daýhan adamyñ aýdany häzirki patyşa adamyñ aýdany ýaly erbet täsir etmändi. Gahar edeýin diýse, hökümdara gahar edip bolýamy näme. Näme duýgusy bolsa-da, içine ýuwutmaly boldy. Emma oýlanyp görse soltanyň aýdany dos-dogry. Oňa ylym gerek bolsa aýralyga çydamalydy ýa-da ylymdan geçmelidi. Ol iki oduň arasynda galan kimin ýagdaýa düşdi. Dogrusy, bu ýagdaýa ony soltan Mahmyt düşüripdi. Zandy mekirlige ýugrulan Gaznaly ynsan ruhunyň hem bilermenidi. Ol Ibn Salamyň ylymdan aňsat geçmejegini bilýärdi. Şonuň üçin oňa alymyň ylymdan aýry ýaşasa kim boljagyny degnasyna degýän söz bilen ýatladypdy. Soltan Ibn Salamyň tukatlanyp oýa çümeninden sözüniň oňa mazaly täsir edenini aňdy.

-Muhammet, men dogrusyny aýtdym. Özüňem oýlanyp gör.Indi iki ýurt bir ýurt boldy. Mundan beýläk kerwenleriň gatnawy-da çaltlaşar. Maşgalaňy küýsän wagtyň kerwen bilen gidip gelibererersiň. Gazna-da Gürgençden juda bir daşam däl.

Ibn Salam Gaznalynyň inçelik bilen özüni yrjak bolup, aýdan bu sözlerinden soň ret jogabyny berip bilmedi. Şonuň üçin ol islese-islemese-de Gazna gitmäge razylyk bermelidi.

-Kyblaýy älem, siz Gürgençde işleri ýerbe-ýer edýänçäňiz menem öýümde ata-enemiň, maşgalamyň ýanynda bolaýyn. Gazna gitmegime olaryňam razylygyny alaýyn. Şonuň üçin maňa häzir gitmäge ejaza beräýseňiz gowy bolardy.

Ejaza bereris. Ýöne saňa Gürgenç barasynda bir tabşyryk bar. Ilki şony berjaý edip, soň öýüňe sowularsyň. Biz mertebämize mynasyp röwüşde garşylansak, rehim-şepagatymyz hem şoňa laýyk bolar.

Ibn Salam Soltanyň näme diýjek bolýanyna şol bada düşündi. «Gürgençde sähel garşylyk görkezilse rehim-şepagatsyz bolmak hem göwnünde bar eken-ow» diýip, içini gepleden Ibn Salam beýle ýagdaýyň öňüni almaklygy özüniň borjy hasap etdi. Ol:

-Düşündim, Kyblaýy älem. Hemesi gowy bolar-diýdi.

-Berekella, Muhammet, seniň hemişe gowulygyň tarapyndadygyňy bilýän-diýip, Soltan gapdalynda duran kiçijik jaňy iki gazek kakdy, çadyra nedimleriniň biri girdi. Soltan oňa Ibn Salamy at-ýaragly, ýol harajady bilen ugradyp goýbermegi tabşyrdy. Ibn Salam ýerinden turup, soltana tagzym etdi. Soltanyň başyny atyp ejaza bermegi bilen çadyrdan çykdy.

Ibn Salamy ugradyp goýberenlerinden soň Altyn Taşyň kellesine bir şübheli pikir gelip, Soltanyň huzuryna girdi:

-Kyblaýy älem, Ibn Salamy goýbermeli däldi. Ony özümiz bilen bile alyp gitmelidi-diýdi.

-Näme üçin?!-diýip, Soltan Altyn Taşyň özüniñ ýalňyşyny tapan kişi boluşyna gaharlandy.

-Kyblaýy älem, ol Gürgenje baryp, ilaty biziň garşymyza aýaga galdyrsa derwezeleri berkiderler, bizi aňsat içeri girizmezler. Onsoň näçe wagtlap, şäheri gabap ýatmaly bolarys.

-Howpuň, howatyryň şol bolsa arkaýyn bolaý. Ibn Salam iki ýüzli adam däl. Baranda görersiň, seniň aýdanyňyň tersi bolar-diýip, Soltan ynam bilen aýtdy.

## XXV BAP

Ibn Salam Gürgenje ýetip gelende derwezeleri berkidilen galanyň depesindäki esgerleri görüp, gürgençlileriň duşmany şähere girizmezlige, onuň bilen galanyň üstünde durup, jeňi dowam etdirmeklige äht edendiklerine göz ýetirdi. Galanyň üstündäki esgerleriň Hazaraspyň golaýyndaky söweşde derbi-dagyn bolan leşgeriň bir bölegididigini aňdy. Olaryň açyk meýdandaky söweşde ýeňilip, ary köýendikleri üçin bu ýerde soňky demine çenli alyşmaga taýýardyklaryny çak etse bolýardy. Bu ýagdaý Muhammet ibn Salamy ýaman iňkise batyrdy. Ol Soltan Mahmyta “hemmesi gowy bolar” diýip aýdan sözüniň üstünden çykmajagy üçin däl, bu görkeziljek garşylyk üçin Gaznaly şäheri alaýsa ilata rehim-şepagatsyz darajakdygyny göz öňüne getirip, howsala düşdi.

Nätmeli?! Gürgençlileri, nähili ýol bilen bolsa-da raýyndan gaýtarmaly. Ýogsa soňy örän pajygaly bolar. Soltan Mahmyt galany ýykyp-ýumursa-da şäheri alar. Gaharyna ilatyň başyna gara gün salar, rehim-şepagat etmez. Ine, şu zatlary şäheriň kethudalaryna düşündirmeli. Ibn Salam şu maksat bilen galanyň düýbine baryp, depedäkilere ses ýeter ýaly edip gygyrdy:

-A-how ýigitler! Ýanyňyzda şäheriň ketdelerinden kim bar?! Meniň oňa aýtjak sözüm bar!

Esgerlerden saýlanyp, öňe çykan bir adam:

-Ine men bar. Näme sözüňiz bolsa aýdyberiň-diýdi.

-Meni içeri goýberiň. Şäheriň häkimi, kazy-kelany we beýleki kethudalary bilen gepleşmeli geplerim bar.

-Men sizi tanadym, Muhammet ibn Salam. Ýene ilçi bolup gelen bolsaňyz, indi gepi-sözüňiz diňlenmez. Gowusy, yzyňyza dolanyp,

Gaznala baryp aýdyň, Gürgenji kyrk ýyl gabap ýatsa-da şähere girip bilmez. Gowusy, duran ýerinden yzyna gaýdyp gitsin.

-Eý, ýagşy ýigit! Meni tanaýan bolsaňyz, içeri giriziň, galanyny görübereris. Belki menem ok-ýaý alyp ýanyňyza çykaryn. Ibn Salam şeýle diýmese şähere girizmejeklerine gözi ýetip, ýalan sözlemeli boldy.

-Ine, munyň başga gep. Derwezä baryberiň, häzir açarlar-diýdi ol. Ibn Salam derwezeden girenden atynyň başyny göni kiçi saraýa (şäheri dolandyryş edarasynyň jaýy) tarapa tutdurdy. Ol saraýyň öňüne gelip, bir derwaýys habary bar ýaly atdan düşen badyna jylawy şu ýerdäki nökerleriň biriniň eline berdi-de, girelgä tarap ýöneldi. Ibn Salam içeri giren ýerinde saklandy. Elini gursagyna goýup, ol ýerde oturanlara edep bilen salam berdi. Bu ýerde şäheriň häkiminden, kazy-kelandan, Seýh-ulyslamdan başga-da ona golaý adam bardy. Olar Ibn Salamy Abul Abbasyň köşkünde telim sapar gören, tanaýan adamlar bolsalar-da, oňa ýüzüni açmadylar.

-Ýene-de şu öňki teklip bilen geldiňizmi, hormatly Muhammet ibn Salam?-diýip häkim sowuk äheň bilen sorady.

-Meniň öňki teklibim hem ýaman teklip däldi. Patyşaňyz ony kabul edeninde şunça adamyň gany dökülmezdi, özi-de ýesir düşüp, gözgyny ýagdaýda oturmazdy. Görýän weli, jenaplar, sizem pajyganyň üstüne pajyga döretmäge taýynlyk görýäne meňzeýäňiz-diýip, Ibn Salam hem sowugyrak äheň bilen jogap berdi. Oturanlaryň biri:

-Pajyga döretmäge taýynlyk diýmäňiz näme! Biz şäheri goramaga taýynlyk görýäris-diýdi.

-Şäheri näçe wagt gorap bilersiňzi? Ony bir aý, aňry gitse iki aý gorap bolar. Onsoň näme?! Şu wagtyň içinde Gaznaly galany ýykyp-ýumursa-da alar. Gaharyna-da şähere gan çaýkar, hiç kime rehim-şepagat etmez. Siz wagtlaýynça gahrymançylyk görkezjek bolup, ilaty gyrgyna berýäňiz-ä! Şuňa düşünseňiz-le, ýaşulular!

Muhammet ibn Salamyň bu sözünden soň birsalym ara dym-dyrslyk aralaşdy. Oturanlaryň köpüsi aşak bakyp, oýa çümdüler. Ibn Salam gepim täsir etdi gerek diýip, içinden begenipdi, emma oturanlaryň arasyndan bir «gözsiz batyr» tapyldy, Ol bir elini galgadyp, gep urup başlady:

-Gürgenjimiziň derwezeleri berkden berk. Munuň üstüne galanyň depesinden peýkam ýagdyryp dursak, nädip aljakmyşyn ol şäheri?! At gaýtarym golaýyna gelsinler entek.

Onuň gepine birde- ýarym goşulanlar hem tapyldy:

-Galany ganyma öz eliň bilen tabşyrmak-gorkaklaryň işi!

-Dyza çöküp ýaşandan dik durup ölen ýagşy! Şonuň üçin...

Häliden bäri döşüne düşüp duran ap ak sakgalyny sypap, pikirlerip oturan Şeýulyslam onuň sözüni kesdi:

-Muhterem wezir jenaplary, beýle gyzybermäň. Gyzmalyk bilen edilen iş oňuna bolmaýar. Her meseläni sowukganlylyk, parasatlylyk bilen çözmek gerek.

Ibn Salam Şeýhulyslamyň sözünden soň gytyk gara sakgally, saryýagyz bu adamyň täze patyşanyň täze wezirleriniň biridigini aňdy. Ol:

-Jenap wezir-diýip, oňa ýüzlendi.-Men ýaňy «galany ýykyp ýumursa-da alar» diýip, ýöne ýere aýtmadym. Gaznalylaryň galalary bir çetinden gädip gaýdýan, üstünden aşyp geçmek üçin gurallary, äpet enjamlary bar. Şol gural-abzallary bilen olaryň Gürgenjiň galasy ýaly näçe galalary zabt edendiklerini bütin dünýä bilýär. Onsoňam siziň «Dyza çöküp ýaşandan, dik durup ölen ýagşy» diýen sözüňiz häzirki ýagdaýa dogry gelmeýär. Tutuş ilaty ölüme sezewar edip bolmaz, ahyryn!-diýip, Ibn Salam sözüne dyngy berdi. Adamlar biri-biriniň ýüzüne seredip, aýdara söz tapmaýan dek dymdylar. Ibn Salam sözüni dowam etdi:

-Jenaplar, biz ýeňilenimizi boýun almakdan başga alajymyz ýok. Goşunyň ýarysy söweş meýdanynda gyryldy, bir bölegi gaçyp, bäri gaýdypdyr, galanlary bolsa patyşanyň özi bilen bile ýesirlige düşdi. Indi Horezminiň Gaznalynyň tabynlygyna geçjekligi hakykata öwrüldi. Hakykatdan bolsa gaçyp gutulyp bolmaýar. Indi bolsa iň möhümi.-Gaznalynyň gazabyny gozgaman ýurdy parahat, ilaty aman saklamak. Şuny edip bilsek, Hudaýa ýüz-müň şükür etmeli. Bu dünýä çarhy pelek, ol dyngysyz aýlanyp dur. Bir wagt geler Horezmin ýene-de garaşsyz, gudratly döwlet bolar.

Muhammet ibn Salama Alla dili-zyban berip, gözsiz batyr boljak boluşyp oturan bu adamlaryň kesirligini syndyrdy.

Ýaşy jähtden oturanlardan kiçiräk bolansoň ýaşulular näme diýerkä diýip, edep saklap, häliden bäri geplemän oturan şäher häkimi dil açdy:

-Jenaplar, möwlana Muhammet ibn Salamyň geplerini akyl terezisine goýup görende ol hak. Gaznala netijesiz garşylyk görkezip, ilaty gyrgyna bermäge biziň hakymyz ýok. Şonuň üçin galanyň üstündäki ýaragly adamlary aýyrmaly. Ýaşulular bolup Gaznalynyň öňünden duz-çörek bilen çykmaly.

Oturanlaryň köpçüligi häkimiň sözüni makullap dil ýarmasalar-da, kellelerini kakyşyp tassykladylar. Emma ýene şol täze wezir başga hörpden gopdy:

-Ol siziň duz-çöregiňize, seretmän, şähere basdyryp girip, şäher ilatyny gyrgyna başlasa nätjek?!

-Onuň ýaly etmez, ol hem adam, wagşy däl-diýip, Ibn Salam weziriň sözüne bada-bat jogap gaýtardy. Soňundan soltanyň çadyrynda bolan gürrüňleri aýdyp berdi.

Ibn Salamyň gürrüňini üns berip diňlän adamlar bu urşuň, gandöküşligiň günäkäri diňe soltan Mahmyt Gaznaly däldigine göz ýetirdiler. Aýratyn-da Soltanyň şazada Abul Harys bilen serkerde Alp Tegine aýdan sözleri uly täsir galdyrdy.

-Jenap Ibn Salam-diýdi şäher häkimi.-Siz soltan Mahmydyň ýanynda köpden bäri bolup, onuň gylyk-häsiýetine ýetik bolan bolsaňyz gerek. Ol bir sözli adammy?

-Bir sözli adam. Ýöne käbir täsin gylyklary hem bar-diýip, Ibn Salam soltanyň Abul Harysdan aldananyndan soň özi bilen eden gürrüňini we özüni ölüme höküm edip, hökümi söweş meýdanynda ýerine ýetirjek diýip, Gürgenjiň leşgerine goşulmak üçin goýberenini gürrüň berdi.

-Söweş meýdanynda-da ajalym ýeten däldir-dä, köpçülik bilen ýesir düşdüm. Ýesirleriň arasyndan meni, Abul Harysy, Alp Tegini tapyp Soltanyň çadyryna eltdiler. Çadyrda-da ýaňky beren gürrüňim boldy.

-Soltan Mahmyt hakykatdan-da täsin adam ekeni. Ony gaty zalym diýip eşidýärdik, eýle däl ýaly-la-diýip oturanlaryň biri dillendi.

-Aý, özüni adyl, mert adam edip görkezjek bolýandyr-da-diýip, ýene biri gepe goşuldy. Şeýhulyslam gepi uzaga sozmazlyk üçin «Bes ediň» diýen manyda elini galdyryp, özi dillendi:

-Adamlar, soltan Mahmydyň häsiýeti nähili bolsa bolsun, biziň üçin iň möhümi halkymyza aman berip, ilatyň parahatlygyny bozmasa bolany. Ony dawa-jenjelsiz ýurduna sag-aman ugratsak uly utuş gazandygymyz hasaplaberiň.

Ibn Salam Şehulyslamuň şu sözlerinden soň bu adamlaryň garşylygyny doly ýeňenligine ynanç hasyl edip, arkaýynlaşdy. Şuňa çenli öýi-de ýadyna düşenokdy. Indi ata-enesine, maşgalasyna tizräk gowuşmak islegi döredi.

-Jenaplar!-diýdi ol.-Men halkymyzyň öňündäki borjumy berjaý etdim...

-Gaznala beren sözümi hem diýiň - diýip, entegem kesirligi aýrylmadyk wezir ýaňsyly söz oklady. Adamlar oňa ýaman göz bilen seretdiler. Ibn Salam özüni giňlige salyp:

-Siz näme diýseňiz diýip bilersiňiz, jenap wezir. Men bu ýere Gaznala beren sözümi berjaý etmek üçin däl, ilaty aman saklamak, şol sanda siziň hem beýlekilerden akylly kelläňiziň gylyjyň zarbyndan pyzlowuk kädi ýaly togalanyp gitmezligi üçin geldim - diýdi. İbn Salamyň sözüniň özune degişlisi weziriň ýüzüni çym gyzyl etdi. Adamlaryň özüne ýamam göz bilen seredip oturanlary üçin gep gaýtaryp bilmedi.

- Indi, jenaplar, maňa rugsat berseňiz şunça wagtdan bäri görmedik ata-enemiň, maşgalamyň öňüne baraýyn - diýp, Ibn Salam oruralara ýüzlendi.

-Rugsat Alladan, ýoluňyz ak bolsun!-diýen Şeýhulyslama köpçülik goşulyşdy.

***

Ibn Salamyň öýüne giden gününden soň bir hepde geçip geçmän Gaznalynyň Gürgenje golaýlan habary geldi. Ony garşylamak üçin öňden görülen taýýarlyk boýunça kyrka golaý ak sakgally gojalar bilen şäher häkimi, Şehulyslam, kazy-kelan dagylar irden galadan daş çykdylar. Olardan soň bu habary eşiden şäher ilatyndan hem köp adam çykyp, Hazarasp derwezesiniň öňündäki uly meýdanyň esli bölegini tutdy.

Tomus aýy bolsa-da, garaşylmadyk gijeki ýagyş tozany basyp, Gaznalynyň ýoluna irden suw sepilen ýaly boldy durdy. Köp garaşmaly bolmady. Ýüze golaý atlynyň öňünde, iki ýan gapdalyndaky wezir-wekilleriniň ortasynda gelýän kellesi jygaly soltan göründi. Leşgeri yzyrakda gelýän bolmaga çemeli, gözýetimdäki baglaryň aňyrsynda bolmasa bärisinde görnenokdy. Bu-da bir edepliligiňmi, salyhatlylygyňmy nyşanasy bolsa gerek diýen pikir döretdi. Garaşyp duran uly mähälläniň öňunde hatar duran elleri duz-çörekli ýaşululardan on ädim çemesi bäride soltan atynyň başyny çekdi-de:

-Essalamu-aleýkum, Gürgenjiň hormatly ýaşulylary, kethudalary!-diýdi.

-Waleýkum-essalam, merhemetli beýik soltan! Hoş geldiňiz, Gürgenji azyma-diýen Şeýhulyslamyň jogabyndan soň soltan atyndan düşdi. Soltanyň atdan düşmegi bilen bile gelenleriň hemmesi atlaryndan düşüp, jylaw tutup durdylar. Soltan saldamly ädimläp, ýaşulularyň

öňüne geldi. Duz datdy, iki eliniň aýasyny ýüzüne sylyp, omin etdi, soňra:

-Bizi hormatlap, duz-çörek bilen garşylanyňyz üçin taňryýalkasyn, ýaşulular-diýip başyny atdy. Adamlaryň arasyndan iküç ýerden çykan «Hoş geldiňiz, beýik soltan!», «Hoş gördük!» diýen sözlere üns beren soltan:

-Hoş görseňizem, görmeseňizem geldik, dogrusy gelmäge mejbir bolduk-diýip, agraslyk bilen dillendi.-Bizi bu ýörüşe mejbur eden waka hemmäňize mälim. Ýurduňyzyň kanuny patyşasy öldürilip, döwlet agdarylyşygynyň edilmegine biparh garap bilmedik. Çünki, patşaňyzyň biziň giýewimizdigini nazara alman, biziň güýç-gudratymyzdan gorkman edilen bu iş biziň gaty degnamyza degdi. Şonda-da biz beýle uly gandöküşlik etmekçi däldik. Horezmşany öldüren adamlary jezalandyryp, ýurtda tertip-düzgün ornaşdyryp gaýtmakçydyk. Emma goşun toplap, öňümizden çykanlaryndan soň söweşmekden özge çärämiz galmady. Ýeňildiler, ýesir düşdüler. Muňa-da özleriniň akmaklygy sebäp boldy.

Soltany üns berip diňläp duran adamlaryň ol hakdaky pikirleri düýpgöter üýtgedi. Köpçülikde «Bu adam eşidişimiz ýaly zalym däl ekeni. Onda rehim-şepagat, adamkärçilik hem bar ekeni» diýen pikir döredi.

Soltan adamlaryň özi hakyndaky pikirini okan ýaly gürrüňi özi hakda dowam etdirdi.

-Ýaşulular, men hakda (Soltan nämüçindir «bizden» «mene» geçdi) her haýsyňyzyň öz pikiriňiz bardyr. Meniňem özüm hakda öz pikirim bar. Käbirleriň pikir edişi ýaly men zalym däldirin. Emma ýamanlara jeza bermekden çekinmeýärin. Jeza bermek zalymlyk däl-de adalatyň bir görnüşidir. Şonuň üçin biz (ol ýene «bize» geçdi) horezmşany öldüren adamlara aýylganç bir jeza belledik. Ony-da şu ýerde halkyň göz öňünde ýerine ýetireris.

Soltanyň bu sözünden soň adamlaryň ol hakdaky öňki pikirleri biraz üýtgedi. «Ýamana jeza bermek adalatyň bir görnüşi» diýeni dogry bolsa-da «aýylganç jeza» diýeni rehim-şepagatly adamyň etjek işi däl» diýip, köpler içini gepletdi.

Şu arada göýä gözýetimdäki baglar süýşüp gaýdan ýaly bir hereket göze ildi. Bu soltanyň yzyrakda galdyryp gaýdan leşgeridi. Soltan özi bilen gelen atlylary bir gyra çekip, özü-de atlanyp, at üstünde leşgeriň ýetip gelerine garaşyp oturdy. Kelleleri aşak egilen ýesirleri öňüne salyp, sürüp gelen atly, pyýada we pillere-de ikiden-üçden münen leşger

galanyň derwezesiniň öňündäki uly meýdana sygman, ýarysy töwerekdäki bugdaýy orup alnan ekin meýdanlaryndan ýer aldy. Soltan bir elini galdyryp, üç barmagyny görkezdi. Bu yşarata düşbi nökerleriň ikisi ýesirleriň arasyndan elleri arkasyna daňylan üçüsini çykaryp, goşun bilen şäher adamlarynyñ arasyndaky açyk ýere getirip dyza çökerdiler. Soltan olara ýigrenç bilen bir nazar aýlady-da mähellä ýüzlendi:

-Adamalar! Biz teftiş* geçirip, Horezmşa Abul Abbasy öldüren şu üçüsi-Alp Tegin, Humar Taş, Saýat Tegin diýip atlandyrylýan adamlardygyny anykladyk. Patşalara gylyç göteren her bir adama aýratyn jeza beriljekdigini goý, hemme bilsin! Soltan sözüniň soňunda «Başlaň!» diýen manyda bir elini göterip, aşak goýberdi. Derhal peşşaplar gelip, olaryň ellerine goşup, aýaklaryny hem daňdylar-da şol wagt orta çykarylan üç piliň hersiniň aýaklarynyň aşagyna birini taşladylar. Öňden öwredilen piller olaryň kelleleri diýmän, garny diýmän, oňurgasy diýmän basyp mynjyradyp başladylar. Olaryň ýürekleri gyýyp barýan zaryn sesleri pilleriň aýagynyň aşagynda lenç bolýança ýatmady. Bu aýylganç wakanyň şaýady bolup duran adamlaryň tutuş süňňi lerzana geldi.

Soltan olaryň läşini pilleriň hortumynda şäheriň köçelerine aýlamagy, soňunda Horezmşanyň gubyrynyň ýanynda dar gurup asyp goýmagy buýurdy. Soňra: «Goý, Abul Abbasyň ruhy özüniň katyllarynyň degerli jeza alandyklaryny görüp aram tapsyn» diýdi. Soltanyň buýrugyna görä maslyklary pilleriň hortumyna daňyp alyp gitdiler. Soltandan daşrakda duran adamlaryň biri:

-Garga garganyň gözüni çökmaýar diýenleri ýaly esasy günäkär

şazada Abul Harys bu jezadan çetde gald-a - diýdi. Hakykatdan-da şazada Abul Harys ýesirleriň arasynda-da ýokdy. Ol leşgeriň ortasynda aýratyn saklanýardy.

Gaznaly atyny biraz ilerledip, özüni garşy alan kethudalaryň öňürägine geldi:

-Ýaşulular, indi siziň bilen şu ýeriň özünde çözmeli meselelerimiz bar-diýip, soltan Mahmyt söze başlady. - Olaryň birinjisi, ine şu görüp duran ýesirleriň meselesi. Biz olary iki topara böldik. Hakyky urşyjylar hem-de entek söweş tälimini almadyk oba oglanlary. Uruş kanunyna görä ýesirleri näme iş etsegem biziň hakymyz bar. Ýöne biz ikinji topardaky ine şu öňdäki hatarlarda duran ýaş oglanlary ýesirlikden azat etmek kararyna geldik.

Soltanyň sözüni diňläp duran ýesirleriň arasyndan şatlykly sesler eşidildi. Şeýhulyslam bolsa Gaznala garap:

-Pygamberimiz Muhammet Mustafa salalawhy äleýhi wesellämiň hadysy-şeriflerinde: «Gullary, ýesirleri azat etmek sogaplaryň iň seresidir» diýilýär. Ömrüňiz uzak bolsun, beýik soltan.!

Soltan Mahmyt Şeýhulyslama başyny atyp goýdy-da, ýesirlere ýüzlendi:

-Meniň azat eden ýesirlerim! Siziň köpiňiz obada önüp-ösen daýhan maşgalasyndan çykan oglanlar ekeniňiz. Şonuň üçin meniň size aýtjak zadym: gylyç bilen naýzadan pil bilen kätmen gowy gurallardyr. Söweş meýdanynda adam öldürmek ýa-da özüň ölmek ýaly ýaman işden ekin meýdanynda rysgal öndürip, ile haýyrly iş bilen meşgullanmak juda sogaplydyr. Şu iki hakykaty unudyp, eliňize ýene uruş guralyny alsaňyz ýa ölersiňiz ýa-da ýesir düşüp, yzyňyzda duran urşyjylar ýaly zynjyra daňylyp alyp gidilersiňiz. Meniň şu sözlerim aklyňyza ýeten bolsa häzir sizi ýüpden başadarlar. Öýüňize gowuşmagyňyz ata-enäňiz, maşgalaňyz üçin nähili şatlykly waka bolar. Ata-enäni şatlandyrmak hem sogaplaryň seresidir-diýip soltan Şeýhulyslama seredip goýdy.- Bu sogapdan bir paý size-de degişli bolar, inşalla. - diýip, Şeýhulyslam başyny atdy.

Soltanyň azat eden ýesirleriniň yzyndaky hatarlarda duran, biri-birine zynjyr bilen baglanan “hakyky urşyjy" diýenlerini Gazna alyp gitmekçi bolýanynyň sebäbi bardy. Ol mundan soň Hindistana ýörüş etmegi ýüregine düwüpdi. Munuň üçin bolsa leşgeriň sanyny ýene-de artdyrmak gerekdi. Horezminli bu ýesirleri-de Hindistan ýörüşinde peýdalanmagy göz öňünde tutýardy.

Ýüpden boşadylan biçäreler begenjine ýadawlyklaryna-da garaman ökçäni göterip başladylar. Bir salymda olaryň tutup duran ep-esli meýdany boşap galdy.

Şu arada Gaznalynyň astyndaky at birden kişňäp, çarpaýa galdy. Ondan haýpygan ýaşulular biraz yza serpildiler. Soltan atynyň boýnuna kakyp köşeşdirdi. Atyň bu hereketini Gaznalynyň özi, indiki aýtjak sözüniň täsirini güýçlendirmek üçin bilgeşleýin etdiren bolmagy hem mümkindi. Şundan soň ol bir ardynjyrap, ýaşululara garap söze başlady:

-Ýaşulular, indiki meselämiz goşuna degişli. Biz goşuny şähere girizsek, ölümüni boýnuna alyp söweş eden adamlar olja almak üçin talaňçylyk etmekleri ahmal. Beýle ýagdaýyň ýüze çykmagyna ýol bermezlik üçin esgerleriň olja hakyny halkdan ýygnap bermegi boýnuňyza alsaňyz goşuny şähere girizmäli. Biz siziň bilen şäherde ýola goýulmaly işleri berjaý edýänçäk esgerler şu ýerde goş taşlap, ýesirler bilen bile dynç alybersinler. Şu maslahaty nähili görýäňiz?

Kethudalar näme diýip bilýär. Zoruň haýyşy ejize buýruk bolup eşidilýär. Şeýle bolansoň zoruň pikirini tassyklamaly bolýar. Goşuny şähere salyp ilaty taladandan öz eliň bilen ýygyp bereniň gowy diýen netijä gelen ýaşulular soltanyň teklibine boýun boldular.

Olja barasynda Altyn Taş bilen soltanyň arasynda Gürgenje ýetip gelýärkäler ýolda-da gürrüň bolupdy.

-Kyblaýy älem, feth edilen ülkelerden olja almaga öwrenen esgerlere Gürgençde-de ejaza berilermi?-diýip, Altyn Taşyň beren sowalyna soltan:

-Pagta bilen kesip bolýan zada tyg ulanmak nämä gerek-diýip jogap berdi. Şol wagtda soltanyň bu gepine gowy düşünmedik Altyn Taş oňa häzir düşündi. Ol hökümdaryň bu meseläni aňsatja çözenine begenip, içinden oňa aperin aýtdy. Çünki ýeňişden soň gelen kararyna görä soltan ony Horezminiň emiri edip tagta çykarsa ol halk bilen arasynyň saz bolmagyny isleýärdi. Trubaşdan talaňçylyga ýol berilse özüniň ýigreniljegini bilýärdi. Şonuň üçin paç ýygmakda halka kän bir agram salman döwletiň hazynasynda baryndanam bermekligi ýüregine düwüp goýdy.

***

Leşger Gürgenjiň galasynyň töwereginde goş taşlady. Çadyrlar dikildi, gazanlar ataryldy. Emma öňküler ýaly ýeňiş dabarasy boımady.

Soltan Mahmyt Gaznaly hem özüniň wezir-wekilleri, jan penalary bilen Horezmşalaryň köşgünde ýerleşdi. Adatda munyň yaly ýeňişlerden soň meýlisler guralyp, meýler süzülýärdi. Soltan muny etmedi. Alp Teginiň gylyjyndan aman galan Abul Abbasyň ýakyn adamlaryny, özüni duz-çörek bilen garşylan şäheriň ýaşulylarydyr kethudalaryny hem çagyryp, köşkde Abyl Abbasyň ruhyna degsin edip, sadaka berdirdi. Sadakadan soň aýat-töwre goşup, soltan Mahmyt Gaznalynyň adyna hamdu-senalar aýdyldy.

Soltanyň emrine görä ertesi irden köşgüň tagt eýwanyna düýnkiden-de köp adam ýygnaldy. Agşamky sadaka gatnaşyjylardan başga-da şäheriň aýry-aýry mähellelerinden aksakgallar, bazarlaryn pajymanlary, mirşeplerdir jarçylar hem çagyryldy. Köşkiň içerki aram otagyndan çykyp, tagt eýwanyna gelen soltan Mahmyt Gaznalyny ýygnanan jemagat ör turup, tagzym bilen garşy aldy. Soltan jemagata salam berip, horezmşanyň tylla nagyşly tagtyna geçip oturdy. Oturan ýerinde-de söze başlap, galanyň derwezesiniň öňündäki meýdanda özüni garşy alan ýaşululara ýüzlenip sözlän sözüni has süýjüdip gaýtalanyndan

soň sözüniň nähili täsir edenini bilmekçi ýaly adamlara birlaý göz aýlap, ýene dowam etdi:

-Esasy günäkärler jezasyny aldylar. Şazada Abul Harysa gelsek, ol hem töweregindäki Alp Tegin, Humar Taş ýaly mekir adamlaryň gepine gidip, bu ýaramaz işe baş goşupdyr. Ony şa neslinden bolany üçin ölüme höküm etmedik. Ýöne oňa-da ölümden başga jeza belledik. Biz ony tohum-tiji bilen Gazna alyp gideris, jezasyny-da şol ýerde çeker. Umuman alanda, Mämünleriň öňkülerine garanda soňkulary döwleti dolandyrmaga ukyply adamlar däl ekeni. Abul Hasan Aly-da, Abul Abbas-da öz emeldarlarynyň elinde oýnatgy boldular.

Indi bolsa olaryň neslinden Horezmini dolandyryp biljek adam ýok. Şonuň üçin biz Horezminiň emiri edip baş hajybymyz Altyn Taş jenaplaryny belledik. Onuň ýanynda ýurtda tertip-düzgüni, asudalygy saklamak üçin edermen serkerdelerimiziň biri Arslan Jazybyň başçylygynda goşunymyzyň bir bölümini hem galdyrýarys. Niýetimiz Horezminde parahatçylygy, agzybirligi, adalaty üpjün etmekdir. Inşalla, biziň penahymyzdaky beýleki ýurtlaryň hatarynda Horezminde hem asudalyk, abadanlyk höküm sürer. Çünki, biziň başymyz dik mahaly hiç bir kes ýurduňyza göz dikip bilmez.

Soltanyň nutugy hemmäniň ünsüni özüne çekse-de, hemmede bir hili pikir döretmedi. Syýasata düşünýän adamlar bu nutugyň mazmuny bilen manysynyň tapawudyny gowy bilýärdiler. Ygtyýaryňy eliňden alyp, agzyňa bal guýanda näme peýda.

Soltanyň sözünden soň Altyn Taşyň Horezminiň emiri edip bellenmegi hakyndaky permany Gaznalynyň baş kätibi belent owaz bilen şeýle bir täsirli edip okady welin, oturanlaryň içinde köpüsiniň inlerini tikenekledip goýberdi. Şundan soň Gaznaly ýerinden turup, adamlar bilen bir elini galgadyp hoşlaşdy. Gaznaly içeri, adamlar daşary ýöneldiler. Bir salymda köşküň tagtly eýwany hem, bu ýerden çykan gürgençlileriň köňül külbesi  hem boşap galdy.

Gaznalynyň permanynyň soňundaky görkezmä görä şol günüň özünde Gürgenjiň bazarlarynda Altyn Taşyň Horezminiň emiri edip bellenendigi hakynda jar çekildi.

«Halaýyk! Eşidiň, eşitmedim diýmäňler! Döwür Altyn Taş emiriň döwri boldy, how! Emir Altyn Taşyň döwri how!» diýen jarçylaryň bokurdagyna sygdygyndan gygyrýan sesleri gaýta-gaýta ýaňlandy. Bu habar iki-üç günüň içinde tutuş ýurda ýaýrady. Şeýlelikde Horezminde Mämünler nesilşalygy tükedildi, ýurt Gazna tabyn boldy. Maksadyna ýeten soltan Mahmyt Gaznaly Gürgençde bir hepde dem-dynjyny

alandan soň Muhammet ibn Salamy hem öýlerinden aldyryp, Gazna ugrady.

Hijri 407-nji ýylyň (1017) tomusynda ýüze çykan bu waka Horezminiň taryhyna pajygaly seneleriň biri hökmünde ýazyldy. Emma «Akan aryk akman galmaz» diýen gadymdan galan nakyl bar. Horezmin hem otda ýanyp kül bolandan soň bir silkinip, gaýtadan direlýän efsanawy Semender guş ýaly döwürler geçip, ýene-de özbaşdak, gudratly döwlete öwrüler. Bu Anuşteginler nesilşalygynyň döwlet başyna gelmegi bilen başlanar. Indiki kyssamyz şu hakda.

***Birinji kitabyň soňy***